**K.B.Muhammetberdiýew, Ýa.Orazgylyjow**
**T. A. Sahydow**

# TÜRKMENISTANYŇ

# TARYHYNDAN

# MATERIALLAR

# 1917-2005

**Aşgabat -2010**

## Sözbaşy

Taryh halkyň hakydasy. Halkyň belent mertebesiniň onuň taryhyndan başlaýşy ýaly, halkyň ruhy baýlygy-medeni derejesi hem onuň öz taryhyna sarpa goýuşy bilen kesgitlenýär, ol öz taryhyna daýanyp, gelejegine ynam edýär, gowulyga umyt bilen nazar salýar.

Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň tassyklan masaly okuw plany boýunça Türkmenistanyň taryhynyň 1917-nji ýyldan biziň şu günlerimize çenli bolan döwri orta mekdepleriniň ýokary klaslarynda öwrenilýär.

Mahlasy, şu siziň eliňizdäki gollanmada gürrüň bize örän ýakyn, biziň hut öz ata-babalarmyzyň ýaşan döwri hakynda barýar. Häzirki çylşyrymly wakalaryň gös-göni şaýatlary bolan biziň hut özümiziň ýaşan we ýaşaýan döwrümiz barada barýar.

Elbetde, türkmen halkynyň taryhynyň soňky bize iň ýakyn 80 ýyla golaý wagty öz içine alýan bu diýseň çylşyrymly, örän giň manyly döwürde bolup geçen taryhy wakalaryň hemmesine deň derejede häsýetlendirme bermek aňsat däl. Çünki, taryh elmydama, aýratynam Sowet döwri (1917-1991) boýunça entek düýbünden işlenmedik ýa-da işlense-de ýeterlik derejede öwrenilmedik wakalar, doly derejede anyklanylmadyk şahsyýetler sanardan kän. Onsoňam bu siziň eliňizdäki gollanma taryha täzeçe garaýş nukdaýnazaryndan edilen ilkinji işleriň biri. Bu kitabyň ors dilindäki warianty eýýäm 1992-nji ýylda çap edildi.

Gollanma Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1994-nji ýylyň 1 sentýabrynda ýurdymyzyň talyp ýaşlary bilen bolan duşuşygynda «Taryh sapaklary hakda we döwrüň öňde goýýan meseleleri hakda» hem-de onuň şol ýylyň 26-njy dekabryndaky Halk maslahatynda «Halkymyzyn maksatlary beýik, niýeti gowy, men öz halkyma guwanýaryn» diýen çykyşlary bilen jemlenýär. ÝAgny, kitap hronologiki taýdan 2005-nji ýyl bilen gutarýar.

*I bölüm*

# TÜRKMENISTAN-
# SSSR-iň DÜZÜMINDE

## I. Türkmenistanda rewolýusion öwrülişik

### 1. Türkmenistan-Orsyýet patyşalygynyň synmagynyň öňüsyrasynda

Häzirki Türkmenistan 1917-nji ýyldan öň üç bölege bölünýärdi. Türkistan general-gubernatorlygynyň Zakaspi oblasty diýlip atlandyrylýan bölegi patyşa Orsyýetiniň baryp-ýatan koloniýasydy. Ikinji we üçünji bölekleri hem gös-göni elgaramasy bolan Hywa hanlygynyň we Buhara emirliginiň tabynlygyndady.

Mahlasy, türkmen ili Orsyýet imperiýasy tarapyndan basylyp alnandan soňra-da ozalky dagynyklygynda galypdy. Gaýtam, onuň şol dagynyklygyindi has beter resmileşdirilipdi. Üstesine-de, türkmenleriň ýene bir bölegi Eýran şalygynyň, beýleki bir bölegem Owganystan emirliginiň düzüminde galypdy. Ol iki döwlet bilen Orsyýetiň arasynda ýörite çitenekli sim çekilip, ýaragly güýçler bilen goralýan serhet guralypdy. Netijede, ozal uzak asyrlaryň dowamynda dürli kynçylyklara sözewar edilen, emma şonda-da öz erkanalygyny elden bermän saklap galan edarmen türkmen halky, indi özara gatnaşyk etmekden mahrum edilipdi, il-gün dost-ýardan, dogan-garyndaşdan aýra düşüp, bir-birini görmäge zar bolupdy.

Türkmenistanyň rewolýusion öwrülişik problemasy öwrenilende, tas soňky günlere çenli dowam edip gelen

garaýyşdan, ýagny oňa Orsyýetde şol ýyllarda bolup geçen wakalaryň ekiztaýy ýaly wakalar hökmünde seretmekden indi el çekmeli. Sebäbi, ol hakykata laýyk gelmeýär.

Elbetde, 1917-nji ýylda Orsyýetde bolup geçen fewral hem-de oktýabr rewolýusiýalarynyň ikisi hem imperiýanyň, onuň garamagynda ýaşan ähli halklaryň, şol sanda türkmen halkynyň taryhynda aýgytlaýjy wakalaryň biri boldy. Aýratyn hem oktýabr rewolýusiýasynyň taryhyny hökmany suratda Türkmenistanyň ýerli şertlerine laýyklykda öwrenmeli. Oňa türkmen halkynyň, ýagny halkyň esasyny düzýän türkmen daýhanlarynyň gatnaşandygyny ýa-da gatnaşmandygyny aýyl-saýyl etmeli.

Onsaňam, diňe bularam däl, asla Türkmenistanda rewolision öwrülişik haçan başlanypdy? 1917-1920-nji ýyllarda bolup geçen taryhy wakalara, şol snda 1918-1920-nji ýyllarda ozalky Orsyýetiň teritoriýasynda bolup geçen graždanlyk urşyna (ol asla Türkmenistanda boldymy? Eger bolan bolsa, onda kim bilen kimiň arasynda?), Horezim we Buhara halk rewolýusiýalaryna nähili garamaly? ÝA-da şol ýyllarda Hywa hanlygynda hem-de Buhara emirliginde bolan möhüm wakalara türkmenleriň has aktiw gatnaşmagyna näme sebäp bolupdyr? Asla, şol iki döwletiň ikisiniň-de synmagynda aýgytlaýjy rol türkmenlere degişlidir diýsek ýalňyşaýarmykak? Başgada sorag kän. Bularyň hemmesi öz çözgüdine garaşýar.

**Zakaspi türkmenleri.** 1913-nji ýylyň maglumatlaryna görä, Zakaspide 443,1 müň adam ýaşap, şolardan 322,6 müňi türkmen bolup, olar esasan daýhançylyk we çarwadarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Bu ýerde gazaklar, özbekler, orslar, ermenler, azerbaýjanlar, parslar we käbir beýleki milletler hem ýaşaýardy. Mysal üçin, orslar, gazaklar demir ýolda işleýän bolsa, ermeni hem azerbaýjan halklarynyň wekilleri ownuk senagat kärhanalarynda işleýärdiler. Bu ýerde ýaşaýan özbekleriň esasy bölegi şäherlerde bazar gullugy bilen, ýagny azyk-owkat önümlerini öndümek bilen meşgullanýardylar.

Patyşa hökümeti ülkede kolonial düzgüni berkitmek üçin elinde baryny edipdir. Ozaly bilen barly gatlaklaryň «göwnüni awlapdyr», Türkmen hanlaryna ofiserlik çinlerini, dürli wezipeler berip, olara ýokary aýlyklar belläpdir. Olaryň hersine iň gowy ýerlerden uly mülk beripdir. Hanlaryň içinde göşk gurlup berleni-de bar. Mysal üçin, Mary bilen Baýramalynyň aralygynda Güljemal hana, onuň ogly ÝUsup hana uly mülkde gurlup berlen kaşaň jaýlaryň sudury ýaňy-ýaňylaram bildirip durdy.

Erli hanlary, baýlary öz ýapjasyna öwren kolonizatorlar ülkede göwün-solpudan çykypdyr. Bu ýere köp sanly ors maşgalalary göçürilip getirilip başlanypdyr. Eýýäm 1910-njy ýylda oblasda 30-a golaý ors posýoloklary bardy. Iň gowy ýerler, has amatly öri meýdanlary olaryň ygtyýaryna geçipdir. Şol döwre çenli ýerli ilatyň elinden alnan ýerleriň möçberi 180 müň gektara ýetip, bu bolsa ülkedäki ähli suwarymly ýerleriň ýarysyna barabardy.

Kolonizatorlar ilatyň diňe bir ýerini elinden almak bilen çäklenmändir. Daýhan, çarwa hojalyklaryna salynýan « tüýnük salgydy», «jaý salgydy», «patyşalyk salgydy» ýaly salgytlar barha artypdyr. Birinji jahan urşy ýyllarynda bolsa salgyt ýygnamak halys tükeniksiz derde öwrülipdir. Uruş bahanasy bilen indi ilatdan at, düýe, araba we beýleki zatlaram alnypdyr.

Deger-degmez bahasyna alnan bu zatlaryň möçberini göz öňüne getirmek üçin Mary uýezdiniň naçalniginiň Türküstan general-gubernatoryna iberen hatyny ýatlamak ýeterlikdir. Onda diňe bir Mary uýezdiniň ilatyndan goşun üçin 3073 atyň, 500 düýäniň, 200 eşegiň, 210 arabanyň, 10765 telpegiň, 1413 gara öýüň, 600 keçäniň deger-degmez baha tölenip alnandygy, bulardan başga-da 321227 manat puluň, 130 atyň, 12206 telpegiň, 130 keçäniň bolsa hiç hili tölegsiz ýygnalandygy aýdylýar.

Ene-de bir mysal. Şol döwürde Zakaspiniň düzüminde bolan Maňňyşlak uýezdiniň (häzirki Gazagystan döwletiniň Mankyslas oblasty) ilaty goşun hajatlary üçin birbada 1000

dünýäni kör-köpüksiz berip goýbermäge mejbur edilipdir. Şeleräk möçberdäki «peşgeş ýygymlarynyň» oblastyň beýleki uýezdlerinde-de geçirilendigine dokumentler güwä geçýär.

Tükeniksiz salgytlaryň, «peşgeş ýygymlarynyň» üstüne barha möwç urýan süýthorçylyk halkyň gün-güzeranyny has kynlaşdyrypdyr. Obalarda köp ýeri kärendesine alyp, az ýerli we ýersiz daýhanlara kärendesine berýän biynsap süýthorlar peýda bolupdyr. Olar barha baýlaşyp, garyplar gedaýlaşypdyr. 1914-nji ýylda oba ilatynyň 60,8 prosenti ýersiz ýa-da ýeri bir gektara ýetmeýän garyplardy. Daýhan hojalyklarynyň ýarysyndan-da köpüsiniň ýer bejermek üçin iş guraly, üçden birine golaýynyň bolsa iş maly ýokdy. Ilat arasynda batraklar, diňe damagyna kesekiniň gapysynda ýören günlükçiler köpelipdir.

Elbetde, milli hem sosial sütemiň güýçlenmegi garyp-gasar-larda gahar-gazap döredipdir. Saragtda daýhanlar tolgunyşygy bolupdyr. Etrekde ilatyň bir bölegi salgyt tölemekden ýüz dönderipdir. Beýleki ýerlerde-de kolonial administrasiýanyň görkezmelerinden boýun towlanan halatlary bolupdyr. Ýöne, umuman alanyňda, zulum astynda näçe ýegşerse-de, ilat heniz çydam edip gelýärdi.

**Hywa hem Buhara türkmenleri.** Hywa hanlygy we Buhara emirligi patyşa Orsyýetiniň wassal döwletleridi. Daşary syýasatda olar özbaşdaklygyny ýitiripdi, içki syýasatda bolsa feodal despotizmi höküm sürýärdi. Hanlygyň we emirligiň ilatynyň 90 prosentdenem gowyragy obalarda ýaşap, ekerançylyk hem çarwaçylyk bilen meşgullanýardy. Suwarymly ýerleriň Hywada 80 prosenti, Buharada bolsa 85 prosenti baýlaryň, din hadymlarynyň elindedi. Daýhan hojalyklarynyň köpüsi 2-5 tanap (1 tanap 40 sotka) ýerli hojalyklardy. Hywada daýhanlaryň ondan birisi, Buharada bolsa dörtden birisi ýesiz garyplardy. Daýhanlara, çarwalara, hünärmentçilere köp sanly salgytlar (mysal üçin, Hywada 24

dürli) salynýardy. Salgytlar örän gödeklik hem zorluk bilen ýygnalýardy.

Hywa hanlygynda we Buhara emirliginde 350 müňe golaý türkmen ýaşaýardy. Olar Hywa hanlygynyň ilatynyň 28,5 Buhara emirliginiň ilatynyň bolsa 10 prosentine böleginde (häzirki Doşhowuz welaty hem-de Lebap welaýatynyň Darganata etraby), Buhara türkmenleri bolsa Amyderýa boýlarynda-Gabaklydan owgan serhedine çenli aralykda (häzirki Lebap welaýatynyň Darganata etrabyndan başgasy) ýerleşipdi.

Hywanyň we Buharanyň türkmen ilatyny ýerli taýpa-tire serdarlary edara edýärdi. Hywa hany, Buhara emiri Orsyýet patyşasynyň wassalarydy, ýagny ýapjasynyň ýapjasydy. Muňa garamazdan, olar öz taýpa-tireleriniň arasynda «demi ýer ýarýan» häkimlerdi. ýeriň, suwuň, mal sürüleriniň, öri meýdanlarynyň köp bölegi iri baýlaryňky, taýpa-tire serdarlarynyňkydy. Olaryň käbiri özlerine gala saldyryp, ýanlarynda ýaragly otrýadam saklaýardy.

Hywada we Buharada türkmen zähmetkeşleriniň ýagdaýy agyrdy. Tükeniksiz salgytlaryň üstesine parahorlyk möwç urýardy. Parahorlyk, zorluk we eden-etdilik aýratyn hem Hywada giň ýaýrapdy. «Agzy ýetse, gulagyny iýjek» Hywa hany ilatdan ýygnalýan 24 dürli salgydy az görüp, täze «at salgydyny» girizdi. At bolsa, esasan türkmen etraplarynda saklanýardy. Türkmenler Hywada soňky birnäçe asyryň dowamynda hanyň harby gullugyny berjaý edýärdi. Asla, hanlykda ýaşaýan türkmenleriň we özbekleriň arasynda özboluşly zähmet bölünişigi bardy. ÝUrdy üstüne duşman çozsa ýa-da han bir ýere ýöriş etse, ondy türkmenler atly-ýaragly onuň huzurynda taýar bolýardy. Özbekler bolsa ýylyň-ýylyna gaýtalanyp durýan agyr gazy-haşar işlerini ýetirýärdi. Şol zähmet bölünişiginiň halkyň aňynda ornaşyp gidendigine «Laýa bulaşandan-gana bulaş» diýen türkmen nakylam güwä geçýär.

1913-1914-nji ýyllarda Hywada açlyk boldy. Türkmenleriň bir bölegi Tejen, Murgap etraplaryna göçüp gaýtdylar. Ilatyň galan bölegininiň gün-güzerany hasam agyrlaşdy. Gurply adamlaryň nebsi artyp, süýthorlyga ýüz urdy. Ozalky salgytlaryň üstesine jahan urşunyň frontlarynda söweşýän ors goşunlary üçin pul-serişdelerini toplamak «ýola goýuldy». Has dogrysy, fronta kömek ilaty talamaga bahana boldy. Isfendiýar han Orsyýet patyşasyna arkasyny diräp, «kakabaş» türkmenleri «toba getirmäge» ýene bir gezek synanyşmagy ýüregine düwdi. 1914-nji ýylyň güýzünde ol 1912-1913-nji ýyllarda goşmaça salgydy tölemejek bolup eden «bulagaýçylyklary» üçin türkmen daýhanlaryna 110 müň manat jerime salyp, şonam zor bilen ýygnap başlady.

«Durnaň üstüne urna» diýlen ýaly, 1914-nji ýylyň dekabrynda Türküstan general-gubernatory Martson hem fronta ugradyljak esgerler üçin hywaly türkmenler 10 müň sany possun bermeli diýip perman çykardy. Şol bir wagtyň özünde türkmenlere, han bilen ors patyşasynyň dikmesiniň dilleşip, türkmenlerden düzülen 30 müň adamly goşun bölümini fronta ugratjakdyklary mälim boldy.

Isfendiýar han bilen Martsonyň bu gözçykgynçylyk eden-etdiligi türkmenleri gahar-gazaba atardy. Şammy keliň baştutanlygynda Tagta, Ýylanly raýonlarynyň ilaty ýaraga ýapyşdy. Gozgalaňçylar öz obalaryndan hanyň wekillerini çykaryp kowdular, salgyt toplap ýören birnäçe ýasawullary öldürdiler. Olar özbek ilatly Gazabady çapawullap, hanyň bu ýerdäki häkiminiň köşgüni ber-bibat etdiler.

**Şammy kel 1873-nji ýylda Tagta raýonynyň Diregli obasynda daýhan maşgalasynda dogulýar. Ol sowatsyz bolupdyr. Ýöne akýürekliligi, paýhaslylygy, edermen serkerdeligi bilen ile özüni aldyrypdyr. Şammy kel Hywa häkimlerini, patyşa generallaryny, halky talaýan baý-süýthorlary «itden beter» ýigrenipdir. Şonuň üçünem, ony türkmen daýhanlary-da, özbek daýhanlary-da özleriniň**

**hossary hasaplapdyr. Ol ata watany taşlap hiç ýerik gitmedi. Ömrüniň soňky gününe çenli il-günüň ajysynam, süýjüsinem deň paýlaşdy. 1918-nji ýylda wepat boldy.**

Hywanyň hany isfendiýar han dergazap bolup türkmenlere gidýän ýaplaryň sakasyny petiklemegi buýurdy. General-gubernator bolsa 1915-nji ýylyn ýanwarynda türkmenleriň üstüne jeza beriji ekspedisiýa ugratdy, özlerine-de «topalaň turuzýandyklary üçin» 611000 tylla jerime saldy.

Şammy keliň baştutanlygynda türkmenler ýene-de ata atlandy. 1915-nji ýylyň martynda olar Gazabat, Ýylanly, Porsy, Könürgenç etraplarynyň merkezini eýelediler, han häkimlerini we beglerini tussag edip, hanlygyň paýtagty Hywa şäheriniň üstüne ýörişe başladylar. Özbek daýhanlary gozgalaňçylara duýgudaşlyk bildirýärdiler, käýerlerde bolsa olary açyk goldaýardylar.

Hywanyň özünde gozgalaňy basyp ýatyrmaga güýç ýokdy. Han köşgüne düşdi bir dowul. Daşkentde, Aşgabatda oturan ors generallarynyň hem «ukusy gaçdy». Dörtgülden (Türküstan general-gubernatorlygyň Amyderýa bölüminiň merkezi) polkownik Kolosowskiniň otrýady Hywa iberildi. Şäheriň özünde-de hanyň nökerlerinden 200 adamdan ybarat jeza beriji otrýad düzülip, gozgalaňçylaryň üstüne iberildi. 1915-nji ýylyň 7-nji iýunynda Hywanyň 30 kilometrlik günorta-günbatarynda Akderbent diýlen ýerde uly söweş boldy. Otrýadlar kül-peýkun edildi. Han nökerlerinden 600-e golaý adam öldürilip, 100-den gowragy ýaralandy, 2 top, 1500 tüpeň olja alyndy.

Akderbent söweşinden soň gozgalaňçylaryň hataryna özbekler, gazaklar, garagalpaklar goşuldy. Gozgalaňyň ýaýrap gidibermeginden gorkan Hywa hany we patyşa çinownikleri tiziräk türkmenler bilen «ýaraşyk» baglaşmagyň ugryna çykdylar. 1915-nji ýylyň 30-njy iýunynda Akderbentde «ýaraşyga» gol çekildi. Gozgalaňyň içinden uruldy. Türkmen baýlarydyr-işanlarynyň ýekinlerine barýan ýaplaryň suwy açyldy, olar ilata «topalaň üçin» salynan jerimeden boşadyldy.

Daýhanlar köçüliginde nägilelik döredýän salgytlardyr-jerimeleri ýatyrmak barada berlen wadalar bolsa wadalygyna galyberdi.

**1916-njy ýyl. Türkmenistanda ilkinji halk rewalýusiýasy.** Garyp halkyň halys degnasyna degen zat oňa «gyz salgydynyň» salynmagy boldy. Azgyn Isfendiýar hanyň 9 «nikaly», 50-ä golaý hem nikasyz aýaly bardy. Şolam gözüne az görünen azgyn han ýene-de 40 sany nowça gyzyň haremhana getirilmegini buýurdy. Getirilmeli gyzlaryň kyryklygynyň sebäbi, 1915-nji ýylyň dekabyrnyň ahyrynda hanyň ýeke-täk ogly, onuň tagt mirasdary Temirgazy Töre aradan çykdy. Şonuň kyrky geçýänçä döwlet işleri bilen meşgullanmajakdygyny, «ýas» tutjakdygyny mälim etdi. Hakykatda bolsa azgyn han «boş» günlerini şerap içip, neşe çekip geçirmegi, günde-de bir nowça gyzy «myhman almagy» ýüregine düwdi.

Şunlukda, özbeklere 10, türkmenlere 10, gazaklara 10, garagalpaklara-da 10 gyz salgyt salyndy. Türkmenleriň ýenede topalaň turuzmagyndan ätiýaç eden han türkmenlere düşýän paýy-da özbekleriň üstüne ýükledi. Şol görkezmä laýyklykda, 1916-njy ýylyň ýanwar aýynyň ilkinji günlerinde 14 ýaşly özbek gyzy hem-de 15 ýaşly garagalpak gyzy hanyň haremhanasyna getirildi. Gyzjagazlaryň ikisem öz namyslaryny gorap, azgyn hana garşylyk görkezendikleri üçin öldürilip, gizlinlikde atasy öýüne eltilip taşlanypdyr.

Bu mljuk ahwalat gyzjagazlaryň ene-atalarynyň ýaşaýan ýerleri bolan Hojailiň we Maňňydyň ilatyny aýaga galdyrdy. Olar öz şäher häkimlerinden Hywanyň üstüne ýörişe baş bolmaklaryny talap etdiler. Gozgalaňçylara Şabat, Ürgenç, Manak, Gürlen etraplarynyň ilaty hem goşuldy. Elleri tüpeňdir-pyçakly 2000-3000 sany atlydyr pyýada Hywanyň üstüne ugrady. Olar Ürgençden Şammy kele we beýleki türkmen taýpa-tire serdarlaryna azgyn Isfendiýar hany tagtdan agdaryp,

özünem öldürme, ors çinowniklerini Hywadan kowmaga kömek bermeklerini sorap çapar gönderdiler.

Tagta, Ýylanly, Könürgenç etraplarynyň türkmenleri çakylyga bada-bat seslendiler. 1916-njy ýylyň 18-nji ýanwarynda Şammy keliň baştutanlygynda berdenke, tüpeň, gylyç bilen ýaraglanan 1500 atly ýola düşdi.

Şol pursatdan başlap, Hywadaky halk gozgalaňynyň gerimi giňäp gitdi. Ozal milli hem sosial süteme garşy göreş diňe türkmen etraplarynda alnyp barlan bolsa, indi oňa özbeklerem goşuldy. Zuluma garşy iki halkyň bilelikdäki göreşi başlandy. Ol hanlygyň ilatynyň ähli gatlaklaryny aýaga galdyrdy. Göreşde her gatlagyňam öz maksady bardy. Mysal üçin, daýhanlar hem-de hünärmentçiler baý-feodallaryň artykmaç hukuklaryny kesip, süýthorlara temmi bermek, ors generallaryny ýurtdan kowamk islän bolsalar, barly gatlagyň wekilleri, aýratyn-da mladohiwinisler, ýagny ýaşhywalylar (esasan özbek buržuaziýasyndan durýan bu partiýa şeýle atlandyrylýardy) «gözden düşen» Iswendiýar hanyň ýerine «akylly-başlyrak» başga birini oturtmagy we ors generallary bilen «ylalaşykly» ýaşamagy maksat edinýärdiler.

1916-njy ýylyň 18–19-nji ýanwarynda gozgalaňçylar Hywanyň alkymyna geldiler. Dowula düşen şäherde köşk çinownikleri Isfendiýar hana garşy dil düwüşdiler. Dildüwüşige hanyň käbir garyndaşlary we oňa ýakyn durýan işan-mollalar gatnaşdy. 18-nji ýanwarda olar Hywanyň eteginde maslahat geçirdiler, oňa Jüneýt han tarapyndan iberilen iki sany türkmen kethudasam gatnaşdy. Maslahatda gozgalaňçylary şähere göýbermän saklamak, Isfendiýar hana tagtdan el çekmegi teklip etmek, göwnemese öldürmek, han tagtyna bolsa bir wagtyň özünde iki adamy – özbeklerden Isfendiýar hanyň uly dogany Seýt Abdyllany we türkmenlerden Jüneýt hany çykarmak karar edildi.

**Jüneýt han (Gurbanmämmet serdar) – türkmen taryhynda ady belli şahyslaryň biri. Ol geçen asryň takmynan 60-61-nji ýyllarynda häzirki Tagta etrabynyň**

**Bedirkent obasynda dogulýar. ÝOmut taýpasynyň Jüneýt tiresinden. Jüneýt han ýowuz, emma ýiti pähimli, tutanýerli we gaýduwsyz serkerde. Ol ilkinji gezek 1912-nji ýylyň Hywa hany Isfendiýara, onuň howandary-ors kolonizatorlaryna garşy, türkmeniň garaşsyzlygy ugrynda ata çykdy, onuň şondan soňky ömri gazaply söweşlerden doly. Ol hiç kime boýun ýegmedi. Sebäbi erkana durmuşy hemme zatdan ýeý gördi. Özem örän namazhon adam bolupdyr.**

**Jüneýt han 1928-nji ýylda ilki Eýrana, soňra Owganystana geçdi. Şol ýerde-de 1938-nji ýylda dünýeden ötüpdir.**

Şondan soň işan-pirleriň märekä çykyp, wagyz-nesihat etmegi bilen gozgalaň birbada togtady. Şeýdip, Hywada döwlet agdarylyşygy başa barmady. Polkownik kolosowskiý öz otrýady bilen dildüwşüjileriň daşyny gabady, olary tussag edip, han zyndanyna taşlady, gozgalaňçylaryň bolsa köpüsiniň ýaraglaryny elinden alyp, özlerinem gamçylap, öýli-öýlerine kowup göýberdi.

1916-njy ýylyň 21-nji ýanwarynda gozgalaňçylar ýene-de Hywanyň alkymyna geldiler. Olar indi işan-pirleriň wagyzlaryna-da gulak asman, hanyň emeldarlarynyň, baýlaryň mülklerine çozup, zatlaryny talap başladylar. Şol pursatda gozgalaňçylaryň arasynda öz atlylary bilen Jüneýt han göründi. Ol türkmenleri yzyna alyp gitmäge gelipdi. Alybam gitdi. Türkmenler gidensoň, özbeklerem öýli-öýüne dargady.

2-nji fewralda Hywa türkmenleriniň ähliumumy gozgalaňy başlandy. Şammy keliň baştutanlygynda atlanan gozgalaňçylar ýolugra Manak, Gylyçbaý, Kýat, Maňňyt, Daşhowuz, Gazabat, Şabat, Gürlen we beýleki şäherdir etrap merkezlerini eýeläp, hanyň häkimleriniň hem baýlaryň mülklerini tozduryp, 8-nji fewralda Hywany gabadylar. ÝOlda olara özbek daýhanlarynyň, hünärmentleriniň hem müňlerçesi goşuldy. Indi gozgalaňçylaryň umumy sany 10 müň adama ýetip, şolardan 6 müňe golaýy tüpeň bilen ýaraglanandy.

10-njy fewralda Jüneýt hanam ýanynyň 150-200 oňat ýaraglanan atlysy bilen Bedirkentden çykdy. Ertesi Hanka, Gürlen şäherlerine gelende, ony özbek hem garagalpak işanlary Hywa hany hökmünde ykrar etdiler.

11-12-nji fewralda Şammy keliň baştutanlygynda gozgalaňçylar güýç bilen şähere döküldiler, hanyň köşgüni gabap, polkownik Kolosowskiniň otrýady bilen söweşe girdiler. Gozgalaňçylar hanyň ministrleriniň öýlerini tozdurdylar, özlerini bolsa şäherden çykaryp atdylar. Olar hanyň zyndanyny açyp, bendileri, şol sanda, ýanwar aýynda dildüwüşige gatnaşanlary-da boşatdylar.

13-nji fewralda Jüneýt han Hywa geldi. Gozgalaňçylar han özlerine kömege gelendir öýtdüler. Emma başgaçarak bolup çykdy. Jüneýt han köşükde ulamalaryň maslahatyny geçirdi. Maslahata gatnaşanlar Şammy keli «talaňçylygy» üçinköteklâp, gozgalaňçylaryň atyşygy bes edip, öýli-öýlerine dagamagyny talap etdiler. Şol wagt öz haremhanasynda aýal geýiminde gizlenen Isfendiýar han gelip, Jüneýt hanyň aýagyna ýykyldy. Ara sähel salym düşmänkä-de, «general galkiniň goşunlary Hywa ýetip gelýär» diýen habar eşidildi. Jüneýt han şäherden çykyp gitmek bilen boldy.

Hywadaky gozgalaňdan, iň beteri-de, oňa zakaspi we buharaly türkmenleriň goşulaýmagyndan ätiýaç eden Türküstan general-gubernatory Martson Syrderýa oblastynyň gubernatory general galkine «topalaňy» rehimsiz suratda basyp ýatyrmagy buýrupdy. 15-nji fewralda Galkiniň goşunlary Hywa girenlerinde, şäherde Şammy keliň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar bilen Kolosowskiniň otrýadynyň arasynda söweş gidip durdy. Şondan soň gozgalaňçylar asgynlap başladylar. Diňe 16-njy fewralda, halys güýçler deň bolmansoň, olar Hywanyň 30-35 kilometr golaýyndaky Gazabada, Şabada we Goşaköprä tarap yza çekildiler.

Mekir general Galkin gozgalaňçylaryň yzyndan kowup gidibermedi. Ol şäherde saklanyp, güýç toplady, ilatdan öç aldy. Ol ganhoryň gös-göni buýrugy boýunça şäherden 500

sany saýlama adam tutulyp, (kimliginiň tapawudy ýok – diňe başlarynda türkmen telpegi bolsa bolýar), dar agaçdan asylypdyr. Edil şol bir wagtyň özünde jellat general öňki asylyp goýlanlara goşmaça edip şol wagt bendilikde oturan 200 türkmenem dardan asdyrýar. Üstesine-de, şol 700 sany dardan asydyrylan adamyň ýanyna olaryň dogan-garyndaşlaryny, hossarlaryny goýbermegi gadagan edýär.

Soňra munam az görüp, 15-nji martda general Galkin uly jeza beriji ekspedisiýa (5000 saldat, 26 top, 30 pulemýotly) baş bolup Hywadan çykýar we «kakabaşlary» amana getirmek üçin türkmen etraplaryna ýöriş edýär. Şamma kel jellatlary türkmen etraplaryna geçirmejek bolup söweşe girýär. Ýöne onça toply-pulemýotly leşger bilen oýnuň deň geljekmi? Gozgalaňçylar ýeňilýär. Gozgalaňçylardan 1500-e golaý adamyň läşi meýdana serilip galýar.

Bu görnüşi synlamak örän eýmençdi. Ýöne mundanam has eýmenç zat şondan soň başlandy. Galkiniň jellatlary iki ýarym aýyň dowamynda obama-oba aýlanyp, öýleri otlap, ýaşu-garry diýmän gyryp, ülkä gan çaýkadylar. Öldürilen biçäreleriň anyk hasabam alynmady. Şeýdip 1916-njy ýyl «Galkin ýyly», ýagny kolonizatorlara nälet ýyly hökmünde halkyň ýadynda ömürlik galdy.

2-nji maýda general Galkin Daşkende şeýle habar berdi: «Hanlykda öňki dügün-tertip doly dikeldildi. ÝAkyn ýyllarda-ha türkmenler tertibi bozar diýmäge hiç hili esas ýok». Bu onuň «türkmeni galmaz edendirin, ol indi baş götermez» diýdigidi. Şondan soň ol Isfendiýar han bilen Hywada üç günlük «eňiş toýuny» etdi. «Dabaralar» sowulmanka-da, Şammy keliň partizan otrýadyny toplap, Ýylanly bilen Tagtanyň aralygynda Izmykşirde duran ors otrýadyny kül edendigi, kolonizatorlara kömek eden türkmen kethudalarnyň, baý-feodallarynyň mülküni tozdurandygy, käbirlerini bolsa öldürendigi baradaky habar gelip gowuşdy. Hiç bir zalym hökümdara, süteme ömür boýun egmedik, erkanalygyny hemme zatdan ýeý görýän türkmen ýene baş göterdi. Bu bolsa kolonizatorlara türkmen

halkynyň boýun egmejekdigini, pursadyny tapsa, ýene-de aýaga galjakdygyny aňladýardy.

Zakaspide ýagdaý başgarakdy. Bu ýerde ilatyň halys degnasyna degen zat orsyýet patyşasy Nikolaý II (türkmenler oňa Ak patyşa dierdi) imperiýasynyň kolonial halklaryndan päle (parsça «Fäle» - işçi diýen söwden) adam almak baradaky permany boldy. Imperiýanyň harby ministriniň 1916-njy ýylyn 6-njy iýulynda yglan eden permanynda şeýle diýilýärdi.

«…Hökümdar Imperator 1916-njy ýylyň 25-nji iýul güni beýik merhemet bilen buýurmaga ygtyýar etdi:

1) häzirki urşuň dowamynda Imperiýanyň keseki ilatynyň ýaşy 19-dan 43-e çenli bolan erkeklerini hereket edýän goşunlaryň raýonlarynda goranyş berkitmelerini we harby aragatnaşyk serişdelerinigurmak,şeýle hem döwletiň beýleki zerur goranyş işlerine çekmeli. ÝAgny:

a) Astrahan guberniýasynyň we Sibiriň hemme guberniýalarynyň hem oblastlarynyň keseki ilatynyň…

b) Syrderýa, Fergana, Samarkant, Akmolinsk, Semipalatinsk, Semireçe, Uralsk, Turgaýsk we Zakaspi oblastlarynyň keseki ilatynyň…

w) Tersk, Kurgan oblastlarynyn we Zakawkazýäniň musulman ilatynyň erkeklerini şol görkezilen harby-goranyş işlerine çekmeli… »

Permana görä, imperiýanyň ors däl halklaryndan pälä jemi 250 müň adam, şol sanda Zakaspi oblastynda 15000 (Mary uýezdinden 5000, Maňňyşlykdan 3240, Aşgabatdan 2500, Tejenden 2300, Krasnowodsk uýzdinden 1960) adam gitmelidi. Başgaça aýytsak, öňki salgytlaryň üstüne ilata indi «jan salgydy-da» salynýardy. Ony tölemek bolsa ýene-de «sogan kimin soýlan» garyp-gasarlaryň «paýyna düşýärdi». Çünki, ýerli hanlar, urug-tire kethudalary, ýasawullar, hat-petek ýöredijiler, dilmaçlar, kazy-kelanlar pälä gitmekden boşadylýardy. Beýleki barly adamlara-da obasyndan deregine birini tutup ibermäge rugsat edilýärdi.

Zulum «etinden ötüp, süňňüne ýeten» ilatyň «sabyr-käsesi» doldy. Iýul aýynyň başlarynda, ýagny Ak patyşanyň permany jar edilen badyna, hemme ýerlerde diýen ýaly daýhanlaryň ýygnanşyklary geçdi. Olar permana boýun egmeýändiklerini aç-açan aýtdylar, obalardan pälä adam bermezligi karar etdiler.

Päleçilige garşy açyk agisiýanyň alnyp barylandygy, ilatyň kolonial administrasiýanyň wekillerine duşmançylykly garaýyşlary hakynda köp sanly arhiw dokumentleri saklanyp galypdyr. Ine, şolardan biri: 8-nji iýulda Çekişleriň pristawy Krasnowodsk uýez naçalnigine «Türkmenler öz ýygnanşyklarynda» ölmeli bolsa ölmeli, ýöne adam bermeli däl «diýen kararyna geldiler, olar güýç göräýmeseler, aýdylany etjek däller» diýip, habar beripdir. Şeýle mazmunly habarlar Mary, Tejen uýezdlerindenem gelipdir.

Şondan soňra ýagdaý has ýitileşipdir. Aýratyn hem Etrek-Gürgen etraplarynda ilatyň gahar-gazaby indi ýetjek derejesine ýetipdir. 13-nji awgustda Orsyýetiň Kümmetkowysdaky serhet komissary Çekişleriň prstawyna telegraf arkaly beren habarynda şeýle ýazylypdyr: «Etrekde türkmen-ýomutlar ýaragly garşylyk görkezmäge taýarlyk görýärler, ýaragy bolsa Eýrandan satyn alýarlar». 15-nji awgustda Çekişleriň pristawy ýagny ýaragly otrýady bilen «patyşanyň permanyny düşündirmäge» Ajyýap obasyna baranda, ony uzyn garymyň içinde oturan ýaragly türkmenler ot açyp garşy alypdyr. 16-njy awgustda pristaw Gurbangöz obasyna baranda ol ýene gülle bilen garşylanypdyr. Atyşykda pristawyň ýanyndaky esgerleriň ikisi öldürilipdir.

Sentýabryň ortalaryna çenli gapma-garşylyk gozgalaňy başlanypdyr. Ol häsiýeti boýunça antikolonial milli-azat edijilik hereketi, has takygy, özboluşly rewolýusiýady. Onuň ýesasy hereketlendiriji güýçleri garyp-gasarlar, batraklardy. Elbetde, olaryň hata geçirilen programmasy ýokdy. Ýöne maksatlary bellidi: adamlary päleden boşatmaly, olaryň malyny, üstündäki külbesini almaly däl, tükeniksiz salgytlary ýatyrmaly we ş.m.

Adalatly talap. Emma ozal «dişinde et galan» ganhor kolonizatorlaryň adalat nämesine derkar?!

Taýpa-tire serdarlary Babagylyjyň we Mergen arçynyň ýolbaşçylygynda gozgalaňçylar pristawlaryň, serhet postlarynyň üstüne çozdy. Olar Gürgen derýasynyň boýundaky öz ellerinden alnan ýerlerde ornaşan ors posýolkalaryny (Donsk, Kreşensk, Saratowsk, Roždestwensk) ber-bibat etdiler. Şol bir wagtyň özünde türkmenler serhetden aňryk tomsuň ortalaryndan bäri dowam edip gelýän göçhä-göçlügi has güýçlendi. Indi mal-garasy bilen tutuş obalar göterilip başlady. Ilat äkidibilen zadyny alyp, galanyny hem otlaýardy.

Oktýabryň ahyrlaryna gozgalaňçylaryň sany 3000 atla ýetdi. Iki goşun garpyşdy. Gozgalaňçylar söweş taktikasyny dogry ulandylar: öz hüžüm edýän güýçlerini ot açmak bilen godap, duşmanyň üstüne üç tarapdan çozdular. Patyşa goşunlary ýan berdi.

Türküstan goşunlarynyň baş komanduýuşisi general-adýutant Kuropatkin «kakabaş türkmenleri» mazaly «aýňaldyrmak» üçin ýene-de Syrderýa oblastynyň täze, jellat Galkinden soňky harby gubernatory general-leýtenant Madridowa gyssagly buýruk (№3564, 1916-njy ýyl, 2-nji noýabr) berdi. Ine şol buýruk:

«… Topalaňçy ýomutlaryň garşylygyny çyndyrmak we olara berk temmi etmekligi bolsa Siziň Alyjenabyňyzyň üstüne ýükleýärin…

Ekspedisiýa otrýady 5 batalon pyýada, 12,5 müň atly esgerden, 8 atly-razwedkaçy komandadan (700 adama golaý), 18 topdan, 13 pulemýotden, 2 sapýor rotasyndan ybarat… Bulardan başga ýene-de 2 rotanyň ýanynyň 90 atly-razwedkaçylary bilen ugradylmalydygy barasynda buýruk berildi.

Hereketiň maksady: a). gozgalaňçylaryň baştutanlaryny ele salmak; b). Ähli ok atýan we sowuk ýaraglaryny almak; w). ähli atlary almak; g). ähli mallaryň ýarysyny almak; d). ähli

gara öýleriň ýarysyny almak; ýe). pälä gitmeli adamlary ýola salmak.

…Örän çalasyn hereket etmeli. Gozgalaňçylaryyň garşylygyny doly basyp ýatyryp, olary gaýdyp baş götermez ýaly etmeli».

Netijede, düzüminde münlerçe jellady, onlarça topy-pulemýoty bolan ägirt ekspedisiýa ýola düşdi.

Şol bir wagtyň özünde beýleki ýerlerden hemjeza beriji otrýadlar ugradyldy. Gysga wagtda Aşgabatdan, Krasnowodskiden Etrege toply-pulemýotly patyşa goşunlarynyň uly toplumy ýygnandy.

General Madridow «topalaňçy ilatyň» malyny, öýüni, haly-palas, şaý-seplerini almak üçin ýörite 4 sany komissiýa düzdi. Jeza beriji ekspedisiýa öňünden türkmen obalaryny otlap, tlatyň ähli zadyny elinden alyp, öldürenini öldürip, zorlanyny zorlap barşyna, 28-31-nji dekabrda Gürgene ýetdi. Jellatlar buýrulan tabşyrygy «artykmajy bilen» ýerine ýetirdiler. Obalar ýandyrylyp, talanyp-tozduryldy. Uly-kiçi, aýal-ebtat parhy ýok, türkmenlerden 700-e golaý adamyň läşi serildi. Emma general Madritowyň gözüne bu hem az göründi. Gozgalaňçylardan ýene-de 824 adam atyldy ýa-da asylyp öldürildi. Şol bir wagtyň özünde ilatyň elinden alnan 223 müň goýun, 5 müň düýe, 2 müň at, müňlerçe haly-palaslar, şaý-sepler «azap haky» hökmünde kolonizatorlaryň ygtyýaryna geçdi.

Şondan biraz öňräk, ýagny oktýabryň başlarynda Tejen uýezdinde hem ýaragly çaknyşyklar bolup geçdi. Aýyň 1-nden 2-sine geçilýän gije Sarahs pristawlygynda pälä gitmeli edilen 100 sany ýaş ýigit topalaň turuzdy. Elleri berdenkedir pyçakly ýigitler päleçileriň ýany bilen gitjek ors otrýadynyň üstüne çozdular. 2-nji oktýabrda şol ýigitler pälä ugradyljak başga bir topary halas etmek üçin patyşa goşunlary bilen iki sagada golaý söweş alyp bardylar. 4-nji oktýabrda şeýle maksat bilen ors otrýadynyň üstüne ýene bir gezek çozuş edildi. Bu çozuşlaryň

hemmesi basylyp ýatyryldy. Topalaňçylardan 22 adam tussag edildi.

Oktýabryň 5-nden 6-syna geçilýän gije daňdanyň alagaraňkysynda Tejende gozgalaň başlandy. Şäheriň golaýyndaky obalardan eline ilen zat bilen ýaraglanan daýhanlar Eziz hanyň baştutanlygynda uýez administrasiýasynyň üstüne ugradylar. Gozgalaňçylaryň sany 1200, käbir maglumatlara görä bolsa 2000 adama ýetýärdi. Olar gidip baryşlaryna demir ýoluň käýerini gopardylar. Elbetde, gahar-gazaba münen halk ýalňyşlygam goýberdi. Birnäçe günäsiz işçiler öldürildi.

Duşman gol gowşuryp otyranokdy. Kolonizatorlara ýaranjanlyk edip, il gözünden düşen wolost starşinasy Mömin Pälwan (lakamy Hümmet Wolostnoý) başda tussag edilenem bolsa, ol hilesini tapyp gaçdy we uýezd naçalnigi polkownik Belonowiçe gozgalaňçylaryň şähere ýetip gelýändigini habar berdi. Polkownik bada-bat goşunlaryny ýerinde goýuşdurdy, gozgalaňçylar görnenden bolsa olary pulemýotdan oka tutup, paýhyn etdi. Gozgalaňçylardan 20 adam wepat boldy, ýüzlerçesi ýaralandy. Eziz han ýanynyň kiçiräk topar atlylary bilen zordan başyny alyp gutardy. Tejende bolup geçen bu gozgalaň türkmeniň meşhur ýazyjysy Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynda, şol roman esasynda kino ussady Alty Garlyýewiň goýan adybir kinofilminde ynandyryjy görkezipdir. Mysal üçin, filmdäki mekir Agsak mürze «Gully han» real durmuşdaky Hümmet wolostnoýyň prototipidir. (Eri gelende ýene bir zady aýdaly: romandaky baş gahryman Artyk bolsa belli bir derejede hut Eziz hanyň öz obrazynyň şöhlelenmesidir).

Eýsem, Eziz han taryhda kim bolupdyr? Bu köp wagtdan bäri köpleri gyzyklandyrýan sorag. Şonuň üçin Eziz han barada az-kem durup geçeliň.

**Eziz han (Eziz Çapyk ogly) 1887-nji ýylda Aşgabadyň etegindäki Herrikgala obasynda dogulypdyr. Onuň kakasy Gurbanmämmet Çapyk serdar 1911-nji ýylda**

maşgalasy bilen Ahaldan Tejene göçüpdir, şol ýerde-de daýhançylyk bilen meşgullanypdyr. Ezizi dogruçylly we adalatlylygy üçin obadaşlary mirap saýlapdyrlar. Emma ol ors kolonizatorlarynyň we olaryň ýapjalaryna öwrülen ýerli çinownikleriň sütemine çydaman, ata çykypdyr. Ol Jüneýt han bilen birnäçe gezek duşuşypdyr, ony goldapdyr. Eziz han hat-sowatsyz, emma akyl-paýhasy ýetik, bäş wagt namazyny yrmaýan namazhon adam bolupdyr. Ol ak gwardiýaçylara, iňlislere doly ynanmandyr. Olara iňkis bilen garapdyr. Eziz han bolşewiklere-de onça göwün bermändir. Ýöne şeýle-de bolsa köp oýlanmalardan soň, başga çykalga tapman, bolşewikler bilen aragatnaşyk açmagy ýüregine düwüpdir. Ony bolsa iňlisler aňypdyr. 1919-njy ýylyň martynda iňlisler mekirlik bilen Eziz hany ele salypdyrlar. Krasnowodskä eltip ony «sud» eden kişi bolup, atypdyrlar.

Eziz han ajala göni seredip bilen adam. Ine, onuň soňky sözi: «Meniň gözümi daňmaň, ýeňsämdenem atmaň. Gursagymdan atyň. Ýöne musulmançylyk däbi boýunça ýere duwlaň». Şahyr Baýram Jütdiýew be wakany şeýle beýan edýär:

«Göni ýürekden atyň-
Gaýdaýyn çynar ýaly.
Ýöne ýüzüme degmäň,
Hossarym tanar ýaly.
Il bilen el uzatdym
Orta goýlan okara,
Degmändim,
degdirmändim-
Naçar bilen pukara.

Ynha, indi gutardy
Eý,Hudaý ýalan ýaly…
-Şundan atyň!-

## Görkezýär-
## Bir okda alar ýaly!…

Mary we Aşgabat uýezdlerinde hem pälä garşy tolgunyşyklar bolupdyr. Ýöne ýerli hanlaryň, kethudalaryň «aladasy» netijesinde bu tolgunyşyklaryň bady gaçyryldy, soňra togtadyldy. Mysal üçin, Maryda «Güljemal han il aladasyny edip, ak patyşanyň ýanyna gitjekmiş, ondan pälä alynjak adamlara derek pul almagyny sorajakmyş» diýip gürrüň ýaýrady. Ilatdan 1200 müň manada golaý pulam toplandy. Emma, Zakaspi oblast naçalnigi general Kalmakowyň göwnemändigi sebäpli, Güljemal han Peterburga gitmedi. Toplanan pullar bolsa ilata gaýtarylyp berilmän, hanyň we onuň ýaranlarynyň elinde galdy. Ýöne özboluşly «göçüm» päleçileriň we olaryň dogan-garyndaşlarynyň dyňzap gelen gahar-gazabynyň peselmegine, olaryň «takdyra ten bermeklerine» sebäp boldy.

Zakaspide 1916-njy ýylyň gozgalaňy rehimsiz basylyp ýatyryldy. Ylaýta-da Etrek-Gürgen, Hywa türkmenlerinden öç alynyşy ýeýmenç boldy. Türkmen topragynda ony diňe gahryman Gökdepe-türkmen iliniň watançylyk urşynda bolan gyrgynçylyk bilen deňeşdirip bolar. Bu, dogrydanam türkmeniň garaşsyzlygyny gazanmaga dyrjaşan gerçeklere urlan şol urga çalymdaş ikinji bir urgudy. Bir tapawudy: Gökdepe urşunda ors razwetkasy näçe ysyrgansa-da, galany goraýjylaryň hiç birisi-de boýun egmedi. Etrak-Gürgende bolsa gozgalaňçylaryň baştutanlary Babagylyçdyr Mergen arçynyň özleri «gylyçlaryny boýunlaryndan asyp» general Madritowyň huzuryna geldiler. Diýmek, ak patyşanyň «merhemetli kişileriň göwnüni awlamak» syýasaty boş geçmedik bolara çemeli. General öz «sadyk gullary» bilen derrew umumy dil tapdy. Bagryna gan öýlen garamaýak halk bolsa ozalkydan hem jebirli, agyr güne düşdi.

Garyp-gasarlar, batraklar pälä-de gitmeli boldy. Päleçileri eşelonda «höre-köşe edip» Nurberdi hanyň ogullary

Magtymguly han bilen ÝUsup han Daşkende çenli ugratdy. Emma ýigitleriň adalatsyzlykdan içleri ýanyp durdy. Olaryň baran ýerlerinde işe hezil bermändigi barada polisiýa departamentlerine ençeme maglumatlar düşüpdir.

«Seýilem bir seýil, sergezdançylygam bir seýil» diýipdirler. Obasyndan çykyp görmedik türkmen ýigitleri ýurda «seýil» etdiler. Olar Orsyýetiň Poskow, Twer, ýekaterinoslaw, Odessa şäherleriniň kärhanalarynda, Nikolaýew hem-de Perm demir ýollarynda işläp, ors işçileri bilen tanyşdylar, olaryň arasynda-da özleri ýaly ezilýän «ýeňiýolugyň» köpdügine göz ýetirdiler.

Päleçiler 1917-nji ýylyň maý-iýun aýlarynda dolanyp geldiler. Ýöne bular eýýäm Orsyýetde bolup geçýän rewolýusion wakalary gözleri bilen görüp, demokratik ideýalar bilen azda-kände «keselläp» gelen ýigitlerdi. 1917-nji ýylyň 12-nji iýunynda Zakaspi oblast komissarynyň «päleden dolanyp gelenler obalarda örän biynjalyk elementler bolup durýar» diýip bellemegi ýöne ýere däldi. Şondan az wagt geçensoň komissaryň sirkulýarynda ýene-de şeýle ýazylypdyr: «Olar asyl yrsaraşyp durlar. Obalarda administrasiýanyň wekillerini ykrar edenoklar, pälä iberilmäge sebäpkär bolandyr öýden arçynlaryny, eminlerini we beýlekileri ýençýärler».

## 2. Orsyýetde Fewral rewolýusiýasynyň ýeňmegi we onuň Türkmenistana täsiri

1917-nji ýylda bolan Fewral rewolýusiýasynyň ýeňmegi netijesinde Orsyýet patyşalygy syndyryldy.

Emma Ors patyşasynyň ozalky koloniýa syýasatyny ýöreden Wagtlaýyn hökümiti Zakaspi oblastynda-da, beýleki milli
regionlarda bolşy ýaly, ilaty ýurtda bolup geçýän rewolýusion wakalardan daşda saklajak bolup elinden geleni edýärdi. Ol hatda 1917-nji ýylyň 27-nji fewralynda ak patyşanyň tagtdan agdarylandygy hakyndaky habary hem gizlin saklamaga

synanyşdy. Emma «temeni haltada gizläp bolýarmy»?! Eýýäm martyň başlarynda oblastyň senagat kärhanalarynda, demir ýol depolarynda işçileriň mitingleri bolup geçdi. Käýerlerde oňa soldatlaram gatnaşdy.

Martyň ortalarynda ak patyşanyň agdarylandygy türkmen obalarynda-da eşidilip başlady. Mysal üçin, 14-nji martda Mary uýezdiniň 19 obasynda ýygnanyşyklar bolup, daýhanlar Murgapdaky patyşalyk mülküň ýeriniň we suwunyň özlerine berilmegini talap edipdir. Talap 19 sany köpçülikleýin beýannama görnüşinde ýazga geçirilip, aşagyna daýhanlarda we batraklardan 6 müň adam syýalap, barmaklaryny basypdyr. Soňraky ýygnanşyklarda daýhanlar oba arçynlaryny, miraplary, sudlary we ş.m. wezipesinden boşatmagy talap edipdirler.

Şäherde ýagdaý has ýitileşipdir. Işçiler çinownikleri işinden kowup, tussag edip başlapdyr. 21-nji martda Zakaspi oblast naçalnigi Kalmykow Daşkende, Türküstan general-gubernatory Kuropatkine telegraf arkaly şeýle habar beripdir: «Hemme uýezdlerde meniň häkimiýetimiň halys gowşandygyny mälim edýärin. Şundan buýana häkimiýetde köne administrasiýanyň wekilleriniň saklanmagy ilatyň, aýratyn hem işçileriň ganyny gyzdyrýar, munuň garaşylmadyk hadysalary döretmegi mümkindir».

30-njy martda wagtlaýyn hökümet Türküstan general-gubernatorlygyny ýatyrmagy karar etdi. Şondan bir hepde geçensoň bolsa Türküstan komiteti döredildi. Ülkäni edara etmekligiň ady üýtgän-de bolsa, onuň öňki harby-kolonial mazmuny üýtgemedi. Oblastlaryň, şol sanda Zakaspi oblastynyň başynda ozalky naçalnikleriň ornuna indi komissarlar goýuldy. Zakaspi oblastynyň komisarlygyna graf G.Dorrer bellendi.

Oblastyň şäherlerinde ozalky ýaly merkezden gelen adamlardan düzülen ispolnitel komitetleri işläp başlady. Ýöne bir bellemeli zat, olam patyşa gullugynyň podpolkownigi N.N.Han-ÝOmudskiniň baştutanlygynda Aşgabat Türkmen ispolnitel komiteti döredildi.

**Nikolaý Nikolaýewiç Han-ÝOmudskiý-patyşa gullugynyň podpolkownigi, Türkistan general-gubernatorlygynyň Krasnowodsk uýez naçalniginiň kömekçisi. Ol halkyň bähbitlerini goramaga çalşan adam. 1925-nji ýyldan soň uzak wagtlap Türkmenistanyň magaryf Halk Komissarlygynyň Moskwadaky ýaş milli kadrlary taýarlaýan öýüniň ýolbaşçysy N.N.Han-ÝOmudskiý türkmen intelligensiýasynyň içinde iň ylymly adamlaryň, şeýle hem ilkinji žurnalistleriň biri bolupdyr.**

Türkmen ispolnitel komitetine degişli guramalar uýezdlerde, käbir obalarda döredildi. Olaryň düzümine ýerli hanlar, belli-belli baýlar, intelligensiýa wekilleri, işan-mollalaram saýlandy. Ýöne bu guramalar Wagtlaýyn hökümetiň görkezmelerini hut doga ýaly kabul edip, özlerini halkyň bähbitlerini goraýan gurama hökmünde ilata tanadyp bilmediler, ýagny zähmetkeş daýhanlaryň ynamyny doly derejede gazanmagy başarmadylar. Şonuň üçin bu guramalar uzak ýaşamady, döreýşi ýaly tizden dargady.

Wagtlaýyn hökümetiň buržuaz ispolnitel komitetleri bilen bir hatarda işçi we soldat deputatlarynyň Sowetleri-de bardy. Başgaça aýdylanda, Türkmenistanda-da özboluşly iki häkimlilik emele gelipdi. Sowetleriň heniz türkmen daýhanlary bilen aragatnaşygy gowşakdy, hatda ýok diýen ýalydy. Ýöne bir bellemeli zat: 1917-nji ýylyň tomsunda Sowetleriň işine türkmenlerem az-kem goşuldy. Bu ugurda Zakaspiniň şäherlerinde hereket edýän «Hümmet» guramasy ep-esli iş geçiripdi. Onuň Maryda, Aşgabatda, Krasnowodskide ýerleşen toparlary gündogar halklarynyň dilinde neşir edilen edebiýaty Bakuwdan alyp, ilat arasynda ýaýradypdyr.

1917-nji ýylyň iýul aýynyň başlarynda Petrogradda işçileriň köpmüňli demonstrasiýasynyň oka tutulmagy bilen ýurtda iki häkimiýetlilik gutardy. Wagtlaýyn hökümet bolşewiklere garşy jeza çärelerini güýçlendirdi. Şol wagt Zakaspide syýasy göreş ýiteleşdi. Ilata açlyk howpy abandy.

Käbir obalarda daýhanlar azyk salgydyny tölemekden ýüz dönderdiler. Azyk daşaýan kerwenleriň talanan ýerleri-de boldy. Ýöne daýhanlaryň çykyşy köpçülikleýin häsiýete eýe däldi.

Türküstanda bolşa ýaly, Hywada-da, Buharada-da ors kolonizatorlarynyň we olaryň ýapjalarynyň ýerli garamaýak halka edýän sütemi eselmese peselmedi. Ilatdan salgyt üstüne salgyt ýygnamak, han haremhanasyna tapgyr-tapgyr gyz getirmek dowam etdi. Isfendiýar han aýratyn-da türkmenlerden öçlüdi. 1916-njy ýylyň gozgalaňy üçin 3,5 milion manat jerime salyndy, özlerine-de tizden-tiz ýaraglaryny tabşyrmak buýruldy. Eger-de türkmenler bu buýrugy berjaý etmeseler, onda olaryň üstlerine täzeden has uly jeza beriji ekspedisiýanyň barjakdygy duýduryldy.

Şammy keliň baştutanlygynda ýene-de türkmenler gozgalaňa başlady. 1917-nji ýylyň iýulynda gozgalaň Tagta, Ýylanly, Könürgenç, Daşhowuz, Maňňyt, Hojaili, Gubadag, Ürgenç, Gypjak etraplaryny gurşap alyp, Hywa howp saldy. Gozgalaňçylar, hatda, şäheriň içine, ors otrýadlarynyň üstüne çapawullap, köperüleri, skladlary otlap başladylar. Isfendiýar han ýene-de uly howsala düşdi. Indi Owganystana giden Jüneýt han hem öz dogduk depesi Bedirkende dolanyp geldi. Isfendiýar han hem-de Hywadaky Orsyýet goşunlarynyň komenduýuşisi polkownik Zaýsew bileleşip, Jüneýt bilen «soýuz baglaşmagyň» kül-külüne düşdüler. Olaryň adyndan Hywadan Tagta ýörite baran delegasiýa Jüneýt hany yrmak başartdy. Elbetde, «iki goçuň kellesi bir gazanda gaýnamaz» diýilişi ýaly, Şammy keliň at-owazasynyň barha artmagy Jüneýt hana ýaramaýardy.

Şol wagtlar Gazabadyň eteginde Şammy keliň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar (2000-e golaý adam) bilen ors goşunlarynyň arasynda söweş gidýärdi. Sentýabr aýynyň 14-nden 15-ne geçilen gije aldowa düşen Jüneýt han öz atlylary bilen gozgalaňçylaryň, has takygy öz bäsdeşi Şammy keliň ýeňsesinden urdy. Şammy kel yza çekilmäge mejbur boldy.

1917-nji ýylyň aprel-iýul aýlarynda Buharanyň Çärjew we Kerki etraplarynda milli hem sosial süteme garşy hereket başlandy. Türkmen daýhanlary diňe bir ors kolonizatorlaryna we olaryň ýapjasy Buhara emirine däl, eýsem ýerli begleriň kethudalara-da ynamlarynyň gaçandygyny mälim etdiler. 10-a golaý türkmen obalarynyň daýhanlary hyraç, zekat, öý salgydyny tölemekden ýüz dönderdiler, 7 obada baý-feodallaryň ýer-suwuny alyp, malyny taladylar. Çärjew begi «başbozarlara» garşy goşun iberdi. Gozgalaň basylyp ýatyryldy.

### 3. Orsyýetde Oktýabr rewolýusiýasy we Zakaspide Sowet häkimýetiniň ýeňmegi.

1917-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda (täze hasap boýunça 7-nji noýabrynda) Petrogradda ýaragly gozgalaň boldy. Şol günüň ertesi işçi we soldat deputatlarynyň Sowetleriniň Bütinrussiýa II gurultaýy açyldy. Gurultaýda ähli häkimiýetiň Sowetleriň eline geçýändigi jar edilip, W.I.Leniniň baştutanlygynda Halk Komissarlar Soweti (Sowet hökümeti) düzüldi.

Türküstanda, şol sanda Zakaspide hem häkimet Sowetleriň eline geçip başlady. Şunda ilaty, aýratynam ýerli ilaty Sowet häkimiýetiniň tarapyna çekmekde RSFSR HKS-niň 1917-nji ýylyň 20-nji noýabrynda (3-nji dekabrynda) kabul eden «Orsyýetiň we Gündogaryň ähli musulman zähmetkeşlerine Ýüzlenmesi» belli bir rol oýnady. Sebäbi, onda ezilen halklaryň täze hökümetden týüs garaşýan zatlary hakda aýdylýardy.

Ýüzlenmeden bir parça:

«Ýoldaşlar! Doganlar!

Orsyýetde beýik wakalar bolup geçýär. Gaýry ýurtlary paýlaşmak üçin başlanan ganly uruş paýawlap barýar. Halklary baknalyga öwren wagşylaryň häkimýeti synýar. Ors rewolýusiýasynyň zarby astynda gulçulygyň we baknalygyň

köne binýady lerzana gelýär. Eden-etdiligiň we zulumyň dünýäsi iň soňky günlerini başdan geçirýär. Täze dünýä, azatlyga çykýanlaryyň we zähmetkeşleriň dünýäsi döreýär…

Şu beýik wakalaryň bolup duran wagty, Orsyýetiň we Gündogaryň ezilen musulmanlary hem zähmetkeşleri, biz size Ýüzlenýäris:

Orsyýetiň musulmanlary, Krymyň we Powolžýäniň tatarlary, Türküstanyň we Sibriň gyrgyzlary hem sartlary, Zakawkazýäniň türkleri we tatarlary, Kawkazyň daglylary we çeçenleri, Orsyýetiň patyşalary we ezijileri tarapyndan metjitleri ýumrulandyr, däp-dessurlary depelenenleriň hemmesi!

Indiden beýläk siziň milli we medeni edaralaryňyz, däp-dessurlaryňyz hem dini ynançlaryňyz azatdyr we el degrilmesizdir. Öz milli durmuşyňyz azat we päsgelçiliksiz guruň. Siz oňa haklysyňyz. Siziň hukuklaryňyz, edil Orsyýetiň beýleki halklarynyň hukuklarynyň goralşy ýaly, rewolýusiýanyň we onuň organlarynyň, işçi soldat hem daýhan deputatlary Sowedleriň ähli güýç-kuwwaty bilen goralýandygyny bilip goýuň!

Bu rewolýusiýany we onuň ygtyýarly hökümetini goldaň!»

Köne milli intellegensiýanyň bir bölegi Sowet hökümeti bilen hyzmatdaşlyk edip başlady. Zakaspide N.N.Han-ÝOmudiskiý, Magtymguly han ýaly ilde tanalýan adamlar oblast Soweti bilen gatnaşyk açdylar. 1918-nji ýylyň ilkinji aýlarynda Krasnowodsk uýezdinde, Garrygala we başga-da käbir ýerlerde musulman (türkmen) deputatlarynyň Sowetleri döredildi. Şol ýylyň ýazynda hemme etraplarda diýen ýaly oba Sowetleri peýda boldy.

Aşgabatda, Maryda käbir beýleki şäherlerde pajygaly wakalar bolup geçdi. Zakaspi oblastynyň adatdan daşary komissary A.I.Frolow, Türkistan ASSR-niň Zähmet halk komissary P.T.Poltoraskiý kontrrewolýusion güýçleriň elinden heläk boldy. 9 Aşgabat komissarlary, ýene birnäçe sowet

işgärleri, goşun komandirleri tutulyp, atyldy. Uly bolmadyk gyzyl goşun otrýadynyň komandiri Öwezberdi Kulyýew hem iňlisleriň eline düşdi. Ol ömürlik ýitirim edildi.

Şol ýylyň iýul aýynyň ortasynda Zakaspide kontrrewolýusionagdarylyşyk boldy-Sowet Häkimiýeti ýykyldy. Bütin Zakaspi oblastynda häkimiýet Wagtlaýyn ispolnitel komitetiň eline geçdi. Oňa milleti orslardan bolan sagçy es-er Funtikow diýen adam baştutanlyk etdi. Komitetiň düzüminde ýek-tük türkmen intelligensiýasynyň wekilleri hem bardy. Ozalky patyşa goşunlarynyň polkownigi Oraz Serdar Zakaspi oblastynyň ak gwardiýaçy goşunlarynyň komandirligine bellendi.

Ýene bir waka: 1918-nji ýylyň 12-nji awgustynda ak gwardiýaçylara kömek etmek maksady bilen iňlis imperialistleriniň Eýranda jemlenen goşunlarynyň bir topary araçäkden geçdiler we sowet goşunlaryna garşy urşy urşy başladylar. Ýöne olar bu ýerde uzak durmadylar. 1919-njy ýylyň ýazynda Zakaspiden çykyp gitmäge mejbur boldular. Zakaspide kontrrewolýusion güýçlere ýolbaşçylyk etmek general Denikiniň eline geçdi.

Şol ýylyň 17-nji maýynda Zakaspide sowet goşunlarynyň aýgytly hüžümi başlandy. Tiz wagtdan soň Mary oazisi durşy bilen ak gwardiýaçylardan azat edildi.

Emma entegem bu wakalara türkmen halkynyň, ýagny türkmen daýhanlarynyň atlaba köpüsi gatnaşmaýardy. Az-kem gatnaşýanlaram entek Oraz serdar dagynyň baştutanlyk edýän ak gwardiýaçylarynyň tarapyndady. Şol wagtda bolýan çykyşlaryň tas hemmesi diýen ýaly şäher ilatynyň arasynda bolýardy. Şäherlerde bolsa şol mahal türkmen ilaty asla ýok diýen ýalydy. Elbetde, tükmen ilatyny bu wakalara çekmek üçin dürli çäreler görülýärdi. Meselem, Mary şäheri ak gwardiýaçylardan azat edilenden soň Zakaspi frontynyň Rewolýusion harby soweti «Türkmen halkyna» diýen ýüzlenme kabul etdi. Ol:

«ÝOldaşlar we doganlar! Sowet häkimiýeti sizi parahatçylykly zähmet hem-de asuda durmuşa çagyrýar» diýen sözler bilen başlanýardy. Ýüzlenmede «Sowet häkimiýeti üçin orslar-da, türkmenler-de birmeňzeşdir. Öz doganlaryňyz bolan türkmenleri biziň duşmanlarymyzyň hataryndan çykyp gaýtmaga we parahatçylykly zähmet bilen meşgullanmaga çagyryň» diýip nygtalýardy.

Il arasynda wagz-nesihat geçirmekde Rewolýusion harby sowetiň ýanynda döredilen Syýasy bölümiň musulman seksiýasy iş alyp barýardy. Seksiýanyň aktiw agzalarynyň biri Gaýgysyz Atabaýewdi. Elbetde, geçirilýän düşündiriş işleri türkmenlere täsir etmän durmady. Bular hususan-da, türkmenleriň aýry-aýry otrýadlarynyň Gyzyl Goşunyň tarapyna geçmegine itergi boldy. Meselem, Mary bilen Tejen ilatyndan düzülen atly türkmen otrýady, ozal Eziz han bilen el-ele berip söweşen, onuň ýakyn egindeşleri bolan Gyzyl hanyň (käbir dokumentlerde oňa Gyzyl Saryýew diýilýär) baştutanlygynda Gyzyl Goşunyň tarapyna geçdi. «Aklara» garşy söweşe girdi. Allaýar Gurbanow bilen Sergeý Şerbakowyň Garrygala sebitinde daglarda heraket eden partizan otrýady hem 1919-njy ýylyň güýzünde Gyzyl Goşunyň hataryna goşuldy.

1920-nji ýylyň 7-nji fewralynda Gyzyl Goşun Krasnowodsk şäherini ak gwardiýaçylardan azat etdi. Zakaspi fronty ýatyryldy. Göräýmäge uruş ýatdy. Emma, umumylykda alanyňda welin, türkmen halky, aýratyn hem halkyň esasyny tutýan türkmen daýhanlary graždanlyk urşy diýilýän wakadan heniz daşdady. Onuň üçin aýgytly söweşler entek öňdedi.

1917-nji ýylda Russiýada bolup geçen wewolýusion wakalaryň täsiri türkmen daýhanlarynda onçakly güýçli duýulmandy. Türkmenistanda rewolýusion-demokratik göreş biraz soňra-20-nji ýyllaryň başynda, has takygy 20-nji ýyllaryň ortalarynda ýer-suw reformasy we rewolýusion çäreleriň amala aşyrylmagy bilen utgaşykly bolupdy.

## 4. Türkmenler Horezim rewolýusiýasynda

1917-nji ýylda Orsyýetde bolup geçen Oktýabr rewolýusiýasy, Orsyýetde häkimiýetiň doly suratda bolşewikler tarapynda ýolbaşçylyk edilýän Sowetleriň eline geçmegi Hywada we Buharada uly bir özgeriş döretmedi. Halk köpçüligi ony hatda birbada duýman galdy.

1918-nji ýylyň ýanwarynda polkownik Zaýsewyň otrýady Hywadan gitdi. Pursatdan peýdalanyp Jüneýt han ýanynyň 600 atlysy bilen Hywany ýeýeledi. Emma ol daşdangörüjilik edip, has takygy özbek ba-feodallaryny özüne garşy goýmazlyk üçin Hywa hany Isfendiýar hany tagtdan düşürmedi, ony özüne elgarama edip goýdy. Ürgençde, Maňňytda, Tagtada, Daşhowuzda, Ýylanlyda, Porsyda, Hojailde we beýleki şäherlerde «ikinji» häkim hökmünde öz wekillerini (atlybaşylaryny) oturtdy. Olara çäklendirilmedik hukuklar berdi. Täze salgytlar («ýer salgydy», «hasyl salgydy» we başgalar) girizildi. Emma welin garyp-gasarlaryň ýagdaýy ýeňilleşmedi. Ile wejera «gyz salgydy» ýatyryldy diýäýmeseň, kesimçileriň (salgyt ýygnaýjylaryň) tükeniksiz «saparynda» olaryň lüti çykdy.

Iş ýüzünde hakykatda esasy häkimiýet Jüneýt hanyň elindedi. Ol ýurdy Bedrkentde oturyp edara etdi. Hüşgärlik üçin obaň daşyna beýkligi 6, ini 1,5 metr gala saldyrdy. Galanyň gurluşygyna her günde azyndan 500-600 adam gatnaşýardy.

**1918-nji ýylyň maýynda käbir türkmen hem-de özbek obalarynda daýhanlar Jüneýt hanyň atlybaşylaryny kowup, kesimçilerini öldürdiler. Ilat kim atly, kim pyýada ýene-de Şammy keliň töweregine ýygnanyşyp başlady. Olaryň arasynda eýýäm şol wagta çenli özüni halka tanadan türkmen taýpa-tire serdarlaram bardy. Jüneýt han bilen Şammy kelden soň ilat arasynda at-abraýa mynasyp bolan Goçmämmet handy. Ol Könürgenç etrapynyň ÝAgloý obasynda gurply maşgalada dogulýar. ÝOmut taýpasynyň salak tiresinden. 1916-njy ýylyň gozgalaňyna**

**gatnaşandygy sebäpli onuň kaksyny we daýysyny general Galkin ölüme buýrupdyr. Goçmämmet şolaryň ganyny almak, ar almak üçin ata çykýar. Onuň töweregine öz obasyndan, soňra beýleki obalardanam agyran-ynjan adamlar üýşüp başlaýar. Şeýdip, onuň ady Goçmämmet han bolýar.**

**Goçmämmet han 1918-nji ýylyň ahyrlarynda Jüneýt hany goldaýardy. Soňra ondan arasyny açýar. Ol 1919-1920-nji ýyllarda Jüneýt hana garşy söweşýär. Hywa hanlygy agdarylandan soň Goçmämmet han Horezm Halk Sowet Respublikasynyň Nazirler (Ministrler) Sowetiniň başlygynyň orunbasary wezipesine bellenýär. Tiz wagtyň içinde halk arasynda uly abraýa ýeýe bolmagy başarýar. Emma hut şol 1920-nji ýylyň sentýabrynyň 15-nde ony Horezm respublikasyndaky Sowet goşunlarynyň komandiri Dubýanskiniň gös-göni gatnaşmagynda haýynlyk bilen duýdansyzlykda Hywada öldürýärler. Onuň 500-e golaý adamly türkmen otrýady tussag edilip, Daşkende tarap sürgün edilýär. Olaryň köpüsi atylyp öldürilýär.**

Şol ýyllaryň pajygaly wakalaryny göz öňüne getirmek üçin bir mysala ýüzleneliň.

1918-nji ýylyň ortalarydy. Jüneýt han Şammy keli özüne boýun egdirmek maksady bilen ony Diregli obasynda gabady. Gabaw bir aý dowam etdi. Şammy keliň ýanynda 600-den gowrak nökerinden başga-da 1,5 müňe golaý ilat bardy. Jüneýt hanyň goşuny bilen Şammy keliň nökerleriniň arasynda aýgytly söweşler boldy. Şol çaknyşyklaryň birinde Şammy kel agyr ýaralandy, bäş gün geçenden soňam aradan çykdy. Ol ölensoň Jüneýt han galany eýeledi. Ýöne onuň içinde eýýäm diri adam ýokdy: kimsi gylyçdan geçirilip, kimsi bolsa açlykdan ölüpdi.

Jüneýt han barada gürrüň edilende, ýene bir hadam ýatlamaly. ÝAgny özüniň Hywada hanlyk eden iki (1918-1920) ýylynyň dowamynda ol Hywa bilen serhetdeş Amyderýa bölümine (Dörtgüle, Nöküse) çozup durdy. Aýratynam, 1918-

nji ýylyn noýabr, dekabr aýlarynda ol ýere uly hüjüm etdi. Özüniň dört müň atlysy bilen Dörtgül şäherini on bir günläp gabap durdy. Emma Dörtgüli eýelemekden özi el çekdi sebäbi Sowet döwleti bilen başa-baş söweş etmekden çekindi. 1919-njy ýylyň aprel aýynda bolsa hut Jüneýdiň talabyna görä, RSFSR bilen Hywa hanlygynyň arasynda birek-birege dostlukly garamak barada ylalaşyga gol çekildi.

1920-nji ýylyn 23-nji ýanwarynda Gazabadyň ýanynda Jüneýt hana garşy aýgytlaýjy söwe boldy. Şoňa çenli bu ýere umumy sana 3-5 müň adam bolan Gyzyl Goşun otrýatlary bilen daýhanlaryň meýletin otrýatlary toplanypdy. Jüný́t hanyň nökerleri 1500-den köp däldi. Söweşde hanyň güýçleri asgyn geldi. ÝAnwaryň ahyrlaryna çenli Gyzyl Goşun otrýatlary Bedirkendi, Tagtany, Daşhowuzy, Ýylanlyny, Ürgenji ýeýeledi. Bu söweşlerde Jüneýt hanyň goşuny ýeňildi, ol ýanynyň saýlama 300-e golaý ýigitleri bilen Garaguma gaçdy.

1920-nji ýylyň 1-nji fewralynda Gyzyl Goşun bölümleri Hywany ýeýeledi. 2-nji fewralda şäherde köp müň adamly miting boldy. Edilen talaplara görä, Hywa hany Seýt Abdylla tagtdan el çekdi. Rewkoma mladohwinsler (ýaş Hywalylar) partiýasynyň Dörtgül komitetiniň ýolbaşçysy Jumamyrat Soltanmyradow ýolbaşçylyk etdi. Hywada Halk demokratik rewolýusiýa ýeňdi. Hoorezim Halk Sowet Respublikasy yglan edildi.

## 5. Türkmenler Buhara rewolýusiýasynda

1920-nji ýylyň tomsuna çenli Buharada hem ýagdaý ýiteleşdi. Esasanam türkmen etraplarynda ilet emiriň goşunyna nöker bermekden ýüz dönderdi. 22-nji oýunda Çärjew begi emire «bäş alty sany döwlet çinownigi di-ýäýmeseň, türkmenleriň hemmesi boýun egmezlige ýüz urdy, 12 müň nökeriň 10 müňisi bolşewistik agitasiýanyň täsirine düşen ilatyň tarapyna geçdi». Diýip, habar berdi.

Buhara emiri Seýtalym han Sowet Türkmenistanyna garşy urşa taýarlyk görüp başlady. Oňa iňlislerem Owganystanyň


Abdyhekim Gulmuhammedow

üsti bilen 20 düýe ýüki tüpeň, ok-däri kömegini berdiler. Ak gwardiýaçy ofiserler bilen birlikde iňlis harby instruktorlary emiriň nökerlerini türgenleşdirip, gelejekgi söweşleriň planyny düzdiler.

1920-nji ýylyň 23-nji awgustynda Sakarda emire garşy ýaragly gozgalaň başlandy. Oňa Abdyhekim Gulmuhammedowyň ideýa taýdan ýolbaşçylygy bilen, hut şonuň görkezen, ýakyndan goldan adamsy Bäşim Serdar baştutanlyk etdi.

**A.Gulmuhammedow Istambulda (Turkiýe) Gündogary öwreniş inistitutynda okap, ýokary bilim alýar. Ol 1920-nji ýylyň ýazynda Baýramalyda türkmenlerden düzülen ilkinji atly Gyzl Goşun otrýadynyň komandiri bolýar. Soňra Buhara Halk Sowet Respublikasy jar edilýär. A.Gulmämmedowe bolsa şol hökümetiň harby ministri edip belleýärler. Şol bir wagtda bolsa Kerki welaýatyndaky ygtyýarly wekili bolýar. Ol Buhara Respublikasynyň Altyn Ýyldyz ordeni bilen sylaglanýar.**

**A.Gulmuhammedow 1925-nji ýylyň fewralynda Aşgabatda bolup geçen bütün Türkmenistan 1-nji gurlutaýyna delegat bolup gatnaşýar. Şeýlelikde, onyň ykbaly ýaş respublikanyň medeni durmuşynda esasy rol oýnamaly adamlaryň hataryna degişli bolýar.**

**Ol «Türkmenistan» gazetiniň baş redaktorynyň orunbasary. Şol bir wagtda bolsa «Tokmak» we «Daýhan» žurnallarynyň redaktorlarynyň biri bolýar.**

**A.Gulmuhammedowyň gysga ömründe bitiren işleri onuň örän işjanly bolandygyny subut etýär. Ol ýigriminji ýyllaryň biriniji ýarymynda profesional rewolýusener, döwlet işgäri hökmünde giňden tanalan bolsa, ikiniji ýarymynda guramajy, metbugat işgäri, şahyr, kyssaçy, edebi tankytçy, edebiýatçy alym, dilçi we taryhçy hökmünde uly meşhurlyk gazanmaga ýetişipdir. Onuň birnäçe ylmy makalalary, kyssa eserleri, goşgulary gündelik neşirlerde çap edilipdir. Şeýle-de ol ençeme klassyklaryn eserlerini çapa taýarlap neşir etdiripdir.**

**Bäşim Serdar (Bäşim Seýtnazarow) Sakarda doglup, obadaşlaryna sözi ötýän edenli ýigit bolupdyr. Ol Çärjew bolşewikleriniň täsiri bilen 1919-njy ýylda partiýa hataryna giripdir. Garyp-daýhanlardan atly otrýad toplap, oňa baş bolany üçin serdar adyny alypdyr. 1920-nji ýylyň awgustynda onuň otrýadynda 500-e golaý atly bardy. Bäşim serdar ildeşleriniň arasynda soň-soňlaram ýagşylykda ýatlanypdyr. 30-njy ýyllarda «Çapaýew» kinofilimi obalarda görkezilende, ony tanaýanlar «biziň Bäşimimiz hem Çapaýew ýalydy» diýýär ekenler.**

Gozgalaňçylar şol günüň özünde Sakary eýelediler. Çärjew begi olara garşy 500 nöker iberdi. Ýöne ýolda nökerleriň inçemesi öz obalaryna gaçyp gitdi, galanam gozgalaňçylaryň tarapyna geçdi. 29-njy awgustda daňdan Çärjew eýelendi. Beg ýanynyň 56 çinownigi bilen tussag edildi. Şondan soň az wagtyň içinde Kerki, Garşy, Ziaterin we beýleki şäherler hem eýelendi.

2-nji sentýabrda Buhara emiri Seýtalym han tagtdan agdaryldy. Buharada-da Horezimdäki ýaly halk demokratik rewolýusiýa ýeňdi.

Rewolýusiýa ýyllarynda Hywanyn we Buharanyň türkmen etraplarynyň ýagdaýy, umuman şeýleräkdi. Elbetde, Hywada aldym-berdimli wakalaryň gerimi has giň we dowamly boldy. Muny bu ýerde milli hem sosiýal sütemiň has çökderligi bilen düşündirip bolar. Buharaly türkmenler barada aýdylanda

bolsa olar Amyderýanyň kenarynda-sakada oturyp, hiç bolmanda suwdan köp kösenmediler. Üstesinede, zerurlyk ýüze çykanda olar goňşy döwlet Owganystana gaçyp bilýärdiler.

Şeýlelikde, Türkmenistanda 1916-njy ýylda başlanan rewolýusion öwrülişik 1920-nji ýylda tamam boldy. Hemme ýerde häkimiýet Sowetleriň eline geçdi. Bir tapawudy: Türkmenistanyň Zakaspi böleginde sosialistik rewolýusiýa ýeňen bolsa Hywanyň we Buharanyň türkmen etraplarynda entek halk demokratik rewolýusiýalar amala aşyrylýardy. Ýön ol ýerlerde hem bary-ýogy 3-4 ýyl geçenden soň 1923-1924-nji ýyllarda sosialistik rewolýusiýanyň ýeňendigi yglan edildi.

## II. Türkmenistan SSR-niň döredilmegi

### 1. Zakaspi oblastynyň Türkmen oblastyna öwrülmegi

Zakaspi, Hywanyň we Buharanyň türkmen etraplarynda bolup geçen rewolýusion wakalar agalyk ediji düzgün bilen halkyň halys ylalaşmaýandygyny görkezdi. Ol düzgün çalyşmalydy. Çalyşdam. Eýäm 1920-nji ýylyn dowamynda Türkmenistanyň hemme raýonlarynda, şol sanda Hywada we Buharada hem häkimiýet Sowetleriň eline geçdi.

Elbetde, öňki köp ýyllap dowam eden düzgünlere garanyňda Sowetler halka has ýakyndy. Olar mümkin boldugyça, halkyň öz ýerli wekillerinden düzülip, halka-da hyzmat etmelidi, şonuň bähbitlerini goramalydy. Sowetleriň asly niýeti gumanizm, adamkärçilik ideýalardan ugur alýardy.

1917-nji ýylyň noýabrynda RSFSR Halk Komissarlar Soweti «Orsyýet halklarynyň hukuklarynyň Deklarasiýasyny» hem-de «Orsyýetiň we Gündogaryň ähli musulman zähmetkeşlerine Ýüzlenmäni» kabul etdi. «Orsyýetde ýaşaýan halklaryň hemmesi deň hukuklydyrlar we özygtyýarlydyrlar, olaryň öz ykballaryny özleriniň çözmäge haky bardyr. Eger isleseler bölünip, özbaşdak döwlet gurmaga hem haklydyrlar,

her dürli milli hem-de dini artyk hukuklylyk we çäklendirmeler ýatyrylmalydy, az milletler we etnografik toparlar azatlykda ýaşamalydyrlar hem-de ösmelidirler» diýlip, Deklarasiýada görkezilýärdi. Ýüzlenmede bolsa Orsyýetiň gündogaryndaky ozal ezlip gelen halklar özleriniň ýaşaýşyny isledikleriçe gurup bilerler, olaryň şu hukuklary Sowet döwletiniň ähli güýji bilen gorajakdyr diýlip, jar edilýärdi.

Ors halky bilen beýleki ezilip gelen halklar arasynda birek-birege ynam döretmekden, hyzmatdaşlyk we özara kömek gatnaşyklaryny kemala getirmekde bu dokumentleriň oňaýly täsiriniň bolandygy düşnüklidir. Ýöne ýerli ýagdaýlaryň çylşyrymlydygy sebäpli halklaryň arasyndaky ylalaşyk, meselem, türkmen halky bilen ors halkynyň arasyndaky ylalaşyk birbada onçakly başa barybermedi, ol entegem dargynlygynda galýardy. Sebäbi, ozalky Orsyýet imperiýasynyň kolonizatorlyk syýasaty, aýratynam patyşanyň zalymlykda ýakasyny tanadan ganhor generallary Skobelowyň, Kaufmanyň, Golowoçýowyň, Galkiniň, Madritowyň türkmenlere garşy guran jezalandyryjy ýörişleriniň halkyn ýüregine salan bitmez ýarasy entek awap durdy.

Oktýabr rewolýusiýadan soň synpy göreşiň tutaşmagy, şol göreşiň talaplaryna laýyklykda ilatyň «gyzyllara» we «aklara» bölünmegi hem onuň üstüne urna boldy. Ozal esasy garşylyk kolonizatorçylyk syýasaty amala aşyran Orsyýet patyşalygy bilen ýerli halkyň arasynda bolan bolsa, indi her halkyň öz içinde hem birek-birege käbir ynanmazçylyklar döredi. Netijede, bir obada ýa-da bir şäherde däl, tutuş jemgiýetde barlyşyksyz gapma-garşylyk emele geldi. Özem gitdigiçe ýiteleşip, soňra basmaçylyk hereketiniň möwüç almagyna, has takygy türkmen topragynda hakyky graždanlyk urşunyň tutaşmagyna sebäp boldy.

Galyberse-de, Sowet Orsyýetiniň hemme ýerinde bolşy ýaly, Türkmenistanda-da, şol sanda Zakaspide-de hojalyk biçak agyr ýagdaýdady. Dört ýyllap dowam eden birinji jahan urşy, soňky 1918-1920-nji ýyllardaky aldym-berdimli söweşler

zerarly ýurt tozdurylypdy. Senagat kärhanalary durup galdy, ekin meýdanlary sandan çykdy. Zähmetkeşleriň hal-ýagdaýy öňküden-de pese gaçdy.

Birentek kärhanalar işçi güýçleriniň ýetmeýändigi, material resurslaryň ýoklugy sebäpli ýapyldy. Oba hojalyk önümçiligi üzül-kesil kemeldi. Mysal üçin, 1920-nji ýylda Zakaspide ekerançylyk hojalygynyň umumy önümi uruşdan ozalkysynyň diňe 25,4 prosentine barabar boldy. Oblastyň esasy oba hojalyk ekini bolan gowaçanyň meýdany 10 esseden-de köp kemelip, 4387 desýatine geldi. Mallaryň sany 2 esseden-de köp kemeldi. Netijede, şeýle uly hojalyk weýrançylyklary zerarly halkyň şonsuzam diýseň kyn ýagdaýy indi has hem agyrlaşdy.

ÝAgdaýyň has beter agyrlaşmagyna düýpli sebäp bolan zatlaryň biri hem täze şertlerde işläp biläýjek milli kadrlaryň azlygyndady. Bolanjasy-da dürli bahanalar bilen ýok edilipdi. Olar rehimsiz yzarlanýardylar, tas uçdan tutma barsy diýen ýaly milletçilikde aýyplanyp, olara «pantürkist», «panislamist» diýen ýaly toslama günäler ýöňkelýärdi. Agyr günlere salynanlaryň biri hem halkyň sylan adamlary-ýerli işan mollalardy. Iň ýaman ýeride bu bolýan zatlara ýöne bir tötänlik däldi, ol bolşewikler partiýasynyň ýörite «aladasy» bilen gurşalan döwlet syýasatynyň netijesidi.

Bir mysal: 1920-nji ýylda bolup geçen I I I hem-de V Türküstan ülke partiýa konferensiýalarynda Türki Kompartiýasynyň döredilendigi yglan edildi. Şol konfirensiýalaryň karary esasynda Zakaspi oblast musulman býurosy hem 1920-nji ýylyň fewralynda özüni «Türki halklarynyň (Zakaspi) obkomy» diýip yglan etdi. Bu raptiýanyň, şol sanda Zakaspi obkomynyň esasy maksady halk köpçüligini öz tarapyna geçirip, ony täze şertlerde işlemäge çekmekdi. Emma merkez, ýagny RK(b)P-nyň MK-sy oňa düýpgöter başgaça baha berdi.Türki Kompartiýasynyň ýolbaşçylaryny buržuaz milletçiler, pantürkistler hökmünde aýyplady. Hamala olaryň esasy maksady Türki

Kompartiýasyny döretmek bilen çäklenmän, şonuň üsti bilen Türki respublikasyny döretmekmiş. Bu bolsa Merkeziň pikiriçe, bütün Türkistany, şol sanda Zakaspi oblastyny hem Sowet Orsyýetinden bölüp aýyrmak wehimini salýarmyş. Ine şeýle bahanalar bilen örän tiz wagtyň içinde Türki Kompartiýasy, onuň düzümine girýän Zakaspi obkomy ýatyryldy.

Ýene-de bir zady aýratyn bellemeli. Türki Kompartiýasynyň, onuň Zakaspi obkomynyň ýok edilmegi (BMIK-nyň RSFSR HKS-nyň Türküstan kommisiýasynyň) işiniň esasy maksatlarynyň biridi. Türkkomissiýanyň düzüminde Leniniň öz ynamdar adamlary M.W.Frunze, W.W.Kuýbyşew, Ş.Z.Eliawa, ÝA.E.Rudzutak, F.I.Goloşekin, L.M.Kaganowiç dagy we beýlekiler bolup, olara çäklendirilmedik hukuklar berilipdi. Şol ýyllarda düzülen birnäçe resmi dokumentleriň tassyklaýşyna görä, Türkkömissiýa tas bütün Orta Aziýa boýunça ýeke-täk hökümdardy. Asla onuň hut şeýle bolandygyny bu komisiýanyň özem inkär etmeýärdi. Mysal üçin, Türkkomissiýanyň özi tarapyndan düzülen hasabatlaryň birinde şeýle ýazylypdyr: «Türkistan komissiýasy partiýa we sowet gurluşygynyň marsistik-leninçilik prinsiplerini goramak bilen çykyş etdi. Giň partiýa köpçüligine daýanyp, ol milletçi-gyşaryjylara (diýmek, Türki Kompartiýasynyň ýolbaşçylaryna-awt.) üzül-kesil gaýtawul berdi. 1920-nji ýylyň 15-nji ýanwarynda Türküstan kommisiýasy ähli kommunistik guramalary ýeke-täk Kommunistik partiýa birleşdirmek hakynda karar kabul etdi. Munuň özi partiýany guramaçylyk taýdan düzmegiň leninçilik ugrundaky göreşde möhüm ädim boldy».

Gepiň gysgasy, eýýäm şol ýyllarda «milli çet-künjekler» merkezleşdirilen galyplara salnyp başlapdy. Elbetde, bu gowulygyň alamaty däldi. Ýöne, hakykatyň hatyrasyna, hut şol ýyllardy ýatlamaga mynasyp işleriň-de edilendigini aýytmak gerek.

1921-nji ýylyň awgustynda Türküstan ASSR-nyň MIK-niň karary bilen Zakaspi oblasty Türkmen oblasty diýlip atlandyryldy. Orta Aziýa we Gazagystan halklaryň arasynda ilkinji bolup, türkmenleriň ýaşaýan ýerine öz ady dakyldy. Bu uly waka, ol soňra Türkmenistan SSR-niň döredilmegini taýarlamakda görlen çäreleriň iň möhümleriniň biri boldy.

Hut şol 1921-nji ýylyň oktýabrynda ýene-de bir möhüm bolup geçdi. Türküstan MIK-niň ýanynda mydamylyk hereket edýän Türkmen bölümi döredildi.

Emma bu zatlar öz-özünden bolmandy. Onuň sebäpleri bar. Mälim bolşy ýaly, täze jemgiýeti gurmak barada Sowei hökümetiniň öňünde durýan wezipeler, hususan-da milli syýasaty amala aşyrmak ýurtdaky ähli halklaryň taryhy aýratynlyklaryny, olaryň özlerine mahsus bolan gylyk-häsiýetlerini, däp-dessurlaryny ýörite öwrenmegi, bilmegi talap edýärdi. Türkmenler barada aýdylanda, olar ozaldan dowam edip gelen taryhy şertlere görä, mydama eli ýaragly at üstünde öňem serdarly halkdy. Has takygy, ol harby taýdan guralan, hemişe söweşjeň ýagdaýdady. 1920-nji ýylyň ýanwarynda, ýagny entek Hywa hanlygy we Buhara emirligi barka, RSFSRMilletler Halk Komissarlygynyň (Narkomnasyň) Türküstan ASSR-niň düzüminde Türkmen oblastyny döretmek barasyndaky karary kabul edilende hut şu ýagdaý nazarda tutulypdyr. Bu uçursyz möhüm kararda şeýle diýilýärdi:

«Biziň türkmenler barada alyp barýan syýasatymyzyň uly halkara ähmiýeti bar. Hywanyň, Buharanyň hem-de Eýranyň, has beterem şol ýurtlaryň harby güýçleriniň ýagdaýy gös-göni biziň Zakaspi türkmenlerimiziň özlerini alyp barşyna bagly. Sebäbi Zakaspi türkmenleri bilen Hywa, Buhara hem Eýran türkmenleriniň arasynda ömürbaky dowam edip gelýän ysnyşykly aragatnaşyk bar. Zakaspi oblastynyň türkmenleri bu ýurtda ýaşaýan türkmenler bilen garyndaş, mydama özara birek-birek bilen gatnaşykda, ykdysady taýdan bular biri-birine gös-göni bagly…

Adatça bolşy ýaly, Buharanyňam, Hywanyňam, asla Eýranyňam harby güýçleriniň esasy bölegini türkmenler düzýär».

Bu dokumentde ýene bir ünsüňi çekýän jümle bar: «Türkmen awtonom oblostynyň döredilmegi… Buharada we Hywade hem awtonomlyk ugryndaky degişli hereketiň ýüze çykmagyna eltip biler». Diýmek, Zakaspini Türkmen oblastyna öwürmek bilen goňşy ýurtlaryň –Hywanyň we Buharanyň tabynlygyndaky türkmenlerde hem milli oblastlaryny döretmek baradaky meýli oýarmak göz öňünde tutulypdyr. Şeýlelikde, bu işiň örän oýlanyşykly edilendigi äşgär bolýar. Ol, bir tarapdan,

Sowet hökümetiniň milli syýasatda, hiç bolmanda ilkibaşda, köne kolonial endiklerden saplanmakçy bolandygyny, ikiniji bir tarapdan bolsa, at üstündäki harbylaşan halkdan ätiýaçedýändigini, ony az-kem «ugruna kowýandygyny» görkezýärdi.

Türkmen oblastynda hojalyk işleri kem-kemden ýola düşdi. Kolonial döwürden galan ýerli ilaty kemsidiji kanunlar ýatyryldy. Türkmenleriň we göçürilip getirilen ors ilatynyň ýerden peýdalanmak hukugy deňlendi, olaryň demir ýolda hem-de senagat kärhanalarynda işlemegini gadagan edýän kadalar ýok edildi. Senagat (pagta arassalaýan, pamyk öndürýän, ýag çykarýan, sabyn gaýnadýan we başga-da birnäçe kärhanalar) millileşdirildi.

Murgapdaky patyşalyk mülki millileşdirilip, onuň bazasynda Türkmenistanda ilkinji pagtaçylyk sowhozy döredildi. Marynyň golaýyndaky ÝUsup hanyň, Aşgabadyň etegindäki gazna fermasymillileşdirilip iki sany maldarçylyk sowhozy döredildi. Senagat we söwda kärhanalarynda önümçiligiň we önümleri peýdalanmagyň üstünden işçi kontrollygy girizildi. «Transport hepdesi», «Daýhan hepdesi» ýaly jemgiýetçiliksyýasy kampiniýalar, kommunistik ýowarlar geçirilip başlandy.

Oba ýerlerinde Sowet häkimiýetiniň täsirini artdyrmakda «Goşçylar» («Goşçy»-kündä öküz goşulyp ýer sürüji diýen sözden alnan termin) soýuzy ep-esli iş etdi. Onuň kömegi bilen 1921-1922-nji ýyllarda oblastda, ilkinji ýer-suw reformasy geçirildi. Reformanyň başynda köplenç göçürilip getirilen ors kulaklarynyň ýerlerinden 65,6 müň desýatini bölünip alynyp, ýersiz hem-de ýeri az daýhanlaryň 10,6 müňüsine paýlanyp berildi. Şol sanda 7,5 müň garyp-daýhan we batrak ozalky Murgap patyşalyk mülkünden 37,5 müň desýatin sürümli ýer aldy. Olaryň ençemesine tohum kömegi berildi, salgytdan boşadyldy.

1921-nji ýyldan başlap täze ykdysady syýasata (NEP-e) geçilmegi hem daýhanlaryň gün-güzeranyna oňaýly täsir etdi. «Harby komunizim» şertlerinde dowam eden azyk razwerstkasynyň talaplaryna görä, olar öndüren önümleriniň diňe ujypsyz bölegini ölmez-ödi güni üçin alyp, galanyny döwlete bermäge borçludylar. Indi bolsa salgydyny töläp, hasylyň galan köp bölegini bazara çykarmaga hukuk gazandylar. Kooperasiýalar, arteller peýda boldy.

1923-nji ýylda Murgapda Hindiguş elektrostansiýasy dikeldildi. Şäherlerde un üweýän we käbir beýleki kärhanalar ýene-de işläp başlady. Çelekende nebit, ýagmanda daşkömür çykarylyşy birneme artdy. 1924-nji ýylda türkmen obalarynda ilkinji traktorlar peýda boldy.

Medeniýetde käbir işler edildi. Täze umumybilim berýän mekdepler, sowatsyzlygy ýok ediş mekdepleri açyldy. 1920-nji ýylyň 29-njy iýulynda «Türkmenistan» gazeti çykyp başlady. Türkmenlerden ilkinji partiýa, sowet işgärleri ösüp ýetişdi.

Şol bir wagtyň özünde, ozalam belläp geçişimiz ýaly, köne milli kadrlara ynanmazlyk artdy. Indi olary gönüden-göni yzarlap başladylar. Soňra şol ynanmazlyk, şol şübhe «Türkmen azatlygy» diýen aýylganç , aslynda bolmadyk guramany toslamaga alyp bardy. (Bu gurama baradaky gürrüň entek öňde). Bu näletli toslama öz döwrüniň iň sowatly, jany-teni

bilen halkyna berilen ogullary Kümüşaly Böriýew, Muhammet Geldiýew, Hikolaý Han-ÝOmudskiý, Orazmämmet Wepaýew, Abdyhekim Gulmuhammedow, doganlar Bekge we Kakajan Berdiýewler, Garaja Burunow we başgalaryň buržuwaz milletçiler hökümünde «gizlin bellige» alnyp, yzarlanyp başlanmagyna sebäp boldy. Şol «gara depdere» türkmen medeniýetiniň göz-guwanjy Berdi Kerbabaýew bilen Hydyr Derýaýewiň ady hem düşüpdi.

## 2. Horezim hem Buhara respublikalarynda Türkmen obalastlarynyň döredilmegi

1920-nji ýylyň 27-30-njy aprelinde bolan halk wekilleriniň Bütünhorezm gurlutaýy Horezm Halk Sowet Respublikasynyň döredilmegini jar etdi. We HHSR-iň birinji Konstitusiýasynyň taslamasyny kabul etdi. Gurlutaý 15 adamdan ybarat hökümeti–Halk Nazirler (Ministrler) Sowetini düzdi. Hökümet çilenleriniň 11-si özbekleriň, 4-si hem türkmenleriň wekillerinden ybaratdy. Olar Goçmämmet han, Gulamaly, Bagşy we Mollaoraz Hojamämmedowdy. Gurlutaý «hemme babatlarda iňňän güýçli kömek etdi» diýlip, Türküstan frontynyň harby Sowetiniň ygtyýarly wekiliniň dokladynda bellenýärdi. 1920-nji ýylyň tomsundy HHSR-iň 3 adamdan ybarat delegasiýasy RSFSR bilen HHSR-iň arasynda dostluk şertnamasyny baglaşmak üçin Moskwa – W.I.Leniniň ýanyna gitdi. Şolrayň ikisi türkmendi: Mollaoraz Hojamämmedow bilen Nurmuhammet Babaýew. «Biz Wladimir Iliç bilen bir sagada golaý gürrüň etdik. Ol bize kömek bermäge we goldamagy wada etdi, köp-köp gymmatly maslahatlary we görkezmeleri berdi» diýip, delegasiýanyň agzasy Mollaoraz aga ýatlardy.

1920-nji ýylyň 6-8-nji sentýabrynda Buharada hem Halk wekilleriniň gurlutaýy bolup geçdi. Bu ýerde-de, edil Hywadaky ýaly, gurlutaý Buhara Halk Sowet Respublikasy jar edildi. Halk Nazirler (Ministrler) Soweti düzüldi. Hökümetiň

düzüminde türkmenlerden Abdyhekim Gulmuhammedow saýlandy. Biraz soňra onuň düzümine türkmenlerden ýene iki adam – Annageldi Salyhow bilen Artyk Rahmanow girizildi.

Şondan soň köp wagt geçmänkä, 15-16-njy sentýabrda Çärjew welaýatynyň oba wekilleriniň gurlutaýy boldy. Oňa 36 obadan 66 delegat gatnaşdy. Gurlutaýda häzirki pursat, Buhara Gyzyl Goşunyny goramak, oba komitetlerini döretmek hakyndaky we şulara meňzeş meselelere garaldy. Burdalykda we Kerkide urug-taýpa serdarlary tarapyndan Sowet Buharasyna garşy ýaragly çykyş etmäge öjükdirilen türkmenlere Ýüzlenme kabul etdi. Ýüzlenmede şeýle diýilýärdi: «Doganlarymyz aklyňyza aýlanyň! Sizi iňlis kapitalynyň agentleri aldadylar. Olar özleriniň kisesini altyndan doldurmak, täze patyşa goýmak üçin, ýene-de halky ebedilik gul etmek üçin sizi uruşdyrýarlar». Sentýabryň ahyrynda şol ýerler-de halk häkimiýeti guruldy.

Emma uzaga çeken ýaragly çaknyşyklaryň netijesinde Hywada-da, Buharada-da hojalyk juda pese gaçypdy. Aýratyn hem Hywa türkmenlerinde hojalyk elhenç tozdurylypdy. Gazy-haşar işleri wagtly-wagtynda geçirilmän köp suwaryş ýaplary gömülere gelipdi. Esewan edilmäni sebäpli Amyderýanyň joşmagyndan ätiýaçlyk üçin galdyrylan gaçylar gowşapdy. Şeýle ýagdaýda 1921-nji ýylyň tomsunda Amyderýa joşup hanasyndan çykdy. Soňky 40 ýyllykda suw joşguny zerarly beýle betbagtçylyk bolmandy. Ençeme özbek, türkmen obalaryny, ekin meýdanlarynyň köp bölegini suw basdy.

Şunlukda, suwaryş sistemasyny tertibe salmak iň möhüm işe öwrüldi. Esasy ýaplar bolan Şabat, Hanýap, Gylyçnyýaz baý, olardan şaha aýryp gidýän kiçiräk ýaplar gyrmançadan arassalandy. Köne gaçylar düzedilip, birnäçe ýerde täze gaçy galdyryldy. Ençeme türkmen obalarynda ilkinji gezek gowaça, şaly ekinleri ekildi. Ozalky köp sanly salgytlar ýatyrylyp, ýeke-täk salgyt (hasylyň ondan birisi) girizildi. Garyp daýhanlaryň müňlerçesi ýer-suw aldy. Ilkinji sowet umumybilim berýän mekdepleri açyldy. Ýöne köp sanly

ýokanç keseller ilatyň gerdeninden basýardy. Mysal üçin, Tagta, Ýylanly, Porsy etraplarynda daýhanlaryň 60prosentine golaýy garahassalykdan ejir çekýärdi.

1920-nji ýylyň sentýabr aýynyň ortasynda HHSR Nazirler (Ministrler) Sowetiniň başlygynyň orunbasary Goçmämmet han bilen Nazirler Sowetiniň agzasy Şamyrat Bagşy ikiksi özleriniň otrýadlary, ýagny 500-den gowrak saýlama türkmen ýygitlerinden ybarat bolan goşun bilen «Buhara halk rewolýusiýasyna kömege gitmeli» bahanasy bilen Hywa çagyryldy. Olary resmi taýdan çagyran HHSR-iň şol wagtky ýolbaşçylary-mladohiwinesler (ýaş hywalylar) hem bolsa, emma hakykatda ol başgaçady. Olaryň çagyrdan RSFSR-iň Hywadaky wekilhanalarynyň kollegiýa agzasy, bu ýerdäki ors goşunlarynyň baş komanduýuşisi polkownik Dubýanskidi. Goçmämmet han, onuň ynamdar kömekçisi Başgy, ýene-de onlarça men diýen ýigitler gapyllykda tutuldy we atyldy. Ýigitlerden diri galanlary urlup-ýenjilip Çärjewiň üsti bilen Daşkende tarap sürgün edildi.

Bu zalymlar şonam az görüp, soňra türkmen iliniň garşysyna ýörite jeza beriji ekispedisiýa guradylar. Hyýanatçylykly ganly ýörişe polkownik Dubýanskiniň hut özi ýolbaşçylyk etdi. Türkmenleriň birentegi jeza berilmeginden gutulmak üçin guma gaçdylar. Olar Jüneýt handan haraý isläp, onuň goşunyna birikdiler. Türkmen-özbek halklarynyň arasynda käbir näsazlyklar emele geldi. Iki tarapdanam bigünä halk agyr, çykgynsyz ýagdaýa sezewar boldy. Tozdurylan türkmen daýhanlary Garaguma siňse, özbek, garagalpak daýhanlary HHSR-den çykyp, Amyderýanyň sag kenaryny-Türkistan respublikasynyň Amyderýa oblastyna gaçmaly boldular. Gepiň gysgasy, Horezimde ýörite bulaşdyrylan hem-de öjükdirilen milli mesele graždanlyk urşuna öwrüldi. Türkmen etraplarynda Sowet häkimiýeti hakykatdan-da ýykyldy.

RSFSR-iň HHSR-däki ozalky resmi wekili Şakirow hem-de goşun komandiri Dubýanskiý Horezim

respublikasynyň halklaryna, öni bilen türkmen halkyna garşy eden etmişleri üçin yzlaryna çagyrylyp, olaryň işi suda berildi. HHSR-de örän uruş oduny ýatyrmak üçin bu ýere ýörite adatdan daşary komisiýa iberildi. Oňa türkmen dilini, gylyk-häsiýet , däp-dessuryny bilýän Wasiliý Safonow (ol ozal Gyzylarbadyň wogon-oemont ussahanasynda işläpdir) ýolbaşçylyk edýärdi. Kommisiýatynyň tagallasy bilen gysga wagtyň içinde Horezimde, şol sanda türkmen etraplarynda tutaşyp barýan uruş ýatyryldy. Halkyň arasynda Sowet häkimiýetini dikeltmek hem-de pugtalandyrmak ugrynda iş alynyp baryldy. Işiň oňaýly bolmagyna ýardam eden zatlaryň biri hem aýry-aýry türkmen taýpa-tire serdarlaryna bolan garaýyş barada alynyp barylandogry syýasat boldy. Olar hökümetden çetleşdirilmedi, gaýtam ilet arasynda abraýlarynyň uludygy, halkyň täsiriň entek güýçlidigini nazara alnyp, köp halatlarda häkimlik şolaryň üsti bilen amala aşyryldy. Hut şeýle hyzmatdaşlyk netijesinde HHSR-iň türkmen etraplarynda urşy ýatyrmak, ilaty sowet häkimiýetiniň tarapyna çekmek başartdy.

1921-nji ýylyň 21-23-nji ýanwarynda Porsyda (häzirki Doşhowuz welaýatynyň Boldumsaz galasynda) HHSR-iň Bütün türkmen gurlutaýy geçirildi. Oňa türkmenleriň dürli taýpa-tire serdarlary, jemi 35 adam gatnaşdy. Gurlutaýda türkmenleriň Maşyryk taýpasynyň serdary Mollaoraz Hojamämmedowyň başlyklygynda 12 adamdan ybarat bolan Türkmen ispolnitel býurosy (türkmenispolbýuro) saýlandy. Ol diňe bir Hywa türkmenleriniň arasynda däl, eýsem bütin Horezim respublikasynda giňden tanalýan abraýly adamdy. Başlygyň oorunbasarlygyna saýlanan Nurmuhammet Babaýew (Nurmuhammet molla) hem ilhalar adamdy. Bularyň ikisi hem Bütinhorezim 1 gurlutaýynyň (1920-nji ýylyň apreli) karary esasynda düzülen üç adamdan ybarat döwlet delegasiýasynyň agzasy hökmünde «Moskwada» HHSR bilen RSFSR-iň arasynda baglaşylan dostlukly şertnama (1920-nji ýylyň 13-nji sentýabry) gol çekipdiler.

Elbetde, Türkmenispolbýurosynyň işi örän çylşyrymly ýagdaýda geçýärdi. Bütün Horezm respublikasynda, aýratyna türkmen etraplarynda emele gelen ýagdaýdan baş çykaraýmak aňsat däldi. Il arasynda taýpa-tire serdarlarynyň täsiriniň örän güýçlüdigi sebäpli, HHSR-däki bolup geçen köp wakalardan garamaýak halk çetde saklanýardy, ol bihabardy. Mysal üçin, 1921-nji ýylyň 5-6-njy martynda ýaş hywalylar döwlet başyndan kowlandan soň dörän Rewolýusion komitetiň (Rewkomyň) düzüminde türkmenlerden bir adam hem ýokdy.

1921-nji ýylyň 20-23-nji maýynda halk wekilleriniň II Bütinhorezm gurlutaýy bolup geçdi. Şol gurlutaýa türkmenlerden 50-den gowrak delegat gatnaşdy. (Delegatlaryň umumy sany 230 adamdy). Täzeden döredilen häkimiýet we dolandyryş organlarynyň başynda ýerli ilatyň zähmetkeş gatlaklarynyň wekilleri goýuldy. ÝAş hywalylar partiýasynyň baştutanlarynyň biri, ýagny 1921-nji ýylyň martyna çenli HHSR-iň Halk Nazirler (Ministrler) Sowetiniň başlygy bolup işlän Pälwanyýaz ÝUsupowyň içi ýanyp: «Bu nazirler we Horezm Merkezi Ispolnitel Komitetiniň bu agzalary… ömürlerinde ýekejede ýogran-ýassyk gören adam däl» diýip ýazanlygy ýöne ýerden däldir.

Gurlutaý aýratynam milli meselä, has takygy özbekler bilen türkmenleriň arasynda soňky wagtlara çenli dowam edip gelen oňşuksyzlygyň soňuna çykmak meselesine uly ähmiýet berdi. Bu betbagtçylyk ozalky hökmürowan hanlykda, «halklaryň türmesi» diýip atlandyrylan patyşa Orsyýetiniň koloniýaçylyk syýasatdan galan mirasdy. Şonuň üçinem türkmen-özbek hyzmatdaşlygyny guramak, dostlugyny gazanmak ägirt uly ähmiýete ýeýedi. Bu mesele Horezm Halk Sowet Respublikasynyň MIK-niň ýanynda ýörite döredilen Türkmen bölüminiň esasyişleriniň biri boldy. Bölümde 7 adam bolup, ýedisi hem hökümetiň düzümine deň hukukly agza hökmünde girizildi.

II Bütünhorezim gurlutaýynyň delegatlary Horezimiň ähli halklarynyň deň hukuklydygyny dabaraly suratda

tassyklap, özbekler bilen türkmenler arasyndaky milli dartgynlygyň soňuna çykmaga kasam etdiler. Gurlutaý Türkmen bölümi barada «Düzgünnama» kabul etdi. Onda şeýle ýazylypdyr: «Türkmen bölümi HHSR-iň türkmen raýonlarynda oblast dolandyryşy hukuklarynda döredilip, onuň wezipesi esasan şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Horezim respublikasynyň häkimiýet organlarynda türkmen halkyna wekilçilik etmeli.
2. Rewolýusiýanyň prinsiplerine we Horezimiň umumy döwlet kanunçylygyna laýyklykda türkmen halkynyň bähbitlerini goramaly.
3. Türkmen taýpa-tireleriniň arasyndaky näsazlyklary ýok edip, olaryň özara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaly.
4. Horezm MIK-niň Prezidiumy bilen ylalaşyklykda respublikanyň naziratlarynyň arasynda öz wekillerini bölüşdirmeli we olary dürli komissiýalaryň işine gatnaşdyrmaly.

Horezm MIK-niň Prezidiumy bilen ylalaşyklylykda türkmenleriň durmuşynda nobatdaky möhüm meseleleri çözmek üçin ýylda iki gezekden köp bolmadyk Bütüntürkmen gurlutaýlaryny çagyrmaly… »«Düzgünnama» üç bölekden ybarat bolup, onda Horezim respublikasynda türkmen-özbek gatnaşyklary baradaky syýasat doly manysynda öz beýanyny tapdy. Türkmen bölümi öz işini internasionalizm ruhundaalyp barýar, türkmenleriň arasynda hemme halklar bilen raýdaşlyk ideýalaryny ösdürmeklige, hususan-da Horezm respublikasynda ýaşaýan halklar bilen mäkäm birligi jebisleşdirmeklige ýardam edýär diýlip, «Düzgünnamada» nygtalýardy. Onda mekdepleriň işini gowulandyrmak, suwaryş kanallaryny, gaçylary tertibe salmak, ýerli Sowetleri döretmek we pugtalandyrmak, salgytlary kadalaşdyrmak işleriniň zerurlygy, galtamançylyga garşy göreşmek üçin meýletin milisiýany döretmek barada hem aýdylýardy.

Gurlutaýda HHSR-de ýer suw reformasyny geçirmekligiň zerurlygy hem bellenip geçildi. Mälim bolşy ýaly, Horezimde ýerleriň 80 göterimine çenli, onuň türkmen etraplarynda bolsa barsy diýen ýaly iri ýer eýeleriniň elindedi. Gurlutaý ozal Hywa hanynyň özüne degişli bolan jemi 14 müň tanap (5,6 müň gektar) ýeri millileşdirmek we garyp daýhanlara bermek hakynda karar kabul etdi. Şol karara laýyklykda musulman ruhanylaryna degişli bolan wakuf ýerleriniň döwlet tarapyndan el degirilmesizligi ykrar edildi. Elbetde, munuň syýasy taýdan ähmiýeti ulydy. Sebäbi ilat arasynda met-jitdir medreseleriň, işan-mollalaryň täsiri heniz güýçlüdi.



GAÝGYSYZ ATABAÝEW

Horezm respublikasynda jemgiýetçilik guramalary dö-räp başlady. 1921-nji ýylda respublikada partiýa agzalarynyň 731-si bolup, şolardan 80-e golaýy türkmenlerdi. Şolaryň içinde Begjan Nazarow, Ata Mämmedow, ÝAňybaý Myradow ýaly ilki Horezm respublikasynyň, soňra bolsa Türkmenis-tan SSR-niň döremegine hem kämilleşmegine işewürlik bilen gatnaşanlar-da bardy.

Horezmiň şertlerinde iň işeňňir hereket eden gurama «Goşçylar» soýuzy bolupdyr. 1921-nji ýylyň dekabrynda bu guramanyň I gurlutaýy boldy. Üns bermeli zat, hut şonuň bilen bir wagtda Horezm kompartiýasynyň hem I gurlutaýy çagyryldy. Iki gurlutaýyň işi bir wagtda, bir jaýda, ýagny bilelikde geçirildi. Oňa jemi 71 delegat gatnaşdy, şolardan 37 adam partiýanyň, 34 adam hem «Goşçylar» soýuzynyň delegatlarydy. Gurlutaý üç meselä- milli meselä, magarf işlerine hem-de ýer-suw gatnaşyklaryna aýratyn üns berdi.

Sebäbi bular Horezmiň şertlerinde iň dermaýys, gaýragoblmasyz meselelerdi.

1921-1922-nji ýyllarda Horezmde, ylaýta-da türkmen etraplarynda suwaryş kanallaryny bejermek we täze kanallar çekmek boýunça ep-esli iş edildi. 1923-nji ýylda gazy-haşar işlerine gatnaşýan türkmenleriň sany 1921-nji ýyldaka garanyňda iki esse artdy. Netijede şol iş ozalkysyndan tas bir aý öň gutardy.

Buharada hem öňki salgytlar ýatyrylyp, ýeke-täk salgyt girizilipdi. Gazy-haşar işleri ýola goýuldy. 1921-1924-nji ýyllarda Kerki we Çärjew welaýatlarynda umumy 768 werst bolan 30 sany suwaryş sistemasy gyrmançadan arassalandy. Hywada-da bolşy ýaly, bu ýerde hem ilkinji nobatda gowaça ekýän daýhanlara pul, iş guraly, tohum çigidi kömek berildi. Gowaça meýdanlary mese-mälim giňeldi. Ilkinji sowet umumybilim berýän mekdepleri açyldy. Çärjewde mugallymçylyk instituty işläp başlady. ýeri gelende aýytsak, bu bütin Türkmenistanyň teritoriýasynda dörän ilkinji ýokary okuw jaýydy. Asla ol bütin Orta Aziýada-da iň ilkinji dörän institutlaryň biridi. Eýýäm 1923-1924-nji okuw ýylynda onda 300-e golaý student okaýardy.

1923-nji ýylyň oktýabrynda halk deputatlarynyň Sowetleriniň Bütinbuhara IV gurlutaýy boldy. Oňa respublikanyň hemme raýonlaryndan 22 delegat gatnaşdy. Gurlutaý merkezi Kerki şäheri bolan Türkmen awtonom oblastyny döretmegi karar etdi. Şol wagtlar Gaýgysyz Atabaýew Buhara Halk respublikasynyň hökümetiniň başlygynyň orunbasary wezipesinde işleýärdi. Şonuň üçin bu işde onuň uly hyzmatynyň bardygy öz-özünden düşnüklidir.

1924-nji ýylyň 26-njy martynda Horezm Kompartiýasynyň MK-nyň Isplnitel býurosynyň mejlisinde RK(b)P-niň Orta Aziýa Býurosynyň adyndan bu guramanyň çleni Gaýgysyz Atabaýew «Horezm respublikasynda Türkmen oblastyny döretmek hakynda» doklad etdi. Dokladda türkmenleriň milli aýratynlyklary, ýaşaýyş özboluşlylygy

nazarda tutulyp, olaryň ýerleşen raýonlarynyň aýratyn bir oblasta birleşmeginiň zerurlygy esaslandyryldy. Şol ýylyň maýynda Bütin-horezm MIK-niň X sessiýasynyň karary bilen merkezi Daşhowuz şäheri bolan Türkmen awtonom oblasty döredildi. Munuň özi türkmen obalarynda başlanan sosial-ykdysady özgerişleri ýaýbaňlandyrmaga, türkmen-özbek gatnaşyklaryndaky käbir näsazlygy aradan aýyrmaga mümkünçilik berdi.

Şeýlelikde, türkmenleriň milli aýratynlyklary nazarda tutulyp, Zakaspiniň Türkmen oblastyna öwrülmegi, Hywada we Buharada Türkmen oblastynyň emele gelmegi türkmen milli döwletini döretmek ugrynda ädilen möhüm ädim boldy. Synpy gapma-garşylyklara, uly kynçylyklara garamazdan, ol dürli ýurtlarda, dürli şäherlerde ýaşap ýören türkmenleriň göwün guşuna ganat berdi, olara bir milli döwlete birleşmäge umyt uçgunyny döretdi.

## 3. Orta Aziýada milli-döwlet bölünişigi we Türkmenista SSR-niň döredilmegi

Türkmen halky özüniň müň ýyllara uzan taryhynda dünýäni sarsdyran döwletleriň ençemesini guran hem bolsa, soňky asyrlarda milli dagynyklygy başdan geçirýärdi. Türküstan ASSR-niň düzümindäki Zakaspi oblastynyň Türkmen oblastyna öwrülmegi, Horezim we Buhara Halk Sowet respublikalarynyň düzümlerinde Türkmen oblastlarynyň döredilmegi şol dagynyklygy ýeňip geçmek ugrynda ädilen möhüm ädimdi. Emma bu oblastlar özleriniň ykdysady we syýasy şertleri boýunça biri-birinden tapawutlanýardy. Iň bärkisi, olaryň administratiw taýdan bölünişi-de, atlandyrylyşy-da dürli-dürlidi. Türkmen oblastlary uýezdlere, wolostlara, oba sowetlerine bölünen bolsa, HSSR-iň (1923-nji ýylyň 17-20-nji oktýabrynda bolan IV Bütinhorezm halk wekilleriniň gurlutaýynda HHSR Horezm Sowet Sosialistik Respublikasyna öwrülipdi) düzümindäki Türkmen oblasty begliklere,

aksakgallyklary, BHSR-iň düzümindäki Türkmen oblasty-da welaýatlara, tümenlere, kentlere bölünýärdi. Biri-birinden üzňe ýaşan bu üç oblastyň arasynda kadaly gatnaşyklary indi ýola goýmalydy. Taýarlykly döwlet işgärleriniň ýetmezçiligi duýulýardy.

Umuman, kynçylyk az däldi. Ýöne oňa garamazdan, bir döwlete birleşmek türkmenleriň hemmesiniň kalbyna besläp ýören baky arzuwydy. Şeýle arzuw Orta Aziýanyň beýleki halklarynda- özbeklerde, gazaklarda, gyrgyzlarda, täjiklerde, garagalpaklarda hem bardy. Şonuň üçin olar RK(b)P MK-nyň 1924-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul eden «Orta Aziýa respublikalarynyň milli bölünişigi hakyndaky» kararyny kanagatlanma bilen garşy aldylar.

Asla taryhy hakykatyň hatyrasyna biz bu mukaddes işiň öňbaşçysynyňam, onuň gönüden-göni guramaçysynyňam hut Gaýgysyz Atabaýewiň özüniň bolandygyny aýytmalydyrys.

Arhiw maglumatlaryna görä, şol ýylyň tomsunda bu karar zähmetkeşler köpçüliginiň mitinglerinde, ýygnaklarynda, konferensiýa-larynda ara alnyp maslahatlaşylypdyr. Mysal üçin, Ginsburg (häzirki Kaka) wolostynyň partiýada däl, zähmetkeşleriniň konferensiýasynda rezolýusiýasynda «…daýhanlaryň wolost konferensiýasyna gatnaşýan wekilleri bolan biz Türkmen respublikasynyň döredilýändigine çyn ýürekden şatlanýarys. Indi ýakyn wagtlarda türkmen hökümetiniň döredilmegini isleýäris hem-de biz, daýhanlar ony ähli güýç-gaýratymyz bilen gorajakdygymyzy mälim edýäris» diýlip ýazylypdyr. Duşakda bolan partiýa däl zähmetkeşleriniň konferensiýasynda daýhanlar Türkmen respublikasynyň döredilmegini, oňa Hywanyň, Buharanyň türkmenleriniň hem girmegini gyzgyn goldapdyrlar. Şeýle zähmetkeşleriniň konferensiýalar Saragt, ÝOlöten, Baýramaly, Gyzylteke, Otamyş, Bähirden, Gökdepe wolostlarynda we beýleki ýerler-de geçipdir.

1924-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda RK(b)P MK-nyň Orta Aziýa Býurosynyň maslahatynda gejekki Türkmenistan

SSR-niň araçäkleri tassyklanýar. Şondan soň köp wagt geçmänkä, 27-nji oktýabrdy SSSR MK-niň II sesiýasy Türkmenistan SSR-ni we Özbegistan SSR-ni döretmek hakynda karar kabul edýär. Türkmen taýpalarynyň bitewi milli döwlete birleşmek arzuwy hasyl bolýar.

Türkmenistan SSR-niň düzümine 500 müň adam ilaty bolan Türkmen oblasty, Horezm we Buhara respublikalarynyň düzümindäki Türkmen oblastlary (iki oblastda 600 müň ilat bardy) girizildi. Administratiw-territoriýa taýdan respublika 5 okruga (Aşgabat, Mary, Kerki, Çärjew, Daşhowuz), 26 raýona we 379 oba Sowetlerine bölündi. Aşgabat şäheri respublikanyň paýtagty boldy.

1925-nji ýylyň 14-nji fewralynda Aşgabatda Türkmenistan Kommunistik (bolşowikler) partiýasynyň I Uçriditel gurlutaýy, ertesi bolsa Sowetleriň Bütintürkmen I Uçriditel gurlutaýy açyldy. TK(b)P-nyň I Uçriditel gurlutaýy respublikanyň partiýa guramasyny guramaçylyk taýdan resmileşdirdi, onuň Merkezi Komitetini saýlady. TK(b)P MK-nyň jogapkär sekrotary wezipesine I.I.Mežlauk we Halmyrat Sähetmyradow tassyklandy.

Sowetleriň Bütintürkmen I Uçriditel gurlutaýy Türkmenistan SSr-ni döretmek baradaky Jarnamany we onuň SSR-iň düzümine girmegi baradaky karar kabul etdi.

Jarnamada şeýle ýazylypdyr: «Asyrlar boýy patyşanyň, hanyň, emiriň zulumy astynda Orta Aziýa halklary syýasy hem-de ykdysady taýdan baknadylar, milli taýdan dargynykdylar.

Kapitalyň häkimiýetini we ekspluatatorlary ýok eden, syýasy hem hem ykdysady gulçulygyň zynjyryny gyran Beýik Oktýabr rwolýusiýasy 1917-nji ýylyň 2-nji noýabrynda «Orsyýet halkynyň hukuklarynyň Jarnamasynda » Orsyýet halklarynyň deňliginiň we garaşsyzlygynyň başlanýandygyny, ilatyň öz ykbalyny kesgitlemäge hukuklarynyň bardygyny jar etdi, şeýlelikde patyşa hökümetiniň ozalky koloniýalary üçin täze durmuşa ýol açyldy…

Indi, halkyň hukuklarynyň Jarnamasynyň esasynda duran beýik başlangyçlaryň durmuşa geçirilmegini bökdeýän päsgelçilikleriň aradan aýrylan şertlerinde, türkmen halkynyň zähmetkeş gatlagy özüniň Sowetleriniň Biriniji gurlutaýy arkaly gadymdan bäri ýaşap gelýän territoriýasynda, öz düzüminde Poltorask (Aşgabat), Merw, Kerki, Leninsk (Çärjew), Daşhowuz okruglary bolan Sowet Sosialistik Respublikasyny dabaraly suratda jar edýär.

Işçiler we daýhanlar köpçüliginiň raýdaşlyga, daýhan birleşigine bolan isleglerine wepaly hem-de kapitalyň dünýäsine garşy umumy göreş frontuny döretmek maksadyna eýerýän türkmen halkynyň zähmetkeş gatlagy barça adamzat zähmetkeşleriniň öňünde, doly hukukly agza hökmünde Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzyna girmek isleýändigini dbaraly suratda mälim edýär.

Adamy adamyň her hili ekspluatirlemegini, jemgiýeti sunplara bölmekligi doly ýok etmeklige, jemgiýeti sosialistik esasdagurmaklyga isleg bildirip, TSSR Sowetiniň Biriniji gurlutaýy Sowetleriň Bütinrussiýa üçünji gurlutaýy tarapyndan kabul edilen «Ekspluatirlenen halklaryň we zähmetkeşleriň hukuklarynyň Jarnamasyna» goşulýar hem-de Türkmen respublikasynyň hökümetine, SSR kanunçylygy bilen doly ylalaşykda, bu Jarnamanyň esasy başlangyçlaryny gyşarnyksyz durmuşa geçirmekligi tabşyrýar.

Şeýlelik bilen türkmen halkynyň zähmetkeş gatlagy Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň organlarynyň işinde esasy ýörelgeler hökmünde şu aşakdakylary belleýär:

1. Buržuaziýany doly basyp ýatyrmagy, adamyň adamy ezmekligini ýok etmegi we sosializim gurluşygyny amala aşyrmagy özüne esasy maksat edip goýýan Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy şäher hem oba proletariatynyň hem-de garyp daýhanlaryň kuwwatly Sowetler görnüşindäki diktaturasydyr.

2. Türkmenistan Sowet Sosialistik RespublikasyTürkmenistanyň ähli zähmetkeşleriniň azat sosialistik döwletidir…

16. Deňhukukly agza hökmünde Sowet Sosialistik Respublikasy Soýuzyna giren Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasy özüniň döwlet häkimiýetliligini özbaşdak amala aşyrýar, onuň garaşsyzlygy diňe Sowet Sosialistik Respublikalary Soýuzynyň Konstitusiýasynda görkezilen soýuza degişli zatlaryň kompetensiýasy bilen çäklendirilýär…

18. Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň territoriýasy onuň razyçylygy bolmadyk ýerinde üýtgedilip bilinmez…»

gurlutaý 118 adamdan ybarat TSSr MIK-ni saýlady. Saýlananlaryň arasynda Gaýgysyz Atabaýew, Nurberdi Aýtakow, N.A.Paskuskiý, Saparja Amanekow, Täçmyrat Orazow, Gurbandurdy Atamyradow we başgalar bardy. Türkmenistan SSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň (ÝOkary kanun çykaryjy organynyň) başlyklygyna Nurberdi Aýtakow, Halk Komissarlar Sowetiniň (hökümetiniň) başlyklygyna Gaýgysyz Atabaýew saýlandy.

Sowetleriň Bütintürkmen I uçriditel gurlutaýy 10 gün işledi. Gurlutaýa gatnaşan Welmyrat Goçumowyň, Muhammet Gajarowyň ýatlamalaryna görä, ol günler adamlaryň şatlygynyň çägi ýokdy. Begençden-buýsançdan ýaňa olaryň ýüz-gözleri gülüp durdy. Bagşylar aýdym aýdyp, pälwanlar göreş tutýardy. Türkmen halky özüniň milli respublikasynyň toýuny şeýle toýlady. 1925-nji ýylyň martynda Türkmenistynyň leninçi ýaşlar soýuzy, Profesional soýuzlary, nobrda «Goşçylar» soýuzy guramaçylyk taýdan resmileşdirildi. Türkmenistan komsomolynyň Merkezi Komitetiniň jogapkär sekrotarlygyna Çary Wellekow, TSPS-iň başlyklygyna L.I.Arosker, başlygyň orunbasarlygyna Çary Durdyýew saýlandy. «Goşçylar» soýuzynyň Merkezi Komitetiniň prizidiumynyň düzümine Saparja Amanekow (başlyk) we başgalar saýlandy.

## 4. Ýolbaşçy kadrlaryň taýarlanylyşy

Türkmenistan SSR-niň döredilmegi, onuň partiýa, döwlet organlarynyň emele gelmegi bilen köp sanly taýarlykly kadrlar gerek boldy. Aýratynam ýolbaşçylygyň ýokary we orta basgançagynda sowatly işgärler ýetmezçilik edýärdi. Elbetde, respublikada Abdyhekim Gulmuhammedow, doganlar Bekge we Kakajan
Berdiýewler, Muhammet Geldiýew, Seýtmyrat Öwezow, N.N.Han-ÝOmudskiý, Begjan Nazarow, Annageldi Salyhow ýaly köne milli intelligensiýasynyň görnükli wekilleri-de bardy. Olara haýsy iş berseň işläp biljekdi. Emma olara ynanylmady.

Diňe bir şu mesele hem däl. Täze eýýamyň gurluşygyna girişýän ýaş milli respublikanyň öňünde köp meseleler örboýuna galdy: ýer-suw reformasyny nädip geçirmeli? Ozalky ýerli adamlaryň ýerini elinden alyp ýersizlere bermelimi ýa-da obada synpy göreşi ýiteleşdirmezlik üçin, ýesizlere täze ýerlerden açyp ýer bermelimi? Partiýa, sowet işlerine nähili adamlary çekmeli? Synpy alamatlary boýunçamy ýa-da işbaşarjaňlygy, moral-ahlak sypatlary boýunça? «Zyýanly» milli däp-dessurlara garşy nähili göreşmeli? Aýgytly rewolýusion ýol bilenmi ýa-da gyssanman paýhasly seljermek, ynandyrmak ýoly bilen? Basmaçylyk meselesinde nätmeli? ÝArag alyp çöle çykanlaryň sanynyň artmagynyň sebäplerini olaryň öz hereketlerinden gözlemelimi ýa-da partiýa, sowet organlarynyň işde goýberýän ýalňyşlyklaryndan?

Elbetde, ýagdaý diýseň çylşyrymlydy. Şonuň üçin şulara meňzeş ýiti meseleleriň çözgüdini tapmak käbir düýpli ýalňyşlyklara ýol berlen wagtlaram boldy. Hatda TSSR HKS-nyň başlygy Gaýgysyz Atabaýew bilen respublikanyň partiýa ýolbaşçysy Halmyrat Sähetmyradowyň arasynda-da birek-birege düşünişmezlik döredi. Gepiň gysgasy, Türkmenistanda ähli işler «aýgytly rewolýusion» ýol bilen dowam etdirildi.

Öňki intelligensiýanyň wekillerine ynanmazçylyk edilmegi kadrlar meselesini hasam ýiteleşdirdi. Çalasowat

işçilerden, batraklardan partiýa, sowet, komsomol işlerine çekilip başlandy. 1925-1927-nji ýyllardarespublikada 136 işçi we daýhan ýolbaşçy işlere çekilen bolsa, soňky ýyllarda bu depgin hasam güýçlendi. Mysal üçin, diňe bir 1930-njy ýylda 664 işçi partiýa hem sowet organlaryna ýolbaşçy işlere çekildi.

Işe çekilýänler ilki wagtlaýyn kruslarda okuw geçip, soň işe başlaýardylar. Kähalatlarda bolsa şoňa-da wagtbolman kruslardaky okuwy praktiki iş bilen utgaşdyrýardylar. 1929-1930-njy okuw ýylynda respublikada partiýa, sowet işgärlerini taýarlaýyş kurslarynda 1900-e golaý adam okaýardy.

Aşgabatda Merkezi sowet-partiýa mekdebi, oblastlarda bolsa raýonara sowet-partiýa mekdepleri işläp başlady. Respublikanyň partiýa, sowet organlarynda işlemek üçin ýolbaşçy kadrlar BK(b)P MK-sy, onuň Orta Aziýa Býurosy tarapyndan iberilýärdi. Diňe bir 1925-nji ýylyň on aýynyň dowamynda olar
Türkmenistana 165 adam ýolladylar. Merkezden bu ýere ýolbaşçy kadrlar soňky ýyllarda-da iberildi.

Bir bellemeli zat: Türkmenistana iberilýän adamlaryň köpüsi türki halklaryň wekilleridi. Olar türkmen diline düşünýärdiler. Düşünmedik ýagdaýynda bolsa ýeri dil öwredilýän kurslarda okadylýardy. Şonuň üçinem olaryň köpüsi ilat bilen öwrenişip gidýärdi.

Türkmenistan SSR-niň döredilmegi türkmen halkynyň durmuşynda uly waka boldy. Dünýäniň syýasy kartasynda «Türkmenistan» sözi ýazyldy. Halkyň ykbalyny kesgitleýän ençeme meselelerde gödek ýalňyşlyklara ýol berilendigine garamazdan, türkmenler birleşip gulluk edip başlady.

Gepiň gysagsy, göräýmäge, külli türkmeniň asyrlar boýy eden arzuwy hasyl boldy. Halk oňa ynandy. Uly buýsanç bilen garady. Iş dannawy ýok sadadan päk daýhanlar, çarwalar işçiler billerini berk guşap ülkämiziň abadançylygy, ýagty gelejegi ugryndaky göreşe çykdylar. Emma iş ýüzünde welin halkyň bu päk, belent ynamy başa barmady. Halk aldandy.

Türkmenistanyň özbaşdaklygy durşy bilen ýasama bolup galdy. Ol gönüden-göni merkeze tabyndy.

## III. «Basmaçylyk» hereketi (Graždanlyk urşy)

### 1. «Basmaçylyk» hereketiniň ýüze çykmagy

**«Basmaçylar,**
**Siz kim?**
**Size näme üçin dakdylar,**
**Ganyň ysy gelýän bu ady?**
**Sizi dogran halkyň duşmanymy Siz?**
**ÝA-da onuň wepadar bir perzendi?**
**Siz kim?**
**Nämäniň hakyna çykdyňyz ata?»**

Dogrudanam, şahyr (Berdinazar Hudaýnazarow) aýytmyşlaýyn, kim ol, basmaçy? Asla basmaçylyk hereketi diýilýän zat näme? Ol haçan, nirede, näme sebäpden döredi? Onuň maksady näme?

Ynha, indi bir asyrdanam geçdi, bu soraglaryň bolsa şol jogapsyz galyp oturşy. Jany-teni bilen erkanalyga ýugrulan türkmeniň basmaça öwrülmäge mejbur bolan iň dogumly, edermen ýigitleriniň takdyrynyň ters gelip, ykbalynyň keç bolşy ýaly, bu uly problemanyň taryh ylmynda öwrenilişem, çeper edebiýatda, sungatda beýan edilişem, juda ýagdaýly boldy.

Bütin sowet döwrüniň ýyllarynda, bu tema mydama ýapyklygyna galdy. Oňa çynlakyý çemeleşmek türkmen taryhçylaryna gadagan edildi. Ähli material «gabawda» bolup, ýapyk fondlarda saklandy. Dogrusyny aýytsak, ol materiallaryň köpüsi häzirem ylmy taýdan, giňişleýin öwrenilenok.

Käbir taryhçylaryň beýan etmegine görä, «basmaçy» «basmak» sözünden gelip çykyp, horlaýan, talaýan adam diýen

manyny berýär. Emma ünüs berseň welin, eýýäm hut şu terminiň özünde ýerli ilaty äsgermezlik, kesitmek äheňi duýulýar. Basmaçylar Orsyýet Türmenistany basyp alan döwründen bäri ýüze çykyp, türkmen topragynyň namysyny goramaga, kolonizatorlardan ar almaga ata çykan adamlardyr. Şu jähitden garanyňda 1920-nji ýyldan başlap, tä 30-njy ýyllaryň ortalaryna çenli dowam eden basmaçylyk hereketi Türkmenistanda owalky 1916-njy ýylda bolup geçen milli azat edijilik hereketiniň özboluşly dowamydyr, has takygy onuň täze şertlerde gaýtalanmasydyr.

Basmaçylar göreşiň başky etaplarynda-da bir ýa-da iki däldiler. Rewolýusiýadan soň bolsa olar gös-göni Sowet häkimiýetine garşy ýaragly göreş alyp barýan uly güýje öwrüldi.

Munuň şeýle bolmagynyň birnäçe sebäpleri bardy. Uzaga çeken ganly çaknyşyklar zerarly halkyň eli işe barman hojalyk tozupdy. Ekin meýdanlary at toýnuklarynyň astynda galyp, mal-garalar sürüläp «şagala şam boldy». Ençeme adamlar öýden-öwzardan aýryldy. Şolardan «başyny alyp» guma gaçanlary-da boldy. Rewolýusiýa netijesinde synpy göreşiň ýiteleşmegi, jemgiýetde barlyşyksyz gapma-garşylygyň döremegi hem onuň üstüne urna boldy. Rewolýusiýanyň duşmanlary, ýagny «aklar» hasap edilenlerem guma siňip basmaçylara goşulmaga mejbur boldy. Iň ýaman ýeri-de köp ýerlerde partiýa, sowet işgärleriniň, gyzyl esgerleriň gödekligi, eden-etdiligi Sowet häkimiýetiniň abraýyny gaçyrdy. Olaryň ençemesiniň özüni alyp barşynda ilat öňki kolonizatorlardan tapawut görmedi. Nägileligem ahyrynda basmaçylaryň arasyna alypbardy. Elbetde, eline ýarag alyp ata çykanlaryň hemmesine watançy, il bähbidi üçin janyny orta goýan diýip bolmaz. Olaryň arasynda haýsydyr bir bet iş edip, obasyna sygman ýören garasöýmezlerem ýok däldi. Şolaryň hem ýodasy basmaçylar bilen goşulyşdy.

Ene bir bellemeli zat: basmaçylar sosial alamatlary boýunça, adatça tekrarlanyşy ýaly, diňe bir barly gatlagyň

wekilleri däldi. ÝA-da bolmasa diňe bir milletiň wekilleri-de däldi. Olar dürli milletiň wekilleri bolup, baýy-da bardy, garybam. Onsaňam basmaçylar köp ýyllar çemesi aýdylyp gelinişi ýaly, aň-sowady bolmadyk, baýlardyr ruhanylar ýa-da olaryň wagzyna köre-kör ynanyp ata çykan adamlar däldi. Olaryň köpüsiniň köne mekdepdir medresäniň sowadyny çykan, ençemesiniň bolsa harby we beýleki okuw jaýlaryny gutaran adamlardygyny ýatlasak, onda basmaçylaryň şeýle bir «nadan yňdarma mähelle» däldigine göz ýetireris. Basmaçylyk hereketi barada Türküstan ASSR HKS-nyň başlygy Gaýgysyz Atabaýewiň 1922-nji ýylyň 18-nji iýulynda Türküstan MIK-niň IV sesiýasynyň 5-nji mejlisinde aýdan sözleri üns bermäge mynasypdyr:

«… Basmaçylyk biziň Türküstanda, belki-de tutuş Gündogarda alyp barýan işimize ýoňsyz igençdir. Dogrudanam, soňky 4 ýylda basmaçylyk diňe bir ýoga çykarylman, eýsem onuň Ferganada möwjändigini, beýleki ýerlere-de geçip, Samarkant oblastyny, Surhanderýa we Türkmen oblastlarynyň hem bir bölegini gurşapalandygyny näme bilen düşündirip bolar? Ony soňky 4 ýylda biziň alyp baran işimizin ýerli alatyň asyrlaryň dowamynda emele gelen, aňyna ornaşan, durmuş ýörelgesineöwrülen däbine-dessuryna düýpgöter ters gelýändigi bilen düşündirip bolar. Biziň ýagdaýy göz öňünde tutup bilmezligimiz aýňalmaz kesele öwrüldi: ol biziň nusga höküminde görelde bolmaly goňşy ýurtlarmyzda aşa çylşyrymlylyga düşmegimize getirdi». Bu sözler düşündiriş talap edenok.

Şeýlelikde, basmaçylygyň ýüze çykmagynyň düýp sebäbi erkana türkmeniň erkinliginiň elinden alynmagydyr, ýagny türkmenleriň döwleti diýlip yglan edilen Türkmenistan SSR-niň hem iş ýüzünde ýasamalygynda galmagydyr. Halkyň bütin durmuşynyň ýat galyplara salynmagydyr. Gysgaça aýytsak, basmaçylyk ilatyň täze häkimlikden nägilediginiň alamatydyr. Dogry, Sowet häkimiýeti şol nägileligi duýdy. Emma ony akylly-başly seljermäge çalyşmady. Tersine,

basmaçylygy «synpy duşmanlaryň pyrryldyklary» hökmünde ýazgardy we iki göwünli bolup ýörenleri-de özüne garşy goýdy. Şonuň üçinem basmaçylyk hereketi sosializim gurluşygy çuňlaşdygyça çuňlaşyp, ilki-ilkiler ilat bilen hökümetiň arasynda urşa, soňra bolsa milletiň öz köküne palta uran uzak garždanlyk urşuna öwrüldi.

## 2. «Basmaçylyk» hereketiniň graždanlyk urşuna öwrülmegi ýa-da biriniji Garagum urşy

1920-nji ýylyň ýanwarynda Jüneýt hanyň Hywa tagtyndan agdarylyp, Garaguma gaçmagy bilen basmaçylyk hereketi yzgiderli dowam edýän uly syýasy häsiýete ýeýe bolup başlady. Eýýäm şol ýylyň güýzünde hanyň ýanynda 1000-e golaý atly-ýaragly adam bardy. Onsaňam bir bellemeli zat, Jüneýdiň goşunynda diňe türkmenler däl, özbeklerem, gazaklara, garagalpaklaram bardy. Hana Eýrandan, Owganystandan ýarag, ok-däri gelip durýardy.

1921-nji ýylyň 21-nji aprelinde Jüneýt hanyň nökerleri gyzyl esgerleriň kiçeňräk otrýadyny gylyçdan geçirip Ýylanlyny eýeledi. 17-nji iýulda olar Akdepede duran otrýad bilen söweşe girdiler. Ýöne gyzyl esgerler tarapyndan berk gaýtawul görensoň yza çekilmäge mejbur boldylar.

Şol ýylyň tomsunda Daşhowuz etrabynda Jüneýt han öz goşunyna nöker toplady. Oňa ilatdan ýene-de 250 atly gelip goşuldy. Nökerler Tagta, Ýylanly, Könürgenç, Goňrat, Hojaili raýon merkezlerine çapawulçylyk etdiler.

1921-nji ýylyň 5-nji noýabrynda könürgençde Horezm Halk Sowet Respublikasynyň delegasiýasy Jüneýt han bilen ýaraşyga gol çekdi. ÝAraşygyň şertlerine görä, Jüneýt hanyň Hywa türkmenleriniň türkmen meýletin otrýadlaryny dargytmak baradaky we beýleki talaplary berjaý edildi. Şonuň bilen birlikde Horezm respublikasynyň hökümetiniň düzümine Jüneýt handan iki adam girizmek, onsoňam hanyň ýaşajak ýerine Könürgenjiň 40 kilometr günbatarynda Garasaç diýlen

ýere Amyderýadan ýap çekip bermek barada ylalaşyga gelindi. Başgaça aýdylanda, Horezm respublikasy bilen Jüneýt hanyň ähli talaplaryny berjaý etmäge razylyk berdi. Munuň özi, bir tarapdan, respublikanyň baştutanlary bolan ýaş Hywalylaryň (mladohiwinesleriň) Sowet Türküstan bilen «jynynyň jyňkyryşmaýandygyny» görkezse, ikinji bir tarapdan, Jüneýt hanyň kiçi-girim güýç däldigini alamatlandyrdy.

Buhara Halk Sowet Respublikasynyň ýolbaşçylarynyň hem käbiriniň Türküstan hökümeti bilen «mäşi bişişenokdy». Olar rempublikadan ors goşunlarynyň çykarylmagyny talap edýärdiler. Gündogar Buharada, Kerki we Çärjew welaýatlarynda basmaçy toparlarypeýda bolup, ýagdaý has-da ýiteleşdi. 1922-nji ýylyň baharynda Gündogar Buharadaky basmaçylara Türkiýeden bu ýere gelen Enwer paşşa ýolbaşçylyk edip başlady.

Onuň täsiri bilen basmaçylygyň sany gün-günden artyp, tiz wagtyň içinde 16 müň adama ýetdi.

Basmaçylyk hereketi indi diňe Demirgazyk Türkmenistanda däl, eýsem beýleki raýonlarda hem döräp başlady. 1921-nji ýylyň awgustynda Murgap, Tejen derýalarynyň aşak akymlarynda basmaçy toparlary peýda boldy. Mysal üçin, Hojaguly Nyýazgulyýewiň (Hojaguly hanyň) ýolbaşçylygynda Tejen we Sarahs etraplarynda hereket edýän basmaçylar toparynda 600 atly dagy bardy. ýeri gelende aýtsak, Hojaguly han1918-1920-nji ýyllarda Jüneýt han Hywada hanlyk sürende onuň ýanynda bolup, gullugyny edipdi. Ol häzirem Jüneýt bilen ýakyn aragatnaşykdady.

Elbetde, Jüneýt han Kerki, Çärjew taraplarynda hereket edýän basmaça toparlarynyň döredilmeginden hem habarsyz däldi. Şeýlelikde, dürli regionlarda dörän basmaçy toparlary göräýmäge dagynyk ýaly bolsa-da, hakykatda olar Jüneýt han bilen baglanşyklydy. Ol mümkin boldygyça, hemme türkmen taýpalaryny «kapyrlara», ýagny Sowet häkimiýetine garşy aýaga galdyrmaga çalyşýardy. Onuň pikiriçe, kolonizator orslar bilen bolşewik orslaryň arasynda tapawut ýokdy. Olaryň ikisem

türkmeni özüne boýun egdirmäge, has takygy, türkmen halkyny öz günine goýman, onuň boýnuna boýunturyk salmaga gelipdi. Şonuň üçinem Jüneýt han türkmeniň eli ýarag tutanyň ata çykmagyny talap edýärdi. Kimde kim söweşden ýüz öwürse, has beteri bolşewiklere goşulsa, ol Jüneýt üçin ganym duşmandy.

Ýöne bolşewiklerem dek ýatmady. Olar Jüneýt hanyň daýanýan güýlerini pudarlap başladylar. 1922-nji ýylyň noýabrynda Hywa türkmenlerinden we özbeklerden düzülen meýletinçiler otrýadlary döredilip, toply, pulemýotly, samolýotly Gyzyl Goşun bölümleri bilen bilelikde Jüneýt hanyň üstüne iberildi. 1923-nji ýylyň ortalaryna çenli Gaplaňgyr, Akýaýyr, Oklysüzek diýlen ýerlerde, Balykly,Aknabat-Göknabat, Igde guýularynyň ýanynda, Orta guýuda (Jüneýt hanyň merkezi goşu duran ýeri) uly söweşler bolup, basmaçylaryň esasy güýçleri palaç ýatyrylan ýaly ýatyryldy, ençeme çaowa obalar ýakyp ýandyryldy. Gyzyl esgerler müňlerçe düýe, on müňlerçe goýun olja aldylar. Jüneýt han Garagumyň has jümmüşine yza çekilmäge mejbur boldy.

1922-nji ýylyň awgustynda Gündogar Buharada söweşde Enwer paşşa öldürildi. Buhara basmaçylarynyň beýleki serdarlary Owganystana geçip gitdiler. 1923-nji ýylyň ortalaryna çenli Ferganada, Zerewşanda hem basmaçylyk hereketi gutarnykly suratda derbi-dagyn edildi.

Emma Jüneýt hanyň at-owazasynyň ýaýran ýerinde basmaçylyk hereketi hiç totamaýardy. Gaýtam, kem-kem giňelýärdi. Onuň esasy sebäbi bolşewikleriň eden-etdilikleridi. Mysal üçin, 1923-nji ýylyň oktýabrynda Horezm Halk Respublikasy sosialistik respublika diýlip yglan edildi. Şonuň bilen birlikde, haýdan-haý kasy sudlary ýatyrylyp, sowet sudlary girizilda, wakuf ýa-da metjit-medrese ýerleri millileşdirilip, ilata baý-garyp göz öňünde tutulman bir gyradeň salgyt salyndy. Bularyň üstesine ýerli partiýa, sowet organlary ilata gurbanlyk etmegi, öwülýä zyýarata gitmegi, aýallara bürenjek atynmagy, ýaşmak ýaşynmagy gadagan edip

başladylar. Gepiň gysgasy, hakykatdan daş düşen partiýa, sowet ýolbaşçylary asyrlaryň dowamynda ilatyň aňyna siňen, onuň durmuş ýörelgesine öwrülen kada-kanunlary, däp-dessurlary ýok edip, zorluk bilen sosialistik gatnaşyklara ýol arçamakçy boldular.

Ýöne «oglan howluksa-da, tutadan wagtynda bişýär» diýilişi ýaly, ilat beýle çürt-kesik öwulişiklere entek taýar däldi. Asla taýar bolmaly hem däldi. Sebäbi olar halkyň adatdaky däp-dessury ahyry. Beýle eden-etdiliklerden aýratynam ilatyň toýuna-ýasyna ýarap ýören ýerli işan-mollalar gaty nägilediler. Onsaňam Horezm ozaldan musulman dinine çynlakaý uýýan ýurt. Mysal üçin, 1920-nji ýylyň başynda Hywa hanlygynda 3 müň metjidiň, 977 medresäniň, 282 dini mekdebiň bolandygyny ýatlasak, onda il arasynda din hadymlarynyň nähiliräk täsiriniň bolandygy öz-özünden düşnüklidir. Baýlar, urug-tire serdarlary hem olar bilen matlapdaşdy. Şunlukda, ilatyň öňüne gelýän bu ägirt uly güýjüň garşysyna gidip rowaçlyk gazanmak, elbetde, örän çetindi.

1924-nji ýylyň ýanwar aýynyň ilkinji günlerinde Horezm respublikasynyň gündogar raýonlarynda oturan özbek ilaty aýaga aldy. Şol bir wagtyň özünde olar Jüneýt hanyň ýanyna özleriniň wekillerini iberip, onda gozgalaňy goldamagyny soradylar. Hut şol wagty özünde beýleki delegasiýany bolsa Hywa iberip, Horezm Sowet Sosialistik Respublikasynyň hökümetinden sowet mekdeplerini ýatyrmak, ozalky dini mekdepleri, medreseleri dikeltmek, kommunistleri respublikadan çykaryp kowmak barada ýoörite ultimatum berdiler.

Elbetde, «üstünlikden» başy aýlanan Horezm SSR-niň hökümeti gozgalaňçylaryň talaplaryny berjaý etmedi. Jüneýt han bolsa diňe bir kömek bermek däl, gýsem gozgalaňa umumy ýolbaşçylygam öz üstüne aldy. Özem ol döwre çenli han ýene-de mazaly güýç toplapdy. Onuň nökerleriniň arasynda zakaspi türkmenlerem, hatda owganly türkmenleriňem onlarçasy bardy. Hanyň goşuna dürli ýerlerden ýarag, ok-däri

ýükli kerwenleriň ençemesi eýýäm gelipdi. Mysal üçin, Horezmiň özbek ilatynyň wekilleri hanyňkyda bolanynda, olar Tejenden 270 düýeden ybarat uly kerweniň gelenini gördüler. Getirilen ýaraglaryň arasynda bäşatarlar, onbiratarlar, we beýleki ýaraglar bardy. Jüneýdi şol wagt iň aktiw goldanlaryň biri hem Garagalpagystandaky türkmenler, ýagny Dörtgül türkmenleri boldy. Kelteminaradan hem beýleki türkmen obalaryndan Jüneýt hana kömege gelen köp sanly türkmen atlylaryna ata taýpasynyň baştutany Agajan işan ýolbaşçylyk edýärdi.

1924- nji ýylyň 10-njy ýanwarynda umumy sany 6-7 müňe ýetýän gozgalaňçylar Hywany gabadylar. ÝAnynda müňlerçe atlysy bolsa-da Jüneýt han bada-bat söweşe giribermän, ozaly bilen Hywa halkyna-Hywanyň kethudalaryna hat üsti bilen ýüzlenmegi makul bildi. Ine, şol ýüzlenme:

«Eý Taňrym, bizi-hywalylary öz penaňda aman sakla, lerzan edip, dargap, ýok bolup gitmekden halas et.

Men size-Hywanyň 96 aksakgalyna, ähli kethudalaryna, edermen merdana ýigitlerine, uly-kiçi doganlarmyzyn hemmesine ýüzlenýärin. Men Gurbanmyrat serdar, Jüneýt han diýen ady alanymdan bäri heniz hiç bir musulmana degmedim. Hiç kime sütem etmedim. Müňlerçe musulmanyň bolşewiklerden nalaýandygyny, ýagny olaryň bolşewiklerden gorkup, uly Allanyň öňündäki mukaddes borjy-bäş wagt namazyny berjaý edip bilmeýändigini, öz ata-baba dowam edip gelen däp-dessurlarmyzy amal etmekden çekinýändiklerini bilýärin.

Men Muhammet pygamberiň «herki zat öz aslyna dolansa ýagşy» diýen pähiminden ugur alyp, kim öz pälinden gaýtsa, men olara hiç mahal degmenem, degdirmenem.

Kimde-kim dine uýs, Taňrynyň haky üçin halkyň däp-dessuryny berjaý etse, Allatagala o dünýede onuň günäsini geçer. Beýle adamlaryň janyna, emlägine el garamagy hemmelere gadagan edýärin. Ine, näçe ýyldyr, biz Muhammet Pygamberiň dininiň goragyna çykyp, ilimizi, taşlap, gum içinde

selpäp ýöris. Bolşewikleri biz duşman hasaplaýarys. Eger-de kim näalaçlykda, ýagny zorluk zerarly il ýüzüne men bolşowik diýmäge mejbur bolup, hakykatda bolsa musulmanlygynda galan bolsa, biz beýle adamlaryň depesine mukaddes gurhany göterýäris. Olaryň günäsini geçýäris. Ýöne welin kimde kim musulmanlary azdyrjak bolup, dine garşy, eýsem biziň hut özümize garşy wagyz-nesihat ýaýratsa, elbetde, biz olary goldamaýarys. Şu zatlary ýene bir gezek ýatlamak bilen, siziň musulman kalbyňyzyň oýanyp, musulman soýuzyna birleşersiňiz, Muhammediň dininiň namysyny hem sarpasyny saklarsyňyz diýip umyt edýäris.

Meniň şu haty ýazmak bilen maksadym, siziň her biriňizi täzeçe özbaşdak pikirlenmäge çagyrýaryn, duşmana garşy göreşe birleşmegiňizi talap edýärin. Bu rehimsiz zalymlaryň-bolşewikleriň wagyzlary netijesinde Hywada hojalyk we beýleki işlerden ilatyň eli sowady. Zorluk bilen musulmanlardan partiýa döredilendigini, şerigata gulluk edýän adamlaryň kowalanyp, olaryň perzentleriniň esgerlige äkidilýändigini, üstesine-de olary saklamak üçin eliňizden mallaryňyzy we emläkleriňizi alynýandygyny siziň özüňizem bilýänsiňiz. Oýlanyň, biz bu zatlary siziň bähbidiňiz üçin aýdýarys. Eger-de siz ýene-de bolşewikleriň gepine gitseňiz,olaryň aldowyna düşseňiz, onda dinden çykyp hudaýbizar bolup ölüp-ýitip gidersiňiz.

Päli azan hudaýsyzlaryň ilatyň şahsy emlägine el urýandygy, metjit-medreseleri ýumurýandygy, musulmanlary gan agladýandygy mydama eşidilip dur.

Alla ýol berse, biz ýakyn wagtlarda görişeris…»

Hywa galasyny goraýjylara bu ýüzlenmäniň nähili täsir edendigi barasynda häzirlikçe anyk maglumat ýok. Emma ondan garaşylan netijäniň çykmandygy welin bellidir. Galanyň içinde 100 sany gyzyl esger, 700-den gowrak eli ýaragly goragçy bardy. Olaryň elinde 10 sany pulemýot bardy. Tiz wagtyň içinde Hywanyň goragçylaryna Daşhowuzdan 80 adamly türkmen, özbek meýletinçiler otrýady, Hojailden 130

adamly gyzyl esger otrýady kömege geldi. Aldym-berdimli söweşler başlandy.

Bu wagtlar Hywany goraýjylara kömek üçin iberilen 82-nji Türküstan atly polky hem ýetip gelýärdi. Bu polk owal Ferganada we Buharada basmaçylygy basyp ýatyrmaga gatnaşypdy. Polk 22-nji ýanwarda Çärjewe gelip, durman Hywa tarap geçip gitdi. 28-nji ýanwarda Jüneýt han polkuň golaý gelenini bilip, nökerleri bilen galany taşlap ýene-de Garaguma siňdi.

29-njy ýanwarda polk Hazaraspda gozgalaňçylaryň Agajan işan tarapyndan baştutanlyk edilýän topary bilen garpyşdy. 18 sagada çeken söweşden soň gozgalaňçylar guma çekildiler. Polk Hankini, Bäşarygy basmaçylardan arassalap, 4-nji fewralda Hywa girdi. Gozgalaňçylardan 214 adam tussag edilip zyndana taşlandy.

Jüneýt han 82-nji polkuň esasan özüne garşy iberilendigini, onuň hökmany suratda yzyna düşüp gelýändigini birýärdi. Şonuň üçin ol Hywadan çykanda, polkuň bada-bat yzyndan ýetmezligi üçin Ýylanlyda Anna balam baştutanlygynda 500 atlyny, Tagtada hem Ahmet begiň 800 atlysyny goýup, özi bolsa 1500-2000 atly bilen Balykly guýusyna çekildi.

27-nji fewralda Balykly guýusynyň ýanynda polk Jüneýt hanyň esasy güýçleri bilen söweşe girdi. Front liniýasy 10 kilometra dagy uzalyp gidýärdi. 8 sagada çeken agyr söweşlerden soň Jüneýt han Çyryşly guýusyna çekildi. 3-nji martda bu ýerde-de agyr söweşler bolup, han ýene-de yzy çekilmeli boldy. 8-nji aprelde Jüneýt han, güýžüniň halys azdygyna garamazdan (onuň ýanynda 100-120 atlysy galypdy) Igde guýusynyň oýunda yzyndan ýeten polk bilen ýene bir gezek garpyşdy. Söweşde ýigitleriň 30-syny ýitirip, galan atlylary bilen Garagumyň jümmüşine siňip gitdi.

Basmaçylyk hereketini zorluk bilen basyp ýatyrmakda görkezen «edermenlikleri» üçin 82-nji Türkistan atly polkuny SSSR MIK-i 3-nji gezek Gyzylbaýdak bilen sylaglady. Polkuň

komandirlerinden we esgerlerinden 26-sy SSSR-iň Gyzylbaýdan ordeni, 7-si Horezm respublikasynyň Gyzylbaýdan ordeni bilen sylaglandy.

Basmaçylyk hereketiniň garşysyna bu gezekki urlan zarba taryha biriniji Garagum urşy diýen at bilen girdi. (Şeýle kesgitleme şu kitapda ilkinji gezek aýdylýar). Ol Sowet häkimiýetiniň uly ýeňişi hökümünde bellenip geçildi. Emma bu ýerde asla ýeňiş gazanan bir boldymyka? Syýasy, ahlak tarapyny aýtmanymyzda-da, gyrgynçylykly ýörişler zerarly hojalyk tozgunçylygy dowam etdi. Bir bellemeli zat: Sowet Soýuzynyň beýleki ýerlerinde halk hojalygy eýýäm 1924-nji ýylyň ahyrlaryna çenli 1-nji jahan urşunyň hem-de garždanlyk urşynyň zyýanyndan saplanypdy. Türkmenistanda bolsa halk hojalygynyň dikeldilmegi 1927-nji ýylyň başlarynda zordan «depme halal» edildi.

Elbetde, şu «sürenjeňlik» tötänleýin däldir. Ol bu ýerde «parahatçylykly durmuşa» henizlerem girişilmändiginiň hakyky graždanlyk urşunyň indi tutaşýandygynyň özboluşly gytaklaýyn görkezijisidir. Urşam tozgunçylyk. Ol bir hojalyk weýrançylygy däl, nähak dökülen ganlara näme diýjek? Garaguma gan siňen müňlerçe ýigitleriň ahy olaryň yzynda galanlaryň nalasy halkyn ýüregine dag basdy. Emma synpy göreşi hemme zatdan ileri tutan bolşewikler şunça betbagtçylyga-da bolaýmaly zat hökmünde düşündiler. Ol bolsa soňra has uly pidalara, ägirt moral-ahlak sarsgynlara alyp bardy.

## 3. Ikinji Garagum urşy

1924-nji ýylyň ýanwar-aprel aýlarynda urlan urgulardan soň basmaçylyk hereketi aýňalmajak ýalydy. Emma örän tiz wagtyň içinde basmaçylyk hereketi ýenede aýaga galmaga güýç tapdy. Ýöne ol indi göreş taktikasyny üýtgetdi: basmaçylar bir ýere toplanman aýratyn toparlara bölünişip hereket edip başladylar. 1924-1925-nji ýyllarda Türkmenis-tanda şeýle

toparlaryň 50-ä golaýy bolup, olaryň diňe eline ýarag alyp, ata münüp çykan basmaçylaryň umumy sany, doly maglumatlara görä, 2000-denem geçýärdi. Basmaçy toparlaryndan DaşhowuşdaŞaltaý batyryň, Ahmet begiň, ýerbentde Berdimyradyň, Maryda Durdy baýyň, Kerim hanyň (buluçlaryň topary), Tejende Hojaguly hanyň, Kerkide Jora Emiriň, Gylyç Mergeniň, Gazanjykda Orazgylyç mollanyň toparlary has iri toparlardy. Basmaçylyk herekeiniň baş serenjamçysy, ruhlandyryjysy, adatça bolşy ýaly Jüneýt handy. Ol öz nökerleri bilen Orta guýuda mekan tutupdy.

Basmaçylar bilen hir hatarda galtamanlaram peýda boldy. Basmaçylaryň düýp maksady Sowet häkimiýetini ýykyp, «kapyrlary» ýurtdan kowmak bolsa, galtamanlar ýol urmak, il talamak bilen meşguldy. Onsoňam basmaçylar gum içinde bolup, wagtal-wagtal medeni zonadaky obalaryň üstüne dökülen bolsalar, galtamanlar gös-göni medeni zonada ýaşap, ilaty talaýardylar. Mysal üçin, Ýylanlyda Anna balaň galtaman topary obalaryň üstünden musallat bolup indi.

Ilat ondan gorkýardy. Onsoňam Anna Bala örän uly mülkdardy hem söwdegärdi. 40 müň manat berip kärendesine alansoň, ol Daşhowuz okrugynyň ähli bazarlarynyň eýesidi. Izmykşirde Gulamaly han özüne gala saldyryp, töweregine onlarça atly toplapdy, ýol urup, kerwen talaýardy. Ol ö obadaşlaryna ekdirip, orduryp, 100 gektara golaý ýeriň hasylynam alýardy.

1925-nji ýylyň iýunynda Gulamaly han sowet organlary tarapyndan duýdansyzlykda öldürildi. Gulamalynyň ölümi galtaman toparlarynyň serdarlaryna özboluşly bir duýduryş bolup hyzmat etdi. Olaryň birnäçesi, şolaryň arasynda Anna bala-da, şu wakadan soň öz atlylary bilen baryp Jüneýt hana goşuldylar.

Jüneýt hanyň mekan tutan ýeriniň-Orta guýy., Balaişem, Çyryşly guýularynyň ýene-de mähellesi artdy. Oňa Daşhowuz etraplaryndaky özbek basmaçylaram gelip goşuldy. Onda-da han açyk söweşe giribermekden saklandy. Ol amatly

pursat gelýänçä, sowet hökümeti bilen ylalaşyp ýaşamaga mejbur boldy.

1925-nji ýylyň fewralynda Jüneýt han Aşgabada bütüntürkmen Sowetleriniň I Uçreditel gurltaýyna öz wekilini-Abdyrahman ahun Gurbanseýit ogluny iberdi. Wekil hanyň gurultaýa ýollan hatyny okap berdi. Onda Jüneýt han basmaçylara töwekgelçilik edilmegini, indi olary yzarlaman, belli bir ýerde mekan tutmaga rugsat berilmegini belent mertebeli ýygnanyşykdan soraýardy, gurlutaýyň kabul eden permanyny hormatlaýandygyna we çirksiz berjaý etjekdigine ynandyrýardy.

Gurlutaý hanyň haýyşnamasyny kanagatlandyrdy. Ýöne beýle ylalaşyk uzaga çekmedi. Bu gezek ýagdaýyň ýiteleşmegine, ähtimal, daşarky wakalar täsirini ýetirdi. Demirgazyk Eýranyň Horasan, Astrabad welaýatlarynda, Etrek-Gürgen etraplarynda ýaşaýan türkmenler şanyň zulmuna garşy baş göterdiler. 1924-nji ýylyň maýynda olar garaşsyz Türkmen respublikasyny döredip, Osman ahuy onuň prezidentligine saýladylar. Eýran şasy Ryza dergazap bolup, türkmenlere garşy jeza beriji goşun iberdi. Emma nepes serdaryň 2000 atlysy, Allaýar hanyň 5000 atlysy, Gök serdaryňam 500 atlysy birleşip şa goşunyny kül-peýekun etdiler. Ryza han indi ähli güýjüni toplady. Germaniýadan 25 sany samolýot satyn alyp, nemes lýotçiklerini hakyna tutdy. 5000 adamly jeza beriji ekspedisiýanam dişine çenli ýaraglandyryp, 1925-nji ýylyň ýazynda «kakabaşlary amana getirmek» üçin ýola saldy. ÝOkardan lýotçikler türkmen obalaryny «nemes anyklygy» bilen öwran-öwran bombalasalar, aşakdan yzgytsyz gyzylbaşlar öňünden çykany gylyçdan geçirdiler. Türkmenlere bolsa hiç ýerden kömek bolmady. Şonda-da olar mertlerçe söweşip, 1925-nji ýylyň güýzüne çenli garaşsyzlygyny saklamagy başardylar.

Ýüregini bire baglap, türkmeniň erkanalygy diýip ata çykanlar üçin, elbetde, munuň täsiri boldy. Gana gark edilendigine garamazdan, dagyň aňyrsyndaky arkadaşlaryň

özbaşdak Türkmen döwletini gurup, ony bir ýarym ýyla golaý saklap bilmegi basmaçylyk hereketiniň täzeden göterilmegine getirdi. Basmaçylar ylaýta-da Mary etraplarynda häkimiýetiniň ynjalygyny gaçyrdy. Bu ýerdäki basmaçy toparlarynyň serdarlary Berdimyrat, Hydyr ärsary, Hangeldi, Annageldi Sary tiz-tizden Jüneýt hanyň ýanyna gatnap başladylar.

Syýasy ýagdaýyň üýtgemegi bilen Jüneýt han has arkaýynlaşdy. Onuň nökerleri diňe bir gum içinde däl, eýsem respublikanyň ähli raýnlarynda gypynçsyz aýlanyşyp ýördüler. Ilatyň belli bir bölegi basmaçylara açykdan-açyk ýardam edýärdi. Mysal üçin, 1925-1927-nji ýyllarda çarwalar hana öz mallarynyň kyrykdan birini zekat berdiler. Hywa-Ahal-Gürgen aralygynda gatnaýan kerwenler bolsa harydynyň ýa-da malynyň bäşden birini paç tölediler.

TSSR Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy türkmeniň söwer ogly Gaýgysyz Atabaýew emele gelen ýagdaýdan çykalga gözleýärdi. Ol synpy göreşiň bähbitleri üçin bir halkyň wekilleriniň biri-birini çapmagynyň galatdygyna, bu betbagtçylygyň her edip, hesip edip öňüni almagyň zerurdygyna düşünýärdi. Şu maksat bilen ol Jüneýt hanyň ýanyna ýörite wekiller iberip, onuň bilen gepleşikler geçirýärdi, oňa azyk kömegini-de berýärdi. Mysal üçin, 1925nji ýylyň aprelinde, gös-göni Gaýgysyz Atabaýewiň görkezmesi boýunça, respublikanyň fondundan Jüneýt hana 2000 put bugdaý we 6 put gök çyý berildi. 1926-njy ýylyň iýulynda ol ýene-de 500 put, 1927-nji ýylyň iýulynda-da 500 put bugdaý aldy.

Arhiw materiallarynyň arasynda Gaýgysyz Atabaýewiň Jüneýt hana ýazan hatlaryndanam saklanyp galany bar. Ine, şolaryň biri (ol 1926-njy ýylyň 2-nji oktýabrynda ýazylypdyr):

«Hormatly Gurbanmämmet serdar!

Häzir(ki) wagtlarda Daşhowuz okrugynda galtaman köpelip, birnäçe etmişli adamlar özbaşyna atly gurap, garyp-pukaralary talamaga başlapdyr. Galtamanlaryň köpüsi garamatdan gutulmak üçin özüni siziň adamyňyz görkezip,

soran adamlara Jüneýt hanyň adamsy diýip aýdýarlarmyş, ýene hem halk arasynda, belki gandarlarymyz sizden arany almak üçin Daşhowuz(a) zat almaga iberen adamlaryňyzy galtaman diýip, ýeri hökümetlere arz edip, olary daýymy siziň üstüňize küşgürmekde..

Onuň üçin Daşhowuz hökümetlerine şeýle işler bolan wagtda seresap bolmalydyr diýip buýruk edildi. Şu hallara barabar siziň özüňizi we baran adamlaryňyzy ötrik işlerden goramak üçin Daşhowuza her bir adam ibereniňizde, olara owwal bilen hökümetlere baryp, öz gelendiklerini bildirmesini laýyk bilýäs. Çünki Daşhowuz ýagdaýynda şeýtmeseňiz, başga çäre ýok. Daşhowuz hökümetlerine hem şeýle buýruk edildi. Jüneýt hanyň adamlary gelenlerinde, tizlik halda olaryn işini bitirip goýbermelidir diýip».

Gaýgysyz Atabaýewiň töwekgellik edip Jüneýt han bilen aragatnaşyk saklamagy, oňa degerli wagty azyk kömeklerini bermegi hana täsir edipdir. Ol töweregindäki 200 hajalyk bilen wasda özüne mekan tutmaga razy bolupdyr. Şu maksatlar üçin TSSR HKS-niň 1927-nji ýylyň 18-nji iýunynda kabul eden kararyna görä, 150 müň manat pul göýberilipdir. Şol serişdäniň hasabyna Amyderýadan Wasa kanal çekmek, bu ýerde göçüp gelenler ekin eker ýaly 5000 gektar ýer açmak göz öňünde tutulýardy. Belki, bu karar durmuşa geçip, Jüneýt han Wasda ornaşyp-ynjalan bolsa ýarag taşlansa-da taşlanardy. Emma TK(b)P MK-nyň şol wagtky ýolbaşçylary kejine tutdylar. Ylaýta-da MK-nyň jogapkär sekrotary Halmyrat Sähetmyradow bu meseledeAtabaýewi gaty ýazgardy. Ol Atabaýewiň «syýasy şowakörlük edýändigi» barasynda BK(b)P MK-nyň Orta Aziýa býurosyna habar berdi. «Synpy duşmanlar» bilen arany çöp döwen ýaly etmek, olaryň gün-güzerany hakda alada derek» süýrenlerinde süýndürmek» bellenildi. Hökümetiň Jüneýt han bilen aragatnaşygy kesildi. Basmaçylyk ýene-de ýetjek derejesine ýetdi.

Şu ýerde söhbetimize biraz dyngy berip, Atabaýew bilen Jüneýt hanyň gatnaşmagy barasynda pikirimizi

jemlemäge synanşalyň. Mälim bolşy ýaly, soňky wagtlarda metbugatda, radio-telewideniýede bular barada aýdylan zatlarda ol ikisini artykmaç ýakynlaşdyrmak äheňi duýulýar. Bu nädogrudyr. Çünki olaryň hersiniň öz göreş ýoly bar. Elbetde, olryň ikisem bir halkyň perzendi. Olar birek-birek bilen aragatnaşyk saklamaga mejbur eden zat hem hut şonda, ýagny türkmen iliniň takdyry, halkyň ykbaly, düşen güni.

Bu meselede Atabaýewiň hut özi, onuň pähimliligi, onuň uzakdan görüjiligi esasy rol oýnaýar. Ýöne bu gatnaşyk uzaga çekmedi. Atabaýewiň bu mesele babatdaky tagallasy başa barmady.

Tizara Jüneýt han bilen TSSR hökümetiniň arasyndaky gepleşikler kesildi. Muny ymykly aňan Jüneýt han eýýäm 1927-nji ýylyň awgust aýynyň ahyrlarynda öz goragyny güýçlendirip, basmaçylaryň mekan tutan guýularynyň hemmesinde öz adamlaryny goýdy. Öz nökerlerini 12 sany otrýada bölüp, otrýatlara baştutan edip özüniň ynamdar adamlaryny: uly ogly Eşi hany, kiçi ogly Igdir hany, Şaltaý batyry, Anna balany, Ahmet begi, Durdygylyç hany, Nurgeldi hany, Jana barmagy, ÝAzan öküzi, Temiralyny (gazaklaryň serdary), Şakir balany (hywaly özbekleriň otrýady), Zair balany (Şabatly özbekleriň otrýady) goýdy. Basmaçylardan esli bölegini bolsu hut öz ýanynda rezerwde goýdy. Galyberse-de, han penalap oturan 500 hojalygyny, öý –emlägini 3000 düýä ýükläp Orta guýuň oýundan çykaryp goýberdi. Başgaça aýdylanda, han bolşewikler bilen boljak aýgytly söweşe taýar boldy.

Ikinji bir tarapdan bolsa, hut şol wagtyň özünde, ýagny 1927-nji ýylyň sentýabrynda Orta Aziýa harby okrugy Jüneýt hanyň garşysyna Türkmenistanda iki sany (demirgazyk we günorta) goşun toplumyny döretdi. Demirgazyk topluma 83-nji we 84-nji atly polklar, 1-nji Türküstan atyjylar polkunyň batalony, 1-nji türkmen atly polkunyň eskadrony, awiasiýa otrýady, Günorta topluma bolsa 1-nji Türkmen atly polky girýärdi. Demirgazyk toplum goşunlaryna Jüneýt hanyň

«merkini bermek», Günorta topluma bolsa basmaçylar yza tesende öňünden çykyp ýok etmek tabşyryldy.basmaçylara garşy söweşlerde TK(b)P Merkezi Komitetiniň sekrotary Halmyrat Sähetmyradow tarapyndan baştutanlyk edilýän Döwlet syýasy uprawleniýesi, onuň ýerlerdäki bölümleri gatnaşdylar. Olaryň tagallasy bilen bu işe türkmen daýhanlaryndan düzülen meýletinçiler otrýadlary hem çekildi.

1927-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Jüneýt hanyň hut özi goşuna baş bolup, ýörişe ugrady. Türkmenistanyň çäklerine seredilende, Garagumda uly uruş başlandy. Jüneýt han ilatdan kömek tsläp, birnäçe otrýady Köneürgenç, Ýylanly, Tagta raýon merkezlerine iberildi. Han obalarda daýhanlaryň goldamagyna garaşypdy. Emma o diýeni bolmady. Gaýtam, daýhan köpçüligi ýerli bolşewikleriň, komsomollaryň ýolbaşçylygynda öz-özüni goraýan otrýadlar düzüp Jüneýdiň nökerleri bilen söweşe giren gyzyl esgerlere kömek berdiler. Netijede Jüneýt hanyň ilatdan goldaw isläp, ýerlere iberen otrýadlary yzly-yzyna güýçli garşylyga duçar boldular. Mysal üçin, Könürgenjiň ýolunda Şamyrat ýabyň boýunda, Ýylanlyň ýolunda Köpükli, Ketgenli oý obalarynda, Tagtanyň Hojakümmet obasynda atyşyk birnäçe güne çekdi. Hasam Hojakümmetde bolan söweş gazaply boldy. 29-njy sentýabrdan başlap 3-nji oktýabraçenli dowam eden söweşe Jüneýt hanyň özi ýolbaşçylyk etdi. «Jan gerekmi, pyçak» tutluşygynda nökerler näçe gözsüzbatyrlyk etseler-de, samolýotdan ýagýan bombalara, pulemýot oklaryna çäre tapyp bilmediler. Han ýene-de Garaguma çekilmäge mejbur boldy.

Gyzyl Goşun bölümleri ýerden, samolýotlar ýokardan yzarlap, Ata guýyň oýunda Jüneýt hanyň yzyndan ýetdiler. Şu ýerde 5-7-nji oktýabrda elhenç gyrlyşyk bolup, basmaçylaryň esasy güýçleri ýer bilen ýegsan edildi. Jüneýt hanyň kiçi ogly Igdir han wepat boldy, beýleki otrýad baştutanlaryndan Ahmet beg, Anna bala, Jana barmak agyr ýaralandy. Temiralynyň (gazaklaryň serdary) otrýadam Jüneýt handan bölünip Goňrat (Garagalpagystan) tarapagitdi, şol ýerde-de ýaragyny taşlady.

Jüneýt han galan güýçleri bilen Orta guýa çekildi. 5-nji noýabrda bu ýerde bolan söweşde basmaçylar ýene-de hawadan edilýän hüjüme alaçsyz bolup galdylar.

1928-nji ýylyň ýanwarynda 1-nji Türkmen atly polky we beýleki goşun bölümleri Hywada, Daşhowuz, Çärjew welaýatlarynda basmaçy otrýadlaryny rehimsiz yzarlap derbi-dagyn etdiler. Şol ýylyň ýazynda we tomsundy 2-nji Türkmen atly polky tarapyndan Gyzylarbat, Gyzyletrek etraplaryndaky basmaçy otrýadlary hem dargadyldy.

Şeýlelikde ikinji Garagum urşy diýip atlandyrylan aldym-berdimli söweşlerem basmaçylaryň ýeňilmegi bilen gutardy, ýagny uzaga çeken basmaçylyk hereketi birbada gowşady. Bellemeli hat, «synpy duşmanlaryň kelleçanagyny pytratmakda» türkmen milli goşun bölümleri giňden ulanyldy. Türkmen esgerlerini basmaçylara garşy 50-denem köpräk ýörişlere gatnaşdyrmak «başartdy». Söweşlerden görkezen edermenligi üçin türkmen ofiserlerinden we esgerlerinden ýüzlerçesi hökümet sylaglaryna mynasyp boldular. Gysgaça aýdylanda, Türkmenistanda bolşewikleriň synpy göreş syýasaty maksadyna ýetdi: türkmen biri-biri bilen gyrlyşdy, halkyň milli-ruhy bütewiligi çat açdy.

Jüneýt hanyň 16 ýyldan bäri ilki ors patyşasyna, şoňa arka baglap, öz ilatyny, aýratynam türkmenleri elhenç ezip gelen Hywa hanyna, soňra bolsa bolşewiklere garşy alyp baran göreşi eňliş bilen gutardy. Ýyl-ýyldan güýçlenýän bolşowistik wagyz-nesihat, badyhowa wadalar daýhanlar köpçüligini aldowa saldy. «ÝAgty gelejegiň» salgymynda olar «gyzyllaryň» yzyna düşenini kem görmediler. Jüneýt han oňa düşündi. Ol täleýiň ters gelmeginiň ähli yzasyny gerdeninde çekip, 1928-nji ýylyň iýunynda serhetden hemişelik geçmäge bejbur boldy. Ýöne ol entegem
owalky meýlinden el çekmändi…

## 4. Üçüniji Garagum urşy ýa-da «basmaçylyk» hereketiniň soňy

1929-njy ýylda zorluk astynda geçirilýän uçdantutma kollektiwizasiýanyň başlanmagy bilen ýene-de ýaraga ýapyşanlaryň sany köpelti. Öňki basmaçy toparlarynyň üstüne täze toparlar goşuldy. Mysal üçin, diňe bir Doşhowuz okrugynda Şaltaý batyryň (Könürgenç, Ýylanly, Goňrat etraplarynda), Ahmet begiň, ÝAzan öküziň (ikisem Tagtada), Oraz balanyň (Ýylanlyda) toparlary bilen bir hatarda Gully balanyň (Könürgenç, Ýylanly, Goňratda), ÝAgmyr Hojanyň (Könürgençde), Balta şyhyň (Daşhowuz, Ýylanly özbekleriniň topary), Goňurbaý Kojanowyň (Goňrat, Ýylanly özbekleriniň topary), Gylyçbaý Jumamyradowyň we Madýar balaň (Könürgenç, Goňra, Hojaili türkmenleriniň we garagalpaklaryň garyşyk otrýadlary) toparlary peýda boldy.

Basmaçy toparlarynyň uly birikmesine indi Şaltaý batyr baştutanlyk edýärdi. Asla, il arasynda aýdylşyna görä, Jüneýt han serhetden geçjek bolanda Şaltaý batyr «gara kelläni togalaýmasalar atdan düşmejekdigine» oňa kasam edipdir. Şonuň üçinem onuň goşunyna beýleki okruglardaky basmaçy toparlarynyň wekilleri-de gelip gidýärdi. Şaltaý batyr Kerki okrugynda hereket edýän basmaçylaryň serdary Gylyç Mergen arkaly Jüneýt han bilenem aragatnaşyk saklaýardy.

1929-njy ýylyň 5-7-nji maýynda Owganystanyň Hyrat şäherinde feodal-klerikal hereketiniň baştutany Baçe Sakaunyň, Jüneýt hanyň, ozalky Buhara emiri Seýtalym hanyň hem-de iňlis ofiserleriniň gatnaşmagynda maslahat bolup geçdi. Maslahatda Şura hökümetine garşy göreşýän basmaçylara kömek bermek üçin 3 sany topar döredildi. Şolaryň ikisi Türkmenistana, ýagny çärjewli Döwlet serdaryň 75 atlysy Kerki-Çärjewe, Eşi hanyň, Mämetaly hanyň 130 atlysy ilki Tejene, soňra Daşhowuza iberildi. Soňky ýyllarda hem Eşi hanyň, Kerim hanyň (buluçlaryň topary), Eýrandan Durdygylyç hanyň (Jüneýt hanyň ozalky otrýad baştutany), Halmyrat

Gürgenliniň we beýlekileriň toparlary birnäçe gezek serhetden geçip tabşyrygy berjaý etdiler.

Elbetde, basmaçylaryň hemmesini bir agyzdan oňlap bolmaz. Ýylanly raýonynyň Gökleňer obasyndaky eden elhenç gyrgynçylygyna näme diýjek. Ol şeýle bolupdy. Şol ýylyň 15-nji ýanwarynda agşam Gökleňlerde toý bolýardy. Oňa 300-den gowrak adam ýygnanypdyr.Toý märekesiniň içinde obanyň, käbir goňşy obalaryň, raýon ýolbaşçylarynyň hem birnäçesi bardy. Şol wagt Şaltaý batyryň atlylary toý bolýan ýeriň daşyny aldylar. Tamlaryň üstündäki, gapdalyndaky bededir-ýandaklary otlap, derwezäni oka tutdylar. Toýçylaryň arasynda hem ýaraglylar bardy. Atyşykda Şaltaý batyr agyr ýaralandy (birnäçe gün geçensoň ol şol ýaradanam öldi). Ýöne howlyň içindäki uly-kiçi, aýal-ebtatlardan diňe 50-ä golaýy ölmän sypdy, galanlarynyň hemmesi sandy. Bu aýylganç jezany göz öňün e getirmegem kyn. Ol diňe Gökleňleriň, ýagny bir obanyň tragediýasy däl, iki oduň arasynda galan küllü türkmen iliniň tragediýasyny görkezýär.

Şaltaý batyr ölensoň basmaçylara Ahmet beg ýolbaşçylyk etdi. Indi taýpa-tire alamatlary ýa-da milleti boýunça däl-de, territoriýasy boýunça birleşen uly basmaçy toparlary emele geldi. 1931-nji ýylda Türkmenistanda şeýle territorial birleşmeleriň 3-si, ýagny Tejen, Gazanjyk-Krasnowodsk, Daşhowuz toparlary bardy. Olar öz aralarynda Garagumyň merkezi guýulary arkaly aragatnaşyk saklaýardy. Basmaçylaryň Tejen toparynda bähirdenli Myratly hanyň, Orazgeldiniň, Gazanjyk-Krasnowodsk toparynda Garahan çagylyň, Tagangylyç Mämmediň, Daşhowuz toparynda ÝAzan öküziň, Durdy Mollanyň, Annajan balanyň we beýleki serdarlaryň atlylary raýon merkezlerine, obalara dökülip dürli sowet edaralaryny otlaýardylar, kolhozlaryň malyny sürüp, «kapyrlardan» öç alýardylar. Çarwa ilatynyň arasynda ýykgynçylyk hasam güýçli boldy. Çarwadan partiýa, sowet, komsomol işgärleriniň, aktiwleriň ýüzlerçesi basmaçylar tarapyndan öldürildi. Käýerlerde bolsa basmaçylar halys

ätiýaçsyz hereket edip başlady. Mysal üçin, öz basmaçy hökümetini döredip, Tejen etraplpryny soran Orazgeldiniň golaýyndan geçip bilen bolmady.

TK(bP) MK-sy we TSSR Halk Komissarlar Soweti Garaguma, ýagny basmaçylar garşy harby-syýasy ekspedisiýa ibermegi karar etdi. Düzüminde TK(bP) MK-nyň biriniji sekretary (ÝA.A.Popok), TSSR HKS-nyň başlygy (Gaýgysyz Atabaýew), Orta Aziýa Harby okrugynyň komanduýuşisi (NE.Dybenko) bolan Merkezi operatiw topar (ştab) döredildi. Ştab respublika boýunça 5000-e golaý atlyny özünde jemleýän basmaçy toparyny gyryp, soňuna çykmagyň planyny düzdi.

1931-nji ýylyň sentýabr aýynyň başynda Garagumda ýene-de uruş başlandy. Gyzyl Goşun bölümleri bir wagtyň özünde Krasnowodskiden, Gyzylarbat, Tejen, Mary, Hywa we Daşhowuzdan basmaçylara garşy hüjüme geçdiler. 8-nji Aýratyn Türkmen atly brigadasynyň, beýleki goşun bölümleriniň esgerleri harby kamolýotlaryň kömegi bilen bary-ýogy on günüň içinde basmaçy toparlarynyderbi-dagyn etdiler. Öňde-soňda bolmadyk gyrgynçylyk boldy. Basmaçylar-a basmaçylar, ýöne olary penalan hökmünde gumly obalara-da gan ýuwtdyryldy. Şeýle keç ykbally obalaryň birem Keltegoňur bolmaly.

**Ol hakda habar berýän «Keltegoňurdaky gyrgynçylyk» («ÝAş kommunist», 12.12.1991) diýen makaladan:**

**«Basmaçy diýilýän bendeleriň arasynda has baýlaram bolsa bolandyr weli, olaryň köpüsi bäşläp-üçläp maly bolan pukara adamlardy. Olaryň özleriniň halal gazanç bilen edinen mal-garalary bilen gümra bolup, il-güne, ötegçi ýolagçа azar berýän adamlar bolmandyrlar. Birdy-geldi Ahaldan Tejen taýa argyşa barýanlar duşaýanda-da, basmaçy diýilýänler olardan diňe nas bilen çilim dilär ekenler, özem ikibaş bahasyny töläp.**

**Şol döwürde basmaçy barmyş diýen bahana bilen (görüp otursak halkyň gözüniň oduny almak üçin)**

**ýerbentden 80 km. gündogarda ýerleşýän Çür-çüri obasyny samolýot bilen bombalapdylar. Bary bu hem däl. Tejenden bärräkde «Öýkensiz» golaýyndaky «Gaty oý» hem basmaçy barmyş bahanasy bilen bombalanan ýer bolmaly.**

**«Keltegoňur» barasynda aýratyn aýdanymyzda bolsa, ol ýerbentden Tejen tarapda takmynan 100 kilometrlikdäki uly bir oba bolmaly.**

**Bu oba bir atly gelen. Onuň basmaçydygy däldigi hiç kime belli däl. näme, geçip barýan bende sowlanda sen oňa git diýjekmi? Ynha, bir salymdan bolsa «gyzyllaryň uly ordasy obany gabaýarlar. ÝAnki oba gelen atly ýigid-ä gabat gelen komandirleriň birini atyp öldürýär-de, basýar ata gamçyny, şeýdib-ä ol zut gaçyp, öz janyny halas edýär. Ýöne weli «gyzyllar» bigaýratlyk edip «Alynyň aryny Ahmetden çykarýarlar». Obanyň ähli erkek göbeklisini tümmegiň aňyrsyna sürüp äkidip, kän bir okam atman, olary gylyçdan geçirýärler.**

**Hiç bir ýaragy zady ýok özbaşyna gümra bolup ýören çarwa bendeleriň-tutş bir uly obanyň erkek göbeklisiniň gany şeýdip dökülýär. Şonda bir ýaş aýal adamsyny gorajak bolup, ajal okuny kabul edip ýanýoldaşy bilen bile-je pahyr bolan. Käbir eneler bolsa «Gyzyllar» oba dökülip erkek göbeklileri äkidýärmişdiýen habar gulagyna degenden öz balalaryny gara öýüň tärimi bilen gamyşynyň arasyna salyp gizläp ýetişenmiş, ýöne beýle emeli tapan «ejizler» ýek-tük bolupdyrlar. Şol yzynda-çuwan ahy-nalalarda diňe ýekeje ýaş oglan boýnuna bir bölejik gyzyl esgini orap: «Men pioner» diýip aglansoň, diňe şoňa aman berlen. Bendileriň ýatan ýerleri ýagty bolsun-da, Alla!»**

Keltegoňur gyrgynçylygynda 56 adam şehit bolupdyr. Häzir şolardan 50-niň atlary anyklanyldy. Ine olar: Agageldi, Agaly, Amansähet, Howa, Alty goşa, Ata hoz we onuň aýaly Annagözel, Ata Şarak we ogly Seýtnepes, Ata çal we ogullary

Jepbar bilen Soýeg, Pirli, Höweli, Ataberdi Durdy we ogullary Narly bilen Küle, Esenaman, Nazarmyrat, Gurt, Taý, Oraz, Begli Geldimyrat, Wepat, Welleň, Har, Welbeg we ogly Gapbar, Garly, Uzyn, Gara Baýram, Geldi han, Gurt, Güýç Seýtnepes, Daňatar Gurt, Kiçik gul we ogly Nurmämmet, Mämmet Baba, Seýitli Annadurdy, Tapyl oba, Oraz Ata, Orus Golak, Osman molla, Hommat, Çary Hydyr, Eýeberdi, ÝAgdy goýunjy, Ýagdy Tapyl, ÝAzmyrat Esenaman we onuň inisi Sopy.

1931-nji ýylda Garagumda gopan kyýamatdan soňam basmaçylar doly «amana gelmedi». Eýýäm 1932-nji ýylyň ahyrlarynda Türkmenistanda hersinde ortaça 20-25 atlysy bolan 28-sany basmaçy toparlary hereket edýärdi.

1933-nji ýylyň ortalaryna çenli olaram dargadyldy. Ýöne şonda-da iň soňky basmaça çenli «gyryp gutarmaklyk» bolşewiklere başartmady. Olaryň käbir galanlary soň-soňlaram tä 1935-1936-njy ýyllara çenli göreşi dowam etdiler. Çünki, halkyň bir böleginde «kapyrlaryň» zulum zynjyryny gyrmaga, erkin howadan dem almaga ymtylyşy çäksiz güýçlüdi.

Şeýlelikde, üçünji Garagum urşy hem basmaçylaryň ýeňişi bilen gutardy. ÝAgny şunuň bilen Türkmenistanda uzaga çeken basmaçylyk hereketi-graždanlyk urşy, tas takygy, milli-azat edijilik hereketi gutardy. Elhenç gyrgynçylyklarda iki tarapdanam türkmeniň müňlerçe «men-men diýen ärleri» (Magtymguly)-gerçek ýigitleri guma garyldy.

Bu elhenç näletli hadysa külli türkmen üçin öwezini dolup bolmajak nähak pidady.

# IV. Türkmen obasy (Kollektiwizasiýa)

## 1. 1928-1927-nji ýyllaryň ýer-suw reformasy

Türkmenistan SSR-i döredilen mahaly onuň ilatynyň 86 prosenti oba ýerlerinde ýaşaýardy. Ululy-kiçili obalaryň 3407-si bolup, olarda ilat urug-tire alamatlary boýunça otyrdy. Oba hojalygy respublikanyň maddy önümçiliginiň esasy bolup durýardy. Ýöne ýekebara daýhan, çarwa hojalyklary köplenç natural (ýapyk, ýagny diňe öz hajatlary üçin önüm öndürýän) häsiýetlidi. Şolary kollektiw hojalyklara çekmek sosializim gurluşygynyň iň möhüm wezipeleriniň biri hasaplanýardy.

Daýhanlar köpçüligini kolhoz gurluşygyna taýarlamak maksady bilen ýer-suw reformasyny geçirmek makul bilindi. Reformany 1925-1927-nji ýyllarda Mary hem Aşgabat okruglarynda geçirmek karar edildi. Daşhowuz, Çärjew we Kerki okruglarynda bolsa, käbiri çerki hem-de daşarky sebäplere görä, häzirlikçe diňe ýer-gurluşyk işleri bilen çäklenmek dogry tapyldy.

Er-suw reformasyna ýolbaşçylyk etmek üçin TSSR MIK-niň ýanynda Merkezi komissiýa döredildi. Mary okrugynda reforma geçirmeklige Gaýgysyz Atabaýew, Aşgabat okrugynda bolsa Halmyrat Sähetmyradow ýolbaşçylyk etdi. Raýonlarda reformany taýarlamaklyga we geçirmeklige ýörite komissiýalar iberildi. Mysal üçin, Tejende N.A.Paskuskiniň baştutanlygyndaky komissiýa işledi.

Er-suwdan peýdalanmagyň zähmet prinsipi işlenip düzüldi. Öz ýerinde özi işlemän kesekiniň güýjünden pedalanýanlaryň ýer-suwuny elinden almak dekretleşdirildi. ýer-suwdan peýdalanmagyň dowam edip gelen köne formalary (sanaşyk, mülk, kärende) ýatyryldy. ýer-suw hojalyklaryň elinde galdyrmak ýa-da ýer-suwsuz hojalyklara bölüp bermek normalary kesgitlenilende suwarymly ýerleriň mukdaryndan we hojalyk agzalarynyň sanyndan ugur alyndy.

Mary okrugynda ortaça 5 adamdan ybarat bolan hojalyga 5 desýatin ýer, Aşgabat okrugynda 2,5 desýatin ýer galdyrmak bellenildi. Mary okrugy üçin her hojalyga 3 desýatin ýer, Aşgabat şäheri üçinem 1,5 desýatin ýer bölüp bermek kesgitlenildi.

Okrugyň ikisinde-de düme ekerançylygy üçin her hojalyga 9-dan 15 desýatine çenli ýerden peýdalanmaga hukuk berildi.

TK(b)P MK-niň ýer-suw reformasy mynasibetli daýhanlara Ýüzlenmesinde şeýle diýilýärdi: «Er zähmetkeşler döwletine, ähli zähmetkeş halka degişlidir we ýerde işleýän, maşgalasynyň güýji bilen işläp bejerýän bolsa ondan peýdalanyp biler.

Diňe berjaý edilende daýhan hojalygy, türkmen topragynyň ähli daýhanlary, tutuş türkmen döwleti pugtalanar hem-de öser… Ähli zähmetkeş daýhanlar-öz ehmet hukugyňyza tarap bagtyýar öne!

Daýhanlar, wagty elden bermeli däldigini, ýaza çenli täze hojalygy täze zähmet başlangyçlary esasynda ýola salmalydygyny unutmaň. ÝAşasyn ýer-suw reformasy! Baýlar keseki ýerlerinden güm bolsun!»

Elbetde, «baýlar» diýilýänleriň hemmesi baý däldi. Oňa özüni oňarýan orta gurply hojalyklaryňam «goşulan» ýerleri boldy. Eger-de şol wagtlar respublikanyň oba ilatynyň 40 prosentiniň garyplardygyny, ýagny ýer berseň kimiňkem bolsa aljak adamlardygyny, 4-5 prosentiniň baýlar, galan 55 prosentiniň hem orta daýhanlardygyny ýatlasak, onda syýasatdaky bu «çepçiligiň» türkmen jemgiýetinde nähili gapma-garşylyk döredip biljekdigini öz-özünden düşnüklidir.

Erleri elinden alynýan adamlar reforma garşy hiç zatdan gaýytmadylar. Mysal üçin, Mary raýonynyň birnäçe obalarynda reforma geçirmek boýunça ýerli komissiýalaryň agzalaryny gorkuzmaga, olary satyn almaga synanşyk edildi. Käbir ýerlerde terrora ýüz uruldy. At-ýaragly guma çykanlaram boldy.

Er-suw reformasynyň netijesinde 2300-e golaý baý we söwda, süýthorçylyk bilen meşgullanýan hojalyklar ýer-suwdan mahrum edildi. 15,2 müň hojalygyň bellenen normadan artyk ýerleri alyndy we 10,4 müň ýersiz hem-de 23,1 müň az ýerli hojalyklara mugt paýlanyp berildi. Garyp daýhanlara jemi 60 müň gektardan köpräk suwarymly ýer, şeýle hem oba hojalyk gurallaryny, iş malyny satyn alar ýaly 2 mln. manada golaý pul kömegi berildi. Reformanyň barşynda türkmenler bilen bir hatarda buluç, kürt, jemşit hojalyklarynyň hem 1209-na ýer-suw paýlanyp berildi. Munuň özi milletara näsazlyklaryň aýrylmagyna melhem bolup hyzmat etdi.

Reforma Mary we Aşgabat okruglarynda iri ýer eýeçigini ýok etdi. ýer-suwy garyp daýhanlaryň, batraklaryň eline berdi. Ol garyp-gasarlaryň ykbalyny Sowet häkimiýeti bilen ymykly baglanyşdyrdy. Gaýgysyz Atabaýew bu hakda ýatlap, 1935-nji ýylda şeýle ýazdy: «Hut ýer-suw reformasynyň esasynda bize garyplary jebisleşdirmek, oba zähmetkeşlerini kulaklara garşy mobilizlemek başartdy. ýer-suw reformasy oba hojalygynda bakna gatnaşyklary ýok etmäge, şeýle hem hojalygy ep-esli ýokary götermäge, zähmetkeş daýhanlar köpçüliginiň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga mümkinçilik berdi…» batraklar, garyp-gasarlar barada şeýle. Emma ýer-suwy alnan baýlar, käbir orta daýhanlar barada aýdylanda, reforma olaryň içine kitüw boldy.

Türkmen jemgiýetiniň özüniň ikä-«aklara» hem «gyzyllara» bölünendigi indi has äşgär göründi. Şu taryhy hakykat Agahan Durdyýewiň «Meret» powestinde özüniň çeper beýanyny tapypdyr.

## 2. Ýer gurluşygy işleri

Er-suw reformasy bilen bir hatarda respublikada suwaryş ýaplaryny, gatlalary bejermek, tertibe salmak boýunça ep-esli işler edildi. Mary okrugynyň ÝOlöten, Sarahs, Tejen raýonlarynda onçakly uly bolmadyk täze irrigasion desgalar

guruldy. Tejen derýasynda Garrybent gatlasy gurlup, Murgapda Egrigüzer gatlasy kämilleşdirildi, Aşgabat okrugynda Etrek, Esenguly raýonlarynyň ilaty üçin Gudriolum kanaly guruldy.

Suwaryş desgalarynyň gurluşygy aýratynam Kerki, Çärjew, Daşhowuz okruglarynda uly ähmiýete eýedi. Sebäbi, bu okurglarda täze ýerleri açyp, şonuň hasabyna garyp-gasarlara ýer bermek bellenildi. 1925-1927-nji ýylarda Amyderýanyň orta akymlarynda Bosaga-Kerki hem-de Ärsary kanallary guruldy. Ol kanallar ençeme boz ýatan öýdur-düzlere jan berip, şol ýerlere daýhan hojalyklary göçürilip eltildi. Olara ýaşaýyş jaý gurunmaga, iş malyny, oba hojalyk gurallaryny satyn almak üçin döwlet kömegi berildi.

Daşhowuz okrugynda ýer-gurluşyk işleri bellenen möçberinde doly amala aşyrylmady. Käbir raýonlardan, obalardan 1000-e golaý başga ýerlerden göçürmek göz öňünde tutulypdy. Emma synpy göreşiň ýitileşmegi işde uly päsgelçilik döretdi . 1926-njy ýylyň güýzünde diňe Tagta raýonynyň Izmykşir obasyndan 350 hojalygy Daşhowuz raýonynyň Garaporsaň diýen ýerine göçürip, olaryň maşgala agzalarynyň sanyna görä (adam başyna bir gektardan) ýer bermek başartdy. Ýöne bu hojalyklaram, edil Amyderýa boýlaryna



Garabekewilde «Ärsary ýap» kanalynyň gurluşygynda.
1927-nji ýyl.

göçüp baranlar ýaly, täze ýerlerde taýpa-tire alamatlary boýunça däl-de, garyşyp (her topara aýry-aýry tireden bäş hojalyk goşulyp) oturmaly bolupdyr.

Umuman, ýer-suw reformasynyň, ýer-gurluşyk işleriniň geçirilişi şeýle. Şol işleriň häsiýeti hakynda näme aýdyp bolar? Ähli ýalňyşlyklara garamazdan, hakykatda olaryň zähmetkeşlere ýagşylyk etjek bolup edilendigine şek ýokdur. Şol işleriň netijesinde müňlerçe batraklar, garyp-gasarlar ýerli bolup, adam şekilli ýaşap başlady. Emma dünýäsi daralyp, aşyna awy gatylanlaram az bolmady. Onuň üçin diňe respublikanyň ýolbaşçylaryny köteklemek nädogry bolar. Munda esasy günä merkezden tutaşdyrylan we meçew berlen synpy göreş georiýasyndadyr, şeýle hem alnyp barlan praktiki syýasatdyr.

### 3. «Dürre gamçy» syýasaty we kolhaz gurluşygy

Er-suw reformasy bilen birlikde oba hojalyk tehnikasy daýhanlar köpçüligini kolhoz gurluşygyna çekmäge itergi berdi. Türkmen daýhanlary ilkinji tratory 1924-nji ýylda görüpdi. 1925-nji ýylda obalarda eýýäm 57 traktor bardy. Öküzdür-künde bilen deňeşdirilende sürümde traktoryň artykmaçlygy köre mälimdi. Ýöne traktor edinmäge ýekebara daýhan hojalygynyň gurby çatjak däldi., birleşmek gerekdi.

1926-njy ýylda respublikada ilkinji kolhozlar Sarahs raýonynda guruldy. 1927-1928-nji ýyllarda beýleki ekerançylyk raýonlarynda hem kolhozlar peýda boldy. Kolhozlary guryanam, oňa ilki giriýänem oba aktiwistleri, garyp-batraklardy. Mysal üçin, 1927-nji ýylda Gyzylarbat raýonynyň Janahyr obasynda kolhoz gurlanda oňa ilki oba şurasynyň (Sowetiniň) başlygy we sekrotary Berdi Tekemämmet bilen Tagan Aýmämmet hem-de mugallym O.Döwletow girdi. Şol güniň ertesi kolhoza garyplardan 6 adam kabul edildi. Kolhozyň başlyklygyna batrak Kürre Amannazar saýlandy. Mary raýonynyň Peşanaly Amaşa Gökje

obasynda-da ol edil şeýle boldy. Bu ýerde dörän kolhoza ilkinji bolup oba şurasynyň başlygy we sekrotary Nury Anna bilen Mämmet Muhammetguly hem-de olaryň doganlary Sopy Berdi, Annageldi Hallygurban dagy girdiler. «Şura» diýlip atlandyrylan kolhozyň ýolbaşçylygyna Berdi Sapardurdy (soňra «Berdi» başlyk diýen at bilen ile özüni tanadan adam) saýlandy. 1929-njy ýylyň ýazynda respublikada 250-ä golaý ownuk kolhoz bolup, olaryň hersiniň 25 gektar ýeri we 15 daýhan hojalygy bardy. Kolhozçylaryň ortaça her ikiden biri batrak, üçden biri garyp we ondan birisi hem orta daýhanlardy.

1928-nji ýylyň ýaz ekişi döwründe obalarda traktorlaryň 361-si işledi. Olar ilkinji nobatda gowaça ekýän daýhanlara ýeri sürüp, ekip, ekinleriň hatar aralaryny bejerip berdiler. Şol ýyl respublikada pagta meýdanlary 110 müň gektara ýetdi. Bu bolsa 1926-njy ýyldakydanam iki essä golaý köpdi.

Pagta meýdanlary giňelmez ýalam däldi. Gowaça ekýän hojalyklara fabrik matalary, gantdyr çaý diýen ýaly harytlar berlip höweslendirilýärdi. Moskwanyň, Leningradyň dokma fabrikleriniň işçi brigadalary gelip, obalara aýlanyşyp pluglary, seýalkalary remont edýärdiler, daýhanlara medesina kömegini berýärdiler, kinofilimler görkezýärdiler. Özlerem ýerli dili öwrenip, ilat bilen ýakynlaşjak bolup dert azardylar. Elbetde, ol işçileriň şunça ýoly ýoly söküp gelmeginiň düýp maksady türkmen daýhanlarynyň ezeneginden galdyrmak däldi. Olara arzanja pagta gerekdi. Sebäbi, daşary ýurtlardan pagta almak üçin tölenýän altyn pullar indi senagat kärhanalaryny gurmaga haryçlanýardy. Eger-de Orta Aziýany, şol sanda Türkmenistany hem tizden-tiz pagtaçylyga imrikdiräýmeseň, onda Orsyýetiň beýleki dokmaçylyk merkezleri aýdylmanda-da, diňe bir Leningradyň özünde dokma fabrikleriniň 14-si durup galjakdy. Bu ýerde geň göresi zat ýok. Ol ozalky kolonial döwründe ýörgünli bolan «senagat markez-agrar çetkünjekler» syýasatynyň önümidi. Ýöne geň ýeri: bu syýasat indi täze şertlerde-de gaýtalanýardy, diňe ady üýtgäpdi. Orta Aziýa respublikalary, şol sanda Türkmenistan «özleriniň internasional

borjy» boýunça Sowet Soýuzynyň pagty garaşsyzlygyny gazanmagyna «goşant goşup», Merkezi çig mal bilen üpjün edäýmelidi.

1929-njy ýylda Türkmenistanda MTS-ler gurlup başlandy. Wagtlaýynam bolsa, basmaçylyk hereketem az-kem köşeşdi. Orta daýhanlaryňam köpüsi kolhoz hereketlerine goşuldy. Indi gurulýan kolhozlaram birneme ulurakdy. Mysal üçin, 1929-njy ýylda Baýramalynyň eteginde ozalky Topby baýyň, Gökje baýyň, Berdi işanyň ýaplarynyň boýnunda gurlan kolhoz kolhozçylaryň sany boýunça-da, hojalyk taýdan üpjünçilik boýunçada ozal gurlan goňşy kolhozlardan tapawutlanýardy. Elbetde, «Bolşewik» diýlip atlandyrylan kolhozyň adygyp gitmeginde kolhoz başlygy edilip saýlanan ozalky daýhan Agaýusup Alynyň uly hyzmaty bar. Ol soňra türkmenlerden ilkinji Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen ady aldy. Eýýäm 1930-njy ýylda «Bolşewik» kolhozy 90gektar gowaça ekdi. Her gektardan 12 sentner pagta alnyp döwlete tabşyryldy. Şol döwür üçin bu ýokary hasyldy. Kolhozçylaryň gün-güzeranygowulanyp ugrady. Kolhozam kolhozçylara sylag-serpaý etdi-olaryň hersine bir hywa donuny halat ýapdy. Käbir başda gepe gidip, kolhozy taşlan kolhozçylaram soňra dolanyp geldiler.

Ene bir mysal. 1929-njy ýylda Aşgabat raýonynyň Aşgabat obasynda kolhoz gurlup, oňa garyp daýhan Mergen Kuwwat başlyk saýlandy. 30 gowrak daýhan hojalygy bolan 25 gektar gowa ekdi. 1931-nji ýylda Woroşilow adyndaky bu kolhoza şol obanyň «Batrak» kolhozam goşuldy. Birikdirilen kolhazda indi 100-e golaý daýhan hojalygy, ýüz töweregi öküz, ýaby, 40-50 sany sygyr, 400-e golaý goýun-geçi bardy. Soňky ýyllarda kolhoz hasam gurplandy. Oňa bir traktoram berildi. Traktoram ilki bolup sürenleriň biri hem Ogulsoltan Gurbandurdyýewady. Oňa «gara ýyndam» lakamy-da hut şondan galypdy.

1930-njy ýylyň ahyrlarynda respublikada 715 kolhoz bolup, olar daýhan hojalyklarynyň eýýäm dörtden birine

golaýyny özüne birleşdirýärdi. Kolhozyň aglaba köpüsi TOZ-lardy, ýagny ýeri bileleşip işleýän ýoldaşlyklardy. 1929-njy ýylda kolhozçylaryň bary-ýogy 4 prosenti orta daýhanlardy, 1930-njy ýylda bolsa olar 34 prosente ýetdi. Başgaça aýdalynda, obalarda kolhoz gurmak, oňa garyp-gasarlar bilen bir hatarda orta daýhanlaram çekmek işi ýokary depginde alnyp barylýardy.

Emma partiýa, sowet organlary «kolhoz gurluşygyny has-da güýçlendirmegiň», bu iş boýunça ýurtda «guralan ýarşda» öňe saýlanmagyň ýollaryny gözläp ugradylar. Aslyýetinde kolhozlar «ýaryşylyp» gurulmaly däldi. Kolhoza girmek meýletin bolmalydy. Kolhozyň artykmaçlygyny iş ýüzünde gören daýhanlar oňa höwes edip girmelidi. Ýöne hakykatda kolhoz gurluşygynyň bu meýletinlige esaslanan ýörelgeleri tiz ýatdan çykaryldy. Daýhan hojalyklarynyň, aýratynam orat daýhanlaryň haçan kolhozy höwes ederine garaşyp durman, bu meselede olary çaltrak «bişişdirmek» karar edildi.

Şol wagtlar kolhoz gurmak boýunça «ýaryşda» respublikada Kerki etraplary öňdäki orunlarda barýardy. Mysal üçin, Gyzylaýak raýony eýýäm 1930-njy ýylda «uçdantutma kollektiwizasiýanyň amala aşyrylan raýony» adyny alypdy. Ýöne şol ady almak üçin «kolhoza girseňem girersiň, girmeseňem girersiň» diýlip, ençeme daýhan külbeleriniň bosagalasynda bogaza bat berilipdi. Käbir göwnemeýän ýa-da ikirjeňlenýän orta daýhanlaryň bolsa ýer-suwdan kesilip, hatda tussag edilip, maşgalasynyň obadan çykarylyp kowulan halatlary-da bolupdyr. Gysgaça aýdylanda, «dürre gamçy» syýasatyna giň ýol açylypdy. Şol döwürlerde Kerki-Gyzylaýak etraplaryndan tutuş oblaryň bosgy bolup Owganystana göçüp gitmeginiň düýp sebäp hut şondady.

Kolhoz gurluşygynyň bosgunlary Türkmenistanyň beýleki raýonlarynda hem bardy. Agyr süteme çydaman Mary etraplarynyň daýhanlary Owganystana, Aşgabat töwerekleriniňki Eýrana gaçsa, daşhowuzly daýhanlar goňşy

respublikalardan dalda isläp Üstýurda, Gazagystana, Garagalpagystana göçüpdirler. Mälim bolşy ýaly, tas soňky wagtlara çenli bu bosgunçylyklaryň sebäbi baýlaryň täsiriniň netijesi diýlip düşündirilip gelindi. Elbetde, baýlaryň täsirem bolsa bolandyr. Ýöne «towşana dogduk depe» diýip, ene topraga bagry badaşan müňlerçe sada türkmeniň ykbalynyň gaýry ýurda baglanmagynyň düýp sebäbiniň şol hökmürowan «dürre gamçy» syýasatydygyny unutmaly däldir.

ÝAgy-ýesir bolup watandan jyda düşenleriň başdan geçirenlerini göz öňüne getirmek üçin diňe bir mysaly- Owganystanyň Turgun obasyndan Esen aganyň aýdanlaryny ýatlamagam ýeterlikdir. Onuň beren gürrüňi 1988-nji ýylda ýazylypdyr. «Aslym Mary tarapyndan. 1930-njy ýylda ähli mal-garamyz bilen serhetden aşdyk. Men ol wagtlar oglandym. Şonda-da gören zatlaryň göz öňünde galypdyr. Bärik geçdik welin… dilini bilemzok. ÝAt ýurt, oty-çöpi dagam nätanyş. Hiç ýerlemedik. Biz-ä biz welin, mal-garalaram başda hiç ýerlemedi. Uwlaşyp-uwlaşyp 4 itiň ikisi ahyrynda yzyna gaçyp gitdiler. Hatda düýe janawerem ynjalmady. Duşagyny üzüp bileni gitdi. Goýun diýjeksiň, şolaram agylyň töründe däl-de, agzynda üýşüp durandyr. Aýralyk derdini diňe bir ynsan däl, eýsem haýwanlaram duýan bolarly. 1960-njy ýyllar töweregi goş-golamy düýä ýükläp näme bolsamam watana bir aşaýyn diýip ugradym. Onda-da yzymdan ýetip töwalla-tagsyr bilen yzyma gaýtardylar.indem näme, ýaş gitdi. Oturan-turan ýerimde oglan-uşaklara, ilen-çalanyma siziň watanyňyz şo ýerdedir. Iru-giç aşyp bilseňiz aşyň diýýän. Gün-güzerandan nägile däl. Ýürek welin şol küýsäp durşy».

«ÝAryndan aýrylan ýedi ýyl aglar, ýurdyndan aýrylan- ölünçä». Ata-babalarmyz bu pähime dile alýança, gör näçe hubbatlar ýuwutmaly bolduka? Elbetde, türkmen taryhynda halkyň göçmeli-gonmaly bolan wakalary seýrek däl. Emma kolhoz gurluşygy ýyllaryndaky ýaly, müňlerçe türkmeniň ýurtdan jyda düşüp, soňam bütin ömrüniň dowamynda yzyna

gelip bilmän delmuryp galan başga bir mysalyny tapaýmak kyndyr.

Aslynda kolhoz gurluşygynyň duşmanlary boldumyka? Belli bir derejede bolandyr. Kolhoz gurluşygy-munuň özi Sowet häkimiýetiniň obada geçiren ägirt uly sosial synagy. Halkyň asyrlar boýy dowam edip gelýän hojalyk, durmuş esasyny (ukladyny) döwüp, täze ýasama geçirmek synagy. Özem halkyň bir böleginiň gatnaşmagynda geçirilen synag. Ýöne tutuş halkyň ony hiç hili garşylyk görkezmän kabul etmegi mümkin däldi. Eger şeýle ýedäýen bolsa, onda halk hökmünde ony salamasa-da bolardy. Baryp rewolýusiýanyň yzysüre dowam edip gelýän basmaçylyk hereketiniň entägem gowşaman, gaýtam kolhoz gurluşygy döwründe has-da tutaşmagynyň sebäplerini hem başga ýerden gözlemegiň geregi ýokdur.

Diýmek, halkyň bir bölegi şol synagy goldan bolsa, başga bir bölegi oňa çürt-kesik garşy çykypdyr. Öz ata-baba dowam edip gelýän hojalyk esasy, durmuş ýörelgesi dargasa ruhy-ahlak sypatynyň ýitmejegine düşünipdir. Şonuň üçinem öz hojalyk endigini, ruhy-ahlak baýlygynyň saklamaga, has takygy özüni saklamaga dyrjaşypdyr. Ol şeýle bolmalydy. Şeýle-de bolupdyr.

1929-njy ýylda Mary ra1ýonynyň Mülk bagşy obasynda daýhanlaryň arasynda ýaýradylan çagyryşda şeýle diýilýärdi: «Eger obada kolhoz gurulaýsa, siz oňa girmäň, giren bolsaňyzam çykyň… Kolhozy obaňyzdan güm ediň. Diýlenini etmeseňiz, janyňyzdan geçmeli bolarsyňyz». Şol raýonyň 2-nji Goňur obasynda hem şeýleräk mazmunly hatyň 25 ekzemplýary ýaýradylypdyr. 1920-nji ýylyň başlarynda köp obalarda kolhoza garşy gizlin ýygnanyşyklar bolupdyr. ÝOleten raýonynyň Talhatanbaba, Tagtabazar raýonynyň 1-nji Sugty, Hojambaz raýonynyň Beşir obalarynda, Baýramaly raýonynyň 60-njy posýologynda gizlin toparlaryň hereket edýändigi, ýüze çykypdy. Birnäçe ýerde partiýa, komsomol

ýaçeýkalarynyň sekretarlary, oba Sowetleridir kolhoz ýolbaşçylary öldürilipdir.

Mysal hökmünde «baýlar öz günleriniň sanalgydygyna düşünýärler» (Türkmenisuaýa iskra, 28.01.1930) diýen makala ýüzlenýäris:

«Mukry (Gyzylaýak etraby) obasyny şepbeşik gara duman ýaly gabahat hyşy-wyşylar gaplap alypdyr. Baýlar, gijäniň garaňkylygyna duwlanyp, özlerine päsgel berýän komsomol Garly Beniýatowyň ykbalyny çözdüler… OL öldürildi, meýdi hatda halta salnyp çuň gurruga taşlandy…

Synpy frontda söweşler güýçlenýär. Öz günleriniň batyp barýandygyna düşünýän baýlar we olaryň guýruklary terrora ýüz urýarlar. Kerki okrugynda soňky wagtlarda Garly Beniýatowdan başga-da birnäçe batraklar öldürildi.

Kerki raýonynyň Astanababa obasynda baýlar tarapyndan bir batrak aýaly pyçaklanyp öldürilipdir.

Hojambaz raýonynyň Mekan obasynda bir batryk habar-hatyrsyz ýitipdir.

Gyzylaýak raýonynyň Mukry obasynda birnäçe gün mundan öň el-aýagy gandallanan bir daýhan aýal tapylypdyr…

Sowetler, partiýa ýaçeýkalary, komsomol, garyplar we batraklar guramalary ähli-güýjüni baýlara garşy aýgytly göreşe bermelidir, zämetkeş daýhanlary şol göreşe gönükdirmelidir.

Biz kosomol Garly Benýatowy we beýleki batraklary öldürenlere berk jeza berilmegini talap edýäris».

1930-njy ýylyň başynda BK(b)P MK-sy we Sowet hökümeti kolhoz gurluşygynyň duşmanlary bilen bellisini etmegi karar etdi. Baý-kulak hojalyklaryny ýok etmegiň anyk çäreleri işlenilip düzüldi.

Bütin ýurtda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem oba Sowetleriniň, raýspolkomlaryň ýanynda «üçlükler» döredildi. «Üçlükler» ýok edilmeli baý-kulak hojalyklarynyň oba komissiýalary tarapyndan taýarlanylan sanowlary tassyklaýardy.

Köplenç halatlarda ýok edilmeli hojalyklaryň emlägi, mal-garasy elinden alynýardy.

Baý-kulak hojalyklary üç topara bölündi. Biriniji topara baý-kulaklaryň aktiwleri girip, olar respublikanyň çäginden başga ýerlere güçürilmeli edildi. Ikinji topara iri baýlardan, tire-taýpa serdarlaryndan ybarat bolup, olary öz raýonlaryndan başga raýonlara göçürmek bellendi. Üçiniji topara girýän baý-kulak hojalyklary bolsa öz raýonlarynyň çäklerinde ýaramsyz ýerlere göçürmek bilen çäklenildi.

1930-1931-nji ýyllarda respublikada baý-kulak hojalyklarynyň 3000-den köprägi ýok edildi. Olardan 1900 gowrak hojalyk Özbegistana, Gazagystana, Demirgazyk Kawkaza, Ukraina göçürildi. Galan hojalyklar Türkmenistanyň öz içinde dürli raýonlara zyňyldy. Hersinde 15-20 maşgala bolan «baý-kulak posýolkalary» şolardan emele geldi. Meselem: Marydaky Semennik, Çärjewdäki Işek arabat, Sarahsdaky Waranha, Aşgabadyň etegindäki (Gämi obasynyň 2,3 kl. demirgazygynda) posýolokalary şeýle posýoloklardan bolmaly. Eobetde, sürgün edilenleriň hemmesi, şol sanda ýaňky sanalan «täze» posýoloklara ýygnalan «synpy duşmanlar» hemişe ýiti gözegçilik astynda bolupdyr. Sähelçe bahana tapylsa ol adamlar ýanalyp, «gözleriniň ody» alnyp durulupdyr.

Türkmenitanyň çäginden çykarylan maşgalalaryň güni hasam agyr boldy. Olara hossar çykan bolmady. Ähli emlägi elinden alynan tuwmaýak goýlan biçäreler ýat ülkelerde, öwrenişmedik howa şertlerinde hojalygyny ýola salyp bilmän görgi baryny gördüler. Olaryň ençemesi hor-homsy ömrüni ötürip gara ýere duwlandy, diňe az sanly 30-njy ýyllaryň ahyrlarynda Sowet hökümetiniň rugsat bermegi bilen yzyna gaýdyp geldi.

1932-nji ýylyň ahyrlarynda respublikada 1308 sany kolhoz bardy. Olar daýhan hojalyklarynyň 75 prosentini birleşdirýärdi. ýeri gelende aýytsak, Türkmenistanyň şol wagtky ýolbaşçylary, aýratynam TK(b)P MK-niň biriniji sekrotary ÝA.A.Popok kolhoz gurmakda bütin SSSR boýunça

«öňe saýlanmak» üçin çalyşýardy. Dogrudanam, Türkmenistan bu meselede köp respublikalary «tozana gardy». Ýöne welin bu hili «özüňi görkezmeklik» il-güne örän agyr düşdi. Iň ýamany beýle «çalt depgindäki öňe gidişlik», ýagny öňki ýekebara hojalyk usulynyň döwülip, kolhoz gurluşygyna geçilmegi 1932-1933-nji ýyllaryň açlygyna sebäp boldy.

1937-nji ýylda respublikada daýhan hojalyklarynyň hemmesi (95,4 prosent) diýen ýaly kolhozçylar hasaplanýardy. Kolhozlaryň sany 1710-a ýetip, ekin meýdanlarynyň 99,4 prosenti şolaryň ygtyýaryndady. Bir söz bilen aýdylanda, obada ýaşajak bolsaň indi diňe kolhozçy (sowhoz ýa-da MTS işçisi) bolmalydy. ýekebara hojalyga, kärendeçilige ýa-da hojalygy ýöretmegiň başga bir görnüşlerine ýer galmady. Hünärmentçiligem diýseň gysyldy, köp ussahanalar dargadylyp, senetkärler kolhozlara sürüldi.

Ekin meýdanlarynyň aglaba bölegine eýýäm gowaça ekilýärdi. Asyrlar boýy yhlas bilen ösdürilip ýetişdirilen halk seleksiýasynyň önümleri bolan ak bugdaý, künji, mäş, tagamy ganda gaýra dur diýýän gawu-garpyzlar we beýleki ekinler ikinji, üçünji sortly ekinleriň hataryna geçdi. Käbir gymmatly sortlar bolsa ýitip gitdi.

Şeýlelikde, kolhoz gurluşygynda ýitgiler-ä ýeterlik bolupdyr. Gazanylan zatlaram boldumyka? Umuman aýdanyňda, ýok däl. kolhoz gurluşygy garyp-gasarlary, batraklary süýthorlaryň süteminden halas etdi. Kolhoza girip olaryň arkasyna ýel çaldy, ýekelik-ýygralyk derdinden dyndy. Müňlerçesiniň özbaşdak ojaga, doly saçaga ýüzi düşdi. Diňe 1933-1937-nji ýyllarda kolhozçy maşgalalaryna mal ediner ýaly 27,2 müň sygyr, 275,2 müň goýun, geçi berildi. 1934-nji ýylda ortaça kolhozçy maşgalalarynyň hersinde 2 goýun bolup, bäşden biriniň sygry ýokdy. 1937-nji ýylda bolsa olaryň hemmesi 5-6 goýunly, sygyrly, üçden biri-de 2 sygyrly hojalyklardy. Kolhozçylara durmuşda gerekli beýleki harytlaryň göýberilişi artdy.

Mehanizmleriň ulanylyp başlanmagy ýer sürümi, gazy-haşar işleri ýaly agyr işlerde daýhanlara uly ýeňillik döretdi. Ozal ýylyň 3-3,5 aýyny erkek adamlaryn 50 müň golaýy haşarda işläp halys surnukýardy. Indi bolsa haşar işleriniň ýarsyna golaýy, şüdügär sürüminiň hemmesi diýen ýaly mehanizimleriň güýji bilen edilýärdi.

Ilat arasynda möwç alýan ýokanç keselleriň öňi alyndy. 1930-1932-nji ýyllarda gyzzyrma, ysytma epidemiýasy respublikanyň ähli raýonlaryny diýen ýaly gaplap alypdy. Mary hem-de Çärjew topar raýonlarynda bolsa bu nägehan ilatyň 70-80prosentini düşege ýykypdy. Trahoma epidemiýasy uly howp salýardy. Gözüniň çorbasy akyp duran, kör bolýan adamlaryň sany gün-günden artýardy. Şu ýagdaýda öňi bilen kolhoz gurlan ýerlerde ýokanç kesellere garşy punktlar açylydy, ilata gyssagly medesina kömegi ýola goýuldy. Şorluklar, batgalyklar dermanlandy, beýleki profilaktiki işler amala aşyryldy. Netijede, zähmetkeşleriň saglygy belli bir derejede goralyp saklandy. Bu bolsa şol ýyllarda il bähbidi üçin edilen iň oňat işleriň biridir.

Bir söz bilen aýtsak, kolhoz gurluşygy, käbir oňat taraplarynyň bardygyna garamazdan, türkmen obasyny «içinden ýat elementleri» saýlanan kolhoz obasyna, türkmen daýhanyny pagtaça öwürdi. 1938-nji ýylda kolhoz meýdanlarynda gazanylan zähmet günleriniň eýýäm üçden biri aýal-gyzlaryň paýyna düşdi. Diýmek, kolhoz gurluşygy netijesinde tükmen daýhany tutuş maşgalasy bilen «pagta gulçulygy» eýýamyna aýak basdy.

### 4. Çarwalaryň oturymlylyga geçirilmegi

Kolhoz gurluşygynyň öňüsyrasynda respublikada 24 müňe golaý hojalyk çarwaçylyk bilen meşgullanýardy. Çarwalaryň umumy sany 128 müň adam bolup, olaryň ilatyň 15 prosentine barabardy. Sosial taýdan alanyňda, çarwalaryň 10

prosenti baýlar, 31 prosenti orta gurpdaky hojalyklar, 59 prosenti bolsa garyp çarwalardy.

Elbetde, çarwaçylygyň hem özüne ýetik medeniýeti bardy. Nesilleriň ylhamy siňen arwanadyr iner-maýalar, araby-garaköli-saryja goýun sürüleri Garaguma agyp-dünüp ýördi. Çarwaçylyk hojalygynyň diňe eti, ýüňi däl, süýt önümleri-de tutuş ülkäniň ilatyny üpjün edýärdi. Dogrusy, mal yzyna göçüp-gonup ýören çarwalaryň güni ýeňil däldi. Olryň durmuşyna döwlet tarapyndan azda-kände goltgy beriläýse, mysal üçin, çagalary okadylsa, özlerine söwda, medeni hyzmatlar edilse gelişmän durmajakdy.

Dogrydanam, çarwa ilaty birbada ugruna kowuldy. Çarwalaryň arasynda oba Sowetleri-de ilki taýpa-tire alamatlary boýunça döredildi. ýene-de bir üns bermeli zat, olam çarwaçylyk bilen meşgullanýan buluçlaryň, jemşitleriň, hazarlaryň hem hersiniň öz oba Sowetleri döredildi.

Taýpa-tire aksakallary oba Sowetleriniň başlyklygyna saýlandy. Şolaryň üsti bilen Sowet häkimiýeti çarwalara öz täsirine ýetirip ugrady. 1927-1928-nji ýyllarda türkmen taýpa-tire oba Sowetleri, 1931-nji ýylda bolsa beýleki milli oba Sowetleri ýatyryldy, olaryň ýerine territorial oba Sowetleri döredildi. Oba Sowetleriniň ýanynda söwda dukanlary, başlangyç mekdepler açylyp, ilat ýuwaş-ýuwaşdan şolaryň töweregine ornaşyp başlady. Oturymlylyga geçýän hojalyklara hökümet ýeňillikler berýärdi: olara tohum mallar, oba hojalyk gurallary berlip, 3-5 ýylyň dowamynda oba hojalyk salgydyndan boşadylýardy.

Şeýle-de bolsa çarwaçylyk hojalygynyň ösüşi kolhoz gurluşygynyň depgininden yza galýardy. Şonuň üçin bu işde-de birneme «tijenmek» zerur hasap edildi.

TSSR MIK-niň we HKS-nyň 1931-nji ýylyň 10-njy iýunynda «Türkmenistan SSR-niň çarwa ilatynyň suw çeşmelerini (guýularyny) hem-de öri meýdanlaryny millileşdirmek, hasaba almak we gaýtadan bölmek hakyndaky»

kararynda şeýle ýazylypdyr: «Çarwaçylyk hojalygynyň ösüş depgininiň juda haýallygynyň esasy sebäpleri şulardan ybarat:

1. Mallaryň ähli görnüşleriniň baş sanynyň köpüsiniň pomeşik-baý-kulak, gurply ekspluatator çarwa hojalyklarynyň elinde bolmagy.
2. Sürüleriň düzülişinde, guýulardan we öri meýdanlardan peýdalanylyşynda feodal-urugçylyk galyndylaryň häzire çenli saklanylmagy, şundanam batraklaryň we garyp-orta çarwa hojalyklaryň köpüsiniň pomeşik, baý-kulak hojalyklara, tire serdarlaryna baknalygy hem-de ezilip gelmegi.
3. Çarwaçylyk hojalygynyň örän haýal kollektiwizisiýalaşdyrylmagy…

Bu wezipeleri üstünlikli çözmegiň esasy şerti ähli guýularyň, suw çeşmeleriniň doly millileşdirilmegidir, hasaba alynmagydyr we batrak, garyp-orta çarwalar köpçüligine gaýtadan bölünip berilmegidir.

TSSR ýer-suw kodeksiniň 2-nji maddasynda laýyklykda hem-de Sowetleriň bütüntürkmen gurultaýlarynda birnäçe gezek beýan edilen zähmetkeşleriň erk-islegini nazarda tutup, Merkezi Ispolnitel Komiteti we Halk Kommisarlar Soweti karar edýär:

1. TSSR-iň çarwa böleginde ýerleşen ähli suw çeşmeleriniň (guýular, sardoblar, kakar, oýlar we beýleki suw çeşmeleri hem-de suw howdanlary) töweregindäki öri meýdanlary bilen millileşdirilýändigi yglan edilýär, olar döwlet eýeçiligine geçýär we TSSr ýer işleri baradaky halk komissariatynyň hem-de onuň ýerli organlarynyň ygtyýaryna berilýär.

2. TSSR-iň çarwa böleginde ýerleşýän guýulara hem-de suw çeşmelerine aýry-aýry adamlaryň ýa-da tireleriň eýeçilik hukugy hemişelik ýatyrylýar, ähli suw çeşmeleri töweregindäki öri meýdanlary bilen ilatyň garyp-batrak hem orta gatlaklaryna, maldarçylyk kolhozlaryna, koperatiw sürülere, sowhozlara mugt ulanylmaga berilýär.

3. batraklardan we garyp-orta çarwalardan guýularyň, beýleki suw çeşmeleriniň suwuny, şeýle hem öri meýdanlary peýdalanany üçin pul, natura ýa-da başga bir görnüşde hak almak gadagan edilýär.

Guýulary we öri meýdanlary pedalanany üçin töleg tölemäge diňe pomeşik, baý-kulak hem-de gurply çarwa hojalyklary degişlidir…»

Guýularyň we öri meýdanlarynyň millileşdirilmegi çarwalary kolhoz gurluşygyna çekmek prosesini tizleşdirdi. Çarwa baýlaryň elinden diňe guýulary, öri meýdanlary däl, mallary-da alyndy. Basmaçylary goldan çomur baýlary hem mallaryny «hak eýesine» bermeli boldular. Çarwadyr-çomur baýlarynyň elinden alynan goýun sürileriniň, düýeleriň, sygyrlaryň hasabyna maldarçylyk sowhozlary döredildi. Diňe bir 1931-nji ýylda baýlardan alnan 90 müňdenem köpräk baş mal sowhozlara berildi. Doly däl maglumatlara görä, baýlaryň şonçarak maly kolhozlara, basmaçylara garşy söweşlere gatnaşan ýa-da basmaçylar tarapyndan zyýan çeken hojalyklara-da paýlanyp berildi.

1932-1933-nji ýyllarda çarwa hojalyklarynyň 3000-den gowragy oturymlylyga geçirildi. Olaryň ornaşan ýerlerinde 98 kolhoz guruldy. 1940-njy ýylyň başyna çenli şeýle ýerlerde 123 kolhoz gurlup, olar çarwalaryň 87 prosentin özüne birleşdirýärdi. Merkezi Garagumdaky Kyrk guýy raýonynda 1700-e golaý çarwa hojalyklary bardy. Olar Tejen derýasynyň aşak akymlaryna göçürildi. Esenguly we Gyzyletrek raýonlaryndaky çarwalar Gazanjyk we Gyzylarbat raýonlarynyň ekerançylyk bilen meşgullanýan obalaryna göçürildi.

1940-1941-nji ýyllarda ýerbent, Aşgabat, Gökdepe, Nebitdag raýonlaryndaky çarwa hojalyklaryň 4900-e golaýy Saýat, Sakar, Garabekewül, Kerki raýonlaryna göçürildi. Garagumdaky çarwalaryň 3000-e golaýy bolsa Nebitdagyň, Jebeliň, Oglanlynyň, Sernyý zawodyň töwereklerinde ornaşdylar.

Şeýlelikde, çarwalaryň oturumly ýagdaýa geçirilmegi baradaky syýasat hem «ýeňdi». Ozal çarwa hojalyklarynyň 24-müňe golaýy bolan bolsa, indi gös-göni mal yzynda ýören 9,5 müň çarwa hojalygy galdy. Olaram, umuman, kolhoz-sowhoz mallaryny makýardy.

Ýöne şol «ýeňiş» zerarly çarwaçylyk hojalygy ummasyz zyýan çekdi. Mallary elinden alynýan baýlar olary ýetişibildiginden serhetden aşyrýardylar, ýetişibildigini öldürýärdiler. Öz gepi-sözi ýetýänlere-de şeýtmegi ündeýärdiler. Netijede, mal janawerleriň gyrgynçylygy juda gözeilginç hem-de uzak boldy.

Türkmeniň belli taryhçysy Sapardurdy Kakabaýewiň maglumatlaryna görä, SSSR-iň merkezi raýonlarynda mallaryň gyrgynçylygy diňe 1928-1929-njy ýyllarda bolan bolsa, Türkmenistanda tutuş birinji bäşýyllygyň ýyllarynda dowam etdi. Daşary ýurtlara sürülmek, gyrylmak zerarly respublikada atdyr-ýabylaryň üçden biri, sygyrlaryň üçden ikisi, düýeleriň ýarsyndan-da köpisi ýok edildi. 1934-nji ýylyň 1-nji iýulynda 1929-njy ýyl bilen deňeşdirilende respublikada mallaryň diňe 35 prosenti galypdy. Soňky ýyllarda maldarçylygy dikeltmek boýunça ep-esli işler edildi. Ýöne mallaryň baş sany öňki derejesine ýetirmeg-ä beýlede dursyn, golaýlatmagam başartmady.

Ine, şeýdip Türkmenistanda, görşümiz ýaly köp halatda ilata gönüden-göni zor salnyp, kolhoz gurluşy amala aşyryldy.

## V. Senagat (Industrializasiýa)

### 1. Senagat kärhanalarynyň gurulmagy

Sosializim gurluşygynyň başynda Türkmenistanda iri senagat kärhanalary ýok diýen ýalydy. Milli işçi, inžener-tehniki kadrlaryny indi taýýarlamalydy.

Bu iş uly güýç, serişde talap edýärdi. Emma ýurt kopitalistik gabaw şertlerinde ýaşaýarka daşardan kömek berjek

ýokdy. Diňe içki serişdelere daýanmalydy. Has takygy, obanyň resurslaryny, zähmetkeşleriň güýç-gaýratyny ulanyp ösen senagaty döretmelidi, şonuň esasynda goranyşy berkidip, halk hojalygyny pugta aýaga galdyrmalydy. Onsoňam bu işleri örän çalt etmelidi.

Döwlet zaýemlary çykarylyp başlandy. Rewolýusiýanyň yzysüre togtadylan arak zawodlary ýene-de işläp ugrady. Obanyň resurlaryna daýanyldy. Halkyň güýç-gaýratyny doly ulanmagyň serişdesi-sosialistik ýaryşa giň gerim berildi. Galyberse-de, synpy göreş şertlerinde barha köpelýän lagerleriň bendileriniň sanam ýylsaýyn artdy. Garaz, iş ýola düşdi.

Türkmenistan täze kärhanalary gurmak köne ownuk kärhanalary rekonstruksiýalaşdyrmak bilen utgaşykly alnyp barylýardy. Çelekeniň nebit, Jebeliň duz, Garabogazyň mirobilit-sulfat promyselleri, Gyzylarbadyň baş demir ýol ussahanasy täze tehnika bilen enjamlaşdyryldy. Bir wagtyň özünde diýen ýaly 90-a golaý iri senagat kärhanalarynyň gurluşygy başlandy. Respublika giden bir gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Ähli işler diýen ýaly el güýji bilen edilýärdi. Şonda-da işleriň depgini örän ýokarydy. Dokumentleriň görkezişine görä, adamlar ýaryşyp işleýärdiler, olara aýytmak gerek däldi. Gije-gündizde 9-14-16 sagat işleýänlerem bardy. ÝOgsam zähmet haky-da ujypsyzdy. Ýöne adamlar gara derini saçyp, uly hyjuw bilen işleýärdi. Sebäbi edýän işlerine olaryň uly ynanjy bardy.

1928-nji ýylda Aşgabatda ilkinji iri senagat kärhanalary-ýüpek we dokma famrikleri işe girizildi. 1931-nji ýylda Çärjew ýüpek fabrigi, 1934-nji ýylda Derwezäniň kükürt zawody, 1935-nji ýylda Aşgabadyň mehaniki zawody, köwüş, tikin, pamyk fabrikleri ulanmaga berildi. 1938-nji ýylda Aşgabadyň mehaniki aýna zawody, Garabogazyň himiýa kombinaty, 1939-njy ýylda Çelekeniň ýod-brom zawody işläp başlady.

Şol ýyllarda Baýramalynyň et kombinaty, Çärjewiň we Krasnowodskiniň gämi remont zawodlary rekonstruksiýalaşdyryldy. Elektirik stansiýalar guruldy. Köp sanly azyk, gurluşyk materiallary kärhanalary işe girizildi.

Köplenç senagat kärhanalary gurulýan ýerlerde işçi posýoloklary hem döreýärdi. Olardan käbiri dura-bara şähere öwrüldi. Bu babatda türkmen nebitçileriniň merkezi hökmünde dörän şu günki Balkan welaýatynyň merkezi Nebitdag aýdyň mysaldyr. Onsoňam bu gözel şäher eýýäm şol wagtlardan başlap, ýerli milletden, hut türkmenleriň özünden işçi milletden, hut türkmenleriň özünden işçi kadrlarynyň



AŞGABADYŇ ÝÜPEK FABRIGINIŇ AÇYLYŞY.
1928-nji ýyl.

ýetişdirilýän ýeri bolup taryha giripdi. Nebitdagyň döreýişi barada 1938-nji ýylda taýarlanan bir dokument ünsi çekýär:

«…Nebitdag» diýilýän ýere ilkinji nebit rawetkaçylary Konşin bilen Simonow gelende bu taýlary iňläp ýatan boş meýdandy. Köp ýyllaryň dowamynda razwedkaçylar Nebitdagda şowsuzlyga duçar boldular. Olar köp harajat sarp etdiler, emma nebit alyp bilmediler. Şonda ulanylan

«tehnikadan» häli-häzirem Nebitdagyň käýerinde saklanyp galany bar».

Bu günki Nebitdag tanalmaz ýaly özgeripdir. Bir wagtlar tozap ýatan Nebitdagda iň täze tehnika bilen ýaraglanan uly nebit promyseli emele geldi. Bu ýerde dizel elektrostansiýa sy, nebit işläp çykarýan zawod ýaly iri kärhanalar guruldy. Promyseliň özünde hem-de ondan 27 kilometr uzaklykda işçi-nebitçiler üçin kiçiräk şäherjikler guruldy.

Ýöne çöldäki industrial merkeziň iň uly ýeňişleriniň biri-ozalky çarwalaryň arasyndan biziň sosialistik senagatymyzyň öndebaryjy tehnikasyny özleşdiren hem-de özleşdirýän adamlaryň ösüp ýetişmegidir.

Ynha, promyselde beldi adam, burow naçalnigi Hoja Sopyýew. Batragyň ogly, özem batrak. Ol öň baýyň sürisini bakypdyr. Soň köp wagtlap Kaspide ýolagçy gaýgynda işläpdir. Emma özüniň hakyky kärini diňe Nebitdagda tapypdyr. Hoja Sopyýew burow tehnikasyny tiz özleşdirdi. Ol türkmenden ýetişen ilkinji burow ussasydyr. Stahanowçylyk işi üçin SSSR hökümeti ony «Hormat Nyşany» ordeni bilen sylaglady. Hoja Sopyýew TSSR ÝOkary Sowetiniň deputatlygyna saýlandy, ol respublikanyň ÝOkary Sowetiniň Prezidiumynyň hem agzasydyr.

Burow tehnikasyny promyselde ýönekeý işçi bolup işe başlan Geldiýew hem oňat özleşdirdi. Häzir oňa burowda özbaşdak işlemek ynanyldy. Geldiýew burow ussasy edilip bellenildi. Ozal sowatsyz bolan burowlaýjy Kadyr Annaberdiýew we onuň işdeş ýoldaşlarynyň ençemesi önümçilikde oňat işleýärler hem-de ösýärler…

Gumda dörän industrial merkez Nebitdag täze adamyň hem ajaýyp ojagydyr. Öňki çarwa-maldarlaryň we batraklaryň çagalary bu ýerde praktiki mekdep geçip öňde baryjy işler, «önümçiligiň komandirleri bolup ýetişýärler».

1938-nji ýylda Türkmenistanda iri senagat kärhanalarynyň 300-e golaýy bardy. Bular rewolýusiýadan

soňky döwürde gurlan ýa-da rekonstruksiýalaşdyrylan kärhanalar bolup, respublikanyň senagat önümleriniň 94 prosentini öndürýärdi.

Senagatyň strukturasynda esasy orny metal işläp bejerýän, energetika, ýangyç we himiýa senagat kärhanalary eýeledi.

Türkmenistanyň agrar keşbi ep-esli derejede özgerdi. Aýdylyşy ýaly, ol industrial-agrar ülkä öwrülip başlady.

Ýöne onuň bir emmasy bardy. Türkmenistanda senagat gurluşygynyň häsiýeti ülkäniň umumy agrar keşbini saklajaga meňzeýärdi. Gurulýan zawod-fabrikler köplenç diňe ýerli çig maly işläp bejermeklige niýetlenendi. Taýar önüm öndürýän kärhanalar juda az gurulýardy. Täzeden işlenen ähli çig mal bolsa Orsyýetiň «gerekli ýerlerine» iberilýärdi. Onsoňam zawod-fabrikler diňe şäherlerde guruldy. (şol wagtlar, belki, bu dogrudyram. Emma, ol soňky döwürlerde-de dowam etdirildi). Halkyň aglaba köpçüliginiň oturan ýeri bolan obalar bolsa «öňki gullugyna, öňki dullugyna» galyberdi. Üstesine obalardaky ata-babalardan galan mirasgeçer senetçiligem (halyçylykdan ňňesi) uly zyýan çekdi. Ol döwlet tarapyndan goldaw tapmady. Gaýtam, tersine, kem-kemden ýitip gidýän derejä çenli ýetirildi. Munuň soňra nähili nogsanlary döredenligi hiç kime gizlin däldir.

Şol ýyllarda Türkmenistanyň transportynda hem belli bir özgerişlikler bolup geçdi. 1936-njy ýylda Aşgabatda SSSr-de ilkinji teplowoz deposy işe girizildi. Demir ýolda parowozlar teplowozlar bilen çalşyryldy. Respublikanyň oblast, raýon merkezleriniň arasynda şosse ýollary gurlup başlandy. Ozal diňe bir Daşhowuz topar raýonlarynda 10 müňe golaý araba, ýüzlerçe kerwenler bolup, ähli ýükler şolar bilen daşalýardy. Indi bolsa awtomobiller ýola çykdy. Respublikada ilkinji howa ýollary açyldy.

Emma şosse ýol gurluşygy entek diýseň haýal depginde barýardy. Inžener kadrlar ýetmeýärdi. Material üpjünçilik örän pesdi. Netijede köp ýerlerde başlanan ýol gurluşyklary uzaga

çekip, wagtynda tamamlanman galýardy. Şonuň ýaly ýollaryň biri hakynda şahyr Çary Gurbangylyjow şeýle ýazypdy:

«Marydan Peşanala bir ýol salynýar,
Başlanany ýedi ýyldan bilinýär,
Pyşdylyň tempinde işläp gelinýär,
Başlanyp-taşlanan ýoly bar ýoly.

Eý Amaşa-Gökje hany ýoluňyz,
Köprülerden geçip bilmez malyňyz,
ÝA-da bejermäge ýokmy halyňyz
Suwdan çykarmaly maly bar, maly».

## 2. Milli işçi kadrlarynyň taýarlanylyşy

Republikada milli işçileri taýarlamak senagat kärhanalaryny gurmak bilen utgaşykly alnyp baryldy. Professional-tehniki mekdepler we fabrik-zawod şägirtçiligi (FZU) mekdepleri açyldy. Eýýäm 1925-nji ýylyň dekabrynda respublikanyň proftehokuw sistemasynda 1914 adam okaýardy.

Türkmenistan üçinhünärli işçi kadrlary beýleki respublikalarda hem taýarlanyldy. Özem okuwa iberilýän ýaşlar düýbi tutulan ýa-da tutuljak kärhanalaryň gurluşygy gutarýança hünär öwrenip ýeler ýaly edilip iberilýärdi. Mysal üçin, Aşgabat dokma fabriginiň gurluşygyna 1927-nji ýylda başlanyldy. Emma türkmen ýigitleriniň, gelin-gyzlarynyň 300-e golaýy şondan bir ýyl öň Orsyýetiň Reutowa, Orehowo-Zuýewo, Kalinin (häzir Tewr) şäherleriniň dokma fabriklerine iberilipdi. Olar günde üç sagat okap üç sagadam işleýärdiler. Ine, işe-okuwa uly yhlas bilen ýapyşan ýaşlaryň käbiriniň atlary: Aýna Gurbanowa, Hesel Nepesowa, Annajemal Kakajanowa, Ogulmyrat Seýitgulyýewa, Patma Kulyýewa, Gara ÝAýlymow, Kyýas Sopyýew, Muhammet Garajarow, Ata Annanyýazow, Bozagan Durdyýew, Sähet Çaryýew, Batman Bakyýew, Çary Öwezdurdyýew, Aga Ilbaýew, Amangül

Mämmedowa, Hezretguly Mämmedow, Muhy Mämmedow, Güller Aýmedowa, Gylyç Aýmedow. Gelinleriň birnäçesi hünär öwrenmäge adamsy bilen bilen iberilipdi. Bu türkmen maşgalasynyň durmuş aýratynlyklary nazarda tutulyp şeýle edilipdi.

Türkmen ýaşlary üç ýylyň dowamynda Orsyýetiň şäherlerninde dokmaçylylyk hünärini kemsiz ele alyp 1928-nji ýylyň ahyrlarynda Aşgabada gaýdyp geldiler. Aşgabat dokma fabrigi işe girizilende onuň stanoklarynyň başynda iş orunlaryny ýeýelediler.

Şol 1928-nji ýylda Aşgabatda ýüpk fabrigi hem işe başlady. Onda işlemek üçin türkmen ýaşlaryndan onlarçasy Samarkandyň ýüpek fabriginde hünär öwrenip gelipdiler. Ýöne heniz dokmaçylaram, ýüpekçilerem näçe diýseň gerekdi. Şonuň üçin golaýdaky obalara ýörite aýlanyp, gelin-gyzlar bu fabriklerde işlemäge çagyrylýardy. Çagyryş bilen gelen aýallar başda näçe ýokuş gören bolsalar-da börükdir-ýaşmagy taşlamaly boldular. Köpçüligiň içinde, stanogyň ýanynda işlemek üçin gaýym geýinmegiň amatlydygyny durmuşyň özi görkezdi.

Şol ýyllarda işçi kadrlarynyň taýarlanyşy barada bir dokumente ýüzleneliň. Ol 1933-nji ýylyň 1-nji aprelinde ýazylypdyr:

«Türkmenistanda senagatyň ösmegi proletar kadrlarynyň çalt köpelmegine getirdi. Mysal üçin, biriniji bäşýyllykda, ýagny 1929-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan 1933-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli senagat işçileriniň sany 3561-den 7879-a çenli ýa-da 121 prosent artdy, türkmen milli proletar kadrlarynyň taýýarlanyş depgini ondan hem çalt boldy.

Şu döwürde senagatda türkmen işçileriniň sany 883-den 2185-e çenli ýa-da 148 prosent artdy, eger Orta Aziýanyň beýleki milletlerinden bolan işçileri hasap etsek, onda türkmen we beýleki ýerli milletlerden bolan işçileriň sany 3231 adama çenli köpeldi.

Işçileriň umumy sanynda türkmenleriň udel agramy 1929-njy ýylda 24,4 prosent bolanlygyndan 1933-nji ýylda 27 prosente çenli, beýleki ýerli milletlerden bolan işçileride goşanymyzda bolsa 41 prosente çenli artdy….»

Demir ýolda, deňiz-derýa parohodçylygynda hem hünärli türkmen işçileri peýda boldy. Gurban Tokor, Nowruz Nepes ilkinji türkmen teplowoz maşinistleri bolan bolsa, 1934-nji ýylda Balaşow awiamekdebini tamamlan Anjan Amanow ilkinji türkmen lýotçigidir.

1928-nji ýylda respublikanyň senagatynda we transportynda türkmen we beýleki ýeri milletlerden 883-sany işçi bardy. 1938-nji ýylyň başynda bolsa olar 15 müňe ýetdi. Şu ýyllarda respublikada senagat işçileriniň umumy sany 3,6 müň adamdan 36 mün adama çenli artdy. Olaryň münlerçesi işde stahanowçy-zarpçylardy.

Umuman, milli işçileriň taýarlanylyşy barada aýdylanda ýagdaý şeýle. Gysga wagtyň içinde edilen iş az däl. Ýöne munda-da şol emma bar-da. ÝAgny türkmenlerden zawod-fabrikişçileri kemala gelip başlady, ýöne hünärine kämillik tarapdan olardan eger-eger kem bolmadyk zergärleriň, nakgaşlaryň, demirçileriň, öýçileriň, küýzegärleriň we beýleki ussularyň ýüzüne uruldy. Belli-belli senetçiler obalary, aýratynam Mary, Daşhowuz okruglarynda, Lebap boýlarynda, indi pagtaçylar obalaryna öwrüldi.

Bu diňe hojalyk medeniýetindäki opurylyşyk däl, eýsem uly ahlak ýitgisidi.

## VI. Medeniýet (Medeni rewolýusiýa)

Sosializim gurluşygynyň esasy ugurlarynyň biri medeni rewolýusiýady. ÝOgsa-da medeni rewolýusiýa näme? Ol Türkmenistanda boldymyka? Ýönekeýräk aýdylanda, medeni rewolýusiýa köne medeniýetiň döwülip, täze medeniýetiň ösdürilmegini, adamlaryň aňynyň şoňa laýyklykda taplanmagyny aňladýar. Türkmenistanyň şertlerinde ol milli medeniýetiň döwülip, ors medeniýetiniň çygrynda taslanýan sowet medeniýetiniň ornaşdyrylmagydyr, şoňa kybapdaş sowet adamsynyň kemala getirilmegidir. Diýmek, medeni rewolýusiýa bolupdyr.

Esasy gürrüňe geçmänkäk ýene-de bir zady anyklalyň. Sowet döwrinde türkmen milli medeniýetiniň ösüşi baradaky mesele örän bulaşdyrylan mesele. Taryh ylmynda şular ýaly ýoýulan, nigilistik nazarýetden garalyp halys kesidilen mesele başga ýok bolsa gerek. Ol näme üçin beýle bolduka? Onuň düýp sebäbi bu ýerde halkyň özi, onuň emer-damary hakynda gürrüň gozgalýanlygyndadyr. Hökmürowan totalitarizim bu babatda hatda kolonial düzgündenem öte geçdi. Mälim bolşy ýaly, patyşa hökümeti türkmenleriň milli medeniýetini känbir «taraşlajak» bolmandy. Sowet hökümeti bolsa hut şu meselede juda «işeňňirlik» görkezdi. Elbetde, 70 ýylda bu mesele boýunça ýazylan zatlary seljeräýmek ýeňil iş däl. Ýöne, näçe kynam bolsa, biz oňa girişmelidiris. Şonuň üçinem bu meselede biziň käbir garaýyşlarmyzyn entek jedellidigi tebygydyr.

Medeni rewolýusiýa barada söz açylanda ozaly bilen sowatsyzlyk meselesi örboýuna galýar. Türkmen halky ozal medeniýet taýdan yzagalak diýlip ýetjiklenip gelindi. Emma onuň juda şeýle däldigi bellidi. Mysal üçin, 1913-nji ýylyň maglumatlaryna görä, diňe bir Zakaspi oblastynda 492 sany köne tipli mekdep bolup, olarda 2903 oglan-gyz okapdyr, deňli-derejeli 63 medresäniň bolsa 719 talyby bar eken. Hywanyň we Buharanyň türkmen etraplarynda hem mekdep-medreseleriň şundan az bolmandygy düşnüklidir.

Şol mekdep-medreseleri her ýylda müňlerçe adamlaryň tamamlandygyny nazarda tutsak, onda hiç bolmanda ilatyň «uçdantutma sowatsyz» bolmandygyna göz ýetireris. Magtymgulynyň, Keminäniň, Mollanepesiň, Seýdiniň, Zeliliniň, Şabendäniň, olardan başga-da onlarça akyldarlaryň hut şol mekdep-medreselerden çykandygyny ýatlasak bolsa, onda «köne sowadyň» hiline-de at dakmaga dilimiz barmaz. ýeri, onda şol ilatyň diňe 0,7 prosenti sowatly bolupdyr diýilmegine nähili düşünmeli? Asla, ony beýle hetjikläp ýörmek nämä gerek boldyka? Biziň pikirimizçe, şol san türkmenleriň orsça okap-ýazyp bilýänleriniň görkezijisi bolmaly. ýeri ilaty halys kesidiji, masgaralaýjy bu sany syýasy propagandanyň höregine öwürmek bolsa, zähmetkeşleri «köne dünýä-niň kömründenem garadygyna» ynandyrmak üçin gerek bolupdyr.

Dogrusy, Kommunistik partiýanyň we Sowet hökümetiniň resmi dokumentlerindesosialistik jemgiýetde-de geçmişiň ähli gowy zatlary, halklaryň asylly däp-dessurlary harlanylmaly däldir diýlip nygtalýardy. Emma iş ýüzünde welin ol beýle bolmady. Milli respublikalarda, şol sanda Türkmenistanda bu görkezmelerden ugur alynmady. Gaýtam köp halatlarda milli medeniýete hut könäniň zyýanly galyndylary hökmünde garaldy. Olardan arany açmaly diýlen şygyr öňe sürildi. Halkyň musulman medeniýeti bilen baglanyşykly baý ruhy mirasy, asla arap ýazuwynyň özi «könäniň galyndylary» hasap edildi. Olardan tiziräk saplanmak maksat edildi. ÝOgsa-da 1928-1929-njy ýyllarda arap ýazuwyndan latyn ýazuwyna geçilmegem şol mesele bilen belli bir derejede bagly bolupdy. Şondan on ýyl geçenden soň bolsa latynçanam taşlap ors ýazuwyna geçmeli boldy. Türkmenlerde «iki göç bir talaň» diýilýär. 10-12 ýylyň dowamynda ýazuwyň iki gezek çalşyrylmagy halkyň ruhy dünýäsine talaň saldy.

Elbetde respublikada 1928/29-njy okuw ýylynda köne mekdep-medreseler ýapylanam bolsa, täze sowet mekdepleriniň, sowatsyzlygy ýok ediş mekdepleriniň sany

barha artýardy. Diňe 1928-1932-nji ýyllarda şäherlerde we obalarda umumybilim berýän mekdepleriň 237-si guruldy. Sowatsyzlygy ýok ediş mekdepleriniň sany 5 müňe ýetdi.

Mugallymlary taýarlamak işleri ýola salyndy. 1931-nji ýylda Aşgabatda pedogogik inistitut açyldy. Bu Türkmenistan diýlip yglan edilenden soňky ilkinji ýokary okuw jaýydy. Daşhowuzda, Çärjewde mugallym kadrlaryny taýarlaýan pedogogik uçilişeler işläp başlady. Mekdep gurluşygy hem-de mugallymlary taýarlamak işleriniň gerimi 1931-32-nji okuw ýylynda ähli umumy hökmany başlangyç bilimi girizmäge mümkinçilik berdi.

1931-nji ýylda Türkmenistanda ýene bir ýokary okuw jaýy-Türkmen oba hojalyk inistituty, 1932-nji ýylda Türkmen döwlet medesina inistituty açyldy. Oba hojalyk, medesina tehnikumlarynyň sany artdy. 1937-38-nji okuw ýylynda Türkmenistanda ýokary okuw jaýlarynyň 5-si, tehnikumlaryň 34-si, umumybilim berýän mekdepleriň 1442-si, sowatsyzlygy ýok ediş mekdepleriňem müňlerçesi işleýärdi. Umuman, respublikada 423,5 müň adam ýa-da ilatyň üçden biri okuwlaryň dürli görnüşleri bilen gurşalyp alnypdy.

Aýdylanlary delillendirmek üçin 1938-nji ýylyň başynda TSSR Halk magarf komissariatynyň Türkmenistanda 1924-1938-nji ýyllarda medeni gurluşygyň barşy barada taýarlanan hasabatyny synlap geçeliň. Onda şeýle maglumatlar bar: «…Türkmen mekdebiniň kadaly ösüşi milli bölünişik pursadyndan-1924-nji ýyldan başlandy. 1925-nji ýylda onda eýýäm jemi 16,9 müň okuwçy okaýan umumybilim berýän mekdepleriň 170-si bardy. Çagalaryň, umuman, mekdep bilen gurşalyp alnyşy 6,4 prosente barabardy. Mekdepler, esasanam, şäherlerde hem-de demir ýoluň gyrasynda oturan obalarda ýerleşýärdi.

Umumy bilim berýän mekdepler uzakdaky obalara birbada aralaşyp bilmedi, onuň üçin synpy duşmanlaryň gazaply garşylygyny ýeňip geçmeli boldy. Emma ähli garşylyklara we kynçylyklara garamazdan, birinji bäşýyllygyň

başyna çenli Türkmenistanda mekdepleriň sany 1925/26-njy okuw ýylyndakydan 298 prosent artypdy (Türkmenistanda eýýäm 31,8 müň okuwçysy bolan 508 mekdep işleýärdi).

Mekdepleriň jaý bilen üpjünçiligi 1936-njy ýylda geçirilen paspotlaşdyrmagyň material boýunça şeýle: barlanyp görlen 1233 mekdebiň 40,7 prosentini ýewropa tiplijaý bar, galanlary ýerli tipli pagsa jaýlarda, şeýle hem giňem bolsa mekdep üçin amatsyz öňki detjitlerde ýerleşýär...

Patyşa hökümetinden galan agyr mirasy-sowatsyzlygy ýok etmekde respublikanyň üstünliklerini şu görkezijiler bilen häsiýetlendirmek mümkin: 1916-njy ýyl-0,7 prosent; 1924-nji ýyl-3,1; 1926-njy ýyl-9,6; 1936-njy ýyl-51,9; 1937-nji ýyl-59,4 prosent…»

Bu sanlar nämäni görkezýär? Olar Türkmenistanda gysga wagtda köp sanly okuw jaýlarynyň gurlup, ilatyň garry-gurtylardan hem-de mekdebe çenli ýaşly çagalardan öňňe hemmesini diýen ýaly okuwa çekilendigini görkezýär. Ony inkär edip bolmaz. Işiň barşynda başlangyçdan ýokary bilime çenli yzygiderli bilim sistemasy emele geldi. Mekdeplerde dünýewi dersleri okamaklyga giň mümkinçilikler açyldy. Okuwlaryň ylmy-metodik derejesi ýokarlandy. Emma… Mekdep durmuşynyň «bir galypa» salynmagy okuwçylaryň ukyp-başarnygy nazara alynmazdan tutuş klasa, hemmelere niýetlenen sapaklaryň geçmegi magaryf işinde durgunlygyň başyny başlady. Şahsyýeti kemala getirmäge ýaramaz täsir etdi. Halk magaryfyny ösdürmekde göýberilen ýalňyşlyklar başga-da kän.

Meselem, şol wagtyň resmi dokumentlerinde eýýäm 30-njy ýyllaryn ahyrlarynda Türkmenistanda sowatsyzlyk umuman ýok edilýärdi. Iş ýüzünde bolsa ýagdaý başgaçady. Sebäbi ilatyň köpüsi sowady latynça öwrenipdi, şonuň üçin 1940-1941-njy ýyllarda ors ýazuwyna geçilmegi bilen ozalky az-kem sowatly bolanlaram ýene-de öňkisi ýaly sowatsyzlaryň hataryna goşuldy.

Medeni rewolýusiýanyň barşynda göýberilen iň gödek ýalňyşlyklaryň biri hem diňe dine uýýanlara ýowuz daralmagy boldy. 1929-njy ýylda Türkmenistanda Hudaýsyzlaryň söweşjeň soýuzy döredildi. Soýuzyň köp sanly ýerli guramalary, müňlerçe aktiwistleri bardy. Özlerem diniň «halk üçin tirýekdigine» ynandyrylan, il-güni çaltrak «bu belanyň torundan» çykarmaga ymtylýan ýaşlardy. Hudaýsyzlar soýuzy soňabaka dine garşy iş geçirmekde respublikanara ýaryşlarada gatnaşdy. Bu ugurda toplanan «öňde baryjy tejribe» hudaýsyzlaryň raýon, oblast konferensiýalarynda, respublikan gurlutaýlarynda ara alnyp maslahatlaşylyp, hemmelere elýeterli edilýärdi. Netijede dine garşy alynyp barylan barlan göreş wagz-nesihat häsiýetini ýitirip, ýykgynçylyga ýüz urdy. Türkmen obalaryndaky metjit-medreseleriň ýykylany ýykyldy. Ýyldaky, ymyklydygy hojalyk hajatlary üçin kolhoz – sofhozlara ulanmaga berildi. Ahunlar, işan-mollalar yzarlanyp başlandy. Olaryň ençemesi tussag edilip, «Sibirde gözi açdyryldy».

«Könäniň galyndylaryna» nähili ýowuz daralandygyny arap elipbiýinde ýazylan kitaplaryň ykbalyndanam çen tutmak mümkindir. Türkmenlere şeýle kitaplary hatda öýde saklamagam howatyrly göründi. Şonuň üçin müňlerçe gymmatly kitaplar, golýazmalar ýakyldy, ýakylmadygy sandyklarda, gapyrjaklarda, kä halatlarda köne keçä dolanyp, dolanyp ýere gömüldi we ýel-ýagmyryň astynda pide boldy. Şeýdip, türkmen taryhynyň uly çeşmesi, ruhy dünýäsiniň uly baýlygy ýok edildi.

Türkmen aýallarynyň «azatlyga çykarylmagy, hem şoňa çalymdaş bir zat ardy. Eýýäm aýal-gyzlar, aýdylyşy ýaly, ozal şeýle hukuksyz daş daş örisi dört tärim, dilsiz-agyzsyz gyrnak bolup ýaşadymyka? Eger şeýle bolsa dünýäniň iň gözel halylary dokamaga, nepis kişdeleri çitmäge olaryň ylhamy

joşarmydy? Belki yşyk mülkiniň şasy –beýik Mollanepesiň, beýleki akyldarlaryň ajaýyplirikasy-da dünýä inmezdi. Elbetde, bu zatlar filosofiki oýlanmalar.

Ýöne bir zat welin hemmä äşgär. Tutuş halkyň ýagdaýynyň agyr bolşy ýaly, türkmen aýal-gyzlarynyň hem ýagdaýy ýeňil däldi. Olaram il-güniň ykbalynyň ajysynam, süýjisinem deň paýlaşýardy. Türkmeniň dünýäde eý görýän zady gelni bilen atydyr. Ol ähli baýlygyny, ylham-mährini şolara siňdirýärdi. Beýik Magtymguly bu barada:

**«Ýigidiň dünýäde üçdir mydary-**
**Mahbup gerek, ýarag gerek, ýat ýagşy»**

diýende, müň kerem mamlady. Gyzlar il-güniň namysy bolsa, «işigi eýwan ojakly» gelinler öýüň soltanydy. Türkmeniň men diýen gerçeklerem ýeri gelende diňe öz mukaddes ata-enesinden däl, öz mähriben ýanýoldaşy-aýalyndan maslahat soramany özünine kiçilik bilmeýärdi. Bu ýerde Göroglynyň paýhasly Agaýunysyny, hiç bolmanda Güljemal hany ýatlamak ýeterlikdir. Görşümiz ýaly, türkmen aýa-gyzlary gözüni sykyp oturan naçarlar däl-de, belent mertebeli «ýalkasa ýaz, gargasa gyş» asylzadalar bolupdyr. Olaryň mysalynda halk özüniň nesillerini terbiýeläpdirler.

Biz bolsa köp ýyllaryň dowamynda türkmen aýal-gyzlaryny azatlyga çykarýarys diýip, olary bagry badaşan ojagyndan aýryp traktora, kombaýna mündirip, gara ýaga, tozana bulaşdyrdyk, nepis gözelligi döredýän ellerden synnydyr-keseri alyp, ornuna pildir-çekiji tutdurdyk. Gepiň gysgasy, «ýörişi messan-messan, her bakyşy dessan» gelin-gyzlarmyzy, gödegrägem bolsa ýeri gelende aýdalyň, «iş malyna» öwürdik. Bu ýöne bir ýalňyşlyk däl, nesilleriň öňünde edilen jenaýatdyr.

Bu oýlanmalardan soň, ýene-de şol ýyllaryň wakalaryna dolanýarys. 1925-nji ýylyň martynda Aşgabatda aýallaryň ählitürkmen 1 gurlutaýy geçirildi. Gurlutaý baý-feodal

garaýyşlara garşy aýal-gyzlaryň özleriniňem aýaga galmagy, azatlyga çykyp jemgiýetde peýdaly zähmete gatnaşmagy üçin zerur çäreleri işläp düzdi. 1926-1927-nji ýyllarda TSSR MIK-niň karary bilen galyň,gaýtarma, köp aýallylyk gadagan edildi. Aýal-gyzlar okuwa, jemgiýetçilik işlerine çekilip başlandy. Aşgabatda we ýene-de käbir ýerlerde «Daýhan aýallaryň öýleri» hem açyldy. Olarda köplenç haýsydyr bir sebäp bilen öýüni terk eden gelin-gyzlar ýaşaýardy.

1927-nji ýylyň baharynda aýal-gyzlara baý-feodal garaýyşlara garşy hüjüm yglan edildi. Halkara aýallar güni-8-nji martda respublikanyň şäherlerinde meýdançalarda ýygnanyşan mähelläniň içinde aýallar börüklerini oda atdylar, ýaşmagy taşladylar.

Türkmen aýal-gyzlaryndan partiýa, komsomol agzalarynyň sany artdy. Mysal üçin, 1922-nji ýylda partiýa hatarynda diňe bir türkmen aýaly –Oguldursyn Hydyr aýaly bolan bolsa, 1929-njy ýylda olaryň sany 260-e ýetdi. Olaryň ençemesi ýokary okuw jaýlarynda okap başladylar. 1936-njy ýylda türkmen gyzlarynyň Çärjewden, Garrygaladan, Daşhowuzdan, Kerkiden Aşgabat aralygynda guralan atly ýörişleri geçirildi. Şol wagtlar respublikanyň senagatynda hem-de kolhozlarynda zähmet çekýänleriň eýýäm üçden biri aýal-gyzlardy. Soňabaka olaryň gerdenine düşýäň ýük hasam agraldy. Ýöne olary «öý gulçulygyndanam» entek hiç kim boşatmandy. Ine, onsoň iki ýükiň goşulyşýan labyry ejiz gerdenleri maýryp ugrady. Netijede maşgalada mähir-muhabbet azalyp, är bilen aýalyň arasynda igenç-jenjel köpeldi. Aýal-gyzlary urmak, zorlamak, öldürmek ýaly faktlar artdy.

Onsoňam bir bellemeli zat, köp dokumentleriň görkezişine görä, türkmen maşgalasynda köpçülikleýin suratda ilkinji gezek şeýle betbagytçylykly hadysalaryň ýüze çykmagy 1927-1928nji ýyllara, ýagny baý-feodalgaraýyşlara hüjüm edilipbaşlan wagtyna gabat gelýär. Mysal üçin, 1928-nji ýylyň diňe biriniji ýarymynda respublikada aýal-gyzlara garşy jenaýatda aýyplanyp 106 adam türmä basylypdyr. Şol döwür

üçin bu «rekord» görkezijidi. Soňky ýyllarda bu rekord köp gezek täzelendi.

Medeni rewolýusiýanyň bu gabahat taraplary hakynda näçe aýtsaň aýdyp oturmaly. Emma şol ýyllarda käbir ýatlamaga mynasyp işleriň edilendiginihem unutmak bolmaz.

1928-nji ýylda SSSR Ylymlar Akademiýasynyň ýanynda ýörite Türkmen kommissiýasy döredildi. Kommisiýanyň ýardam etmeginde 1929-1932-nji ýyllarda I.M.Gubkiniň, A.N.FersmanyňD.I. Şerbakowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistanda geologiýa, geobotanika, medesina boýunça ylmy ekspedisiýalar guraldy. Ylmy gözlegleriň netijesinde nebt, daşkömir, kükürt ýataklary ýüze çykaryldy. Elbetde, ol baýlyklar «senagatly merkeziň» hajatlary üçin tapylypdy. Emma işiň barşynda milli geolog, inžener kadrlarynyň kemala gelmegine ýol açdy. Olar öz topragynyň göwsünde nähili topragynyň göwsünde nähili baýlyklaryň ýatandygyny barha oňat göz ýetirdiler.

Şol ýyllarda G.I.Karpowyň, A.P. Poseluýewskiniň, A.A. Maruşenkonyň ýolbaşçylygynda etnografiýa, filologiýa, arhiologiýa boýunça guralan ylmy ekispedisiýalaram netijeli boldy. Aýratynam etnografiýa ylmy köp sanly gymmatly materiýallar bilen baýlaşdy.

20-nji ýyllary ikiniji ýarymynda, TSSr hökümetiniň haýyşy boýunça professor W.A.Uspenskiniň guran saz-etnografiýa ekspedisiýalary bolsa ýörite ýatlap geçmäge mynasypdyr. Ol öz ýol beledi hem-de şägirdi Muhammetmyrat Nepesliýew bilen kä düýeli, kä pyýada obama-oba aýlanyp, türkmen bagşy-sazandalarynyň 250-ä golaýy barada maglumat toplady, olardan eşiden aýdym-sazlarynyň 400-e golaýyny nota geçirdi. Soňra professor W.M.Belýaýew bilen «Türkmen sazy» diýen iki tomluk iş ýazyp, türkmeniň örän gadymymdan gelýän hem-de kämil saz sungadynyň bardygyny düýä jar etdi.



*W.A.Uspenskiý bilen Muhammetmyrat Nepesow*

ekspedisiýalary bolsa ýörite ýatlap geçmäge mynasypdyr. Ol öz ýol beledi hem-de şägirdi Muhammetmyrat Nepesliýew bilen kä düýeli, kä pyýada obama-oba aýlanyp, türkmen bagşy-sazandalarynyň 250-ä golaýy barada maglumat toplady, olardan eşiden aýdym-sazlarynyň 400-e golaýyny nota geçirdi. Soňra professor W.M.Belýaýew bilen «Türkmen sazy» diýen iki tomluk iş ýazyp, türkmeniň örän gadymymdan gelýän hem-de kämil saz sungadynyň bardygyny düýä jar etdi.

Meşhur alymyň bu özboluşly edermenligi Alty Garlyýewiň «Mukmyň syry» kinofilminde ynandyryjy suratlandyrylypdyr. Kinofilmiň senariýasy Hudaýberdi Durdyýewiňki.

Hakykatyň hatyrasyna, şol ýyllarda edilen ýene bir asylly işi ýatlap geçeliň. Türkmenistan hökümetiniň tagallasy bilen belli alymlar S.A.Wolin, W.I.Belýaýew, A.A.Romaskewiç we başgalar tarapyndan Moskwanyň, Leningradyň ylmy ojaklarynda saklanýan arap-parsdillerindäki kitaplaryň Türkmenistanyň taryhynyň VII-XIX asyrlaryna degişli ýerleri orsça terjime edildi. Şol terjimeler uly tomy emele getirip 1938-1939-njy ýyllarda «Türkmenistanyň we türkmenleriň taryhy boýunça materiallar» (Material po istorii turkmen i Turkmeni-MITT) ady bilen çapdan çykdy. Meşhur gündogarşynaslar W.W.Bartoldyň, ýe.E.Bertelsiň, S.A.Gorlewskiniň, A.ÝU.ÝAkubowskiniň, P.P.Iwanowyň,

A.N. Samoýlowiçiň, A.A.Semýonowyň türkmen halkynyň taryhy, dili hem edebiýaty barada ýazangymmatly işleri türkmen taryhçylarynyň, dilçileriniň,edebiýatçylarynyň ösüp ýetişmegine ýardam etdi.

1927-nji ýylda Aşgabatda Türkmen medeniýetiniň inistitutlary (Türkmenkult) açyldy. Inistitut respublikada ylmy pikirleriň merkezine öwrülip, täze medenýetiň, ylmyň we sungatyň ösdürilmegine ýardam etmelidi. Onda ylmyň dürli ugurlary boýunça 10 sany seksiýa işleýärd.

Tebigaty öwreniş we gumanitar ylmlaryna has uly ähmiýet berilýärdi. Institut «Turkmenowedeniýe» («Türkmenistany öwreniş») žurnalynyň neşir etdi. 1928-1932-nji ýyllarda 56 nomeri neşir edilen bu žurnalda türkmeniň diline we edebiýatyna, taryhyna we etnografiýasyna degişli kän sanly makalalar bardy. Inistitut aýratyn ylmy işleriň hem ençemesi neşir edildi. Şol makalalaryň broşýuralaryň hem kitaplaryň arasynda türkmen taryhy we etnografiýasy, dili we edebýaty boýunça Abdyhekim Gulmuhammedowyň, N.N.Han ÝOmudiskiniň Seýtyrat, Öwebaýewiň işleri uly ähmiýete eýedir.

1932-nji ýylda Türkmen medeniýetiniň inistituty üýtgedilip, Türkmen ylmy-barlag instituty döredildi. Onda taryh,dil we edebiýat bölümleri işläp bşlady. 30-njy ýyllarda oba hojalygyna, medeniýete degişli birnäçe ylmy-barlag edaralar açyldy. Ilkinji türkmen alymlary ösüp ýetişdi.

Türkmen edebiýatynda uly yz galdyran Berdi Kerbabaýew, Garaja Burunow, Rähmet Seýidow şol ýyllarda özleriniň ilkinji eserlerini ýazdylar. 1929-njy ýylda Türkmen drama teatry (häzirki Mollanepes adyndaky teatr) açyldy. Teatryň ilkinji artistleriniň arasynda Alty Garlyýew, Aman Gulmämmedow, Ata Durdyýew we başgalar bardy. 1928-1929-njy ýyllarda Türkmen radiosy işläp başlady. Radionyň töweregine respublikanyň dürli künjeklerinden meşhur bagşylar Nobat bagşy, Garly bagşy, Oraz Salyr, Magtymguly Garly,

| | |
|---|---|
|  Akademik W.W.Bartold |  W.W.Han-Ýomuduskiý |

| | |
|---|---|
|  Nobat bagşy |  Magtymguly Garlyýew<br>(çuwal bagşy) |

Hydyr bagşy, Durdy Myradow, Täçmämmet Suhanguly, Mylly Täçmyradow dagy Aşgabatda ýygnalyp, olaryň dürdäne aýdym-sazlary efirde ýaňlanypugrady. 30-njy ýyllaryň ikiniji ýarymynda Aşgabada Sahy Jepbarow tarapyndan döredilen halk saz gurallary ansamblynda 60-a golaý bagşy-sazanda jemlenipdir. 1937-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň ikiniji Konstitusiýasy kabul edildi. Onda TSSR-iň biriniji Konstitusiýasy kabul edileninden (1927-nji ýyl) soňky döwürde respublikanyň jemgiýetçilik-syýasy we sosial-ykdysady durmuşynda bolup geçen özgerişler kanun tarapyndan berkidildi. Dogry, bu özgerişleriň hemmesi «beýik serdar Staliniň, Kommunistik partiýanyň parasatly syýasaty astynda gazanylan ägirt uly üstünlikdir» diýlip jar edildi. Konstitusiýada respubliepda indi «duşmançylykly synyplaryň ýoklugy», «täze şertlerde emele gelen işçiler synpynyň, kolhozçy daýhanlaryň we halk intelgensiýasynyň dostlukda-hyzmatdaşlykda bir maksadahyzmat edýändigi» hem aýdylýardy. Ýöne welin, onda partiýa, sowet organlaryň pratiki işinde zorluk usullarynyň ornaşandygy, «halk duşmanlarynyň» gözlegine çykylandygyny ýa-da ruhy-ahlak däpleriniň depelenýändigi bara-da «dil ýarylmandygy» düşnüklidir.

Türkmenistanda medeni rewolýusiýa, has anygy medeni öwrülişik, umuman şeýle bolup geçdi. Onuň maksady respublikada täze medeniýeti, marksistik-leninçilik ideologiýany ornaşdyrmak «täze adamyny-sowet adamsyny» kemala getirmekdi. Medeni özgerişleriň barşynda gödek ýalňyşlyklara-da ýol berildi. Şoňa garamazdan, bu ugurda ep-esli öňe gidişlik gazanylandygy jedelsizdir. Zähmetkeşleriň esasy köpçüliginiň eýýäm şol ýyllarda sowet kollektiwizmi hem-de watançylygy ruhunda taplanandygyny Beýik Watançylyk urşy görkezdi.

# VII. Köpçülikleýin jezalandyryş (Repressiýa)

**«Häzir Türkmenistanda stalinçilik jezalandyryş döwrüniň arhiw dokumentleriniköp okaýaryn. Şunuň ýaly bela-beteriň hiç bir döwletiň üstünden inmezligini Alladan dileýärin. Şeýle bela-beteriň bolandygyna asla ynanmak hem kyn, emma aýdylyşy ýaly faktlar-zatlar muny subut edýär… Zalymçylygyň tebigatyny we manysyny bilmek ýaş nesle peýdaly bolarmyka diýip pikir edýäri».**

**Saparmyrat Türkmenbaşy**

## 1. Repressiýanyň döwlet syýasatynaöwrülmegi

Täze jemgiýet ilatyň näçe köp gatlagyna daýansa, olary özüne ýaran etse, halky bölmän, onuň ruhy-ahlak sagdynlygyny saklasa, şonça-da tiz rowaçlanýar. Bolşewikler bolsa, gynansakda, başga ýöregeden ugur aldy. Olar ilatyň has ujypsyz bölegine, ýagny senagat işçilerine daýanyp, galan gatlaklary özlerine garşy goýdy. Ine, hut şu prinsipial ýalňyşlyk soňra jemgiýetçilik durmuşyndaky eýmenç harasydyň-represiýanyň gönezligi boldy.

Mälim bolşy ýaly, bolşewikler başda garyp daýhanlara daýanypdylar. Soňra welin olara-da ynam gowşady. Intellgensiýa barada aýdylanda, aýratynam milli intelgensiýa wekillerine asla ynanylmady, olara mydama şübheli garaldy, yzarlandy.

Orsyýetde Oktýabr rewolýusiýasynyň yzysüre oppozision metbugat ýatyrylyp, sowet häkimiýetiniň metbugatda ýaýramagynyň ýollary ýapyldy. Beýle meýilli maglumatlaryň awtorlary eýýäm şol wagtdan başlap «yrga» adamlar hökmünde bellige alnyp ugraldy.

Sowet häkimiýeti başda zorluk usulyny syýasy äheňler boýunça ulanýardy. Soňabaka ol hojalyk wezipelerini çözmekde-de «täsirli serişdä» öwrüldi RK(bP)-niň IX gurlutaýynda (1920 ý.) Rewweoýensowetiň (Rewolision harby Sowetiň) şol wagtky başlygy L.Troskiý ýurdy konslagerler sistemasyna öwürmegi teklip etdi. Onuň pikiriçe, işçiler we daýhanlar «zähmet esgerleri bolup», öz düzgün-nyzamy boýunça harby bölümlere meňzeş «zähmet bölümlerini» emele getirmelidi: «zähmet esgerlerinden» kim-de kim buýrugy berjaý etmese, ol jezalandyrylmaga degişlidi. Gurultaý bada-bat bu teklip bilen ylalaşmadygam bolsa, soňra ol belli bir derejede durmuşda öz beýanyny tapdy.

1928-nji ýylda RSFSR IDI-niň halk komissarynyň orunbasary N.ÝAnson Staline hat bilen ýüzlenip, onda tussaglary «ýatyryp bakmak» uly gurluşyklarda, çet-künjekleri özleşdirmekde, tokaý ýatyrmakda ulanmak barada teklibi orta atdy. Sosializim gurluşygynyň ýaýbaňlanyp, ummasyz köp hem arzan işçi güýjine mätäçlik çekilýän şertlerde bu teklip diýseň ýerine düşdi. Türmelerdäki, lagerlerdäki (konslagerler indi bejeriş-zähmet lagerleri diýlip atlandyrylýardy) bendiler, has takygy täze eýýamyň binýatynyň hatyrasyna «sadaka aýdylan» gullar kolonnalar düzülip, obýektlere iberilip başlandy.

«Dürre gamçy» saýasaty esasynda zorluk bilen amala aşyrylan kollektiwizasiýa döwründe ýagdaý has agyrlaşdy. Eýýäm 1929-njy ýylda tussag edilýänleriň işini sudda seredip ýetişip bolmansoň, raýonlarda döredilen «üçlükde» (partiýanyň raýkomynyň biriniji sekretary, raýspolkomyň we döwlet syýasy uprawleniýänyň ýerli organlarynyň naçalnigi) «depme-halal» etmek ýola goýuldy. 30-njy ýyllaryň başynda sud, milisiýa, döwlet syýasy uprawleniýanyň organlarynyň ştatlary giňeldildi.

Olaryň işleri merkezleşdirildi. Mysal üçin, milisiýa ozal hem merkeze, hem soýuz respublikasynyň hökümetine hasabat beren bolsa, indi diňe merkeze boýun egdirildi.

1932-nji ýylda ýurtda pasport düzgüni girizildi. Şäherleriň, işçiposýoloklaryň, raýon merkezleriniň ilatyna, sowhoz hem MTS işçilerine pasport berilip, olar şol ýerigem hemişelik «ýazyldy». Şeýdip, işçi-gullukçylaryň ondan-oňa erkin geçip ýörmeginiň öňi alyndy. Kolhozçylara bolsa pasport asla berilmedi. Pasportsyzam gitjek ýeriň ýok. Diýmek, olar öz kolhozlaryna «mäkäm berkidildi».

1934-nji ýylyň 10-njy iýulynda SSSR- MIK-niň kabul eden karary bilen Aýratyn döwlet syýasy uprawleniýe (OGPU) Içeri işler halk komissarlygyna (NKWD) öwrüldi. SSSR IIHK-nyň ýanynda (soýuz respublikalaryň IIHK-nyň ýanynda hem) suddan daşary organ-Aýratyn maslahat (ozalky ADSU-nyň Sud kollegiýasynyň deregine) döredildi. Şol karar esasyndan SSSR IIHK-nyň ýanynda lagerleriň we bejeriş zähmet poseleniýeleriniň Baş uprawleniýesi (GULAG) döredildi.

Şunlukda, kolhozçylaryň we işçi-gullukçylaryň işleýän ýerlerine «örklenmegi», adamynyň ykbalyny «suw içim salymda» çözüp göýberýän hökmürowan «üçlükleriň», «aýratyn maslahatlaryň» döredilmegi bilen tutuş ýurdy «külbikesinde aýlaýan», halky «bir agza bakdyran» elhenç zorluk apparaty emele geldi. 1934-nji ýylyň 1-nji dekabrynda leningradda S.M.Kirowyň öldürilmegi şol apparatyň haýdadylyp başlanmagyna bahana bolupdyr. Onuň «halk duşmanlaryny» süri-süri edip «çarhynda üwäp», tüýs ýalmawuza öwren döwri bolsa 1937-1938-nji ýyllara gabat gelýär.

## 2. Harasatly 1937 – 1938-nji ýyllaryň hekaýaty

1937-nji ýylyň tomsu adatdakysyndan has yssy-epgekli geldi. Adamlary demikdirýän diňe yssy howa däldi. Jemgiýetçilik howasy agyrdy. Birek-birege şübhe, ynamsyzlyk tanyş-biliş, goňşy-golamdan geçip, hut her maşgalanyň içinde aralaşypdy. Hemme ýerlerden «halk duşmanlary» gözlenýärdi. Olaryň täze-täze rezerwleriniň «üsti açylýardy». Adam köplenç gijelerine «awlanyp», mazaly owulyp-döwülenden soň görkezme sud edilýärdi. Sudam 4-5 minutdan uzaga çekmezdi. ýenjilip janyndan bizar edilen biçäre birnäçe soraglara (sen iňlisleriň içlysymy ýa bolmasa Troskiniň tarapdary…) «Howwa» diýse bolany. Öňünden taýar edilen karar mälim ediler: atmaly ýa-da 10-15 ýyl tussag etmeli.

Gabahat ýeri: propaganda serişdeleri şu bolýan zatlary leninçilik ideýalaryň, sosializim dabaralanmagynyň ulu ýeňişi diýip düşündirýärdi. Ähli gazetler «sud proseslериniň» gidişi, çet ýurt içalylarynyň we Troskiniň «guýruklarynyň» paş edilişi baradaky maglumatlardan doludy. Ýygy-ýygydan ýygnaklar, mitingler geçýärdi. Oňa gatnaşýanlar «azgyn köpekleriň» tumşugyny owratmagy talap edilýärdiler.

Şol bir wagtyň özünde aman gal jagyna hiç kimiň ynamy ýokdy. Tutulanlar tutulyp, tutulmadyklaram yzyndan gelerine garaşýardy. Adamlarda gije-gündizde rahatlyk bolman, gözlere «çiş kakylypdy».

«Halk duşmanlarynyň» biçak köp bolany sebäpli Aýratyn maslahat ýetişmän başlady. Molotowyň teklibi bilen jezalandyrylýanlara sanow boýunça seredilip ugraldy. Kaganowyçyň teklibi boýunça bolsa syýasy sebäplere görä jogapkärçilige çekilýänlere diňe atuw bermek ýoň boldy. SSSR-iň proku-
rory Wyşenskiý hem «inisiatiwa görkezmekde» olardan kem galmady. Ol döwlet jenaýatçylygy baradaky işlerde esasy subutnama günäkärlenýäniň öz boýun almasydyr diýen

«teoriýany» öňe sürdi. Ine, şeýdip, adamlary köpçülikleýin gyrmak «doly esaslandyryldy» we aňsatlaşdyryldy.

Indi aýratyn maslahat kanun tarapyndan kesgitlenen doly düzüminde ýygnanyşjagam bolanokdy. Ol «üçlük», soňabaka bolsa «ikilik» (SSR-iň Içeri işler halk komissary we prokurory) görnüşinde iş alyp bardy. Şeýle «üçlükler», «ikilikler» Türkmenistanda hem peýda bolupdyr. Aşgabatda düzülen «üçlüge» TK(b)P MK-nyň sekrotary, TSSR-iň Içeri işler halk komissary we Respublikanyň prokurory giripdir. Merkezden (Aşgabatdan) daşrak bolan Kerkide hem-de Daşhowuzda bolsa wezipelerine laýlykda şu tertipde «üçlükler» düzülipdir.

«Üçlükler» iki hili bolupdyr: ýönekeý we aýratyn. «Ýönekeý üçlük» tussaglary dürli möhletlere azatlykdan mahrum edip, lagerlere ibermäge buýruk beren bolsa, «Aýratyn üçlük» öz «göz astynda alanlaryna» diňe iň ýokary jezany beripdir. Onuň adamy hiç bir «gümmi-sümmüsiz» şobada atuwa ibermäge hukugy bolupdyr. Beterinden beteri bar: «üçlükler» nähilem bols tussagy görüp, ony «jezasyna boýun eden» bolsa, «ikilikler» hiç hili işe seretmän, ýöne sanawa gol çekäýipdir. Sanawda bolsa onlarça, kähalatlarda bolsa ýüzlerçe adamlar hamala içalylyk edýänler hökmünde atuwa höküm ediplipdir. Dogrusy «ikilige», şu adamlar ýok edilmeli diýlip, sanaw berilýärdi. Ol bolsa hiç hili ynsap yzasyny duýman oňa gol çekýärdi.

Emele gelen bu ýeýmenç zorluk apparaty biçak merkezleşdirilendi. Ol özüniň müňlerçe «jansyzlary», maglumat berijileri (donosçik) arkaly «ýeriň aşagynda ýylan gäwşese» bilýärdi. ÝUrtda ondan bidin «çöp başy gymyldanokdy». Tutuş ýurdyň şeýle toba getirilen ýagdaýynda, indi: «halk duşmanlaryny» kowalap ýörmän,esasy üns il bähbitli işlere beriläýjek ýalydyr. Emma beýle bolmady. BK(b)P MK-nyň 1937-nji ýylyň fewral-mart aýlarynda bolup geçen plenumy «ýurtda sosializimiň ýeňişi çuňlaşdygyça synpy göreş ýiteleşýär, şoňa laýyklykda rewolýusion hüşgärligi

ýokarlandyrmak zerur» diýip tapdy. Şeýle elhenç syýasaty ýerlerde amala aşyrmak üçin merkezden–hut BK(b)P-niň Merkezi Komitetinden soýuz, awtonom respublikalara, oblastlara ýörite wekiller iberildi. Soňra zalymlykda özüni tanadan ÝA.A.Çubin hem ine, şol niýet bilen 1937-nji ýylyň iýulynda Türkmenistana gelipdi. Ol resmi taýdan BK(b)P MK-nyň ýanyndaky Partiýa kontrollygy Komitetiniň Türkmenistan boýunça ygtyýarly wekili diýlip atlandyrylan-da bolsa, onuň esasy maksady jezalandyryjy organyň işini özüçe «kämilleşdirmekdi». Ol şeýle hem etdi. Gele-gelmäne ýerli jezalandyryş apparatynyň «towuny» ýetirdi. Tutha-tutluklar, gyrha-gyrlyklar başlandy.

Zähmetkeşler, intelgensiýanyň wekilleri respublikanyň hökümet başlygy Gaýgysyz Atabaýewiň adamlaryň näme üçin «ýitirim» edilýändigini, ondan bu eden-etdiligiň öňüni almagy soraýardylar. Emma Atabaýew bialaçdy. «Arkaly köpek gurt alar» diýen ýaly, merkeziň wekili Çubin islese onam «ýygnadyp» biljekdi. Ýygnatdam

Respublikada emele gelen galagoply ýagdaýdan heý bir uç çykaryp bolmazmyka diýen umyt bilen 1937-nji ýylyň iýulynda Gaýgysyz Atabaýew Moskwa gitdi. Ýöne ol ýerde oňa eýýäm «garaşylýardy». Barandan gapjaldy, köp wagt geçmänçä-de ýalan töhmetlere duwlanylyp atyldy.

Gaýgysyz Atabaýew tutulansoň birnäçe günden soň TSSR MIK-niň başlygy Nedirberdi Aýtakow, TSSR HKS-niň başlygynyň orunbasary Gurban Sähedow, respublikanyň ÝAzyjylar soýuzynyň prawleniýasynyň başlygy Oraz Täçnazarow «gürüm-jürüm» edildi. Oktýabr aýynyň başynda TK(b)P MK-nyň Biriniji sekrotary Anna Muhammedow tutuldy. Onuň deregine Çubiniň özi «saýlandy». Indi onuň hasam «geçisi ýaýrady».

Respublikanyň halk komissarlarynyň ençemesi, partiýa komitetleriniň ýolbaşçylarynyň köpüsi jelladyň eline berildi. Mysal üçin, TK(b)P şäher hem raýon komitetleriniň 40-nyň (olaryň jemi 49-dy) biriniji sekretarlary tussag edilip, olaryň

köpüsi atyldy. Şol bir wagtyň özünde TK(b)P MK-nyň ozalky Biriniji sekretary ÝA.A.Popok, ozalky seretarlary Halmyrat Sähetmyradow, Çary Wellekow, bölüm müdirleri Han Atamyşow, Mämmet Ryzaýew, Esen Soltannyýazow, Juma Halmyradow we başgalar tussag edildi. TSSR-iň Moskwadaky ozalky hemişelik wekili Bäşim Gulbeşerow, respublikanyň ilkinji magarof halk kommisary Bäşim Pereňliýew, ilkinji söwda halk kommisary Akmyrat Orazow, ekerançylyk halk komissary Ata Işmekow, zähmet halk komissary Atabaý Halnazarow, maliýe halk komissary Berdi Ataýew, TSSR-iň täze (Bäşim Pereňliýewden soňky) magaryf hak komissary Garry Kulyýew, ýustisiýa halk kommisary Sopy Kakanow, içeri işler halk komissary ÝU.L.Zwerew, respublikanyň prokurory Täşli Annamyradow, «Türkmenbirleşigiň» başlygy Aşyr Abaýew, olaryň hemmesi-
niň diýen ýaly orunbasarlary tutulyp atyldy, ýa-da uzak möhletlere «tümgidene» iberildi. Türkmenistan komsomolynyn MK-niň biriniji sekretary Annasähet Armydow hem-de komsomolyň ençeme beýleki jogapkär işgärleri-de şolaryň «yzyna düşmeli» boldy. Kärhanadyr MTS, kolhoz-sowhoz ýolbaşçylary hem «ýetdik haklaryny» aldylar.

Tussag edilen «halk durmuşynyň» yzynda galanlara-da «otly köýnek» geýdirildi. Olaryň aýal-ebtatlarynyň «gözi Sibirde açylyp», oglan-uşaklary döwletiň hossarlygynda saklamak bahanasy bilen «ýurtdan çykaryldy». Ine, şeýdip münlerçe ojklar ýurulup, ykballara «sogan dogra ldy».

«Halk duşmanlarynyň» «guýruklary-da», ýagny ilen-çalanlary, obadaşlyry, tanyş-bilişleri-de «alada bilen» gurşalyp alyndy. Ozaly bilen Gaýgysyz Atabaýewiň we Nedirbaý Aýtakowyň ýakyn garyndaşlary – Gaýgysyz bilen bir wagtlar dogan okaşan görnükli magaryfçy Muhammetguly Atabaýewiň doganlary Hoja hem Öwezgeldi Atabaýewler, Nedirbaýyň doganlary Täjimyrat hem-de Begjan Aýtakowlar «mäşä mündürildi». Repressiýanyň tygy Nedirbaý Aýtakowyň birnäçe gün dynç alyp aw awlan obasy Pelwertde, Gurban Sähedowyň

obasy Köşide, Oraz Täçnazarowyň asly mekany Tejende, Gaýgysyz Atabaýewiň, Çary Wellekowyň adyny göterýän kolhoz-obalarda ençeme ömürleri nähak kertdi.

Ykbaly çaýkalan her bir adam halk üçin, onda-da sowet imperiýasynyň düzüminde durýan halklaryň içinde türkmen ýaly sany boýunça köp bolmadyk millet üçin öwezini dolup bolmajak ýitgi boldy. Baýmy, garypmy tapawudy ýok, ol özüniň biwagt giden her bir zürýadyna bagryny paralaýar. Ol hasam iliň ýüzüniň tuwagy bolup adyny arşa getirip biljek, emma jelledyň golunda täleýi ters gelen perzentleriniň yzasyny köp çekmeli bolýar.

Nähak jezalandyrylan döwlet işgärleri, alymlar, ýazyjylar, bagşylar… Umuman, milli intelligensiýanyň wekilleri, halkyň «gözi-gulagy» bolan adamlar. Asla bu bela-beterlikleriň tas bary diýen ýaly ozaly bilen hut ýerli intelligensiýa garşy gönükdirilipdi. Onuň düýp maksady millik hakda «dil ýaryp» biljegiň dilinidamagyndan kesmekdi. Hamala, Staliniň , stalinçileriň öňe süren syýasaty boýunça muny ýurtda kommunizm gurluşygynyň perspektiwalary talap edýärmiş. Bularyň hemmesi bir maksada, ýagny tutuş SSSR-de «internasionalizim» ruhy dabaralanyp, ors dili, durmuş obrazy esasynda sowet durmuş obrazyny, sowet halkyny kemala getirmäge gönükdirilendi. ÝUrtdaky ors däl beýleki ownukly-irili halklar şu «belent maksadyň» hatyrasyna «takdyra ten beräýmelidi». Elbetde, ol halklar, aýratyn hem olaryň has aňly-paýhasly bölegi-milli intelligensiýasy-munuň bilen ylalaşyp bilmejekdi. Şonuň üçinem, olara gezek gelende Sowet döwleti özüniň dörän ilkinji ýyllaryndan yrsarap başlady.

Türkmen milli intelligensiýasyny pürdelemek üçinem bahana tapdyrdy. «Türkmen azatlygy» diýen toslama kontrrewolýusion buržuaz-milletçi gurama «döredildi». Döwlet howpsyzlyk organlarynyň «bilgirleri gurra taşlap», bu gurama hamala baryp 1921-1923-nji ýyllarda-da bar eken, özünem Kümüşaly Böriýew, Muhammet Geldiýew, Bekge Berdiýew, N.N.Han-ÝOmudskiý, Nedirbaý Aýtakow, Allaguly

Garahanow we olaryň ýoldaşlary esaslandyrypdyr diýdiler. Nämemiş, şu ady tutulan adamlar 1922-nji ýylda bir wagtyň özünde diýen ýaly Daşkentde bolupmyşlar (hakykatda olar bu ýere başga iş bilen, hususan-da «Türkmen ili» diýen žurnalyň neşiri bilen bagly meseleler boýunça barypdy). Ana, şonda Türkmenistanda Sowet häkimiýetini ýykmak barada belli-külli karara gelenmişler. Emma iş bir bada doly ýola düşüp gidibermänmiş. Şonuň üçinem olar 1925-nji ýylda Bütintürkmen Sowetleriniň I gurlutaýy döwründe Aşgabatda täzeden ýygnanyşyp, «Türkmen azatlygynyň» işini diňe bir paýtagtda däl, eýsem ýerlerde-de rowaçlandyrmagyň jikmejik plany düzenmişler.

«Türkmen azatlygy» guramasynyň «teoriýasynyň» taslanyşy şeýle. Kontrrewolýusion «podpolýäniň» bardygy depme-halal edilensoň galan zadyň işi aňsat. Organ işgärleri «bitmedik ýowşanyň düýbündäki dogmadyk towşany» awlamaga ýörite çykdylar. «Türkmen azatlygynyň» işini has eserdeň gözegçilik edip Maryda, Çärjewde, Daşhowuzda, Kerkide, Tejende, Krasnowodskide, mahlasy, respublikanyň hemme şäherlerinde, raýon merkezlerinde, obalarynda onuň filiallarynyň «üstini açdylar» hem-de olaryň hemmesiniň Sowet häkimiýetini ýykmak barada sazlaşykly iş alyp barandygy «anykladylar». Asyl, görseler «Türkmen azatlygy» ýurtda tor tutan, ýagyn Başgyrydystanda Zaki Welidowçylary, Tatarystanda Soltan-Galyýewçileri, Gazagystanda «Alaş ordany», Türküstanda «Kokand awtonomiýasyny», Buharada mladobuharesleri, Hywada mladohiwenes-leri, Azerbaýjanda mussawetistleri, Ermenistanda daşnaklary, Krymda Weli Ibragimowçylary özünde jemleýän kontrrewolýusion buržuaz-milletçi birleşmäde girýän eken. Üstesine-de daşary ýurt antisowet diwersion öýjükler bilenem ýakyn aragatnaşyk saklap ýörse nätjek! Aý, garaz, «Türkmen azatlygy» şeýle bir uly güýç, ony köki-damary bilen ýoklaýmasaň ýurdy harap etjek-dä…

Elbetde, kontrrewolýusiýany ýoklamaga gezek gelende iş aňsatdy. Bu ugrda ýurtda «gymmatly» tejribe toplanypdy. «Türkmen azatlygyny» ýoklamagam örän «guramaçylykly» geçdi. Ilki bilen «kontrrewolýusion-milletçi guramanyň ýolbaşçylary we has aktiw agzalarynyň atlary belli edildi. Mysal üçin, 1937-nji ýylyň awgustynda G.I.Karpow tarapyndan ýazylan sanowda 40 adamyň ady bar. Ine, şolar: Gaýgysyz Atabaýew, Nedirbaý Aýtakow, Seýitmyrat Öwezbaýew, Bäşim Pereňliýew, Allaguly Garahanow, Gurban Sähedow, Oraz Täçnazarow, Döwlet Mämmedow, Berdi Kerbabaýew, ÝAkup Nasyrl, Hojanepes Çaryýew, Bekge Berdiýew, Kakajan Berdiýew, Akmyrat Orazow, Orazmämmet Wepaýew, Abdyhekim Gulmuhammedow, Muhammet Geldiýew, Kümüşaly Böriýew, N.N.Han-ÝOmudskiý we başgalar. Olaryň hemmesiniň ele salnyp, köpüsiniň bolsa atylandygy düşnüklidir.

Türkmeniň bu men diýen gerçeklerine «kontrrewolýusioner», «Halk duşmany», «Buržuaz-milletçi» ýaly umumy tagmalardan başga sürtelen garalaram barmyka? Bar. Mysal üçin, Nedirbaý Aýtakow daşary ýurt razwedkasynyň tabşyrygy boýunça basmaçylaryň serdary Jüneýt han bilen ýakyn aragatnaşyk saklanmyş, Gurban Sähedow Gündogarda Troskiniň ideýalaryny propagandirläp, Oraz Täçnazarow kontrrewolýusion-milletçi pikirleri ýaşlaryň gulagyna guýjak bolanmyş. Şahyr hem edibiýatçy, uly döwletişgäri, öz ene dilinden başgada ýene 5 dilde hem ýazyp, hem okap bilen Abdyhekim Gulmuhammedowyň bolsa «günäsi» hasam agyry. NKWD-niň hut öz maglumatlaryna görä, ol türkmen iline ýüzlenip: «Özüňi oňar, hemme zatda hakyňy al, gurply bol, baý bol» diýenmiş. Emma bu sözleriň tüýs guzula gaplaýmaly sözlerdigi, şol döwürde Gulmuhammedowyň şeýle diýip bilmeginiň baryp ýatan edenmenlikdigi äşgärdir. Ýöne totalitarizmiň jellatlarynyň «gündiz çyraly» gözleýäni-de hut şol edermenlikdi. Elbetde,

Gulmuhammedow hem atyldy. Özem hamala serhetden aşyp Eýrana geçjek boldy diýen ýalan töhmet bilen atyldy.

«Türkmen azatlygynyň» ýolbaşçylaryny, onuň agzalaryny «awlamak» operasiýasy iki etapda geçdi. Biriniji etap 1937-nji ýylyň awgustynda TSSR Içeri işler halk komissary wezipesine O.ÝA.Nodewiň bellenmegi bilen başlandy. Ol bu wezipede «haýal depreneni» üçin işden aýrylan we soňra atylan ÝU.L. Zwerewi çalyşdy. Täze «halk» komissary Merkeziň ygtyýarly wekili Çubiniň «ur diýenini öldürmäge» taýyndy. Ol «ynanylan» işe örän içgin ýapyşdy. Bada-bat köp sanly operatiw-gözleg toparyny döredip «Türkmen azatlygynyň» filiallaryna (respublikanyň ähli şäherlerine we raýonlaryna) iberdi we «gerekli adamlary ýygnamaklygy» tabşyrdy. Toparlara «enkebedäniň» aznawurlary R.K.Balandin (Kerki raýony), S.A.Gulýak (Aşgabat şäheri), M.I. Dimentman (Krasnowodsk topar raýonlary), Slesarenko (Daşhowuz okrugy) we başgalar ýolbaşçylyk edýärdi. Olaryň eline deslapky taýarlanyp goýulan sanawlar berildi. Sanawlarda «ozalky» baý-kulaklaryň, söwdagärleriň we antisowet öwüt-ündewi ýöredýän – leriň atlary bardy. Özem her kimiň adynyň gapdalyna «atmaly» ýa-da «lagere basmaly» diýen bellik goýlandy. Ine, onsoň Aşgabatda ýerlerden gelýän gündelik maglumatlary toplap, «aw awlamagyň» barşy barasynda hepdäniň, aýyň jemle-rini jemläýmek galýardy. Näçe adam tutuldy, näçe adam tutulmagy «taýar edildi». «ÝAryşda öňde baryjylara» gymmat bahaly sylaglar gowşurylyp, uludan-uly harby çinler berilýärdi.
1937-nji ýylyň noýabrynda Aşgabada SSSR Içeri işler halk komissarynyň orunbasary Belskiý geldi. Ol respublikada «adam awlamakda» şindizem haýal-ýagallyga ýol berilýändigini, «ýaryşyň» depginini çürt-kesik ýokarlandyrmagyň zerurdygyny nygtady. Şonuň bilen birlikde Belskiý «halk duşmanlarynyň» çaltyrak soňuna çykmak üçin olaryň käbir «boýny ýogyn kesirräklerini» tumşugyna kakmagyň ýerliksiz hasap edilmejekdigini syzdyrdy.

Şunlukda, Türkmenistanda bu ýeýmenç ýarşyň gerimi öňküdenem beter giňäp gitdi. 1938-nji ýylyň fewralynda operasiýanyň ikiniji etabynyň başlanmagy hem-de TSSR Içeri işler hal komissary wezipesine öňkiden beter ganhor zalym S.F.Manakowyň bellenmegi bilen «enkebede» işgärleri gijelerini gündiz edip «zähmet çekdiler». «Üçlükler», «ikilikler» «iş depginini» has çaltlandyrdylar. Manakow we onuň jellatlary adamyny urup-ýençmegiň, aýagyny-elini döwmegiň, oňurgasyny ýazdyrmagyň has «netijeli» görnüşlerini oýlap tapdylar we gündelik işlerinde «batyrgaý» ornaşdylar. «Awçylaryň» hatary täzeden gözden geçirildi. Öňki maýdarak operatiw-gözleg toparlarynyň deregine 9 sany «dokuzy düzüw» operatiw-gözleg toparlary düredildi. Özlerine-de öňki sanowdan galan ýek-tük «halk duşmanlary» bilen birlikde ermeni, pars erkek kişileriň hemmesini, SSR-e başga ýurtlardan gaçyp geçenleriň hem-de öň Türkmenistandan gidip, aňyrda garyndaşlary galyp, özi bolsa ýene serhetden bärik geçenleriň baryny, şonuň ýaly-da behaistleri (yslam sektasynyň agzalary) tutmaklyk tabşyryldy. Bulardan başga-da «hopul-sopulrak geýnip  saçyny-sakgalyny ösdürip mysapyrsyran bolup ýören tüýsi bozuklar» duş gelse hökmany ýygnalmalydygy duýduryldy.

«Awuň» örisi görlüp eşdilmedik derejede giňedi. Indi «awlanjaklaryň» sanawyny önünden taýarlap ýetişer ýaly däldi. Şonuň üçin operatiw-gözleg toparlaryna adamlary tutmaga rugsat edilýän orderleriň gol çekilip möhür basylan arassa blanklary «ýeterlik derejede» berilýärdi. Kimi tutsaň, tutp taýarja blankda adyny ýazaýmaly! ýene-de işde tapawutlananlara» sylag-serpaý, at, şöhrat…

«Adam awlamagyň» aňsatlaşdyrylan şertlerinde «üçlükler», «ikiliklerem» juda gyssanmaly boldular. Şonda-da «iş başdan agdyk» bolup köplenç «üçlükler» «ikilige» kä halatlarda bolsa «ikiligem» «birlige» gelip, onlarça, ýüzlerçe adamlaryň çkbalyny bir jellat çözdi. Mysal üçin, TSSR Içeri işler halk komissary Manakowyň bir özi müňlerçe adamynyň

ykbalyny çözip, olaryň bu dünýeden mahrum edipdir. Bu haýyn hatda soňam, ýagny «üçlük» diýen jellatlar topary resmi taýdan ýatyrylandan soň hem öz «işini» togtatmandyr. Ol hut öz eli bilen (başgalardan ýaşrynlykda) ýene-de 3762 adamy jezalandyrypdyr. Şolardan 616 adamy hut öz gatnaşmagynda atylypdyr.

1937-1938-nji ýyllaryň «ýowuz üçlügi», bu bela-beter hakda dolurak maglumat berilse-de artykmaçlyk etmese gerek. ÝOgsa-da, baýlary synp hökmünde etmekde ýakasyny tanadan «üçlükleriň» hem «üçlük» kemi ýokdy. Ýöne bu soňky, ýagny 1937-nji ýylyň 19-njy awgustyndan 1938-nji ýylyň 14-nji noýabryna çenli hereket eden «üçlügiň» zabunlygyny beýan etmäge söz tapylanok. Näme diýseňem bärden gaýdýar. Ana, şol zabun «üçlük» işlän döwründe, ýagny bir ýyl üç aýda onuň 75 gezek (!) mejlisi geçirilip, şonda 15660 adam sud edilipdir. Önümli işlemekde Türkmenistanyň «üçligi» bütin SSSR boýunça öňe saýlanypdyr. Sud edilenlerden 5008 adama atuw jezasy berilip, 10652-si bolsa lagerlere iberilipdir. ýene bir zadam ýatlalyň: jezalandyrylanlaryň 60 prosenti (9081 adam) türkmenlerdi, şolardan 4259-sy daýhanlardy, 225-si bolsa türkmen aýallarydy. Umuman, bütin Türkmenistan boýunça bu betbagtçylyga sezewar bolmadyk şäher, raýon galmandyr. Şäher, raýon ýolbaşçylary, oba sowet başlyklary aýylganç gorkuzylypdyr. Zorluk bilen olaryň razylyklary alynypdyr.

Elbetde, şeýle gabahat pursatlarda-da ilat arasynda öz mertligini görkezip bilen edermen adamlar bolupdyr. Şeýle mertleriň biri barada kelam agyz söz: Mary raýonynda şol döwürde uly obalaryň biri bolan Peşanaly Amaşa Gökje obasynyň oba şurasyna Nury Anna (alat arasynda onuň ýörgünli ady Nury Gyrly bolupdyr. Ol bu ýere Darganatanyň Gyr diýen ýerinden göçüp gelipdir) başlyklyk edipdir. Beýleki goňşy obalarda bolşy ýaly, onuň hem üstüne raýon «enkebedesiniň» ýasawulary şol obadan tutulmaly adamlaryň sanawyny alyp, ençeme gezek uly howp bilen gelipdirler. Ony gorkuzjak bolup, dürli şerraýçylyklary edipdirler. Ony

gynapdyrlar. Emma oba şurasynyň başlygy Nury Anna olara boýun bolmandyr, ýagny oba şurasynyň başlygy hökmünde şol adamlaryň basylmagyna öz razylygyny bermändir. Netijede hut şu gerçegiň tagallasy bilen şol wagtky dört («Sewet», «8-nji Mart», Kirow adyndaky, Ždanow adyndaky) kolhazyň territoriýasyny birikdirýän küren oba Peşanaly Amaşa Gökje repressiýa belasyndan aman galypdyr: obadan ýekeje adamam tutulmandyr. Obadaşlary Nury Gyrlyny ýatlap, onuň adyna alkyş okaýarlar. Ýöne, gynansagam, beýle gerçekler şol wagtlar az bolupdyr. Çünki halkyň başyna düşen howp çensiz agyrdy. ÝUrtda zulum, zalymlyk höküm sürýärdi. Çala baş galdyranyň başy kesilýärdi.

Dünýäde nesilden-nesle nälet okalýan bet işler köp. Ýöne müňlerçe täleýleri tersine öwren bu zalymlygyň eýmenç sypatyny göz öňüne getirmegem kyn. Adam pahyr öz penalap oturan döwleti tarapyndan gynalsa, öldürilse, ýeri muňa näme diýip, näme aýdarsyň? Bu – syýasatda göýberilen ýöne bir ýalňyşlyk däldir. Bu – halka garşy, buýsançly başly ynsana garşy edilen jenaýatdyr. Ol häzirem, geljekde hem nesiller tarapyndan nälet daşy oklanylmaly jenaýatdyr.

Näçe kyn bolsa ýene bir hakykaty boýun almagymyz gerek. Totalitar düzgüniň ýanynda adam pahyryň gymmaty malyňkyça-da bolmandyr. Biz SSSR-däki, şol sanda Türkmenistandaky mal-garalaryň sanyny, olardan näçeräginiň köpelip, näçeräginiň ölüp-ýitenini islendik ýyl boýunça statistik ýygyndylardan bilip bileris. Ýöne adamlar baradaky şeýle hasabaty welin aňsat biläýmersiň. Ol maglumatlar ýedi gulpuň aňyrsynda (dogrusy, şol ýerde-de onuň bardygyna biz güwä geçip biljek däl). hut şonuň üçin represiýa belasynyň Türkmenistan boýunça näçeräk ömri pida edendiginiň hasabyny biz häli-häzirem bilip bilemzok. Doly däl maglumatlara görä, ol 50 müň töweregi adam hasaplanýar. Emma bu san anyklanylmaga we üsti ýetirilmäge degişlidir. Sebäbi tutulanyň yzynda onuň aýalynyň, ogul-gyzynyň, hatda käbir ýakyn hossarlarynyň hem tutulandygy, emma olaryň

köplenç tussag hasabatyna alynmandygy mälimdir. Galyberse-de, olaryň yzynda galyp ýagy-ýesir edilen, tussag hasap edilmese-de, güni tussagyňkydan ibaly bolmadyk bala-çagalaryny ýatlamalydyrys. Şularyň hemmesini göz öňünde tutask, onda represiýa belasynyň ülkämiziň ogul-gyzlarynyň azyndan 50-55 müňüsiniň ykbalyny çaýkandygyny aýytmalydyrys.

Kalbyňy lerzana getiren represiýa belasynyň ahlak azasyny halkymyz çeke-çeke geldi. Bu babatda onuň ýetiren zyýanyny ölçärden çökder. Ýöne bu zalymlygyň halk hojalygyna ýetiren ykdysady zyýanynyň-da möçberini bilýän ýok.

Türkmenistan komsomolynyň taryhynda şeýle bir san ýazylypdyr, ýagny diňe bir 1939-njy ýylyň özünde respublikada kosomollaryň 4400-e golaýy halk hojalygynyň ähli sferalaryna ýolbaşçy işlere çekilipdir. Özem bu fakt partiýanyň komsomollara ynamynyň artmagy hökmünde düşündirilipdir. Ýöne öňde-soňda komsomollardan bir ýylda şonça adamyň ýolbaşçy işlere çekilmändigini ýatlasak, onda bu ýerde ynamam ynam welin, hakykatda kadrlar meseleside uly opurylyşyk bolandygyny aňlamak kyn däldir. Hemme ýerlerde diýen ýaly partiýa komitetlerinde, Sowetleriň ispolkomlarynda, ministrliklerde, edaralarda, kärhanalarda, hojalyklarda ýolbaşçylaryň boşap galan ornuna komsomollar gyssagly suratda çekilipdir. Elbetda, ýaşlar ynamy ödejek bolup, güýç-gaýrat gaýgyrman işläpdirler. Olaryň arasynda wezipesine mynasyp bolup işi känbir bökdençsiz gurap bilenleri-de bar. Emma köpüsi welin «döwrüň ösen talaplaryny» ödäp bilmändir. Sebäbi ýolbaşça güýç-gaýrat bilen birlikde ýeterlik bilimem, durmuş tejribesem gerek. Ol bolsa ýyllar dowamynda emele gelýär.

Şeýlelikde, kosomol ýolbaşçylaryň yhlasly çekýän zähmetine garamazdan, partiýadyr-döwlet organlary, kärhanadyr-hojalyklar esli wagtlap opurylyşyk ýagdaýynda boldular. Aşgabat demir ýoly, Amyderýa parohodçylygy,

Krasnowodsk porty, Baýramalynyň ýag kombinaty, Garabogazyň sulfat kombinaty, Çelekeniň ýod-brom zawody bolsa halys çökdüler. Mysal üçin, 1938-nji ýylyň 1-nji aprelinde Aşgabt demir ýolunda 1396 wagona derek 914 wagona ýük ýüklenip, 1050 wagona deregem diňe 615 wagonyň ýüki düşürildi. Demir ýoluň Mary bölümi hasam çykgynsyz ýagdaýa düşüpdi. 2-nji aprelde Mary stansiýasynda 11 sany poýezd sostawy üýşip, degişli tertipde ugradylyp bilinmän durdy (şol poýezdleriň arasynda 26-njy martdan bäri ugrap bilmän duranlary-da bardy). Demir ýolda poýezd heläkçiligi artdy. Krasnowodsk portynyň ýagdaýy hem şondan gowy däldi. Ähli skladlar hyryn-dykyn bolup, ýükleri goýmaga ýer ýokdy. Şol ýükleri degişli adreslere ibermek üçin azyndan 900 wagon gerek boljak diýýärdiler. Muňa garamazdan, portuň priçalynda 17-sany parahodyň ýüki düşürilmän durdy. Ýükleri düşürmegiň we ýüklemegiň tertibi düýpli bozulan portyň ýaş ýolbaşçylary emele gelen «hojalyk başagaýlygyndan» çykjaga meňzänokdy. Dogrusy, bu «başagaýlyk» tutuş respublika, bütin ýurda mahsusdy.

Halkymyzda «nähäk gan ýerde ýatmaz» diýen pähim bar. Onda-da müňlerçe milionlarça adamyň nähak ganyny hakykatdan-da ýerde ýatmady. 1938-nji ýylyň ýanwarynda BK(b)P MK-niň plenumynda, soňra 1939-njy ýylyň martynda BK(b)P-niň XVIII gurlutaýynda köpçülikleýin jezalandyryş syýasaty ýüzleýrägem bolsa, garaz, ilkinji gezek resmi suratda ýazgaryldy. 1939-njy ýyldan başlap «adam awlamakda» has ýakasyny tanadan jellatlary birnäçesiniň işi suda berildi. Şol sanda «Türkmen azatlygyny» ýokdan bar edip, türkmeniň nebirýigitleriň başyna ýeten naýynsaplaram jenaýat jogapkärçiligine çekili. TSSR IIHK-niň işgärleriniň 33-si sud edilip, olardan 14-si (şol sanda R.K.Balandin, A.G.Didenko, W.N.Saryçew we başgalar) atuwa höküm edildi. Emma olardan hem eýmenç ganhor Manakow welin, sud edilenem bolsa, şol mahal atylman galdy.

Ene bir bellemeli zat bar. Represiýanyň gurbany bolan bigünä adamlary aklamak işi kän bir gyzyşmanka, şol mahallar eýýäm togtadylypdy. Ol diňe 1953-nji ýyldan soň, ýagny ganhorlaryň başy Stalin aradan çykandan soň başlandy. Nähak jezalandyrylan adamlaryň işine gaýtadan seretmek SSKP-niň XX gurlutaýyndan (1956-njy ýyl) soň döwlet işiniň esasy ugurlarynyň birine öwrüldi.

* * *

Represiýanyň çarhynda bilkastlaýyn mäjum edilen türkmeniň men diýen ýigitleriniň, baýdak ýaly gelinleriniň, ykbaly ters getirilen gül-gunça çagalaryň ahy-nalasynyň baky ýaňy ýaňlanyp dur. Ol mukaddes ýaň gulagymyza gelipdurka biz – diriler – halkymyzyň ykbaly hakda oýlanmaga borçlydyrys. Ony bizden atalarmyzyň bilkastlaýyn ýumrulan ojaklary, armanly ýumulan gözleri talap edýär.

## VIII. Türkmen ili urşuň öň ýanynda

Köpçülikleýin jezalandyryş syýasatynyň, bikanunçylygyň we eden-etdiligiň hökmürowanlyk etmegi netijesinde türkmen halky diňe bir moral-ahlak taýdan däl, eýsem maddy-ykdysady taýdanam ägirt uly zyýan çekildi. Köp sanly bilimli tejribeli işgärleriň pürrelenmegi zerarly edaralar, kärhanalar, kolhozlar we sowhozlar uly kynçylyklara duçar boldular. Halk hojalygy çuňňur opurylyşyga düşdi.

Şol bir wagtyň özünde halakara ýagdaýam ýiteleşdi. Howadan «däri ysy» gelip başlady.

1939-njy ýylyň martynda BK(b)P-niň XVIII gurltaýy bolup geçdi. Gurlutaý SSSR-iň içeri we daşary syýasatynyň nobatdaky wezipelerini kesgitledi, halkara ýagdaýyny analizläp, uruş howpunyň abanyp gelýändigini, şu şertlerde ýurdyň goranyş ukybyny berkitmegiň, halk hojalygyny opurylyşykdan çykarmagyň zerurdygyny nygtady.

Şondan soň, adatça, opurylyşyk hakda «dyman» gazet-žurnallar bu hakda käbir maglumatlary ýazmaly boldular. Şol maglumatlara görä, ýurdyň beýleki ýerleri bilen deňeşdirilende Türkmenistanda opurylyşyk juda çökder bolupdyr. Bu hasam goranyş ähmiýeti bolan Aşgabat demir ýolunyň mysalynda äşgär görünýär.

1938-nji ýylyň 1-nji aprelinde SSSR-iň demir ýollarynyň arasynda Aşgabat demir ýoly iň soňky orunlaryň birini-34-nji orny eýeleýärdi. Gatnow tertibinden mejbury suratda çykan otly sostawlary stansiýalarda üýşüp durdy. Wagonlara ýükler wagtynda ýüklenip, düşürilmeýärdi. Demir ýolda zähmet dyzgün-nyzamy gowşap, ýygy-ýygydan ýol heläkçiliginiň gaýtalanyp durmagyna sebäp bolýardy.

Aşgabat demir ýolunyň 22 müň adamy kollektiwi emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin billerini berk guşadylar. Aýratynam komsomollaryň 2 müňden-de köprägi zähmet çekip, şolardan 1400-e golaýy işiň stahanowçylary we zarpçylarydy. ÝOlda 22 sany kosomol-ýaşlar prawozlary hereket edýäri. Şolar ilki bolup has agyr (1400-1500 tonna derek 1700-2000 tonna ýük daşaýan) otly sostawlaryny sürmek boýunça ýaryşa goşuldylar. Diňe 1940-njy ýylyň 11 aýynyň dowamynda şeýle sostawlaryň 894-si geçirilip, plandan artyk 136 müň tonna ýük daşaldy. Wagonlaryň aýlanşygy-ýoluň işiniň uniwersal görkezijisi-kadalaşdy. ÝOk heläkçiligi azaldy. Netijede, Aşgabat demir ýoly ýurtdaky demir ýollaryň arasynda öňdebaryjy orny ýeýeläp, SSSR Aragatnaşyk ýollary halk komissariatynyň Göçme Gyzyl Baýdagyna mynasyp boldy.

Goranyş ähmiýeti bolan Krasnowodsk porty hemopurylyşykdan çykdy. Aşgabat demir ýolunyň we Krasnowodsk portynyň kadaly işläp başlamagy soňra Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ýurdyň nemesler tarapyndan okkupirlenen günbatar raýonlarynyň ilatyny, senagat kärhanalaryny gündogar raýonlaryna ewakuirlemekde hem-de front bilen tylyň arabaglanşygyny üpjün etmekde ägirt uly rol oýnady,

Goranyş ähmiýeti bolan nebit senagaty-da TK(b)P MK-nyň we respublikanyň hökümetiniň üns merkezinde boldy. Günbatar Türkmenistanda täze nebit çykarylyşy 1939-njy ýyl bilen deňeşdireniňde1,5 esse artdy. Himiýa. Ýeňil, dokma, azyk senagat kärhanalarynyň işi kadalaşdy. Garabogazyň sulfat kombinatynda, Çelekeniň ýod-brom, Derwezäniň we Gowurdagyň kükürt zawodlarynda önüm öndürilişi artdyryldy.

Şol bir döwürde Türkmenistanyň senagatyndabolup geçen özgerişlerTK(b)P-niň IX gurlutaýyna (mart, 1940 ý.) TK(b)P MK-nyň hasabat dokladynda öz beýanyny tapypdyr:

«…Biz häzir, BK(b)P-nyň XVIII gurlutaýynyň kararlaryny durmuşa geçirip, respublikada täze senagat pudagyny döredýäris. Eýýäm 1940-njy ýylda ýerli senagat komissariatynyň kärhanalarynda biz respublika 20 müň tonna kömür bermeli.

Büzmeýinde uly sement zawodynyň, Aşgabatda kerpiç çawodynyň, Çärjewde we Aşgabatda iki sany çörek zawodlarynyň, Büzmeýinde çakyr zawodynyň gurluşygyna başlanyldy.

1940-njy ýylda 6 sany çarepisi zawody, 3 sany mebel ussahanasy, Çärjewde ilatyň köp isleg bildirýän metal önümlerini işläp bejerýän ussahana, 3 sany küýzegärçilik ussahanasy, Baýramalynyň pagta arassalaýjy zawody, Daşhowuşda ýag presleýji zawod we beýleki kärhanalar ulanmaga beriler…

Ýöne köp isleg bildirilýän önümleri öndürmek meselesine az üns berýändigimizi boýun almagymyz gerek. Köp isleg bildirilýän harytlaryň çykarylyşy bizi asla kanagatlandyranow. Halk komissariatlarynyň ýolbaşçylary partiýanyň XVIII gurlutaýynyň köp isleg bildirilýän harytlaryň çykarylyşyny artdyrmak baradaky kararyny kanagatlanarsyz ýerine ýetirilýär.

Biz gapy kildini, gapy tutawajyny, ütügiň tutawajy, igäniň sapyny, konserwa pyçaklaryny, ädik çotgalaryny, gapy

berkitgiçleri, geýim asylýan asgyçlary, primus iňňelerini we ş.m. Denepropetrowskiden, Gorkiden, Leningrad-
dan getirýäris. Emma şu zatlary biz Aşgabatda, Çärjew we beýleki şäherlerde hem öndürip bilerdik ahyryn…

Biz respublikamyzda senagaty ösdürmek üçin uly tebigy we gazylyp alynýan baýlyklar, çig mal resurslary bar. Köýtandagda hem Tüwergyrda kömrüň, Çelekende we Nebitdagda nebitiň, Çelekende hem Gowurdakda himiki çig bal bolan kükürdiň. Garabogaz kölda sulfatyň uly zapaslary bar. Ýöne bolar doly peýdalanylmaýar…»

Respublikanyň oba hojaly-gynda-da ýagdaý gowulandy. 1937-nji ýylda 1710 kolhozyň 843-si yzda süýrenýän hoja-lyklardy. Olaryň köpüsi indi öňdäkileriň hataryna geçdi. . Gurplu kolhozlaryň sany artdy. Lenin (häzirki Akdepe) raýonynyň Telman adyndaky kolhozynyň başlygy Orazgeldi Ärsaryýew, Könergenç raýonynyň «Bolşewik» kolhozy-nyň başlygy Aşyr Kakabaýew, Mary raýonynyň Stalin adyndaky kolhozynyň başlygy Mykgy Lorsy ýaly kolhoz ýolbaşçylarynyň ady uly ile ýaýrady. Şol hojalyklary aýaga galdyrmakda partiýa guramalary komsomollara daýandylar. Şol wagtlar kolhoz başlyklarynyň, brigadirleriň, agronomlaryň, zootehnikleriň aglabasy komsomollardy. Kolhoz meýdanlarynda komsomollaryň 27 müňüsi zähmet çekýärdi. Olaryň arasynda ýaryşyň guralyşyna, stahanowçylyga we zarpçylyga aýratyn üns berildi. Komsomollar birnäçe göreldeli başlangyç bilen çykyş etdiler. Mysal üçin, Mary raýonynyň Egrigüzer obasyndan Hallan Begenjiň iki el bilen pagta ýygmak boýunça görkezen göreldesi bütin Türkmenistana giňden ýaýradylyp, ýygymyň depginini üzül-kesil güýçlendirmäge kömek etdi. 1939-njy ýylda respublikada 214 müň tonna ýa-da 1937-nji ýyl bilen deňeşdireniň 56 müň tonna pagta köp taýarlanyldy. Bu şol döwür üçin uly üstünlikdi.

Maldarçylykda käbir işler edildi. 1938-nji ýylda kolhozlaryň bäşden birinde dowardarçylyk fermasy-da ga ra mallar fermasy-da ýokdy. 1941-nji ýylda bolsa şeýle fermalar hemme kolhozlarda diýen ýaly bolup, maldarçylyk kolhoz önümçiliginiň esasy pudaklarynyň birine öwrüldi. Atçylyga üns güýçlendi. 1941-nji ýylyň başynda kolhozlarda we sowhozlarda atlaryň sany 56 müňe ýetdi. Ýüpekçiligi ösdürmekde möhüm ädim ädildi. Respublikanyň özünde gurçuk tohumy öndürilýän baza döredildi.


Mykgy Lorsy

Ýöne şol ýyllarda oba hojalygyny ösdürmegiň käbir pudaklarynda gödek ýalňyşlyklara ýol berildi. Meselem: ýerli ilatyň düýbünden halamaýandygyna garamazdan, obalarda doňuzdarçylyk fermalary döredilip başlandy. 1941-nji ýylda kolhozlaryň eýýäm üçden birinde şeýle fermalar bardy. Baýramaly raýonynyň «Üçajy» sowhozynda garakölli goýunlary emeli tohumlandyryp, her goýundan 2-4-5 guzy almak boýunça täze metod (SŽK) ornadyryldy. Bu «öňde baryjy tejeribe» soňky ýyllarda respublikanyň hemme hojalyklaryna ýaýradylyp, tutuş garakölçülik pudagynyň agsamagyna getirdi.

Umuman alanyňda. Türkmenistanyň senagaty we oba hojalygy opurlyşykdan çykdy. Zawod-fabrikleriň, kolhoz-sowhozlaryň işi kadaly ýagdaýa düşdi.

Medenýetde, aýratyna halk magaryfynda käbir özgerişler boldy. 1940-1941-nji okuw ýylynda respublikanyň başlangyç, ýediýyllyk we orta mekdeplerinde 239,6 müň okuwçy okaýardy, şolaryň 65 prosentindenem köpüsi türkmen

çagalarydy. Respublikanyň ähli şäherlerinde we raýon merkezlerinde orta mekdepler açylypdy. Oba ýerleriniň hemmesinde diýen ýaly ähluмумy hökmany ýediýyllyk okuw girizilipdi. Okuw-terbiýeçilik işleri birneme kämilleşdi.

Türkmenistanda ýokary we ýörite orta okuw jaýlarynda okuwyň hili gowulandy. 1941-nji ýylda respublikanyň ýokary okuw jaýlaryndaky studentleriň sany 3 müňden gowrak adama ýetdi, ýörite orta okuw jaýlarynda bolsa 7681 adam okaýardy. Inistitutlarda 500-e golaý ylmy işgär işleýärdi, köpüsem türkmenlerdi. Soňra Türkmenistanyň magaryfynda hormatly ada mynasyp bolan Mäti Kösäýew, üç dogan-Aba, Baýmuhammet, Nury Garryýewler, Durdy Amanekow, Hojageldi Aşyrow, Han Çapau, Bäşim Hanow, Pygam Azymow, Gaýyp nepesow, Nygam Aşyrow dagy eýýäm şol wagtlardan başlap ýokary mekdepleriň mugallymydy.

1941-nji ýylyň aprelinde SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialy döredildi. Belli akademik B.R.Kelleriň bu wakany gutlap iberen telegrammasynda şeýle sözler bar:

«Türkmenistanda, sosializmiň öňdäki awanpostynda, Aziýanyň jümmüşinde SSSR Ylymlar Akademiýasynyň filialynyň açylmagy iňňän uly medeni-syýasy wakadyr, sowet ylmyna iňňäň uly goşantdyr, sowet ylmy üçin türkmen halkynyň döredijі güýçleri öňküsinden-de giň açylýar».

Türkmenistanyň belli şahyrlarynyň, ýazyjylarynyň hataryna ýaş talantly ýazyjylar Beki Seýtäkow, Pomma Nurberdiýew, Ata Niýazow, Kemal Işanow, Durdy Haldurdy,Akmyrat Çarykulyýew, Çary Gurbangylyjow, Çary Aşyrow, Hajy Ysmaýylow we başgalar goşuldylar.

Şol ýyllarda türkmeniň ussat ýazyjylary Berdi Kerbabaýewiň, Ata Gowşudowyň, Agahan Durdyýewiň, Nurmyrat Saryhonowyň, Rähmet Seýidowyň, Amandurdy Alamyşowiň, doganlar Şaly Kekilow bilen Aman Kekilowyň döredijiligi gülläp ösdi.

1940-njy ýylda türkmen medeniýetiniň taryhynda uly waka boldy. Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynyň biriniji kitaby çapdan çykdy. Romanyň gymmatly ýeri, onda türkmen halkynyň soňky öz erkanalygy ugrynda alyp baran iň aýgytlaýjy söweşleriniň biri – 1916-njy ýylyň halk milli-azat edijilik rewolýusiýasy ussatlyk bilen beýan edilýärdi. Kitabyň neşir edilmegi diňe bir Berdi Kerbabaýewiň özüniň çeperçilik taýdan kämilligini, onuň edebiýat äleminde ägirt ussatlygyny däl, tutuş türkmen sowet edebiýatynyň kämillige gadam basandygyny görkezdi. ýeri gelende aýtsak, soňky wagtlarda käbir edebiýat tankytçylary bu roman barada söhbet açyp, has takygy onda beýan edilýän taryhy wakalaryň, aýry-aýry şahsyýetleriň (şol sanda Eziz hanyň) häsiýetlendirilişinde bir taraplylyk duýulýar diýip ýazýarlar. Gynansak-da, ol hakykatdan-da şeýle. Ýöne onuň obýetiw sebäbi bar. Uzak ýyllarda ýurtda agalyk eden ideologiýa şony talap edýärdi. Umumylykda alanyňda welik, bu romanyň biziň günlermizde-de ähmiýeti ýitenok. Romanda real taryh, ýagny şol döwürdäki diýseň çylşyrymly, bir-birine garşylykly wakalar ussatlyk bilen beýan edilýär. «Aýgytly ädim» romany türkmen edebiýatynyň düýä edebiýatyna goşan iň saldamly, iň köp manyly eserleriniň biridir diýsek öte geçdigimiz bomaz gerek. Roman Berdi Kerbabaýewe şöhrat getirdi, onuň ady meşhur söz ussatlarynyň hataryna goşuldy.

Türkmenistanyň saz, teatr sungatynda-da käbir özgerişler boldy. Şol ýyllarda bu ugurda TSSR HKS-niň ýanyndaky sungat işleri baradaky uprawleniýäniň bitiren hyzmaty ýatlamaga mynasypdyr. Oňa başda Şaja Batyrow, soňra (ol TK(b)P MK-nyň ideologiýa boýunça sekretarlygyna saýlanandan soň) Mämmetdurdy Annagurdow ýolbaşçylyk etdi. Hut şolaryň tagallasy bilen respublikada sungaty ösdürmek barada binäçe möhüm kararlar kabul edildi. TK(b)P MK-nyň hem-de TSSR HKS-nyň «Türkmen sungatyndaky kemçilikleri ýok etmegiň çäreleri we ony mundan beýläk-de ösdürmek hakynda» (1939ý.) hem-de «Türkmenistan SSR-niň

sungatyny mundan beýläk-de ösdürmek baradaky çäreler hakynda» (1940ý.) kabul eden kararlaryna laýyklykda Aşgabatda döwlet opera studiýasy guruldy we oňa onlarça talantly türkmen ýaşlary çekildi. Moskwa döwlet kinoserwatoriýasynyň ýanynda ýörite türkmen bölümi döredilip, şonda aýdymçylaryň, kompazitorlaryň,. Pioninoçylaryň, skripkaçylaryň… milli kadrlary taýýarlanyp başlady. 1941-nji ýylyň 1-nji fewralynda Aşgabatdaky döwlet opera studiýasynda G.Kohianiniň «Bagşynyň ölümi» diýen ilkinji türkmen operasy görkezildi. Şol ýylyň güýzünde (Beýik Watançylyk urşy gidip durka) Türkmen opera we balet teatry açyldy, onda A.Şapoşnikowyň «Zähre we Tahyr» operasy goýuldy.

1939-njy ýylda özüniň 10 ýyllyk toýuny toýlan Türkmen akademik teatry öz repertuaryny has-da baýlaşdyrdy. Teatryň sahnasynda Şekispiriň «Otello», Moleriň «Zor aýakdan doktor bolan» ýaly dünýä meşhur eserleri bilen bir bir hatarda türkmen milli pesalary-da goýuldy. Berdi Kerbabaýewiň «Göterim», Ata Gowşudowyň «Juma», Bazar Amanowyň «Keými Kör» pesalary tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsini gazandy.

1940-njy ýylda Aşgabat kinostudiýasynda «Dursun» kinofilmi ekrana çykdy. Filim bada-bat SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp boldy. Filimde Kerimiň rolynda oýnan Alty Garlyýew diňe bir türkmenleriň däl, ähli Orta Aziýa halklarynyň arasynda ýerli milletlerden bolan ilkinji laureatdy.

Şekillendiriş sungatam ösüp başlady. 1939-njy ýylda Aşgabatda Türkmen döwlet şekillendiriş sungatynyň muzeýi açyldy. Onda ilkinji türkmen hudožnikleri Bäşim Nuralynyň, Haky Allaberdiýewiň, ÝAkup Annanurowyň, Niýazmyrat Dowodowyň işleri mynasyp orun aldy.

Türkmenistanda medeni aň-bilim edaralarynyň sany artdy. Kitaphanalar, klublar, medeniýet öýleri ilat arasynda medeni-köpçülik işlerini alyp barýardy. 1941-nji ýylda

respubrikada 73 gazet we 9 žurnal neşir edilýärdi, şolaryň 32 sanysy türkmen dilindedi.

Mahlasy, Türkmenistanyň halk hojalygynda, hatda halkyň ruhy durmuşynda-da özboluşly galkynyş alamatlary duýulýardy. Bu aýratyn hem milli saz sungatynda äşgär göründi. Şol ýyllarda respublikanyň hemme ýerlerinde köp sanly çeper höwesjeňler kollektiwleri peýda boldy. Yzly-yzyna bagşy-sazandalaryň slýotlary, çeper höwesjeňleri gözden geçirişleri guraldy. Özem ol ýaryşlar örän şowhunly geçýärdi. Oňa diňe bir çykyş edýänler däl, tomaşaçylaram köplenç milli lybasly barýardy. Şol ýyllardaky medeni galkynyşy ýatlap meşhur gyjakçy Ata Abylow şeýle gürrüň berýär: «1937-nji ýylda bagşy Sahy Jäpbarow Aşgabatda ansambl toplaýarmyş diýen habar ýaýrady. Bizem 3-4 oglan bolup ylalaşyp şol ýere geldik. Bizi ýaş görüp, birbada ansambla almadylar, ýöne sazçylyk tehnikumyna ýerleşdirdiler. Ol ýerde birnäçe beýik halypalary gördük. Olar bize sapak berdiler. Tehnikumy tamamlap, işläp başladyk. Şol wagtlar şäheriň dynç alyş seýil bagynyň ştatynda ýörite bagşy bardy. Bagda uly çaýhana bardy, onda mydama palow bişip, semawarlar gaýnap durandyr. Türkmen ýigitleri medenýetleşip, öz milli geýminde, gelninem ýanyna alyp, gyzyl çog bolup, çaýhana gelip, nahar iýip, çaý içip, aýdym-saz diňlärdiler. Bagşynyň sesi tutuş bagyň içini ýaňlandyryp, has alyslardanam eşidilip durandyr. Çaýhana beýleki milletlerdenem adamlar barýardy. Çaý-nahar edinip, aýdym-saz diňläp giderdiler. Hiç hili zat duýulman, muňa umumy ýagdaý hökmünde garalýardy. Şol ýylar bu zatlar adaty ýagdaýdy».

Dogrydanam bu geň ýagdaýdy. Graždanlyk urşunyň, repressiýa-nyň sansyz-sajaksyz pidalaryndan soň il-gün birbada sus bolaýjak ýalydy. Bu ýerde milli galkynyş, ruhybelentlik… Bu nähili beýle bolýar? Uzagyndan bu meseläni düýpli, özem, ähtimal, psihologik jähtden öwrenmeli bolar. Häzirlikçe bolsa onuň jogaby şeýle: uzak ýyllaryň ganjaryşmasyndan, ýeňşeşiginden halk halys ýadapdy. Ol öz ynjan, sarsdyrlan, sep

açan ruhy dünýäsini seýklemek isleýärdi. Galyberse-de, hökümetiň syýasatam şoňa ýardam etdi. Uruş howpunyň abanyp gelýän ýerlerinde halky göwnüçökgünlikden çykarmak örän uly zerurlykdy. Hut şonuň üçinem yzly-yzyna bagşy-sazandalaryň slýotlary, ýaş talantlaryň gözden geçirilişleri we ş.m. guralýardy. Bu meseläniň möhüm tarapy. Ýöne hemmesi däl. Halky göwni çökünlikden çykaryp, onda watançylygy oýarmak işleriniň-de alnyp barlandygyny aýtmalydyrys.

1938-nji ýylda «BK(b)P-nyň taryhynyň gysgaça kursy» çapdan çykdy. Mälim bolşy ýaly, kitap soňky ýylarda örän ýiti tankyt edildi. Özem adalatly tankyt edildi. Sebäbi, ol marksizm-leninizm teoriýasynyň, bolşewikler partiýasynyň taryhynyň meselelerine garaýyşda plýuralizmiň-dürli pikirliligiň soňuna çykypdy. ÝUrdyň geçmişi, şol wagtky durmuşy hem geljegi hakynda ýeke-täk «dogry we gutarnykly» garaýyşlary özünde jemläp, jemgiýetçilik ylymlarynda elhenç doňaklygyň başyny başlapdyr. Ýöne bir zady bellemeli: halkyň aglabasy bu kitaba ynanypdy. «Gysgaça kurs» öz döwründe zähmetkeşleri, aýratynam kommunistleri we komsomollary sosializm ideýallaryna ynandyrmak uly rol oýnady, çünki partiýa we komsomol guramalary «gysgaça kursuň» hemme ýerlerde öwrenilmegi barada çynlakaý alada etdiler. Aslynda kitabyň özem sada, düşnükli dilde ýazylandy. Zähmetkeşler, ýaşlar ony ürç edip okadylar. Okap bilmeýänler klublarda, gyzyl çaýhanalarda, gyzyl okalgalarda komsomol agitatorlaryna sesli okadyp diňlärdiler. Ilki ýap-ýaňy ýaýrap başlan «maşyn bagşyny» (patefony) diňläp, yzyndan «gysgaça kursuň» okalýan halatlary-da bolýardy.

Şol döwrüň esasy şygary ýurdy sarsmaz gala öwürmekdi. Kärhanalarda, kolhozlarda, edaralarda, okuw jaýlarynda köpçülikleýin protiwogazly türgenleşik geçirilip başlandy. Zähmetkeşler, ýaşlar işden, okuwdan soň granat zyňmagy, pulemýot, tüpeň atmagy, howa hüžüminden goranmagy öwrenýärdiler. Harbylaşdyrylan ýörişlerem geçirilýärdi. 1939-njy ýylyň başynda Aşgabadyň 2-nji

peduçilişesinde okaýan türkmen gyzlarynyň 23-si Aşgabat – Bäherden aralygy pyýada protiwogazly ýöriş geçirdiler. Olar 120 kilometr ýoly 18 ýöriş sagadynda geçip, çydamlylygyň hem türgenligiň özboluşly nusgasyny görkezdiler. Şondan soň harbylaşdyrylan ýörüşlere we türgenleşiklere ýigitler we gyzlar has işeňňir gatnaşdylar. 1939-njy ýylda Türkmenistanda şeýle ýörişlere we türgenneşiklere 29 mün adam gatnaşan bolsa, 1941-nji ýylyň biriniji ýarymynda goranyş-bedenterbiýe ýaryşlarynda ukyp-başarjaňlygyny synap görenleriň sany 170 müňe ýetdi.

Şol wagta çenli aýal-gyzlardan köpçülikleýin hünärler boýunça kadrlar taýarlamakda hem ep-esli işler edildi. Diňe bir 1939-1940-njy ýyllarda aýal-gyzlardan 4 müňe golaýy traktorçy, awtomaşyn sürüji, teplowoz sürüji, teplowoz sürüjiniň kömekçisi we käbir beýleki hünärleri ele aldylar. 1941-nji ýylyň ortalaryna çenli respublikanyň kolhozlarynda 559 zenan traktorçy bolup işleýärdi. MTS-leriň 11-sinde aýallar traktor brigadalary döredilipdi.

Şeýlelikde, gysga wagtyň, bary-ýogy 3-4 ýylyň içinde respublikanyň halk hojalygy öňkä garanyňda birneme ýokary göterildi. Zähmetkeşleriň, ýaş ýigitleriň we gyzlaryň ruhuny götermek,olara watançylyk duýgusyny oýarmak başartdy. Aýal-gyzlara erkek adamlaryň hünärlerini öwretmek ýola goýuldy. Mahlasy, halk öňde ägirt uly synagyň durandygyny bildi we watan goragyna taýar boldy.

# IX. Beýik Watançylyk urşy

## 1. Türkmen ýigitleri watançylyk urşunyň frontlarynda

1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda faşistik Germaniýa ähtiýalançylyk bilen SSSR-iň üstüne çozdy. Sowet halklarynyň Beýik Watançylyk urşy başlandy. Müňlerçe türkmen ýigitleri uruş habaryny eşidenden harby komissariatlara baryp watan goragyna gitmäge taýýardyklaryny aýytdylar. Urşuň eýýäm ilkinji günlerinde olardan 3 müňden gowragy meýletin fronta gitdiler.

Raýon, şäher harby komissariatlary adamlaryň iň köp ýygnanýan ýerine öwrüldi. ÝAş ýetginjekleriň arasynda öz ýaşyny uly ýazdyryp fronta gitjek bolýanlaram az däldi.

1941-nji ýylyň güýzünde Türkmenistanda fronta ugratmak üçin öz milli goşun birikmeleri düzülip başlandy. Dogrusy, respublikada 1924-1928-nji ýyllarda milli goşun döredilip, onuň öz ofiser kadrlary-da ösüp ýetişipdi. Emma BK(b)P MK-nyň we SSSR HKS-niň 1938-nji ýylyň 7-nji martynda kabul edilen kararyna laýklykda milli goşunlar ýatyrylyp, dürli milletlerden bolan ýigitler ors dilinde dolandyrylýan umumy goşun bölümlerinde gulluk etmäge borçly edilipdi. Bu karar nädogrudy. Ors däl milletlerden bolan esgerleriň ors dilini gowşak bilmegi uruş şertlerinde nähak pidalara sebäp bolýardy. Belki şonuň üçindir, eýýäm urşuň ilkinji günlerinden başlap bütin SSSR boýunça köne, milli goşun birikmelerini dikeltmek başlandy.

Gysga wagtyň içinde Türkmenistanda 87-nji we 88-nji aýratyn türkmen atyjy brigdalary, 97-nji we 98-nji türkmen atly diwiziýalary düzüldi. Az agtlyk türgenleşik geçirilenden soň ilki 87-nji aýratyn türkmen atyjy brigadasy, soňra beýleki goşun bölekleri hem eşelon yzyna eşolon bolup fronta ugradylar. Bu goşun bölekleriniň hatarlary soňra-da respublikanyň öz hasabyna doldurylyp duruldy.

Uruş ýyllarynda Türkmenistanyň kommunistleriniň 10 müňden-de köpüsi (partiýa guramasynyň düzüminiň ýarsyndan köprägi), komsomollarynyň 40 müňüsi (komsomol guramasynyň düzüminiň üçden iki bölegi, has takygy komsomol ýaş ýigitleriň hemmesi), partiýa we döwlet işgärleriniň ýüzlerçesi fronta gitdiler.

Resmi maglumatlara görä, uruş ýyllarynda türkmen ýigitlerinden 190-200 müň töweregi fronta gidip, şolaryň hem 50 müň töweregi ýa-da dörtden birisi söweşlerde wepat bolupdyr. Ýöne bu maglumatlar entek ylymda takyk edilenok. Urşa gidenleriň, has beterem uruşda wepat bolanlaryň sany bu görkezilýän sanlardan artyk bolandygy belli zat. Mysal üçin, 1941-nji ýylda Türkmenistanda 1300 müň töweregi adam ýaşapdyr. Şolardan ýarysyna golaýy erkek adamlar bolup, olaryň hem 250 müň töweregi harby çagyryşa (18-den 50 ýaşa çenli) degişli eken. 1933-1940-njy ýyllarda goşun gullugyna alynanlar hem uruş başlanandan şol ýerde galypdyrlar. 1941-1945-nji ýyllar aralygynda hem her ýyl ýaşy ýeten erkek adam urşa alnypdyr. Diýmek, urşa gidenleriň sany azyndan 300 müň adama ýeten bolmaly. Başgaça aýdylanda, az sanly bron bilen tylda galdyrylan diýäýmeseň eli ýarag tutup biljek erkek göbekliniň barysy fronta alnypdyr. Soňky wagtlarda käbir etraplaryň, kolhozlaryň takyklanan maglumatlaryna esaslansak, fronta gidenleriň ýarsyndan-da köpüsi söweşlerde wepat bolupdyr ýa-da dereksiz ýitipdir. Mysal üçin, diňe bir Sakarçäge etrabyndan 1700 töweregi adam dolanyp gelmändir. Bizde bolsa näçe etrap, näçe şäherler bar. Diýmek, respublika boýunça gelmedikleriň sany takmynan 150-160 müň adama ýetipdir. Munuň nä derejede betbagytçylykdygyny göz öňüne getirjek bolup görüň! Asla, ony göz öňüne getirip bir boljakmy?!

Elbetde, uruş uruşdyr. Ol pidasyz bolmaz. Ýöne türkmen iline şeýle çökder düşen başga uruş bolupmydy diýseň, goja taryh dymsa gerek. Şonuň üçinem, adatça tekrarlanyp gelinişi ýaly, Beýik Watançylyk urşy ýyllary

halkyň diňe gahrymançylygy bilen beslenmän, eýsem onuň bimöçber betbagtçylygynyň, beýniňi sarsdyrýan hasratynyň-da ýyllarydyr. Biz ony hut şu nazarýetdenem öwrenmegimiz gerek.

Ýöne beýle diýildigi söweşlerde görkezilen gahrymançylygy unutmaly diýildigi däldir. Faşistlere garşy aldym-berdimli söweşlerde türkmen ýigitleriniň görkezen gözsüz batyrlygy şol ýyllaryň taryhyna öçmejek sahypalar bolup ýazyldy. Bu hakda ýatlasaň ozaly bilen türkmen gerçegi Gurban Durdy göz öňüne gelýär: 1941-nji ýylyň 26-27-nji iýuny – urşuň ýaňy dördünji-bäşiniji günleri faşistlerbilen bolan çaknyşykda hakyky edermenlik görkezip, ol diňe bir öz ildeşleri türkmenleriň däl, eýsem ähli Orta Aziýa we Gazagystan halklarynyň arasynda-da biriniji bolup Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen ada mynasyp boldy. Gurban Durdy-sada türkmen daýhan ogly-tutuş Sowet Goşunynyň seržantlar düzüminiň (kiçi komandirleriniň) arasynda-da ilkinji bolup şu ady alan gahrymandy.



***Sowet Soýuzynyň Gahrymany Gurban Durdy***

**«…Gurban Durdy, milleti türkmen, 1917-nji ýylda Mary oblastynyň Sakarçäge raýonynyň Çöňürýap obasynda daýhan maşgalasynda doguldy.**

**1934-nji ýylda ol doly däl orta mekdebiň 5-nji kylasyny tamamlady we Sakarçäge raýonynyň Woroşilow adyndaky kolhozynda kolhozçy bolup işe başlady.**

**1938-nji ýylda Gurban Durdy Sowet Goşunynyň hataryna gulluga çagyryldy we komsomola girdi.**

**Gurban Durdy gullugy serhetde geçdi. Şonuň üçinem ol derýanyň gyrasynda nemes goşunlarynyň ilkinji urgusyna duçar bolanlaryň biridi. Gurban Durdy Günorta frontyň 9-njy armiýasynyň 176-njy atyjylyk dwiziýasynyň 389-njy atyjylyk polkunyň otdeleniýe komandiri bolup, özüni başarjaň, töwekgel, batyr esger hökmünde tanatdy. Ol duşmanyň çuňňur tylyna razwedka etdi, san taýdan agalyk edýän duşman güýçleri bilen söweşe girdi we üstün çykmagy başardy.**

**Kiçi seržant Gurban Durdy 1941-nji ýylyň 26-njy iýunynda Bessarabiýa-Rumyn serhedine Malo-Malokişno diýlen ýerde bir möhüm belentlige hüjüm edilende aýratyn tapawutlandy. Ol öz otdeleniýesini üç gezek hüjüme galdyrdy, birnäçe gezek agyr ýaralansa-da söweş meýdanyny taşlamady. Hüjümi dowam edip, söweşijileri yzy bilen alyp gitdi.**

**…Bu edermenligi üçin oňa, SSSR ÝOkary sowetiniň Prezidiumynyň 1941-nji ýylyň 9-njy noýabryndaky Ukazy bilen Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen at dakyldy. Gurban Durdy bu belent ada mynasyp bolan ilkinji türkmendir.**

**…Birnäçe ýerinden agyr ýaralanan Gurban Durdy gospitalda ýatdy, 1941-nji ýylyň sentýabrynda bolsa demobilizlenip, obasyna dolanyp geldi. 1942-nji ýylda ol Komunistik partiýanyň hataryna girdi. Şol ýyl M.Gorkiý adyndaky Aşgabat pedinstitutyna okuwa girip, 1947-nji ýylda inistitutyň taryh fakultetini tamamlady. okuwa girensoň Gurban Durdy TSSR Ylymlar Akademiýasynyň taryh muzeýiniň kiçi ylmy işgäri, 1953-nji ýyldan soňra bolsa tä ömrüniň ahyryna çenli Muzeýiň direktory bolup işledi.**

**Gurban Durdy 1976-njy ýylda aradan çykdy.**

Beýik watançylyk urşunda görkezen edermenligi üçin Sowet Soýuzynyň Gahrymany diýen ada türkmenistanly gerçeklerden 76 adam mynasyp boldy. Olardan Allaberdi Agalyýewiň, Gylyçnyýaz Azalowyň, Oraz Annaýewiň, Annagylyç Ataýewiň, Muhammet Ataýewiň, Tagan Baýramdurdyýewiň, Mülki Baýramowyň, Muhammet Gylyjowyň, Berdimyrat Döwletjanowyň, Täçmämmet Nyýazmämmedowyň, Rejep Durdyýewiň, Pena Rejebowyň, Aýdogdy Tahyrowyň, Orazberdi Hekimowyň, Saparmät Hojaýewiň we beýlekileriň atlary türkmen halkynyň gahrymançylyk taryhyna ebedilik ýazyldy.

Bu gerçekleriň gahrymançylygy hakda näçe ýatlasaň ýatlap oturmaly. 1945-nji ýylyň başlarynda agyr söweşler eýýäm Germaniýanyň öz territoriýasynda gidýärdi. Gazanjykly uly seržant Pena Rejebowyň batareýasy Oder derýasynyň boýundaky söweşlerde tapawutlandy. 13-nji fewralda nemesleriň goraýan köprüsini eýelemek maksady bilen 10 gezek hüžüme geçdi. 12sagada çeken söweşde Pena Rejebowyň rasçýoty duşmana uly zyýanlar ýetirip, onuň 9 hüžümini yzyna serpikdirdi. Şol söweşde ol iki aýagyndanam ýaralandy, emma söweş meýdanyny taşlamady, öz pulemýoty bilen duşmany oka tutmagy dowam etdirdi. Pena Rejebow häzir aramyzda sag-aman gezip ýör. Ol taryh ylymlarynyň doktory, köp sanly ylmy, populýar kitaplaryň awtorydyr.

Hut şol Oder boýundaky söweşlerde gahrymançylyk görkezenleriň ýene ikisini ýatlaryň: olaryň biri edermen ýigit gökdepeli Orazberdi Hekimow, beýlekisi tejenli Muhammet Ataýewdi. Agyr tankyň komandiri Muhammet Ataýew 1945-nji ýylyň 7-nji aprelinde öz ýoldaşlary – ors ýigitleri Kadoçkin, Grisenko we Zuýkow bilen birlikde gaýduwsyz gahrymançylyk görkezip, soňky demine çenli duşman bilen söweşdi.

Olar faşistleriň 150-siniň janyny jähenneme iberdiler. Ýöne dördüsem wepat boldy.

Türkmen gerçekleriniň frontlarda gekezen gahrymançylygy barada aýdylanda meşhur razwedkaçy Aga

berdiýewi, batyrlykda deňi-taýy bolmadyk partizan ýigit Geldi Gurbanmyrady ýatlaman geçmek bolmaz. Aga Berdiýewiň bütin halka belli, taryhda ebedileşdirilen ady bar. Emma Geldi Gurbanmyrady welin, entek köpler bilenok. Hakykatdanda bolsa batyr türkmen ýigidi özüniň gaýduwsyzlygy, mergenligi bilen Orel, Brýansk tokaýlarynda bütin partizan otrýadyny haýran galdyrypdy. Ol 1942-nji ýylyň 28-nji dekabrynda söweş meýdanynda wepat boldy. Partizan otrýadynyň komandiriniň türkmen iline gynanç bildirip ýazan hatynda şeýle sözler bar: «Güneşli Türkmenistanyň edermen ogly Geldi Gurbanmyradyň gaýduwsyzlygy, onuň görülmedik batyrlygy otrýadyň partizanlary üçin ömürlik nusga bolup galar».

Türkmen ýigitleri Orsyýet-de, Ukrainada, Belorussiýada, Pribaltikada, Gündogar ýewropa ýurtlarynda faşizme garşy aldym-berdimli söweşlere gatnaşdylar. Olardan müňlerçesi duşmanyň tylynda, partizan otrýadlarynyň hatarlarynda-da söweşip. Türkmen ýigitlerinden hatda Italiýada, Fransiýada, ÝUgaslawiýada hereket eden antifaşistik guramalaryň hatarynda söweşip, şol ýurtlaryň gahrymany bolanlaram bardy.

Bu edermenlik üçin türkmen batyrlarynyň müňlerçesi orden-medallar, öz atlaryna ýazylyp berlen şahsy ýadygärlik ýaraglary bilen sylaglandy. Ýöne,arman, müňläp-müňläp gerçekleriň mazary ata Watandan-Türkmenistandan daşda galdy.

## 3. Tylda görkezilen edermenlik

Uruş ýyllarynda halkyň tylda bitiren işem hakyky edermenlikdir. Işe ýaraýan erkekleriň uçdantutma hemmesi diýen ýaly fronta gidip, stanogyň başynda, kolhoz meýdanlarynda olaryň ornuny aýallar, garrylar, çagalar tutmaly boldy. Tylda galanlaryň gerdenine düşen agram diňe bu-da däl. Halk hojalygyny, ozaly bilen bolsa senagaty uruş hajatlaryna tabyn edip gurmalydy. Şol bir wagtyň özünde ýurdyň nemes

faşistleri tarapyndan okkupirlenen günbatar raýonlaryndan göçürilip getirilýän kärhanalary ýerleşdirip, öý-öwzarsyz galan bosgunlary ýaşar ýaly jaý, gün-güzeran görer ýaly iş bilen üpjün etmelidi. Galyberse-de, urşa giden ýigitlere-de tylyň maddy hem moral kömegi zerurdy.

Garaz, iş wagty eýýäm sagatlap ölçelmeýärdi. Daň atandan garaňky gatlaşýança kolhoz meýdanlarynda bili bekemedik çagalar, ýaşy bir çene baran garrylar halys tapdan düşýärdiýu. Aýallara bolsa işden gelibem dynuw ýokdy. Olar tapanja dänesini degirmende üwäp çörek bişirýärdiler, pelteli çyraň yşygynda frontaky jan-jigerleri üçin ellikdir-jorap örüp, geýim-gejim tikýärdiler, depder kagyzyna hat ýazyp, ondan üç buruç bukja ýasap fronta ýollaýardylar. Ýöne durmuş näçe agyram bolsa aýallaram, garrylaram, çagalaram ruhdan düşenokdy.olar urşuň hökman ýeňiş bilen gutarjakdygyny, özleriniň yhlasly zähmeti bilen ony golaýlaşdyrýandyklaryny ynanýardylar.

Uruş ýyllarynda Türkmenistanda göçürilip getirilen kärhanalaryň esasynda birnäçe täze fabrik-zawodlar işe girizildi. Çärjewde ýemeli gön fabrigi (Woroşilowgrad we Zawidowo ýüň mata fabrikleriniň esasynda), Aşgabatda ilkinji tikin fabrigi (Rostow tikin fabriginiň esasynda), krasnowodskide nebiti gaýtadan işleýän zawod (Tuapsäniň we Groznynyň zawodlary esasynda), Maryda tikin fabrigi işläp başlady. Uruş ýyllarynda respublikada jemi 50-den köpräk kärhana guruldy. Goranmak ähmiýeti bolan senagat önümleriniň 70-denem köp görnüşi öndürmeklik ýola goýuldy.

Respublikanyň oba hojalygynda pagtaçylyk bilen bir hatarda gallany köp öndürmäge ugur alyndy. Mysal üçin, 1943-nji ýylda däne ekinleri 1940-njy ýyldakydan iki essä golaý köp ekildi. Gök-bakja ekinleriň meýdany mese-mälim artdy. Jemgiýetçilik mallarynyň baş sany abat saklandy, etiň, süýdüň we beýleki önümleriň öndürilişi dowam etdi. Şeýle-de bolsa azyk önümleriniň köp bölegi harby hajatlary alnany üçin şäher ilatynyň , hatda oba ilatynyň hem doýa garny doýmady.

Iş agyrdy. ÝArym aç gelin-gyzlar, garrylar, çagalar halys surnukýardylar. Ençeme kolhoz-sowhozlarda günde bir wagtyna (günortan) bulamak bişirip bermek ýola goýuldy. Şol bulamakdan ejesiniň ýa-da atasynyň ýanynda iýmek üçin kiçijik çagalaram şolar bilen bile işe gidýärdiler. Ine, onsoň günortan bulamakçy agaçdan ýasalan bir bölek relse iki-üç gezek karar welin uly-kiçi «etek alty, ýeň ýedi» bolup ylgaşyp gelýändir.

Raýkomyň sekretary, oba Sowetiniň ýa-da koloş başlygy we ýene-ýeneler bolaýmasa, ilatyň aglabasynyň öz öýünde nahar-şoredilmezdi. Ediläýse-de «Stalin çorba» (çigit ýagy ýüzünde gaýyp ýören şuruk suw) ýa-da «jejendir» (azajyk urba sepilip lokgalanyp bişirilen ot). Köp ýerlerde iýilýän zat ot, künjara bolany üçin adamlaryň ýüzüne gögüň reňki urupdy. Ölýän kändi. Ýöne ölüm bilen öwrenilişipdi.

Ine, hut şeýle ýagdaýda-da türkmen halky ýurdyň nemesler tarapyndan okkupirlenen günbatar raýonlaryndan gelýän bosgunlaryň 32 müňisini öz penasyna aldy. Olary mümkin boldygyça öý-öwzar bilen üpjün etdi. 1943-1944-nji ýyllarda Respublikanyň kolhozlary okkupantlardan azat edilen raýonlar üçin plandan daşary 3125 gektar däne ekdiler we 71 müň sany mal berdiler. Aşgabat demirýoly şol raýonlardaky birnäçe depony, wakzaly, dispeçer stansiýasyny dikeltmek üçin ýenjam berse, Aşgabadyň aýna zawody 35 wagon penjire aýnasyny iberdi. Beýleki kärhanalar, MTS-ler hem mümkin bolan kömegini berdiler. Orsyýetiň kärhanalarynda işlemek üçin işçi botolýonlary-da düzülip iberilýärdi. Uruş ýyllarynda Türkmenistandan 25 müňden gowrak adam Gorkiý, Huýbyşew, Kirow, Molotow, Swerdlowsk, Moskwa, Çelýabinsk oblastlarynyň we Krasnaýars ülkesiniň kärhanalarynda hem-de gurluşyklarynda zähmet çekdiler.

Respublikanyň zähmetkeşleriniň fronta beren kömegi aýratyn belläp geçmäge mynasypdyr. Aşgabat raýonynyň Swerdlow adyndaky kolhozynyň zwenowody Sadar Niýazowanyň goranmak fondyna geçiren 60 müň manadyna bir

top, Duşak oba sowetiniň başlygy Lallyk Hanowyň beren puly bolsa tank ýasalyp fronta ýollandy. Goranmak fondyna zähmetkeşlerden jemi 170 million manat pul düşüp, hem-de 110 million manatlyk zaýom oblegasiýalary tabşyrylyp, şol serişdelere «Türkmenistanyň dokmaçysy», «Türkmenistanyň azyk işgäri», «Sowet Türkmenistanyň 20 ýyllygy» adyndaky söweş samolýotlar eskadrinasy, «Türkmenistanyň osoawiahimi» diýen tank koloniýasy, «Türkmenistan komsomoly», «Türkmenistanyň ýaş pionerleri» diýen tanklar ýasalyp fronta iberildi. Söweşýän esgerler üçin ilat 6 eşelon ýa-da 300 wagon dolduryp dürli sowgat (2 million daşky we içki ýyly egin-eşik, 10 müň sany şahsy sowgat we başga zatlar) ýollady.

Mysal üçin, 1942-nji ýylyň 11-nji iýunynda hereket edýän goşunyň söweşijilerine türkmen halkynyň adyndan ýörite gurlan uly eşelonyň ugradylandygy baradaky habarda şeýle sözler bar:

«Şu gün hereket edýän goşunynyň söweşijilerine, komandirlerine we syýasy işgärlerine niýetlenen türkmen halkynyň sowgatlary ýükli eşelon Aşgabat stansiýasyndan çykyp ugrady.

Poýezd «Hemme zat front üçin ýüzlenme. Hemme zat ýeňiş üçin» diýen lozunglaryň ýerine ýetirilmegi üçin ähli güýjini we serişdesini gaýgyrmaýan sowet halklarynyň beýik dostlugyna bagyşlanan plakatlar hem lozunglar bilen bezelipdir.

Eşelonda 35 wagon bar. Şol sanda 6 wagon wine, 4 wagon peýnir,et, 3 wagon makoron, kolbasa önümleri, 3 wagon tüwi, balyk, 2 wagon ýumrtga, bal we ş.m. Bulardan başgada, eşelonyň düzüminde 2 wagon gidlerçi haramzadalardan azat edilen raýonlaryň ilaty üçin dürli öý goşlary ýüklenipdir».

Tiziräk ýeňiş gazanyp aman galan ýigitleriň sag aman dolanyp gelmeginiň hatyrasyna türkmen aýal-gyzlary özleriniň iň ýeý görýän şaý-seplerini-de goranmak fondyna berdiler. Dogrusy, ilki başda Tagtabazar raýonynyň «Gyzyl Goşun»

kolhozynyň kolhozçy aýallary özleriniň gyzyl goşulan 82 kilogram kümüş şaý-seplerini bu fonda tabşyranlarynda oňa şübhelenmänem durmadylar. Ilat gorkuzylyp, zorluk bilen alynandyr öýütdi. Aşgabatdan ýörite hökümet komissiýasy iberildi. Komissiýa şaý-sepleriň meýletin tabşyrylandygyny anyklady. Kolhozçy aýallar: «Watan howp astyndaka, bize şaý-sepiň geregi ýok. Biziň ärlerimiz, agalarymyz, doganlarymyz ýeňiş bilen gaýdyp gelenlerinden soň, biz öňküden hem has gowy bezeneris» diýip, jogap berdiler.

Goly gabarçakly, ýüregi dagly, emma kalby päk sahabatly şol gelin-gyzlarmyzyň edermenligi ýaly başga bir edermenligi taryhdan tapaýmak aňsat däldir. Olaryň watançylygy, mukaddesligi çiriksizdir.

Şeýlelikde, eýýäm şol 1941-nji ýylyň noýabyryna çenli ýagny bary ýogy dört aýyň içinde türkmen aýal-gyzlaryndan 2519 kilogram altyn-kümüş ýygnaldy. Urşuň bütün dowamynda bolsa respublika boýunça ähli ýygnalan altyn-kümüş 7392 kilograma barabar hasap edilýär. Emma bu maglumat takyk däldir. Üstesine-de gelin-gyzlaryň, ata-eneleriň mukaddes mirasy hökmünde janyndan eý görüp saklan şonça şaý-sepleriniň nirä düşip, näme edilendigi häli-häzire çenli doly anyklananok. Belki, olar bir hannasyň «holtumyny» ýaglandyr? ÝA-da nejis faşistleriň goluna düşendir? Umuman, bu ýerde oýlanmaga zat bar.

Fronta ruhy taýdan kömek berildi. «Sowet Türkmenistany», «Türkmeniskaýa iskra» gazetleri frontçy türkmen esgerleri üçin ýörite nomerleri neşir edýärdi. Fronty esgerleriň ýanynda medeni brigadalar hem iberilýärdi.

Şeýle brigadirleriň hatarynda belli türkmen bagşylary Sahy Jepbarow, Nabat Nurmuhammedowa, Nurjemal Adyýewa, Giçgeldi Amanow, Kiçi Geldimyradow we beýlekiler ençeme frontlarda esgerleriň öňunde çykyş etdiler. Bu çykyşlaryň ähmiýeti uludy. Front bilen tylyň jebisleşmegine ýardam edýärdi.

Uruş weteranlarynyň köpüsiniň ýatlamalaryna görä, türkmen ýygitleriniň goş haltalarynda «Görogly» epos, Magtymgulynyň we beýleki akyldarlaryň goşgular ýygyndysy bardy. Käbir esgeriň ýanynda bolsa hat-da tutardyr gyjagam bardy.

Fronty ýazyjy Seýtniýa Ataýewiň «Maýagözel» diýen hekaýatynda beýan edilýän Oraz Gyjakçynyň obrazy hut şol sazanda esgerleriň mysalyndan alynandyr.

Uruş ýyllarynda Türkmenistanyň zähmetkeşleri söweşijilere sowgatlar bilen birlikde, hatlaram iberýärdi. Ine, şol halardan birisi:

«Jigit, bilgin!

Azow deňdiriň kenarynda, Ukrainanyň sähralarynda, Welikorus tekizliklerinde we Leningradyň ýanynda öz güneşli Türkmenistanyňy, ýagny öz ata watanyňy, öz eneňi, aýalyňy we çagalaryňy goraýansyň. Goý, olar saňa söweşlerde gaýduwsyzlyk, güýç-kuwwat bersin». Elbetde, şeýle pentler bilen ýazylan hatlar ýigitlere täsir etmelidi. Täsirem edipdir. Olar duşmana aç böri deýin topulypdyrlar. Söweşlerde wepat bolan esgerleriň kiselerinden, goş haltalaryndan çykan köp sanly okalyp-okalyp sary gaçan üçburç bukjalar şu aýdylanlara güwä geçýär…

* * *

1945-nji ýylyň 9-njy maýynda faşistik germaniýa boýun ýegdi. Beýik Watançylyk urşy tamamlandy. Ýöne ýeňiş örän agyr düşdi. Ägirt pidalar çekildi. Urşuň hojalyga salan ýarasy mälimdir. Emma onuň moral-ahlak taýdan ýetiren zyýanyny nädip ölçäp bolar? Sansyz sajaksyz ölüm ýiti, her öýde diýen ýaly gopan ahyr zamana, dul galan gelinleriň, ýetim çagalaryň ahy-nalasy… Asla, uruşdan geldi diýilýänleriň saglygy nä derejede boldyka? Belki, olar beýnesi sarsan telbe ýa-da öz bolşuna janyndan doýup, maýyp müjrip bolup gelendir? Ýöne bir zada belli: O-da biziň her birimiz Aşgabadyň ortasynda,

beýleki oba şäherlerde ýanyp duran baky oduň ýanynda baranymyzda endi şol hakda, ýagny urşuň halkyň ýüreginde goýan dagy hakda entek entekler köp oýlanmagymyz gerek.

## X. Dikeldiş ýyllary

Front liniýasy Türkmenistanyň çälerinden daşda bolsada, bu ýerde hem halk hojalygy uly zyýan çekdi. Senagat harby önümleri çykarany sebäpli ilatyň gündelik isleg bildirýän harytlarynyň önurilişi halys pese gaçypdy. Kärhanalarda işçi kadrlary, ylaýtada ýerli milletlerden bolan işçiler ýetenokdy.

Uruş ýyllarynda respublikada traktorlaryň sany 4449-dan 3745-e, awtomaşynlaryň sany 1141-den 393-e çenli kemelipdi. Oba hojalygyna mineral dökünleriň, stanoklaryň, enjamlaryň, ätiýaçlyk şaýlaryň berlişi azalypdy. Ekin meýdanlarynyň esli bölegi sandan çykypdy.

Has beteri-de nägehan urşuň örän köp adamy ýalmap-ýuwdany mese-mälim bildirip durdy. Şäherlerde we obalarda frontda elini ýa-da aýagyny aldyryp gelen, hatda iki aýagyndanam mahrum süýşenekläp ýören biçäreler köpelipdi. Kişiniň gapysynda damagyna gezip ýören günlükçiler, talabanlar seýrek däldi. Mary raýonynyň «Boşewik» kolhozynda Annagylyç atly şahyr ýigidiň bir käse ýitirip, talaban duran ýeriniň igenjine çydap bilmän goşan 20 kuplete golaý «Habardar boluň» diýen goşgusyna (onda tutuş bir obanyň adamlarynyň ýekän-ýekän atlary tutulyp, olaryň şol käsäniň habary soralýardy) ýa-da goňşy Karl Maks adyndaky kolhozdan iki aýagam frontda galan Nury çolugyň sähel muzduna birine guýy gazyp berendigini obadaşlary soň-soňlaram ýatlap ýördiler.

Mahlasy, uruş agyrdy. Uruşdan soňky dikeldiş diňe önümçiligi dikeltmekligi aňlatmaýardy. Adamlaryň şahsy durmuşyny ýola salmalydy. Maşgala abadançylygyny dikeltmelidi.

1946-njy ýylyň martynda SSSR ÝOkary Soweti ýurduň halk hojalygyny dikeltmegiň we ösdürmegiň 1946-1950-nji ýyllar üçin bäşýyllyk plany hakyndaky kanuny tassyklady. Şol kanuna laýyklykda, 1946-njy ýylyň iýulynda Türkmenistan SSR-niň halk hojalygyny dikeltmegiň we ösdürmegiň bäşýyllyk plany kabul edildi.

TK(b)P MK-sy, ýerli partiýa gurumalary respublikada, ylaýta-da nebit, daş kömür, himiýa senagat pudaklaryny, pagtaçylygy we maldarçylygy dikeltmeklige hem-de ösdürmeklige uly ähmiýet berdiler. Zähmetkeşle-riň gujur-gaýratyny bu işe gönükdirmek maksady bilen ilat arasynda syýasy düşündiriş işleri geçirildi.



*TK(b)P MK-nyň biriniji sekretary* ***Şaja Batyrow***

1947-nji ýylda Türkmenistanyň jemgiýet-çilik-syýasy durmuşynda bir guwançly waka boldy: Şol ýylyň iýulynda TK(b)P MK-nyň biriniji sekrotarlygyna Şaja Batyrow saýlandy. Eger-de 1937-nji ýylda sähelçe wagt şu wezipede işläp , soňra günäsiz ýerden tussag edilip, atylan Anna Muhammedowy ýatlaýmasak, Ş.Batyrow jogapkärli wezipä-MK-nyň biriniji sekrotarlygy-na saýlanan ilkinji türkmendi. Ol bu wezipede türkmeniň ne dilini, ne däp-dessuryny bilýen adam I.Fonini çylyşdy.

**Şaja Batyrow 1908-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda Bäherden etrabynyň Deşt obasynda daýhan maşgalasynda dogulýar. Ol 1926-njy ýylda komsomolyň, 1930-njy ýylda bolsa bolşewikler partiýasynyň hataryna girýär. Ş.batyrow 1932-1934-nji ýyllarda Aşgabat pedinstitutynda okaýar. 1936-1938-nji ýyllarda ilki «Sowet Türkmenistany» gazetiniň bölüm müdüri, baş redaktory, soňra türkmen dil we edebiýat ylymy-barlag inistitutynyň direktory, TSSR**

**HKS-nyň ýanyndaky sungat işleri baradaky uprawleniýäniň naçalnigi bolup işleýär.**

**Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda Şaja Batyrow TK(b)P MK-nyň ideologiýa işleri boýunça sekretary, 1946-1947-nji ýyllarda TK(b)P MK-nyň ikiniji sekrotary bolýar. Ol 1951-1954-nji ýyllarda SSKP MK-nyň ýanyndaky Jemgiýetçilik ylymlar akademiýasynda okaýar we 1954-nji ýylda taryh ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini alýar. 1954-1959-njy ýyllarda Ş.Batyrow Çärjew Döwlet pedinstitutynyň rektory bolýar. 1959-njy ýylda ol TSSR Ylymlar Akademiýasynyň akademikligine we onuň prezidentligine saýlanýar.**

**Şaja Batyrow 1965-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda TKP MK-nyň plenumynda tribunada çykyş edip durka tarpa-taýyn aradan çykýar. Türkmen halky özüniň nazarkerde oglunyň nurana keşbini öz kalbynda saklaýar.**

Şaja Batyrow TK(b)P MK-nyň biriniji sekretary bolup işlän ýyllarynda respublikada milli kadrlary taýarlamaklyga üns has güýçlendi. ÝOlbaşçy partiýa, sowet, komsomol organlarynda türkmenleriň we beýleki ýerli milletleriň wekilleriniň onlarçasy işe çekildi. Şolardan biri il halar adam Juma Köýnekow. Ol şindi ilki komsomolyň Mary obkomynyň biriniji sekretarlygyna, az wagtdan soň TK(b)P MK-nyň bölüm müdirligine saýlanyldy. Bu işlerde onuň guramaçylyk ukyby has taplandy. Juma Köýnekow soňra TKP Çärjew, Mary obkomlarynyň biriniji sekretary we beýleki jogapkärli wezipelerde işledi.

Ýene bir bellemeli zat: şol ýyllarda TK(b)P MK-nyň ikiniji sekretary bolup türkmen dilini bilýän, türkmeniň däp-dessuryna sarpa goýan ors ýigidi Arkadiý Sennikow işläpdi. Sennikow türkmençil adamdy, ol türkmen taryhy bilenem gyzyklanýardy. Hatda hut onuň özüniň gatnaşmagynda türkmen taryhyna degişli dokumentler ýygyndysy-da çap edilipdi. Ýöne, gynansagam, totolitar düzgüniň şertlerinde ol, Arkadiý Sennikow ýerli halka golaý durup, onuň saglygyna,

hormatyna mynasyp, bolup bilen ikinji seretarlaryň iň soňkusy boldy. (Türkmenistanda hökmürowan «ikinjileriň» eden-etdilikleri barada gürrüň entek öňde).

Respublikanyň ýolbaşçy organlarynda bolup geçen özgerişlik halk hojalygyny dikeltmek işlerine oňaýly täsir etdi. Ozaly bilen senagat önümçiliginiň ugry halkyň sarp edýän harytlaryny çykarmaklyga gönükdirilipdi.

Kärhanalarda urşuň başynda girizilen iş sagatlaryndan artykmaç işlemek düzgüni ýatyrlyp, ýene-de 8 sagatlyk iş güni we işçi-gullukçylaryň her ýylda dynç almaga çykmagy dikeldildi.

Ökde hünärli işçileri taýarlamak boýunça uly işler geçirildi. Respublikanyň senagat kärhanalarynda, gurluşyklarynda hem-de trasportynda 1947-1950-nji ýyllarda 87 müň işçi taýarlandy. Şol döwürde işçi-gullukçylaryň umumy sanynda türkmenler 15,8 prosent bolanlygyndan 28,4 prosente çenli köpeldi. Işçileriň sosialistik ýaryşa goşulyp iş wagtyny rejeli peýdalanmagyna uly üns berldi. Mysal üçin, 1948-nji ýylda Türkmenistanda işçileriň we inžener-tehniki işgärleriň 90 prosente golaýy özara ýaryşyp işleýärdi. Olaryň arasynda ýyllyk plany 4-5 esse artygy bilen ýerine ýetirýänler köpelýärdi.

Respublikada nebit çykarylyşy ep-esli artdy. ýerli, dokma, ýeňil, azyk senagat kärhanalary täze gurallar bilen enjamlaşdyryldy. Aşgabadyň dokma fabriginde, Çärjewiň emeli deri fabriginde täze stanoklar oturdyldy. Daşhowuzda ekstraksiýa, Büzmeýinde sement, Çelekende nebitdakyl zawodlary guruldy. 1946-njy ýylda Aşgabat demir ýolunda SSSR-de ilkinji bolup parawozlar teplowozlar bilen çalşyryldy. 1947-nji ýylda Çärjew-Goňrat demir ýolunyň gurluşygyna başlandy. Krasnowodsk port ýük dolanşygy boýunça uruşdan öňki derejesinden 2,5 esse ozup geçdi. Umuman, 1946-njy ýylda respublikanyň senagatynda urşuň beren zyýany dikeldildi.

Pagtaçylykda käbir üstünlikler gazanyldy. 1946-njy gowaça ekýän kolhozlaryň geçen ýyllardan galan bergileri ýatyryldy. Olara berilýän mineral dökünler öňki ýyla garanda iki esse artdy. MTS-ler 194 traktor, 98 awtomaşyn, 300-e golaý traktor pluglaryny, seýalkalaryny aldylar. Pagtaçylaryň arasynda ilkinji Sosialistik zähmetiň Gahrymanlary peýda boldy. Olardan Leniň raýonynyň Telman adyndaky kolhozynyň başlygy Orazgeldi Ärsaryýew, Könürgenç raýonynyň «Bolşewik» kolhozynyň başlygy Aşyr Kakabaýew, Baýramaly raýonynyň «Bolşewik» kolhozynyň başlygy Agaýusup Aly ýokary pagta hasylynyň ussatlary hökmünde giňden tanaldy. Emma respublika pagta taýýarlamakda uruşdan öňki derejesine diňe 1950-nji ýylda ýetdi. Şol döwüre çenli jemgiýetçilik mallarynyň baş sanyny köpeltmekde uruşdan öňki derejeden iki esseden köpräk ozulyp geçildi.

Respublikada halk hojalygynyň dikeldilmegi barasynda TKP-nyň X gurlutaýynyň (1950ý.) materiallarynda şeýle ýazylypdyr:

«…Türkmenistanyň zähmetkeşleri uruşdan soňky bäşýyllygyň planlaryny ýerine ýetirmek ugrundaky göreşe aktiw goşuldylar. Eýýäm 1946-njy ýylda senagatyň umumy öňümi 31 prosent artdy. Aýratynam nebit senagaty ýokary depginler bilen ösdi, ol üç ýylda bäşýyllyk plany ýerine ýetirdi. «Türkmenozokerit» tresti, Aşgabadyň «Krasnyý metallist» zawody, Çärjewiň ýüpek hem pamyk fabrikleri, Marynyň ýüňi ilkinji işläp bejeriji fabrigi we beýleki kärhanalar üstünlikli işledi.

Oba hojalygynda hem käbir üstünlikler gazanyldy. Umumy ýygnalan pagta we gowaçanyň hasyllylygy uruşdan ozalky derejesinde ozup geçdi. Respublikanyň hojalyklarynda mallaryň baş sany birneme artdy. Kolhozlary ulaltmak boýunça ep-esli işler edildi. 880 sany ownuk kolhozlar 350 iri kollektiw hojalyklara birleşdirildi.

Respublikanyň döwlet býujeti 1940-njy ýyl bilen deňeşdirilende iki esseden köpräk artdy. Býujet boýunça

umumy serişdeleriň 60 prosenti çemesi ilatyň medeni-durmuş hajatlaryna gönükdirildi…»

Medeniýeti ösdürmekde käbir işler edildi. Indi kiçiräk obalarda hem başlangyç mekdepler açyldy. Ýöne orta mekdepleriň sany azdy, ony gutarýanlaryň arasynda türkmenler ýok diýen ýalydy. Mysal üçin, 1944/45-nji okuw ýylynda onýyllygy bir türkmenem gutarmady. Soňky okuw ýylynda bary-ýogy 48 türkmen, ondan soňkyda bolsa 179 türkmen onýyllygy tamamlady, şonuň üçin türkmenler ýokary okuw jaýlaryna kabul edilýänleriň zordan dörtden birine golaýdy. Türkmen medesina institutynda, ýörite orta okuw jaýlarynyň köpüsinde türkmenler bary-ýogy 5-6 prosentden ybaratdy. Munuň özi, respublikada milli intillegensiýa kadrlaryny taýarlamagy, ylmy we medeniýeti ösdürmegi bökdeýärdi.

1949/50-nji ýylyndan başlap Türkmenistanda ähliumumy hökmany ýediýyllyk bilim girizildi. ÝOkary we ýörite orta okuw jaýlarynyň oba ýaşlaryny çekmek boýunça iş alynyp berylýardy. Şu maksat bilen oba raýonlaryna, ylaýtada çet raýonlara görkezme berilýärdi. Netijede, 1945/46-njy okuw ýylyndan 1950/51-nji okuw ýylyna çenli institutlarda okaýan türkmenleriň sany 389-dan 1447-ä, tehnikumlarda okaýan türkmenleriň sany bolsa 1387-den 3130-a çenli köpeldi.

1950-nji ýylda Türkmen Döwlet Uniwersiteti açyldy. Marynyň, Çärjewiň hem-de Daşhowuzyň mugallymçylyk inistitutlary pedogogik instituta öwrüldi. Aşgabatda pedogogik institut açyldy. Şol wagtlar respublikada 7 ýokary we 26 ýörite okuw jaýy bardy. Olarda bäşýyllygyň dowamynda 10,4 müň spisalist taýarlanyldy, bu bolsa urşuň öňüsyrasynda respublikanyň halk hojalygynda işlän spesialistleriň dörtden üç essesine barabardy.

1951-nji ýylda Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasy döredildi. Akademiýanyň ilkinji düzümine girenleriň arasynda Tagan Berdiýew (akademiýanyň prezidenti), Orazmyrat Jumaýew, Baýmuhammet Garryýew, Gaýyp Nepesow, Mihail ýewgenowiç Masson ýaly hakyky

alymlar bardy. Ilkinji akademik bolanlaryň arasynda türkmen edebiýatynyň ägirdi, dil sungatynyň ussady Berdi Kerbabaýew hem bardy. Elbetde, Türkmen akademiýasynyň döremegi taryhy wakady. Meselem, 1940-njy ýylda Aşgabatda SSSR Ylymlar akademiýasynyň filialy açylanda, onda ylmy derejeli 13 adam bolup, olaryň içinde bir türkmenem ýokdy. Indi bolsa den TSSR Ylymlar akademiýasynyn ylmy-barlag institutlarynda 200 çemesi, şol sanda türkmenlerden 10 doktor hem-de 48 kandidat işleýärdi. Şolaryň arasynda türkmen aýal-gyzlaryndan ilkinji bolup kandidatlyk derejesini alyp, soňra tiz wagtda ylymlaryň doktory diýen ady alanlar-meşhur alym filolog Züleýha Muhammedowa, belli biolog Anna Aşyrowa we başgalar bardy. Emma, gynansak-da, TSSR Ylymlar akademiýasy özüniň bu belent adyny hemişe doly ödäp bilmedi. Kä halatlarda Akademiýanyň saýlow düzgüninde näsazlyklara ýol berildi, akademiklige ýa-da habarçy-agzalyga ylymdan daş adamlaryň saýlanan wagytlary-da boldy, olaryň arasynda ylma goşant goşman, bu jogapkärli ady diňe öz hususy bähbidi üçin ulananlar-da boldy.

Umuman, respublikanyň halk hojalygy dikeldildi, Kärhanalar, kolhozlar we sowhozlar kadaly işläp başlady. Jemgiýetçilik önümçiligi uruşdan ozalky derejesine ýetdi we ep-esli öňe geçdi. 1947-nji ýylda kartoçka sistemasy ýatyryldy. Pul çalşyrylyp, manadyň hümmeti artdyryldy. Şol ýyldan başlap azyk we senagat harytlarynyň bahasy 3-4 gezek arzanladyldy..Netijede, zähmetkeşleriň gün-güzerany birneme gowulandy. Olaryň doly saçaga ýüzleri düşdi. Emma urşuň ýüreklere salan ýarasy entek-entekler biter ýaly däldi. Wapat bolan gerçekleriň yzynda galan gelinler üçin dünýä gugaryp galypdy. Olara ýakyn-ýatdan durmuşa çykmagy maslahat berýänlerem ýok däldi. Emma gelinleriň köpüsi garyp ojaklaryny saklap otyrdylar. «Er işini bitiren» şol zenanlaryň ykbaly urşa näletdir, olaryň takdyryna kaýyllygy, ygrarlylygy bolsa nesillere nusgadyr.

Hojaguly Narlyýewiň meşhur «Gelin» kinofilmy şol başyňa täç etmeli asylzadalaryň ykbalynyň çeper teswirlenmesidir. 1989-njy ýylyň maýynda fronta gidip gelmedikleriň maşgalalarynyň respublikan duşuşygy geçirildi. Duşuşykda ýanan gursakda umyt uçguny sönmedik nowçalykda garran gelinleriň häzirem müňlerçedigi belli boldy.

## XI. Aşgabatda ýer titremegi

Uruş gutaryp, 1946-1947-nji ýyllaryň açlygyndanam çykyp, halk ýaňy özüni dürsäp ugranda, onuň üstüne ýene bir bela indi. 1948-nji ýylyň oktýabr aýynyň 5-den 6-syna geçilen gije 1 sagat 12 minut 5 sekuntda Aşgabatda hem-de onuň golaýyndaky raýonlarda ägirt güýçli ýer titredi. Bary-ýogy 10sekund dowam eden, ýöne güýji 10 balldan hem ýokary geçen elhenç sarsgyn göz açyp ýumasy salymda ýaňy uka giden şäheri ýer bilen ýegsan etdi. Gül-pürçege beslenip oturan paýtagt-gözel Aşgabat, onuň töweregindäki posýolaklar durşy bilen weýran boldy.

Er titremäniň zarbyndan hatda Aşgabatdan 25-30 kilometr daşdaky baýyrlarda, içine adam sümäýmeli çuň jaýryklar emele gelipdir. Aşgabatdaky ýer sarsgynyň tolkuny baryp Moskwanyň saýsmiki stansiýasyna-da ýeten ýeken.

Şäherde ýaşaýyş jaýlarynyň hemmesi ýykyldy, zawodlar, fabrikler, teatrlar, mekdepler, hökümet jaýlary üýşmek kesege öwrüldi. Telefon, telegraf, radiostansiýa, demir ýol hatardan çykdy. Aeroporta-da zeper ýetdi. Şeýdip ähli ýerden arasy üzülen şäher ilaty bu başa düşen agyr ýüki, bu betbagtçylygy birbada diňe öz gerdeninde ýekelikde çekmeli boldy.

Diri galanlar garaňkynyň içinde (elektrostansiýa öçürilipdi) ylgaşyp dogan-gardaş, tanyş-bilişleriniň oturan ýerlerini barlap görýärdiler, elleri bilen dyrnaçaklap arçap, kesegiň aşagyndaky iňňildäp ýatanlary çykarýardylar.

Er titrän pursaty-giýje ýarymdan aganda bolsa TK(b)P MK-niň biriniji sekrotary Şaja Batyrow, respublikanyň beýleki ýolbaşçylary heniz işdedi. (Ol wagtlar gije işlemek hemme ýolbaşçy işgärler üçin adaty zatdy. «Halklaryň beýik serdary» Stalinden görelda alýardylar. Ol mydama gije işlär eken.) Türkmenistanyň ýolbaşçylary hersi duran-duran ýerinden badabat kesegiň aşagynda galan adamlary halas etmek, kä ýerlerde dörän ýangynyň öňüni almak, jemgiýetçilik emlägini goramak işlerini guramaklyga girişdiler. Aşgabat garnizonynyň esgerleri aýaga galdyryldy we bu işlere çekildi.

Şaja Batyrow tebigy betbagtçylyk barada ilkinji dolurak maglumat alan badyna bu hakda Moskwa habar berdi. Onuň rahat, emma hasratly sesinde halkyň başyna ýene bir agyr synagyň düşeni bildirip durdy. Halkyň göz guwanjy gözel Aşgabat guma garylyp ýatyrdy. Süýji ukuda ýatan wagty gapyllykda üstüni basdyran adamlaryň köpüsi ilkinji sasgynyň pidasy bolupdy. Asmana göterilen tozan, ýangyn, garaňkylyk, ýykylan diwarlaryň, daşlaryň, pürsleriň aşagyndan eşidilýän iňňildi-garaz, şäherda atom bombasy ýarylana meňzeýärdi. Muny ilki käbirleri şeýle diýibem düşündi.

Aşgabatda ýer titränini eşiden badyna BK(b)P MK-sy bilen SSSR Halk Komissarlar Soweti Türkmenistanyň heläkçilik çeken ilatyna gyssagly kömegi bermek üçin ýörite hökümet komissiýasyny düzdi. Bu komissiýa Staliniň iň ýakyn adamlarynyň biri bolan Georgiý Malenkow baştutanlyk etdi. Hut şol wagtyň özünde Türkmenistana kömek etmek üçin şeýle komissiýalar Özbegistanyň, Azerbeýjanyň, Gazagystanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň we beýleki respublikalaryň hökümetleri tarapyndan hem düzüldi. Gysga wagtyň içinde Daşkendiň,

Bakuwyň, Almatanyň we beýleki şäherleriň keselhanalarynda heläkçilige uçran aşgabatlylar üçin 18 müňden gowrak ýer taýar edildi.

Eýýäm ýer titrän gününiň ertesi 7-nji oktýabrda Aşgabatda demir ýol gatnowy dikeldildi. Aeroport, radiouzel

işläp başlady. Moskwadan soýuz respublikalaryň paýtagtlaryndan, Türkmenistanyň beýleki ýerlerinden Aşgabada däri-dermanlar, lukman barlaglary, azyk we beýleki harytlar, gurluşyk materiallary gelip durdy. Gijede-gündizde Aşgabadyň üstünde howada, demir we awtomobil ýollarynda gatnawyň kesilýän wagty ýokdy. Uly transport samolýotlarynyň 240-sy, demir ýol wagonlarynyň 7 müňisi, köp sanly awtomobiller dynman gatnaýardylar. Olar, esasanam samolýotlar gelende ýükli gelip, gidende ýaralylary äkidýärdiler.

Aşgabadyň heläkçilige uçran ilaty 20 günün dowamynda döwletiň hasabyna mugt azyk, geýim-gejim we beýleki zerur harytlary bilen üpjün edildi. Maşynly köçeme-köçe aýlanyp ilata çörek. Et, konserwalar paýlanýardy. Şäheriň ortasyndaky Karl Marks (häzirki Döwletmämmet Azady) adyndaky meýdançady meýdan gospitaly gurlup, ähli döwük-ýenjikli adamlar ilki şu ýere getirilýärdi. Gospitalda tanymal hirurglar Han Çapau (türkmenleriň içinde ilkinji bolup



***Aşgabatda ýer titreme zerarly dörän ýeriň jaýrygy***

ylymlaryň kandidaty diýen derejäni alan alym), Nurmyrat Täçmyradow (soňra akademik), Sary Karanow (soňra akademik), belli newropotolog hem neýrohirurg Boris Smirnow (soňra Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasyny döredenleriň biri, gadymy hindi eposa «Mahabharatany» sanskriden ors diline terjime edip, bütin bünýä belli bolan alym) we beýleki lukmanlar birnäçe günläp operasiýa stolunyň başyndan aýrylman ýüzlerçe adamy ölümden halas etdiler. Näsaglaryň müňlerçesi ilkinji medesina kömegi berilip, soňra başga şäherlere ugradyldy. Kesegiň aşagyndan çykarylan merhumlar Aşgabadyň töweregindäki öwülýälerde-doganlyk mazarlarda jaýlanyldy.

Şäherde ölmän galanlaryň hemmesi gurluşykçylara öwrüldi. Gijelerine howa eýýäm çigräp başlapdy. Her kim sowuk düşmänkä bir külbe edinmegiň aladasyndady. Adamlar ýykylan jaýlaryň ýerini arassalap, gurnama fin tipli jaýlary dikip ýa-da kerpiç, sement,agaç çekip iş bilen gümrady. Iki sany adam başga zada üns bermän, ýetişibildiklerinden görýän zatlaryny kino düşürýärdiler. Olaryň biri bu ýere kömek üçin iberilen azyk, däri-derman ýükili ilkiniji samolýotlarda gelen moskwaly kinooperator Roman Karmendi, beýlekisi bolsa aşgabatly German Lawrowdy. Şol örän gymmatly kadrlar «Aşgabat ýer titremesi» atly dokumental filim bolup ekrana çykmalydy. Emma çykman bada-bat arhiwe düşmeli boldy. Şol filim 80-nji ýyllarda «Aşgabat epopeýasy» ady bilen täzeden dikeldildi we ekrana çykdy. Ony tolgunman synlamak mümkin däl: ana, aýagy berzent ädikli, egni kitelli Şaja Batyrow derdi başyndan agan adamlaryň arasynda, açyk meýdanda goýlan bir stola «TSSR-iň hökümeti» diýlip ýazylypdyr, bir agajyň aşagynda «Sowet Türkmenistany» gazetiniň baş redaktory Şamyrat Täşliýew (soňra akademik) redaksiýanyň işgärleri bilen gazetiň nobatdaky sanyny taýarlap dur, palatkada operasiýa pursaty, yzyny üzmän uçup-gonup duran samolýotlar… Umuman, filmi synlanyňda Aşgabat ýer

titremesiniň nähili eýmenç betbagtçylyk bolandygyna ýene bir gezek göz ýetirýärsiň.

Er titräp, ýatan jaýynyň potology durşy bilen aşak gaçsa-da öz krowatyna direnip, gudrat bilen aman galan, şol wagtlar respublikanyň ýaşlar gazeti «ÝAş kommunistiň » redaktory, soňra Türkmenistanyň halk ýazyjysy Ata Atajanow ol agyr güni şeýle ýatlady: «Daň atyp jahan ýagtyldy welin, görsek şäher ýok. Ölmän diri galanlar üýşüp ot ýakynýarlar. Kimsi keseklerиň aşagyndan eşidilýän iňňildä tarap ylgaşlap barýar., kimsi bir ýeri döwlüp maýyp bolan garryny tutup dur, kimsi eýýäm gatap galan meýdi maşyna ýüklejek bolup dur. Adamlar biri-birine kömek edýärler.

Telefon, telegraf işlänok. Poýezd ýöränok. Daşky dünýä bilen ähli aragatnaşyk kesilipdir…»

1949-njy ýylyň başlaryna çenli Aşgabadyň senagat kärhanalarynyň birnäçesi dikeldildi. Käbir kesekden arassalanan ýerlarde ilkinji ýaşaýyş jaýlary, mekdepler, keselhanalar guruldy.

Aşgabady dikeltmeklige soýuz respublikalar diňe bir kömek bermän, eýsem bu ýerde köp möhüm obýekitleri olaryň hut özleri gurdy.

Bu barada habar berýän bir dokumente ýüleneliň (1949-njy ýylyň 8-nji iýuny):

«Doganlyk respublikalar Türkmenistanyň zähmetkeşleriniň ýer titremesi zerarly heläkçilik çeken Aşgabady çalt dikeltmek baradaky işlerine uly kömek berýärler. Uzyk Sibirden Aşgabada agaç ýükli eşelonlar gelýär. Moskwa oblastynyň gurluşyk mehonizmlerini, Kareliýa respublikasy bolsa standart jaýlary iberýär.

Aşgabadyň gurluşygyna Özbegistanyň zähmetkeşleri gyzgyn gatnaşýarlar. Olar şu ýyl Aşgabatda hersi 400 okuwça niýetlenen 5 sany iki gat mekdep jaýyny, 100 orunluk bir çagalar ýaslisiniň jaýyny, iki gat keselhana jaýyny gurmaklygy özlerine borçnama edip aldylar.

Özbegistanyň şäherlerinden biziň respublikamyzyň paýtagtyna bir aý mundan ozal 200 töweregi ökde hünärli gurluşykçylar geldi. Olaryň arasynda kerpiç örijileriň 74-si, agaç ussalarynyň 75-si, suwagçylaryň 20-si, inžinerler we tehnikler bar. Orta Aziýa industrial instituty Özbegistanyň şeflik edýän gurluşyklaryna kömek üçin okuwyny gutarýan studentleriň 10-syny iberdi.

Doganlyk Özbegistanyň gurluşykçylary eýýäm mekdep jaýlarynyň düýbini tutup, diwarlaryny örüp başladylar. Olar gurluşygyň depginini has-da güýçlendirmek barada özara bäsleşip mekdep jaýlarynyň bäşisini-de şu ýylyň 15-nji awgustynda ulanmaga bermegi borçnama edip aldylar».

Mälim bolşy ýaly, soňky ýyllarda Aşgabat täzeden guruldy, ol hs giňeldi, gözelleşdi. Emma gyssagarada wagtlaýyn diýlip gurlan külbeler (wremýankalare) şäherlerde ýaşaýan ýerli ilatyň esli böleginiň hemişelik oturýan ýeri bolup galdy. Ol külbelerde ýaşaýyş üçin hiç hili amatlyklaryň ýokdugy düşnüklidir. Şonda-da olaryň sany köpelmese azalmady. Dogrusy, soňabakaşäherde ençeme ýaşaýyş jaý massiwleri (mikroraýonlar) guruldy, külbelerde ýaşaýan ilaty olarda ýerleşdirmäge mümkinçilik hem döredi. Ýöne ol massiwlerdäki kwartiralar beýle adamlara berilmän, gynansak-da, köplenç Aşgabada ýaňy gelenlere berildi.

Aşgabatda ýer titrände heläk bolanlaryň sany barada ylymda dürli-dürli maglumatlar bar. Bir zady anyk aýdaýmak çetin. Ýöne, biziň pikirimizçe, şu sanlar hakykata golaý bolsa gerek: ýany ýer titremäniň öň ýanynda şäherde 170 müň töweregi ilat ýaşapdyr, şolardan 110 müň töweregi kesegiň aşagda galypdyr. Elbetde, sanlaryň-da geljekde az-kem özgermegi mümkindir.

Emma bu ýitgini san bilen ölçäp boljakmy? Onsaňam ýene bir zady aýytmaly bolýar: bu elhenç waka Türkmenistanyň hut merkezinde-onuň paýtagtynda, tutha-tutlyklardan, uzaga çeken uruşdan sag-aman galan türkmen intelligensiýasynyň saýlama wekilleriniň ýygnanan ýeri

Aşgabatda boldy ahyry… Sowetleriň Aşgabat şäher ispolkomynyň başlygy (şäher häkimi) Nagdow Muhammedow, tanymal razwedkaçy Aga Berdiýew, meşhur hirurg Bäşim Hanow, kompazitor, ezber sazanda Şamyrat Gurbannepesow, zehinli ýazyjy Hajy Ysmaýylow, belli alym A.P.Poseluýewskiý, Aşgabat döwlet petogogik institutynyň direktory Naždow Ahundow… Il derdine ýarap ýörne adamlar, özleri kesegiň aşagynda galdylar. ýeri, bu ýitgini nädip ölçäp bolar? Urşdan soňky döwürde türkmen medeniýetinde krizosyň çuňlaşmagynyň esasy kökleriniň birini, belki, şu ýerden gözlemelidir?!

1994-nji ýylyň oktýabrynda Aşgabatda ýe titränine 45 ýyl doldy. Türkmen ili şol betbagtçylykda wepat bolanlary ýatlady. Uly il bolup sadaka berildi.

Er titremede wepat bolanlaryň hatyrasyna Aşgabatda ýörite ýadygärlik guraldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Nyýazow hem ata-babalaryň däbine eýerip, özüniň uruşda wepat bolan kakasy Atamyrat hem-de Aşgabatda ýer tatremesinde gara ýeriň astynda galan mähriban ejesi Gurbansoltany, özünden uly doganyny, jigisini ýatlap, öz dogduk mekany Aşgabat etrabynyň Gypjak obasynda, öz hasabyna sadaka berdi. Oňa uly il ýygnandy. Elbetde, bu täzeligiň alamaty. Mukaddes iş.

Prezident Saparmyrat Türkmenbaşynyň permany bilen 6-njy oktýabr «ÝAtlama güni» diýlip bellendi.

## XII. Jemgiýetçilik – Syýasy durmuş

### 1.1950-nji ýyllaryň başlaryndaky ýagdaý

Staliniň köpçülikleýin jezalandyryş ýa-da terrorçylyk syýasaty 30-njy ýyllar bilen çäklenmedi. Ol uruşdan soňky döwürde-de dowam etdi. Bir tapawudy: ozal ilatyň ähli gatlaklarynyň öňe çykan adamlaryndan, ilat arasynda at-abraýy

ýa-da çalaja sowady bolanlaryndan öç alan bolsa, indi diňe intelligensiýanyň, onda-da öňi bilen milli intelligensiýanyň naýbaşy wekilleriniň «töweregine çyzyk çekdi». Türkmen alymlarynyň, ýazyjylarynyň, şahyrlarynyň, beýleki döredijilik işgärleriniň daşyna geçip başlandy, olaryň içinde-de halka iň ýakyn, halk tarapyndan ykrar edilenleriň yzyna düşülip başlandy. Olar milletçilikde aýyplanyp, «köne pikirli» adamlaryň hataryna goşuldy.

Türkmenistanyň Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň 1951-nji ýylyň iýunynda bolan plenumy Şaja Batyrowy «okuwa gidýär» bahanasy bilen TK(b)P MK-nyň biriniji sekretary wezipesinden boşatdy. Onuň ýerine Suhan Babaýew «saýlanyldy».

1951-nji ýylyň ortalaryndan başlap ilki respublikan möçberde, ýagny «Sowet Türkmenistany», «Türkmeniskaýa iskra» gazetlerinde, «Bolşewik» (Aşgabat), «Sowet edebiýaty» žurnallarynda «türkmen buržuaz milletçilerini paş edýän» makalalar çap edilip başlandy. Soňra merkezde (Moskwada) çykýan gazetdir žurnallarda-da türkmen intelligensiýasyny dürli günäler bilen ýazgarýan makalalar yzly-yzyna çap edildi. Olaryň içinde iň aýylganççlary «Literaturnaýa gazetada» (Moskwa) çap eden «Türkmen halkyna ýat bolan «Gorkut ata» eposy diýen makala. da» «Bolşewik» (Moskwa) žurnalynda çap edilen «Taryhyň meselelerini beýan etmekde milletçiligiň ýüze çykmalaryna garşy» (Gaýyp Nepesowyň «Demirgazyk Türkmenitanda sowet gurluşynyň ýeňmegi» diýen kitaby hakda, 1951, №23) hem-de Moskwada çykan «Woprosy istorii» diýen žurnaldaky «O.Wosstanii 1916 goda w Turkmenistane» (1951, №9) diýen makalalar boldy.

Dogrudanam, bularyň hemmesi harby dil bilen aýdylanda, hüjümiň öň ýanyndaky «artilleriýa taýýarlygydy». Türkmeniň mertebesine şikes ýetirmezlige meýil edenleriň, ýagny türkmeniň men diýen ogullaryny ilki milletçilikde aýyplap, soňra bolsa olaryň tepbedi okaljakdy. Ol şeýle hem edildi.

1951-nji ýylyň 28-29-njy dekabrynda TK(b)P MK-nyň ideologiýa işiniň meselelerini ara alyp maslahatlaşan plenumy bolup geçdi. Plenumda doklad bilen MK-nyň biriniji sekrotary Suhan Babaýew şykyş etdi. Ol turuwbaşdan esasy ünsi eýýäm metbugatda «paş edilen redaksion eserleriň» töweregine jemledi. «Gorkut Ata» eposyny türkmene ýat, halka duşmançylykly eser diýip, ýagny ony halklaryň arasynda pantürkizmi we panislamizmi ýaýradýan dini-milletçi eser hökmünde ýazgardy. Iň ýamany-da eýýäm şol ýerde bu kitaby çapa taýýarlaýan ile belli alymlar Baýmuhammet Garryýewi, Mäti Kösäýewi, kitaby neşir eden Türkmen döwlet neşirýatynyň baş redaktory Orazmämmet Abdylowy buržuaz-milletçiler hökmünde ýerden alyp, ýere saldy. S.Babaýew «günäkärleriň oturgyjynda oturdylan» alymlara sorag üstüne sorag ýagdyrýardy: siz «Gorkut Ata» halkyň gahrymançylykly eposy diýýärsiňiz. Emma onda gahrymançylykdan näme bar? Hiç zat. Eposda türkmen halkynyň gahrymançylykly geçmişi, onuň ezijilere garşy göreşi gör-kezilipmi? Görkezilmändir. Onda türkmenleriň asylly häsiýetleri – ene topraga söýgi, keseki hem «öz» ezijilerine ýigrenç, bagtly gel-jege ynam, geçirimlilik, beýleki halklar bilen parahatçylykly ýaşamaga isleg öz beýanyny tapypmy? Tapmandyr. Miýmek, «Gorkut Ata» başga dine uýýan halklaryň hemmesi haýwanlarça wagşylaşan ýigrenji, zorlugyň we talaňçylygyň, gyrgynçylygyň hem-de galtamançylygyň ganly ündewidir, ol türkmene asla nämälim, onuň ruhuna,häsiýetine, islegine, däbine-dessuryna ýat eposdyr».

**Bu günki gün şol sözleriň beýik eposa hem-de ony teşne halkyna ýetirjek bolan ägrtlere atylan agyr töhmetdigi köre hasadyr. Emma ol döwürde plenuma gatnaşanlar dokladçynyň aýdanyna däl diýmeden-ä geçen, gaýtam, onuň sözüniň «üstüni aňyr ýany bilen ýetirdiler».**

**Dokladçy beýleki edebiýatçylara, ýazyjy-şahyrlara-da «göz aýlady». Köp sanly gymmatly eserler, şol sanda Şabendäniň «Hojamberdi han» dessany, Magrupynyň**

«ÝUsup-Ahmet» desany, Abdysetdar Kazynyň «Jeňnamasy» zyýanly eser hökmünde ýazgaryldy. Zynharynyň, Kätibiniň, Dosmämmediň, ÝUsup Hojanyň goşgulary «çeperçilik gymmaty ýok» (gaýdyp çykmaly däl) eserleriň hataryna goşuldy.



*Akademik Gaýyp Nepesow*

Edebi mirasyň bu gymmatly ýadygärliklerini toplap çapa taýýarlanlar ulukjyn aldyryldy. Käbir goşgudyr poemalarynda sergin howasy jana şypaly türkmen topragynyň behişt ýaly şowhun-şatlygynyň, merdi-merdan ýigitleriniň,elinden dür dökülýän salyhatly-gelin-gyzlarynyň mydam ýetik bolandygyny (TK(b)P MK-nyň we onuň biriniji sekretarynyň pikiriçe, rewolýusiýadan öň bu ýerde açlyk-ýalaňaçdan, gam-gussadan başga zat bolmaly däldi) aýdanlygy sebäpli Berdi Kerbabaýew («Mary», «Gyzlar dünýäsi»), Ataköpek Mergen («Totyguşyň syýahaty»), Gurbandurdy Gurbansähedow («Türkmen sen»), Juma Ilmyradow («Türkmenistanym») milletçilikde aýyplanyldy.

Dokladçy soňra taryhçylar barada aýdyp, Gaýyp Nepesowyň «Demirgazyk Türkmenistanda sowet gurluşygynyň ýeňmegi» diýen kitabyny tankyt etdi. Oňa agyr günäler ýöňkedi. «Bu kitap örän zyýanly iş, ony okyja hödürlemeg-ä beýlede dursun, asla taryhy material hökmünde ulanmak hem mümkin däl» diýip nygtady. «Ol hakyky akademikdi» (Türkmen dili we edebiýaty. 1992, №5 diýen makaladan:)

…Taryhçy Gaýyp Nepesowyň durmuş ýoly otuzynjy ýyllaryň çylşyrymly döwrüniň, ýagny ylymda, has beterem

taryh ylmynda stalinçiligiň kök uran, öňi bilen asla özbaşdak pikirlenmeleriň düýpgöter yzarlanan döwrüniň janly taryhydyr.

Baryp ýežowçylyk döwründe, 1938-nji ýylyň maýynda Nepesow NKWD organlary tarapyndan tussag edildi. Ony syýasy jenaýatçylykda aýyplamaga synandylar. Dokuz aýdan soň ony tussaglykdan boşatdylar (Belki, stalinçi jellatlaryň onuň maýyplygyna rehimi inendir). Ellinji ýyllaryň başlarynda Gaýyp Nepesowyň gerdenine täze synaglar düşdi. Ony eýýäm şol döwürde uly alym-taryhçy hökmünde giňden tanaýardylar. Uruşdan soňky ýyllarda onuň dürli temalardan ýazylan ylmy makalalary, kitaplary yzly-yzyna çap bolup çykýardy. Emma şol işleriň biri, onda-da iň agramlysy-«Demirgazyk Türkmenistanda sowet gurluşynyň ýeňmegi» diýen kitaby ony elhenç gowgalaryň üstünden eltdi.

Köp ýyla çeken jebirli zähmetiň netijesi bolan bu kitap dürli çeşmeleriň esasynda döredi. Onuň özi hem esasy ylmy dolanşyga hut Nepesow tarapyndan girizildi. Olar Moskwanyň, Leningradyň (häzirki Sankt-Peterburgyň), Aşgabadyň, Daşkendiň, Almatanyň, Nukusyň arhiwlerinde saklanýan gymmatly dokumentlerdir. Gaýyp Nepesow özünden öň öwrenilmedik birgiden materialy gözläp tapdy. Bu işde Horezm oazisinde ýaşaýan halklaryň, şol sanda türkmenleriň durmuşynda patyşa Orsyýetiniň 1873-nji ýylda Hywa Hanlygyny uly ganly söweşler bilen basyp alan pursatyndan soňky bolup geçen sosial-ykdysady, syýasy we medeni özgerişleriň özboluşly prosesiniň giň kartinasyny döretmäge synanşyk edildi.

Emma, arman, kitap okyjylar köpçüligine gowşup ýetişmedi. Alymyň uzak ýyllaryň dowamynda geçiren ylmy gözleglerinden soň gelen netijeleriniň uçdantutma barysyna dil ýetirilip, hemmesi şübhe astyna alyndy, özüne bolsa bihaýalyk bilen, agyr şyltaklar atyldy.

**Elbetde, alym Türkmenistanyň şol döwürdäki ýolbaşçylaryndan arka tapmady. Döwür şeýledi. Döwür pikir ýöredip bilýän adamlar üçin agyrdy. Şonuň üçin, gaýtam, tersine, TK(b)P MK-nyň biriniji sekretary Suhan Babaýew akademigiň adyna has igençli sözler aýytdy: «G.Nepesow türkmen halkynyň taryhyny ýoýýar, ony galplaşdyrýar. Onuň kitaby buržuaz-milletçilik nukdaý nazaryndan ýazylypdyr. Buržuaz milletçileriň» yzyna eýermek bilen, awtor feodal-han-begleri öwüp arşa çykarýar, olary ideallaşdyrýar, basmaçylyga göz-görtele köňül berýär…**

**Özüniň utanç-haýasyz işinde professor Nepesow duşman çeşmelerinden tutuş sahypalary göçürip almaga çenli baryp ýetýär».**

TK(b)P MK-nyň bu iki güne çeken howply plenumyndan soň köp wagt geçmänkä, işlerinden çykarylan hem-de partiýa hataryndan öçürilen Baýmuhammet Garryýew, Mäti Kösäýew, Orazmämmet Abdalow we başgalar tussag edildi. Sud olaryň «günäsini boýnuna goýup» hersine 25 ýyl iş kesdi.

Adamyny tussag edip, täleýini ters öwürmek «işiniň» bir anyk mysalyny synlalyň:

**«Tussag» etmeklige karar. Aşgabat ş. 5 maý. 1952 ý. Men, TSSR Döwlet Howupsuzlygy ministrliginiň 5-nji bölüminiň 1 otdeleniýesiniň naçalniginiň orunbasary leýtenant N. maşgalaly, Aşgabat şäheriniň Şewçenko köçesiniň 7-nji jaýynda ýaşaýan, hiç ýerde işlemeýän Orazmämmet Abdylowyň üstünden TSSR DHM-e düşen materiallara seredip:**

**Tapdym:**

**O.Abdylow söwdagär baý maşgalasyndan bolmak bilen, BK(b)P girende öz gelip çykyşyny gizledi. Türkmen döwlet neşiriň baş redaktory hökmünde ol halkyň garşysyna gidýän, reaksionepos bolan «Gorkut Atany» düzüşmäge, redaktirlemäge we propogandirlemäge**

**gatnaşdy. Töweregindäki adamlaryň arasynda Sowet hökümetine garşy milletçilikli pikirleri aýdyp geldi. Bu barada ol şaýatlar… beren görkezmeleri esasynda doly paş edildi**
**1909-njy ýylda Krasnowodsk oblastynyň Çeleken adasynda dünýä inen, türkmen, partiýa agzasy däl,**

**Şu zatlary göz öňünde tutup, karar edýärin:**
**Orazmämmet Abdylowy tussag astyna almaly…»**
**Gollar.**



***Akademik Baýmuhammet Garryýew talyplaryň arasynda***

Ine, dokument – bir ynsanyň durmuşyna atanak çeken bölejik kagyz. Gör, onda näçe töhmet bar: ol biçäre öýünde doly öýlänligi ýogam bolsa… baý ogly, sowet hökümetine garşy pikirli, milletçi, hiç ýerde işlemeýän… Elbetde, elinden işini alyp baran ýerinden kowsaň, işlemez-dä!

Şahsyýet kulty paş edilenden soň nähak basylan belli alymlar türmeden boşadylypdyr. Ýöne «maňlaýlaryna basylan garany» welin ömürboýy duýmaly bolupdyrlar. Öz käri-

derejeleri boýunça iş berilmän, beriläýse sähel bahana tapylsa, ýanalyp ýazgarylmagyň ezýetini çekipdirler.

Mälim bolşy ýaly, soňky ýyllarda meşhur edebiýatçy Mäti Kösäýew barada köp material çap edildi. Şolaryň birinden parçalar:

**«Mäti Kösäýewi 1952-nji ýylyň iýulynda tutdular. Türkmenistan SSR ÝOkary sudynyň arhiwlerinden bize Kösäýewiň işi barasyndaky aýyplamanyň ahyrky netijesini tapmak başartdy. Alyma antisowet agitasiýa ýöretdi, buržuaz-milletçilikli eser bolan «Gorkut Atany» propagandirledi we ýaýratdy diýen aýyplar ýöňkelipdir. Onuň ýüzüne duran şaýatlaryň beren käbir görkezmeleri: söwdanyň ýagdaýyndan nägile (hamala, ähli zady hojaýynlar özlerine alýarmyşlar), kolhozçylaryň güzeranynyň garyplygy üçin gahar-gazap bildirip, saýlaw sistemasyny tankytlady. Gepiň kelte ýeri, sanap näme etjek, baryp ýatan antisowet element-dä.**

**Suduň ilki çykaran hökmünde rehim-şepagat ýokdy: atmaly. Soňra iň ýokary jezany 25 ýyl azatlykdan mahrum etmek bilen çalşyrdylar.**

Mäti Kösäýew türme tussaglygynyň üç ýylyny ýowuzlykda ady belli Karalagda (Gazagystan) oturdy, soňra öz mähriban şäherinde aýratyn howply jenaýatkärleriň koloniýasyna getirildi. 1958-nji ýylyň martynda ýokary sud alym-filologyň üstünden
ähli günälerini aýryp, ony aklady. Ol partiýa hataryna dikeldildi we öz söýgüli kärine dolanyp geldi.

Repressiýa döwründe nähak jezalandyrylan adamlaryň işine täzeden seredilip, lagerlerdäki diri galan bendiler boşadylyp başlandy, olaryň atlaryndan «halkyň duşmany» diýen näletli tagma aýryldy. Az-kem özbaşdak erkana oýlanmaga ýol açdy. Elbetde, bular gowulygyň alamatydy.

Ýöne ýetmişinji ýyllaryň ortasynda ýene-de pikiri başga adamlary «ele salmalar» güýçlenip başlandy. Şonda-da dana Magtymgulynyň we beýleki Gündogar edebiýatynyň

klassyklarynyň jadyly dünýäsinde gezip ýören 70 ýaşly, az-kem geňräk professorda howply dissidentçilik pikirleri tapmak kyndy. Has beteri-de, diýmäge-de diliň baranok-milletçilikde we pantürkçilikde ony aýyplamak mümkin däldi. Emma garaňky jaýda ýok pişikleri tutmakda «ýöriteleşenler» professordanam ýok günäleri «tapdylar», günälediler. 1974-nji ýylyň iýunynda Türkmenistanyň Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň býurosy M.Kösäýewiň eýeleýän wezipesinden boşadylmagyny talap etdi. Ol ýene-de mugallymçylyk işinde işlemekden we ýazan zatlaryny çap etdirmekden mahrum boldy.

Etmişinji ýyllaryň ideologiýa «arassalygynyň» howandarlarynyň gözüniň öňünde Mäti Kösäýew bu gezek näme günä etdikä:

1974-nji ýylyň 14-nji martynda respublikan pioner gazeti «Mydam taýýarda» türkmen sowet edebiýatynyň aksakgaly Berdi Kerbabaýewiň doglan gününiň 80 ýyllygy mynasibetli «Turan aksakgaly» diýen makala çap edildi. Materialyň awtory Aşgabat döwlet uniwersitetiniň Türkmen edebiýaty kafedrasynyň mugallymy professor Kösäýewdi. Ol ýaşajyk okyjylarynyň kabul ediş aýratynlygyny nazarda tutup, leji çykan ýoldan sowuldy-da dostunyn döredijiligi we ömri barada (Berdi Kerbabaýew ol mahal diri gezip ýördi) birneme joşgunly pafosda poetiki tärde gürrüň berdi…

Pioner gazetinde çap etdiren şol makalasynyň yzyndan başyna inen şol derbi-dagyn etmelerden, TKP MK-nyň býurosynyň mejlisindäki kemsitmelerden soň Meti Kösäýew agyr derde ýolukdy we uzak wagt geçmänkä aradan çykdy».

Gaýyp Nepesow türmä basylmandy. 1938-nji ýylyň dowzah türmesinde dokuz aýlap ýatan dogabitdi maýyp alym ýene-de üstüne abanan türme dürresine döz gelip bilmändir. Ol özüniň «syýasy taýdan uly ýalňyş göýberendigini» boýun almaga mejbur boldy. Emma oňa ynanmadylar. Partiýa hataryndan öçürilip, ylmy at-derejeleri sypyrylan, kesbi-kärinden çetleşdiri-

len Gaýyp Nepesow haýsam bolsa bir iş berilmegini haýyş edip köp edaralaryň gapysyny kakýar. Ahyrsoňy radiogepleşikler baradaky respublikan komitetde ol edebi terjimeçi bolup işe durdy.

Gaýyp Nepesow soňam, ýagny 1955-nji ýylda partiýa hatarynda dikeldilip, 1959-njy ýylda oňa Ylmy derejeleri gaýtarylyp berlenden soňam, öz käri boýunça iş berilmedi. Ony ýene-de yzarladylar. Şonuň üçin hem ol Türkmenistandan çykyp gitmäge, mejbur boldy. Professor Nepesow uzak wagtlap Garagalpagystana hyzmat etdi. Şol ýerde-de 1975-nji ýylda aradan çykdy.

Uly ile belli alymlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň «gözüniň odunyň» alynmagy galanlara-da «sapak» boldy. Ol şeýle hem bolmalydy. Çünki beýle elhenç syýasatyň düýp maksady şoldy. Taryhdan ýazalyn işlerde, poemadyr romanlarda Kommunistik partiýanyň we Sowet hökümetiniň işini  diňe parasatly, köne türkmen hanlarynyň, serdarlaryny zalym, ganojak, işan-mollalary parahor, basmaçylary baryp ýatan garakçy hökmünde görkezmeklik ýoň boldy. Azatlyk, adalatlylyk ugrunda baş götermäge türkmeniň öz akly çatman diňe ors rewolýusioneri gelýänçä garaşmalydygy-da «düşünişildi». Partiýanyň aladasy bilen kemala gelen milli işler ýa-da daýhanlar synpy hakynda, aýratynlykda traktor, GAZ-51, mekgejewen, poçtalon barada ýazsaňam ýazybermelidi. Diňe türkmeniň beýik medeni mirasy, belent başy, erkin durmuşy barada «dil ýarmasaň» bolanydy. Bu ýörelgäniň nä derejede ýörgünli bolandygyny durmuş görkezdi.

Şeýlelik-de TK(b)P MK-nyň 1951-nji ýylyň dekabrynda bolup geçen plenumy türkmen milli kadrlaryny pürrelemek, milli medeniýetini bogmak, gandallara salmak syýasatyny dowam etdirmekde aýgytlaýjy sepgit boldy. Represiýanyň täze tolkunlary respublikada şondan soň ýaýrady. 50-nji ýyllaryň ortalaryndan başlap represiýanyň häsiýeti, formasy üýtgedi, ýaýrawy gysyldy. Ýöne milli kadrlara, milli medeniýete gezek gelende ol öňküdenem beter möwç aldy.

Ýöne indi «göze ilenler» birden öldürilmän, türmä-de basylman, olara morat taýdan ejir çekdirilýärdi. Moral represiýa adamlary gülle bilen däl-de, infarkt bilenem öldürip bolýandygyny äşgär etdi (bular barada gürrüň öňde).

## 2. Jemgiýetçilik durmuşynda ýazylganlyk

1953-nji ýylyň 5-nji martynda «halklaryň beýik serdary» I.W.Stalin aradan çykdy. Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Biriniji sekretarlygyna N.S.Hruşýow saýlanyldy. ÝUrtda az-kem ýazylganlyk emele geldi. Partiýanyň gurlutaýlary, plenumlary, SSSR ÝOkary Sowetiniň sessiýalary möhletinden geçip ugrady.

1956-njy ýylyň fewral-mart aýlarynda SSKP-niň XX gurlutaýy bolup geçdi. Gurlutaý Staliniň şahsyýet kultuny ýazgardy we ýurtda demokratiýany dikeltmeklige ýol açdy.

SSSR ÝOkary sudunyň Harby kollegiýasynyň karary bilen TK(b)P MK-nyň ozalky biriniji sekretary Anna Muhammedow, respublikanyň görnükli partiýa we döwlet işgärleri Halmyrat Sähetmyradow, Juma Halmyradow, Bäşim Pereňliýew, Oraz Täçnazarow, uly ýazyjy Hydyr Derýaýew we başgalar aklandy. «Buržuaz milletçileri» hökmünde aýyplanyp türmä basylan meşhur alymlar Baýmuhammet Garryýew, Mäti Kösäýew, türkmen intelligensiýasynyň görnükli wekilleri Durdy amanekow, Orazmämmet Abdalow tussaglykdan boşadyldy we partiýa hatarynda dikeldildi. Jemgiýetiň syýasy-ahlakdurmuşyndaky doňaklyk çözülişip, oňa maýylganlyk aralaşdy. Adamlar birek-birege şübhelenmekden, gorkudan az-kem saplandylar, ruhy dünýäsinde ýazylganlyk duýdular.

Täzeligiň ýene bir alamaty: SSKPniň XX gurlutaýyndan soň soýuz respublikalaryň hukuklary az-kem giňeldildi. Olara öz territoriýasynda kanun çykarmak, planlaşdyrmak, düýpli gurluşyk, zähmet we aýlyk haky, býujet boýunça meseleleri çözmäge rugsat edildi. Öz wezipesi boýunça soýuz

respublikanyň hökümetiniň başlygy SSSR Ministrler Sowetiniň, ÝOkary sudynyň başlygy bolsa SSSR ýokary sudunyň düzümine girizildi.

1956-njy ýylyň maýynda SSKP MK we SSSR Ministrler Soweti halk hojalygynyň käbir pudaklaryny soýuz respublikalaryň ygtyýaryna bermek barada karar etdi. Şol karara laýyklykda Türkmenistan SSR-däki azyk senagaty, balyk hem-de ýeňil senagat kärhanalary soýuz ministrlikleriniň garamagyndan aýrylyp, respublikanyň öz ygtyýaryna berildi.

Oba hojalygyny ösdürmekde-de soýuz respublikalaryň hukuklary we jogapkärçiligi öňkä garanynda artdyryldy. Elbetde, bu-da durmuşa aralaşan ýazylganlykdan bir nyşandy. Sebäbi, şol wagta çenli näme ekilip, nämäniň ekilmeli däldigi, hatda olaryň gektar sanyna, hassyklyk derejesine, traktor işleriniň görnüşlerine we möçberine, näçe mal saklamalydygyna hem olardan näçe önüm almalydygyna, oba hojalyk önümleriniň taýýarlaýyş möçberine çenli hut SSSR Ministrler Soweti tarapyndan gös-göni kesgitlenilýärdi. Kolhozlaryň öz ýerlerini nähili peýdalanmalydygyny, oba hojalyk önümlerine nähili taýýarlaýyş baha kesmelidigine çenli soýuz hökümeti çözýärdi. Indi bolsa her kolhozyň ýa-da sowhozyň ekin meýdanlarynyň möçberi, näme ekilmelidigi, näçe hasyl almalydygy, mallarynyň baş sany we olaryň önümlilik derejesi, oba hojalyk önümleriniň taýýarlaýyş bahalary respublikanyň öz hökümeti tarapyndan kesgitlenip başlandy. SSSR Ministrler Sowetine diňe respublikanyň oba hojalyk önümçiliginiň umumy möçberini bellemek galýardy. Görkezilen mukdardaky önümleri taýýarlamagyň ýollaryny kesgitlemek respublikanyň özüne degişlidi. Munuň özi, pudagy ösdürmekde ýerli kadrlaryň jogapkärçiligini artdyrmaga gönükdirilipdi.

1958-nji ýylda senagaty we gurluşygy dolandyrmagy kämilleşdirmek maksady bilen ykdysady administratiw raýonlaryň halk hojalyk sowetleri (sownarhoz) döredildi. Türkmenistanda aýratyn bir ykdysady administratiw taýon, ýagny TSSR Halk hojalyk soweti – Sownarhozy döredildi.

Onuň başlyklygyna Bäşim Geldiýew bellenildi. Türkmenistan halk hojalyk sowetiniň – Sownarhozynyň garamagyna 149 senagat kärhanasy berildi. Şol kärhanalaryň arasynda Krasnowodskiniň nebti gaýtadan işleýän zawody, Garabogaz sulfat kombinaty, Gowurdagyň we Garagumyň kükürt zawodlary bardy. Nebit we gaz senagaty hem TSSR Halk hojalyk sowetiniň ygtyýaryna berildi. Ol respublikanyň çäklerinde ençeme ownuk kärhanalary birikdirdi, käbir kärhanalarda ulanylman ýatan artykmaç enjamlary gerekli ýerine paýlaşdyryp berildi, senagat önümçiligini ýöriteleşdirmekde we kooperirlemekde ep-esli işler durmuşa geçirildi. TSSR Halk hojalyk sowetiniň tejribesi senagatyň we gurluşygyň hem ähli garamatyny respublikanyň öz boýnuna alyp biljekdigini görkezdi. Emma merkezleşdirilen ýolbaşçylyk gowşap barýardy. Bu bolsa totalitar düzgüni ynjalykdan gaçyrdy…

1965-nji ýylda halk hojalyk sowetleri (sownarhozlar) ýatyryldy. Türkmenistanyň nebit, gaz, himiýa senagaty, iri senagat kärhanalary ýene-de soýuz ministrlikleriniň we wedomostlarynyň ygtyýaryna geçdi.

Oba hojalyk barada aýdylanda, onda belli bir derejede «garaşsyzlyk» saklandy. Ýöne munda-da ähli çäreler arkaly ekerançylykda pagta monopoliýasyny, maldarçylykda garakölçiligi ösdürmäge ugur alyndy. Beýleki pudaklar bolsa gitdigiçe gysylyp, sosial problemalaryň has ýiteleşmegine alyp bardy.

Şeýlelikde, jemgiýetçilik durmuşyna ýazylganlygyň aralaşmagynda N.S.Hruşýowyň hyzmatlarynyň bardygy bellidir. Meselem, ol batyrgaýlyk bilen jezalandyryş-terrorçylyk syýasaty-represiýany aýgytly ýazgardy. Onuň tagallasy bilen GULAG-yň zyndanlarynyň gapysy açylyp, müňlerçe bigünä bendiler azatlyga çykaryldy. Belli bir derejede soýuz respublikalarynyň hukuklary giňeldildi, ykdysayd we sosial problemalary çözmekde ýerli kadrlaryň jogapkärçiligi artdyryldy.

Ýöne welin, Kommunistik partiýanyn we Sowet hökümetiniň ýolbaşçysy hökmünde N.S.Hurşýowyň işinde düýpli kemçilikler dowam edýärdi. Ol şahsyýet kultuny paýhasly tankyt eleginden geçirilip, ondan degişli sapak almalydy, ýurtdaky sosial-ykdysady, syýasy-moral ýagdaýy çynlakaý analizläp içki we daşky syýasatda walýuntaristik (obýektiw şertleri inkär edip) çemeleşmelere, badyhowa paňlamalara ýol bermejek bolmalydy. Ýöne iş ýüzünde tersine boldy. Hurşýow jemgiýetçilik durmuşynyn ähli ugurlaryna degişli çig-çarsy fermalary geçirdi. Sähel wagtyň içinde hemme zady çalşyp «ýetişdi». 1958-nji ýylda MTS-leri çalşyryp RTS (remont-tehnika stansiýalara) öwrüldi, 1959-njy ýylda altynjy bäşýyllygyň tamamlanmalaryna gyssanyp ýediýyllyk plany kabul etdi, 1961-nji ýylda SSKP-nyň Programmasyny çalşyrdy, 1962-nji ýylda partiýa guramalaryny üýtgedip gurady we ş.m. durmuşdaky real ýagdaý göz öňüne tutulman, howul-hara edilen bu işleriň hiçisi-de garaşylan netijeni bermedi. Tersine, ýurdyň ykdysady we sosial problemalaryny öňküden-de ýiteleşdirdi.

Ylaýta-da 1961-nji ýylda SSKP-nyň XXII gurlutaýynda kabul edilen partiýanyň üçüniji Programmasynyň mysaly harsallygyň alamatydyr. Kommunistik partiýa ýurdy edara edýän partiýady. Onuň Programmasynda, ýagny esasy ýörelgesinde sähelçe gyşarmanyň, çig-çyrsylygyň nireden çykjakdygy öz-özünden düşnüklidir. Goýberilen çig-çarsylyk bolsa az-küç däldi. Programmada aňyrsy iki onýyllygyň içinde (1961-1980-nji ýyllarda) ýurtda kommunizim gurmaklyk bellenilýärdi: sowet halyklaryna «sähelçe gaýrat etseler» eşretli kommunizim eýýamynda ýaşamaklyk wada berilýärdi. Partiýanyň «öňden görüji» syýasatyna görä, şol döwre çenli SSSR-de dostluk-doganlyk daragty gül-parçalyk açylyp, ilat ýag iýip, ýüpek geýmelidi, iş wagtlary halys azalyp, adamlar köp wagtlaryny medeniýetdi dynç almaga , ruhy baýlygyny ösdürmäge bagş etmelidi. Elbetde, şu ýörelgeleriň halky çaltyrak eşrete ýetirmek maksady bilen bellenen bolmagy-da

mümkindir. Emma «bal» diýeniň agzyň süýjänok. Kommunizim hakdaky, eşret hakdaky durmuşdan üzňe, badyhowa paňlamalar gury owaz bolup galdy. «ÝAgdan-ýüpekden» geçen, eýýäm 1962-1963-nji ýyllarda ýurdyň üstine açlyk powpy abandy. Ilat arasynda kommunizim ideýalaryna, partiýanyň syýasatyna bolan ynam gaçdy.

1964-nji ýylyň oktýabrynda SSKP MK-nyň Plenumynda N.S.Hruşýow iş başyndan aýryldy we onuň ornuna L.I.brežnow geçdi. Syýasy we ykdysady krizis hasam ýiteleşdi. ÝUrt durgunlyk ýoluna düşdi.

## XIII. S e n a g a t

50-nji ýyllaryň ahyryna çenli respublikada ýerasty baýlyklaryň köp zapaslarynyň üsti açyldy. Şol minoral-çig mallary işläp bejermek üçin senagat kärhanalarynyň gurluşygy alnyp baryldy.

Ozaly bilen senagatyň, heýle hem tutuş halk hojalygynyň enerketika bazasy pugtalandyryldy. Büzmeýin GRES-de, Krasnowodskide, Nebitdagda, Çärjewde, Gowurdakda ýangyç bilen işleýän elektrik stansiýalary (TES) işe girizildi. Türkmeni-stan Orta Aziýanyň energetika halkasyny birikdirdi. 1958-nji ýylda respublikada 593 million kilowat sagat elektrik energiýasy öndürilipdi. 1965-nji ýylda bolsa ol üç essä golaý artdy.

1959-njy ýylda Çelekende Kaspi deňziniň içinde ilkinji gözleg browlaýyş işi başlandy. Soňabaka burowlaýjylar deňziň jümmüşine 15-20 kilometr aralaşdylar, şol ýerlerden nebit almak özleşdirildi. Gamyşlyja, Ekeremde, Barsagelmezde, Goturdepede täze nebit ýataklary tapyldy we senagat taýdan özleşdirildi. Orta Aziýada iň baý Goturdepe nebitli ýeriň tapylmagy we özleşdirilmegi mynasybetli burowlaýjy ussa Baýram Allaberdiýewe, geolog W.W.Denisowiçe we başgalara Lenin baýragy berildi. 1958-1965-nji ýyllarda respublikada nebit çykarylyşy 2,3 esse artyp 9636 müň tonna ýetdi.

1960-njy ýylda Merkezi Garagumda güýçli gaz fontany atylyp çykdy. Soňky ýyllarda Baýramalyda, Kükürtlide, Ojakda uly gaz ýataklary açyldy. 1964-nji ýylda Goturdepe – Belek – Krasnowodsk gaz prowody çekildi, nebit bilen ugurdaş çykýan gaz ulanylyp başlandy.

1960-njy ýylda Türkmenistanyň agyr senagatynyň ilkinji kärhanasy – Aşgabadyň nebit maşyn gurluşygy (Aşnebitmaş) zawody işe girizildi. 1961-1962-nji ýyllarda Çärjewiň superfosfat zawody ulanmaga berildi. 1965-nji ýylda Çelekeniň tehniki uglerod (gurum) zawody işläp başlady. Şol ýyllarda Krasnowodskiniň nebti gaýtadan işleýän zawodynyň, Garabogazyň sulfat kombinatynyň, Çärjewiň ýüpek fabriginiň, Aşgabadyň egirme-dokma kombinatynyň, Çelekeniň ýod-brom zawodynyň, Baýramalynyň ýag kombinatynyň, Daşhowuzyň ýag-ekspeller zawodynyň we başga-da ençeme kärhanalaryň önümçilik kuwwaty artdyryldy. Kärhanada täze sehleriň, tehnologik liniýalaryň onlarçasy işe girizildi. Olarda sintetik ýuwujy serişdäni – sulfonaly öndürmegiň, piwäni çüýşelere guýmagyň, süýdi, duzy we beýleki önümleri polietilen, kagyz haltajyklara gapmagyň tehnologiýasy özleşdirildi.

Gurluşyk materiallary senagaty döredildi. 1957-nji ýylda Aşgabat beton zawody işläp başlady. Soňky ýyllarda Büzmeýinde sement, gurluşyk materiallary zawodlary, Çärjewde, Maryda we käbir beýleki şäherlerde jaý gurluşyk kombinatlary ulanmaga berildi. Gurluşykçylar tarapyndan iri paneli jaýlary gurmagyň tehnologiýasy özleşdirildi.

Respublikanyň şäherleri bilen kolhoz-sowhozlarynyň arasynda şosse ýollary guruldy we ýolagçy awtobuslary gatnap başlady. Aşgabady oblast merkezleri, şeýle hem käbir beýleki posýoloklar bilen birleşdirýän awialiniýalar açyldy. Krasnowodskide parom gatnawy ýola goýuldy. 1965-nji ýylda Guşgy-Hyrat-Gandahar şosse ýolunyň gurluşygy tamamlandy. Emma ol köp ýyllaryň dowamynda diňe harby maksatlar üçin ulanyldy.

Şeýlelikde, senagatda käbir özgerişler boldy. Nebit,himiýa senagaty çalt ösdürildi. Gaz senagatynyň düýbi tutuldy. ýeňil, azyk senagatynda hem birentek işler edildi. Elbetde, şol işleriň amala aşyrylmagyna sosialistik ýaryşa belli bir rol degişlidir. Partiýa, profsoýuz komitetleri kärhanalarda ýaryşyň guralyşyny kämilleşdirmäge, işçileriň we inžener-tehniki işgärleriň zähmet bäsdeşligi gyzyşdyrmaga synanşyk etdiler.

1958-nji ýylda Moskwa-Sortirowoçnaýa deposynyň işçileriniň göreldesine ýeýermek, ýagny ýaryşyň täze formasy – «Kommunistik zähmetiň zarpçysy», «Kommunistik zähmet brigadasy» diýen at ugrundaky hereket ýaýbaňlandyryldy. Eýýäm 1959-njy ýylda Türkmenistanda zähmet kollektiwleriniň 250-si şu at ugryndaky herekete gatnaşýardy. Başda ol kollektiwlerde zähmet çekýänler düzgün-tertibi, iş öndürijiligi boýunça, dogrudanam, beýleki işçilerden tapawutlanýardylar. Olar öz bilimlerini artdyrmaga, medeniýetli, salyhatly bolmaga borçlanýardylar, hut şeýle bojak bolubam dyrjaşýardy-lar.

Emma ýarşyň guramaçylary sana kowalaşyp başladylar. Soňabaka kommunistik zähmet ugrundaky herekete tutuş kärhanalar, kolhozlar «çekildi». «Kommunistik zähmet kollektiwi», «»Kommunistik zähmetiň zarpçysy diýen atlar deger-degmezine berildi. Hereketiň düýpli manysy gaçdy.

Asla sosialistik ýaryş diýilýän zadyň özi durşy bilen ýasama häsiýete ýeýe boldy. Kagyz ýüzünde hemme kişi ýaryşa goşulandy, hakykatda bolsa köpleriň ondan habaram ýok. Raýonlar, oblastlar, hasam beter respublikalar arasyndaky «ýaryş» tas gülkünç derejedäki özara gezelenje öwrüldi.

Işde goýberilen ýalňyş başga-da az däldi. Mysal üçin, şol döwre çenli ilata gerekli harytlaryň ep-esli bölegini ownuk hünärmentçilik önümçiligi berýärdi. 1960-njy ýylda bolsa hökümetiň ýörite karary bilen senetçilik kooperasiýasy ýatyryldy oturyberdi. Şeýlelikde, obalarda ýek-ýarym saklanypgelýän demirçiler, köwüşçiler, küýzegärler we beýleki

ussalar kärini çalşyrmaly boldular. Nesilden nesle geçip gelýän, çeperçilikde sungat derejesine ýeten halk senetçiligi dargady. Senetkärler harlandy. Ilata zerur harytlaryň barysy diýen ýaly beýleki respublikalardan, daşary ýurtlardan getirilýärdi. Türkmenistanyň özünde bolsa iň bärkisi çüý hem öndürilmeýärdi, Kükürdiň esasy çykýan ýeri şu taýy bolsa-da kükürt çöpi hem başga ýerden getirilýärdi. Pagta, pile, ýüň barada aýdylanda-da ýagdaý şeýledi. Mysal üçin, «ak-altyndan» dag ýasaýan türkmen pagtaçylary gerekli mata-marlygy ýurdyň oçetinden alýardy.

Elbetde, respublikanyň senagatynyň, has takygy halk hojalygynyň bir taraplaýyn ösüşiniň dowam etmegi tötänleýin däldi. Ol soýuz hökümetiniň milli «çet-gyraklary» bir kökene baglamak syýasatynyň netijesidi. Ummasyz milli baýlygyň bardygyna garamazdan, Türkmenistan elgarama, hemme zada zar ýagdaýa düşdi. Gerekli önümi özüň öndürmek, başyňy çaramak endigi ýitip, gözler dükana, bazara dikildi. «Ik owarram, çarh jähennem, bary bazardan biter» diýilýän döwür başlandy.

## XIV. Garagum kanalynyň gurulmagy

Garagum kanyly! Dogrudanam bu bir täsin zat, duran gudrat. Çünki onuň gurulmagy diňe soňky 100 ýyllyklarda däl, asla türkmen halkynyň uzak taryhynda-da deňi-taýy bolmadyk wajyp, ykbal çözüji waka. Heýde bu adam eli bilen döredilen derýasyz Mary,Ahal,Balkan welaýatlaryny, biziň paýtagtymyz gözel Aşgabady, hat-da durşy bilen şu günki galkynyşly Türkmenistany göz öňüne getirmek mümkünmi? Elbetde, mümkin däl.

Taryhdan mälim bolşy ýaly, Türkmenistanda ekin ekmäge ýer mydama ýeterlik bolan. Emma suw welin hemişe ýetenoky. Şonuň üçin türkmen halkynyň ykbalynda (beýleki goňşy halklaryň ykbalynda hem) suw meselesi ömürboýy iň gowgaly, iň çözülmesi kyn çylşyrymla problemalaryň biri

bolupdy. Suw ençeme elhenç çaknyşyklara sebäp bolupdy. Sowet häkimiýetiniň ýyllary içinde bolsa soýuz ministrlikleriniň oba hojalyk öňümlerine, aýratynam pagta islegi barha artýandygy zerarly suw hakyndaky mesele has hem çylşyrymlaşdy. Şeýdip suw problemasy indi gaýragoýulmasyz problema öwrüldi. Çünki köp pagta almak üçin (diňe bir pagta däl, merkezi «zerur» bolan köp çig-mal almak üçin) hökmany suw gerekdi.

Gepiň gysgasy, suw diňe bir türkmeniň özüne däl, ol indi has beterem, onuň üstünden agalyk edýän Merkeze gerekdi, totalitar düzgüne gerekdi.

Şeýlelikde, eýýäm 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda Türkmenistanda Garagum kanalyny gurmak barada ilkinji taslama peýda boldy. Ol taslama mazaly işlenilip, hasap-pesibi belli edilenden soň-1954-nji ýylda Garagum kanalynyň gurluşygyna girişildi. Bu beýik gurluşyk başdan bütünsoýuz zarpçy komsomol gurluşygy diýlip yglan edildi. Oňa Türkmenistanyň, şeýle hem beýleki soýuz respublikalarynyň köp ýerlerinden dürli hünärdäki adamlar işe geldiler. Kanalyň gurluşygyna Sowet Soýuzynyň şäherleriniň 250-den traktorlar, maşyn we enjamlar gelýärdi.

Gurluşykçylaryň işleri we aladalary TKP MK-nyň respublikanyň hökümetiniň ünüs merkezinde boldy. Gurluşygyň gidişi baradaky maglumatlara metbugatda uly orun berildi.

Kanal dört nobatda guryldy. Biriniji nobatdakysynyň – Baş saka – Mary aralygynyň köp bölegi çölüň içinden geçýärdi. Ony iki tarapyndan gazyp başlamak makul bilindi. Kerki gurluşyk uprawleniýasy Baş sakadan, Mary gurluşyk uprawleniýasy bolsa aralykdan işe girişdiler. Gündogar uçastakda
gurluşykçylar suwy öz yzlary bilen alyp gaýtdylar, şeýle etmesi uç-gyraksyz çölüň içinde gurluşykçylary, tehnikany suw bilen üpjün etmek ýeňil däldi. Onsoňam gurluşykçylar kanalyň ilkinji

hanasyny gazmakda suwuň öz güýjini ulandylar. Bu usul gurluşykçylaryň işini ep-esli ýeňilleşdirdi.

Emma gurluşygyň kynçylygyda ýetikdi, kemçiligide. Tomsuň 50-60 gradusa ýetýän yssysynda, gyşyň aňzagynda gurluşykçylar meýdan şertlerinde mydar edýärdiler. Gurluşykçylaryň gyzyp, gutardym edip giden ýerlerini çägäniň syrap tekizlän wagtlar-da köp bolupdy. ÝAtak jaýlarynyň ýetmän, iýer-içer ýaly zatlaryň bökdelýän halatlary-da seýrek däldi. Ýöne gurluşykçylar işde taplandy, kynçylyklara döz geldiler we gurluşygy örän çalt depginlerde alyp bardylar. Çünki türkmen halky, ähli ilat kanaly uly guwanç bilen, uly umyt bilen garaşýardy.

1959-njy ýylyň ýanwarynda Amyderýanyň suwy 400 kilometir ýol geçip Murgap bilen tapyşdy. Şol ýyl Murgap derýasynyň suwy az gelipdi. Kanalyň mele suwy ekerançylara wagtynda ýetişdi. Garagumyň eteginde gadymy ekerançylygyň yzy bildirip duran ymgyr giden boz ýerlere ýenede döwran dolandy. Bu ýerlerde «Garagum kanaly», «Baýramaly», «Moskwa», «Zähmet» atly iri pagtaçylyk sowhozlary döredildi. Az wagtyň içinde ol sowhozlaryň ady bütin Türkmenistana ýaýrady. Olaryň her biri aýratynlykda kiçiräk raýonyň berýän pagtasyna barabar pagta berip başlady. Sebäbi bulara Maşat Taňyrgulyýew, Küle Amangeldiýew ýaly başarjaň guramalar baştutanlyk edýärdi.

Eýýäm kanalyň suwynyň ekerançylykda ulanylyp başlanan ilkinji ýylynda, ýagyn 1959-njy ýylda boz ýatan ýerleriň 57 mün gektaryň özleşdirilip, şonuň 33 müň gektaryna gowaça ekilipdi. 1960-njy ýylda bolsa ýene-de 50 müň gektara golaý ýer açylyp gowaça meýdanlarynyň üstüne goşuldy. Garagum kanalynyň biriniji nobatdakysynyň gurluşygyna we täze ýerleri özleşdirmeklige 1.100 million manat goýulypdy. 1959-1960-njy ýyllarda, ýagyn iki ýylyň çinde kanalyň suwyna täze özleşdirilen ýerlerde 80 müň tonna inçe süýümli pagta ösdürilip ýetişdirildi. Şol öndürilen pagtada döwlet 1.113

million manat sap girdeji aldy. Başgaça aýdalanda gurluşygyň biriniji nobatdakysy eýýäm şol ýyllarda özüni doly ödedi.
1960-1962-nji ýyllarda kanalyň ikiniji we üçüniji nobatdakylary guruldy. 1960-njy ýylyň 12-nji maýynda Jeýhunyň mele suwy Türkmenistanyň paýtagty Aşgabada geldi. Tarp ýerlerde «Tejen, WLKSM-iň 40 ýyllygy», «Leninizim ýoly», «9 Aşgabat komisarlary» ýaly uly sowhozlar peýda boldy. Netijede 1965-nji ýylda respublikada heniz görülmedi hasyl-553 mün tonna pagta taýarlanyldy. Bu bolsa 1955-nji ýyldakydan iki esse köpdi.



***<u>GARAGUM KNALY</u>***

Onsoňam Garagum Kanaly şol ýyllarda ilatyň sosial-durmuş hajatlarny kanagatlandyrmaga hem öz täsirini ýetirip başlady. Aşgabat, Büzmeýin şäherleriniň, başgada onlarça posýolaklaryň suw üpjünçiligi düýpgöter gowlandy ozal Mary, Tejen etraplarynda kolhozçylaryň mellek ýerlerindäki ekinler köplenç suw ýetmän gurap galýardy. Indi bu ýandaýam elhal

gowlandy. Adamlaryň bag-bakja edinmäge mümkünçiligi artdy.

1976-njy ýylda kanalyň dördünji nobatdakysynyň gurluşygyna girişildi. 1979-njy ýylda Gyzylarbada, 1981-nji ýylda bolsa Gazanjyga ýetdi.

Baş sakadan Gazanjyga çenli 1100 kilometre uzan Garagum kanaly dünýäde adam eli bilen döredilen iň uly derýadyr. Ol äpet gatlalaryň, köprüleriň giden bir sistemasyny aňladýan çylşyrymly gidrotehniki desgadyr. Onuň suwy Mergap, Tejen, Etrek derýalarynyň üçüsinden akýan ähli suwlardanam dört esse köpdür. Kanalyň ugrynda Hanhowuz, Köpetdag, Balkan suw howdanlary guruldy. Häzir baş sakanyň golaýynda iň uly suw desgalarynyň biri-Zeýt suw howdany gurulýar.

Garugym kanaly dünýä praktikasynda örän çalt gurlan gidrotehniki desgadyr. Gurluşygyň depginini göz öňüne getirmek üçin uzynlygy 165 kilometr bolan Sues kanalynyň 11 ýylda, bary-ýogy 82 kilemetre barabar bolan Panama kanylynyň 34 ýylda gurylandygyny ýatlamak ýeterlikdir. Bu ägirt desgany bina edenlere mynasyp baha berildi. Gurluşygyň ýolbaşçysy inžener Atabaý Geldiýew, Hanhowuz suw howdan gurluşyk uprawleniýasynyň baştutany inžener Aman Çörliýew, Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň Geologiýa institutynyň direktory Garaşhan ogly ÝOmudskiý, jemi 13 adam Lenin baýragynyň laureaty boldylar. Ekskowatorçy Täçmyrat Täşliýew, buldozerçiler Bitdi ÝAzmuhammedowa, Baýramgeldi Gurbanowa Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen at dakyldy.

Başky proekt boýunça Garagum kanaly 1995-nji ýyla çenli Kaspi deňzine ýetirilmelidi. Emma ekologiýa ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy, şeýle hem Sibir derýalarynyň suwyny Orta Aziýa akdyrmak boýunça işleriň togtadylmagy sebäpli kanalyň günbatara tarap gurluşygy bes edildi. Gazanjykdan aňryk kanalyň suwy turba salnyp Nebitdaga, Krasnowdskä ýetirildi.

Garagum kanaly türkmenleriň Amyderýanyň suwyny Garaguma sowmak boýunça asyrlar boýy eden arzuwynyň hasyl bolmagydyr. Kanal 553 mün gektar ýeri suwa ýakýar. Bu bolsa respublikanyň ähli suwarymly ekerançylygynyň 40 prosentine golaýdyr. Häzir 270 kilometr uzynlygy bolan Gazanjyk-Gyzyleterek kanaly, kanalyň aýagynda bolsa Madow suw howdany gurulýar. Suwuň barýan ugrunda Maşat-Misserian düzlüginde täze ýerler özleşdirilýär. Birwagt «üstünden ili göçen» gadymy Dehistana ýene-de dermuş dolanyp gelýär.

Bu gün türkmen topragyny Garagum kanalsyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Kanalyň ähmiýeti diňe ekin meýdanlaryny suwa ýakýanlygy bilen çäklenmeýär. Onuň ýakasynda onlarça täze posýoloklar döredi, ençeme şäherler bag-bakja büreldi. Kanal – ýüzlerçe müň adamyň gün-güzeran görüp önüp-ösüp oturan ýeri. Halkmyz, sözüň doly manysynda, Garagumda pagta, şaly, bag, bakja ekmäge mümkünçilik berýän bu beýik desga – Garagum kanalyna buýsanmaga haklydyr.

Beýik ýazyjy Berdi Kerbabaýewiň baryp 20-nji ýyllarda ýazan «Lebap» poemasynda:

**«Amyny agdarsak köp hasyl önjek,**
**Türkmenistan çöli gülzara dönjek»**

diýen dana sözleri indi hasyl boldy.

Garagum kanaly, has takygy Garagum derýasy turkmen topra-
gynyň iň bir ajaýyp, ýaşyl gaýmasydyr. Ol halkyň takdyry bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.

Kanal çyrpynyp akyp ýatyr. Ol teşne topragy suwa ýakýar.

## XV. Medeniýetiň ýadaýy

Türkmenistanyň senagatynda hem-de oba hojalygynda bolup geçen özgerişler ilatyň durmuş derejesini az-kem gowylandyrmaga, şäherlerde we oba ýerlerinde sosial-medeni gurluşygynyň depginini öňkä garanyňda birneme güýçlendirmäge mümkünçilik berdi.

50-nji ýyllaryň ortalarynda köpçülikleýin jaý gurluşygyna başlandy. Aşgabatda we käbir beýleki şäherlerde ilkinji mikroraýonlar guruldy. Aşgabat şäherindäki 30-njy miroraýon şolaryň ilkinjisidir. 1956-65-nji ýyllarda respublikada (kolhozlarda başga ýerlerde) döwlet, kooperatiw kärhanalary guramalary hem-de döwletiň kredit bermeginde işçi-gullukçylaryň öz hasabyna 3,6 million kwadrat metr ýaşaýyş jaýlary bina edildi. Bu bolsa sowet häkimiýetiniň şondan öňki ähli ýyllarynda gerlan ýaşaýyş jaýlarynyň mukdaryndanam ep-esli köpdi.

Kolhozlaryň, sowhozlaryň köpüsinde abadanlaşdyrylan posýoloklar peýda boldy, müňlerçe kolhozçy hojalyklary köne kepbelerden çykyp, tipli jaýlara göçüp bardylar. 1956-65-nji ýyllarda kolhozlarda (kolhozlaryň özi, kolhozçylar we oba intelltgensiýasy tarapyndan) gurlan ýaşaýyş jaýlary 2,9 million kwadrat metre barabar ýa-da kolhoz gurluşygynyň şondan ozalky ähli ýyllaryndakyny bilelikde alandakysyndan sähelçe az boldy.

Mekdepleriň, medeni aň-bilim edaralarynyň gurluşygy giň gerime ýeýe boldy. 1956-1960-njy ýyllarda respublikada başlangyç, doly däl orta we orta mekdepleriň 201-si gurulan bolsa, 1961-1965-nji ýyllarda 328-si gurldy. Şäherlerde we oba ýerlerinde kinoteatr, klub, keselhana, dukan jaýlarynyň ýüzlerçesi ulanylmaga berildi. Köp sanly medeni-sosial we dynç alyş baglarynyň düýbi tutuldy. ÝAşaýyş jaýlaryna gaz çekilip başlandy. Ilat holodinlik, radiopriýomnik, telewizor, mebil, sagat ýaly medeni-durmuş harytlaryny edinip ugrady. Mysal üçin, 1965-nji ýylda zähmetkeşler 20,6 müň holodinlik

satyn alydylar, bu bolsa 1955-nji ýyldakydan 10 essa köpdi. Şahsy hojalyklarda welosipedleriň, motosikelleriň sany üzül-kesil artdy. Şahsy eýeçiliginde ýeňil awtomobil bolan hojalyklar peýda boldy.

1965-nji ýylda Türkmenistanda umumy bilim berýän mekdepleriň 1386-sy bolup, olarda 413,6 müň okuwçy okaýardy. 27 sany ýörite orta okuw jaýynda 21,9 müň, 5 sany ýokary okuw jaýynda bolsa 19,8 müň student bilim alýardy.

Ýöne magaryf işinde kemçiligem az däldi. Mekdeplerde, aýratynam oba ýerlerinde mugallym kadrlary ýetmeýärdi. Köp mekdep-lerde matematika, fizika, himiýa, daşary ýurt dilleri, ors dili, bedenter-biýe dersleri (aýdym-saz, surat barada-ha asla agzamagyň geregi ýok!) okadylmaýardy ýa-da ol dersleri okatmaklyk başga adamla-ra, ýagny şol derslere düýbünden dahylly bolmadyk adamlara tabşyrylýardy.

Türkmenistanyň magarf ministrligi şol ýyllarda mugallym kadrlaryny ibermeklerini sorap RSFSR-iň dürli oblastlaryna, Ukraina, Belorussiýa respublikalaryna birnäçe ýola ýüz tutupdy. Merkezi gazetler bolan «Uçitelskaýa gazetada», «Izwestiýada» bize, ýagny Türkmenista-na işe geliň diýip mugallym kadrlaryny ýüzlenmelerem gaýta-gaýta çap edilipdi. Emma netije çykmandy. Sebäbi ol ýerlerden gelen kadrlar türkmen dilini bilmeýärdi, ýerli wagtýagdaýdan düýbünden habarsyzdy. Şonuň üçinem olaryň köpüsi mekdepde-de uzak ýerlemän yzyna gaýtmak ýa-da başga bir käre geçmek bilen bolýardy.

Onsoňam hut şol ýyllarda respublikanyň özünde mugallym kadrlaryny taýýarlamak işinde gödek ýalňyşlyk göýberildi. ÝAgny oblast merkezlerinde ýerleşýän dört sany pedagogik institutyň birbada, onda-da hiç bir sebäpsiz, üçüsi: ilki Aşgabat, soňra Daşhowuz, Mary (özem ýöriteleşdirilen, ýagny aýal-gyzlar üçin) institutlary ýapyldy. Dogry, indi onuň ady üýtgäp, oňa Türkmen Döwlet pedinstituty diýilýärdi. Ýöne institutyň adyny üýtgedeniň bilen işiň hili üýtgäberýärmi näme. Dürli şertlerde işläp ýören kadrlaryň bir ýere ýygnanmagy

bilenkollektiwde başda örän agyr ýagdaý emele geldi. Üstesine-de institutyň material-tehniki üpjünçiligi örän pesdi, taýýarlykly mugallym kadrlary ýetmeýärdi. Bütin institut boýunça ylymlary ýekeje doktary-da ýokdy. Galyberse-de, kollektiwi bu ýagdaýdan çykarmak üçin batyrgaý synanyşyk eden institutyň täze rektory TSSR Ylymlar akademiýasynyň habarçy agasy Hangeldi Bekmyradow hem agyr ýagdaýa duçar boldy: ony partiýadan çykaryp, işden kowdular, soňra ony turmä basdylar. ÝOgsam bu gerçekleriň bar «günäsi» onuň edenli, ökde ýolbaşçylygyndaka, has takygy, onuň türkmenleriň onuň türkmençiligindedi.

Şol döwürde Türkmenistanyň ylmy barada näme aýdyp bolar? Dogrudanam, bu sferada käbir özgeriler bolup geçdi. Ylmy edaralaryň sany artdy. Olaryň ylmy kadrlar bilen üpjünçiligi gowlandy. Ylmyň durmuş bilen baglanşygyna üns güýçlendi. Gumenitar ylymlarda, hususan-da taryh ylmynda käbir üstünlikler gazanyldy. Türkmenistanyň iň gadymy döwürlerinden başlap tä 50-nji ýyllaryň ortalaryna çenli bolan döwri öz içine alýan taryhyny beýan edýän iki tomluk çap edildi. Türkmen taryhçylary Şaja Batyrow, Öwülýä Kulyýew, Şamyrat Täşliýew, Atabal Saparow, Sapardurdy kakabaýew, ÝAzguly Hudaýberdiýew, Aman Ylýasow, Roza Bazarowa, Tagan Durdyýew, ýegen Atagarryýew, Muhammet Moşýew, Myrat Annanepesow we başgalar Aşgabatda, Moskwada, Leningradda, Daşkentde, Almaatada we beýleki şäherlerde neşir edilen dürli temalardan ýazylan giň göwrümli ylmy işleriň taýarlanmagyna gatnaşdylar. Türkmen taryhçylary Gaýyp Nepesow, Kakajan Muhammetberdiýew, Rejepdurdy Garaýew dagy Orta Aziýanyň beýleki respublikalarynyň taryhy barada-da düýpli ylmy işler ýazdylar, ýokary hünärli taryhçy kadrlary taýýarladylar.

Şol ýyllarda respublikada ylmy edaralaryň sany 60-a, olarda zähmet ylmy işgärleriň sany 2607-ä, şol sanda ylymlaryň kandidatlarynyň sany 602-ä, doktorlaryň sany bolsa 39-a ýetdi. TSSR Ylymlar akademiýasynyň Çöller institutynyň,

Ykdysadyýet institutynyň, Zoologiýa institutynyň we käbir beýleki ylmy-barlag institutlarynyň işiniň ähmiýeti respublikanyň çäklerinden daşarda-da ykrar edildi.

1958-nji ýylda Aşgabatda türkmen telewidiniýasy işläp ugrady. Şol ýylyň 5-nji iýunynda «Edebiýat we sungat» gazetiniň biriniji sany çykdy. Onuň ilkinji redaktory ezber žurnalist Baýram Welmyradowdy.

60-70-nji ýyllaryň başy türkmen edebiýatynda ep-esli özgeriş döwri boldy. Berdi Kerbabaýewiň «Gaýgysyz Atabaýew», «Suw damjasy – altyn dänesi», Beki Seýtäkowyň «Doganlar», «Şahyr», Hydyr Derýaýewiň «Ykbal», Gylyç Kulyýewiň «Emiriň ilçisi», «ÝAnbermez alžirli», Gurbandurdy Gurbansähedowyň «Toýly mergen», Berdinazar Hudaýnazarowyň «Gumlular», Seýtniýaz Ataýewiň «Gazap», Naryman Jumaýewiň «Jeýhun», «Welaýat», Rahym Esenowyň «Säherdäki salgymlar», «Sary dominonyň kölegeleri», Atajan Taganyň «Saragt Galasy», ÝAzmyrat Mämmedowyň «Ene toprak» diýen romanlary ýaly okyjy-laryň göwünden turan eserler döredildi. Şol ýyllar şahyr Kerim Gurbannepesow özüniň «Taýmaz baba» poemasy we beýleki eserleri bilen mikrofon öňünde yzly-yzyna çykyş edip başlady.

Türkmen edebiýatynyň şu günki kerwenbaşylary çeper sözüň ussatlary ýazyjy Tirkiş Jumageldiýew, şahyr Baýram Jütdiýew, poeziýanyň wagtyndan ir öçen şamçyraglary Italmaz Nuryýew, Gurbannazar Ezizow, Halyl Kulyýew dagynyň ilkinji eserleri çapdan çykdy, okyjylar tarapyndan gyzgyn garşy alyndy.

Halkyň edebi mirasyny öwrenmekde-de käbir işler edildi. Şabeneniň «Şabährem» dessany, Magrupynyň «Seýpelmelek–Medhaljemal» dessany, «Helalaý garyp», «Asly-Kerem» diýen halk dessanlary, Döwletmämmet Balgyzylyň, Kermollanyň, Molladurdynyň saýlanan goşgulary çap edildi.

Aýratyn bellemeli zat: şol ýyllar türkmen kinosungatynda-da uly özgeriş boldy. 1963-nji ýylda zehinli

kinorežsýor Bulat Mansurowyň türkmeniň belli ýazyjysy Nurmyrat Saryhanowyň adybir hekaýasy esasynda goýan «Şükür bagşy» kinofilmi ekrana çykdy. 1965-nji ýylda meşhur Alty Garlyýewiň, Berdi Kerbabaýewiň adybir romany boýunça «Aýgytly ädim», soňra 70-nji ýyllaryň başynda ýazyjy Hudaýberdi Durdyýewiň ssenariýasy esasynda goýan «Mukamyň syry» atly komowilimleri tomaşyçylara hödürlendi. Bu filimler türkmen kinosungatynyň kämillik ýolyna düşmegini bütün dünýä jar etdi.

Şeýlelikde, SSKP-nyň XX gorlutaýyndan soňky jemgiýetçilik durmuşynda dörän ýazylganlyk sosial-medeni ösüşe hem itergi berdi. Ilatyň durmuş hal-ýagdaýy birneme gowulandy. Respublikanyň şäherlerinde we obalarynda müňlerçe hojalyklar tipli jaýlara göçüp bardylar, medeni-durmuş harytlaryny edindiler. Okamaga, bilim almaga mümkünçilik artdy. Edebiýat we sungat işgärleri halkyň söýgüsini gazanan birnäçe eserleri döretdiler.

Ene-de bir bellemeli zat: şol döwür külli türkmeniň guwanjy-ady äleme dolan beýik hudožnik yzzat Gylyjowyň Gylyjowyň, zamanamyzyň meşhur kompozitorlary doganlar Weli bilen Nury Muhammedowlaryň döredijilik ussatlygynyň has rowaçlanan ýyllary bolupdy.

Emma halkyň sosializim idealaryna bolan ynamynyň öňkä garanyňda has gowybşlan döwri hem şol ýyllar boldy. SSKP-nyň XX gurlutaýynda soňky döwürde Sitaliniň şahsyýet kulturynyň ýazgarylmagy mynasybetli, onuň esassyz hem gözek tankytlanylmagy iş ýüzände sosializmiň masgaralanmagyna alyp bardy. Ozal uzak wagtlap Hudaýa ynanan, soň Hudaý ýok diýlip, zorluk bilen Marksa, Lenine uýdurjak bolnan ilat alasarmyk ýagdaýa düşdi. Onuň durmuşa bolan ynamy gowşady: Jemgiýntçilik tertip-düzgüni bozulup ugrady. Ilat arasynda arak içýän, neşe (trek) -çekýänleriň sany artdy. Hatda özüniň edep-ekramlylygy, utanç-haýalylygy bilen dünýäni haýran galdyran türkmen gelin-gyzlarynyň arasynda-da arak içýänleri, «aňsat eklenjiň ugrunda» bozuk ýola

düşenleri ýüze çykyp başlady. Aýal-gyzlar tikin tikmek, keşde çekmek, ojagyna wepaly öý bikesi bolmak endigini kem-kemden ýitirip başlady. Iň ýamany-da maşgala gowşap, är-aýal arasynda birek-birege hormat, birek-biregiň sarpasyny saklamak kemeldi.

1961-nji ýylyň türkmen maşgalasynyň aýratynlyklary nazarda tutulyp, kolhoz başlyklarynyň medeniýet baradaky orunbasarynyň wezipesi döredildi. Olar aýal-gyzlar bilen medeni-köpçülik işlerini geçirip, mümkün boldugyça, içgin tanşyp, düşünişip çagşap barýan maşgala sütünlerini



BERDI KERBABAÝEW



BEKI SEÝTÄKOW

berkitmäge, är-aýalyň arasyndaky oňuşyksyzlygy azaltmaga ýardam etmelidi. Elbetde, medeniýet baradaky orunbasarlaryň içinde öz wezipesine kybapdaş iş bitirýänleri-de, iliň hormatyna, sylagyna mynasyp bolýanlary-da bar. Emma olaryň birnäçesiniň welin örüsi örän çäkli boldy…1964-nji ýylyň güýzünde, arhiw materiallarynyň habar bermegine görä, hökmürowan SSKP MK-nyň Ideologiýa bölümi Orta Aziýa respublikalarynda, şol sanda, Türkmenistanda mekdepleriň işini

barlap gördi. Barlagyň netijesinde barlagçylaryň depe saçyny üýşürdi: ýylda 3-4 aý ýa-da tutuş pagty ýygymynyň 5-10-njy klaslaryň okuwçylary üçin mekdepleriň gapysy ýapyldy. Pagta sürülen çagalar daň atandan garaňky gatlyşýança işde halys surnukýardylar. Şonda-da olaryň bir garny dok, bir garny açdy. Käýerlerde hatda günde bir wagtyna gyzgyn nahar bermegem ýola goýulmandy. Daşhowuh, Tejen etraplarynyň käbir kolhozlarynda bolsa zaýalanan iýmit berileni sebäpli okuwçylar topbagy bilen zäherlenipdi. Sowuklama, içgeçme kesellerinden ejir çekýän çagalaryň-da htdi-hasaby ýokdy.


HYDYR DERÝAÝEW


KERIM GURBANNEPESOW

Barlag wagtynda kolhozlarda iş düzgün-nyzamynyň gowşap, gowaçany çirtmeklige, otaga, ýygyma mekdep okuwçylarynyň ýyl-ýyldan has köp çekilýändiginiň üsti açyldy. Mysal üçin , 1962-nji ýylda Türkmenistanda 63,1müň okuwçy biraýyň dowamynda pagta ýygan bolsa, 1963-nji ýylda 115 müň okuwçy 47 günläp pagtada bolupdyr. 1964-nji ýylda bolsa

okuwçylaryň sany-da, ýygym möwsüminiň dowamlylygy-da 2 essä golaý artypdyr.
Barlagyň netijesinde okuw wagtynda mekdepleri ýapmak, asla 14 ýaşa ýetmedik çagalary pagta ibermek «berk ýazgaryldy». ýerli ýolbaşçylara çagalaryň okuwy, saglygy hakda ymykly alada etmek tabşyryldy. Ýöne ol tabşyryk ýolbaşçylaryň o gulagyndan girip, beýlekisinden çykdy. Mekdep okuwçylary pagtaçylykda «merkezi figura» öwrüldi.

Şeýlelikde, respublikanyň medeni durmuşynda käbir ilelemeler duýulan-da bolsa, halkyň ruhy-ahlak dünýäsinde bolup geçen opurluşygy hem görkezmek mümkin däldir. Halkyň magaryfynyň işindäki gözboýagçylyk we ýasamalyk soňra tutuş medeniýete zeper ýetirdi.

## XVI. Syýasy Garaşsyzlygyň ýasamalygy (Durgunlyk)

Türkmen jemgiýetinde durgunlyk ýa-da jemgiýetdäki ösüşiň köp pudaklarynyň durup, tas, doňup galmagy belli bir derejede Türkmenistanyň Orsyýete tabynlygyna düşeninden soňky geçen ýyllaryň hemmesine mahsusdyr. Ilki Orsyýet patyşasynyň, soňra Sowet hökümetiniň ýewroparaz, has takygy orsparaz syýasy netijesinde türkmen halkynyň taryhy, däp-dessury, onuň özüne mahsus bolan milli duýgusy depelendi. Türkmen jemgiýeti daşyny çyrmaşyk bürän gül kimin saralyp soldy.

Elbetde, munuň düýp sebäbi bellidi. Ozalam ençeme gezek nygtap geçişimiz ýaly, Türkmenistan SSR-niň syýasy garaşsyzlygy, umuman alanyňda ýasamady. Asla leninçilik milli syýasat diýilýän zadyň özi diňe dildedi, hakykatynda ol orsparz syýasatyň çöwre ýüzidi. Onsoňam belli ahyry, munda ors halkynyň hiç bir günäsi ýokdy. Ors halkynyň öz düşen güni hem türkmeniňkiden ýa-da beýleki halklaryňkydan ýeňil däldi. Gepiň gysgasy, dilde bir zat diýilse iş ýüzünde başga bir zat edilýärdi.

ÝOgsam bolmanda SSSR Konstitusiýasyna garanyňda, Türkmenistan SSR-i syýasy taýdan garaşsyz döwlet hasaplanýardy. TSSR-iň özygtyýarlylygy we hukuklary eýýäm onuň biriniji Konsstitusiýasynda (1927-nji ýyl) kanun tarapyndan ykrar edilipdi. Respublikanyň esasy kanunynda ähli häkimiýetiň halk degişlidigi, döwletiň, jemgiýetiň bähbitlerini goramaga, graždanlaryň hukuklaryny we azatlyklarynyň üpjün etmäge borçludygy-da aýratyn nygtalýardy. Soňra Türkmenistan SSR-niň durmuşynyň bu esasy ýörelgelerirespublikanyň soňky (1937-nji hem 1978-nji ýyllarda) kabul edilen Konstitusiýalarynda-da üýtgewsiz suratda jar edilipdi. Ýöne iş ýüzünde welin kanun tarapyndan kepillendirilen bu beýik ýörelgeler köplenç kagyz ýüzünde galdy.

Türkmenistan SSR-i döredilenden tä garaşsyzlygy gazanylýança onda hiç wagt halkyň häkimiýeti bolmandy.

Kommunistik partiýa ilaty öz tarapyna çekmek üçin köp sanly jemgiýetçilik guramalaryna daýanýardy. Bu guramalar ilet arasynda at-abraýnyň artmagy barada alada edýärdi. Emma eýýäm şol 30-njy ýyllardan başlap partiýa jemgiýete ýolbaşçylygy has çuňlaşdyrmaga, has anyklaşdyrmagaýykgyn edip başlady, ony öz eline almaga çalyşdy. Bu bolsa, elbetde, partiýanyň öz sagdynlygyna-da, jemgiýetçilik guramalarynyň işine-de ýaramaz täsir etdi. «Durgunlygyň yzasy ýada taryhy hakykata gadam» (Edebiýat we sungat, 20.12.91) diýen makaladan:

**«… Kommunistik partiýa döwlet başyna geçip hiç wagtam häkimiýet mätäçligini çekmedi. ÝUrtda başga partiýa bolmansoň hanam, soltanam özi boldy. Ýöne munam az görüp, 1966-njy ýylyň martynda bolup geçen SSKP-niň XXIII gurlutaýy jemgiýetçilik durmuşynyň ähli sferalarynda partiýa ýolbaşçylygyny has-da güýçlendirmek zerur diýen karara geldi. Bu bolsa iş ýüzünde partiýanyň ýolbaşçylyk rolunyň ýokarlanmagyna däl-de, eýsem peselmegine getirdi. Partiýa ozal iri umumyhalk ähmiýetli**

**meseleler bilen gyzyklanyp, beýleki işleriň degişli guramalar tarapyndan ýerine ýetirilişine baştutanlyk eden bolsa, indi ähli işlere özi ýetjek bolup, ýetibem bilmän, şol bir wagtyň özünde ol guramalaryň hem elini işden sowatdy.**

**Jemgyýetiň özeni, diregi partiýanyň öz süňňi bir sag boldymyka. Saglyk nire, ol lagşady. Partiýa işniň çakdanaşa merkezleşdirilmegi, tankydyň ýoga çykarylmagy partiýa ýolbaşçylarynyň kommunistler köpçüliginiň kontrallygyndan çykmagyna, şahsy bähbitleri üçin wezipesinden peýdalanylmagyna, moral taýdan azmagyna getirdi. Partiýa ýolbaşçylarynyň arasynda hojalyk işgärleri agdyklyk etdi. Diňe tehnokratlar işe çekilýärdi. ÝAgny kolhoza başlyk, sowhoza direktor ýa-da raýokomyň sekretary, raýspolkomyň başlygy bolmak üçin haýsydyr bir tehniki ugurdan diplomyň bolmalydy. Bu wezipelerde işlejek bolsaň uniwersiteti ýa-da pedinstituty gutaranyň asla hasaba alynmaýardy, umuman gumanitar bilimi bolanlar düýpgöter unydylypdy. Onsoňam ýolbaşçy wezipelere bellenilende işe ukyplylyk, adamkärçilik sypatlaryna däl-de, «tap bilijiligine», kowum-garyndaşlaryna seretmek ýoň boldy. Netijede kadrlaryň medeni, intellektual derejesi diýseň pese gaçdy».**

Mahlasy, partiýa komitetleriniň öz iş stili örän ýüzleý hem-de harsaldy. Halk deputatlarynyň Sowetleriniň, profsoýuzlaryň, komsomolyň işi onça-da ýokdy. Bular hem hojalyk we sosial-medeni meseleleriň çözlüşine gatnaşýardylar. Emma olar iň bir ownuk meseläniň-de çözgüdine partiýa komitetlerinden garaşly bolany sebäpli gitdigiçe özbaşdak iş endigini ýitirdiler. Olarda iş däl-de, güýmenje galdy. Sowetler saýdowlara, profsaýuzlar ýaryşa, komsomol san taýdan ösmäge güýmendiler. Partiýa dokumentlerine ynansaň, SSSR ÝOkary Sowetine, Türkmenistan SSR ÝOkary Sowetine we ýerli Sowetlere saýlowlar hemişe halkyň syýasy hem zähmet ýokary göteriliş ýagdaýynda geçýärdi. Partiýanyň komitetleri tarapyndan deputatlyga göz öňünde tutulan kandidatlaryň biri

galamn saýlanýardy. Olara saýlowçylaryň 99,99 prosenti öz seslerini berýärdi. Özem her saýlowda şeýledi. Şeýle boljakdygy öňünden bellenilýärdi. Bir deputat galman geçjegi, azam däl, köpem däl, şonça soýlowçyňam sesini berjegi köre hasa bolsa, «saýlow» diýip uly ili azara goýup ýörmek nämä gerekdi. Deputatlyga kandidatlary partiýa komitetlerinde tassyklaýmaly eken-dä. Gözboýagçylyk edenden şolam gowy bolardy.

Beýleki jemgiýetçilik guramalarynyň hem işi ýasamalykdan halas däldi. Partiýa dokumentlerine görä, şäherlerde we obalarda halk uniwersitetleriniň, ýaşulular sowetleriniň, aýallar sowetleriniň, gyzlar kulublarynyň, täze däp-dessurlary boýunça komissiýalaryň, ata-eneler komitetleriniň, ýoldaşlyk sudlarynyň we beýleki jemgiýetçilik birleşmeleriniň müňlerçesi döredilipdi. San görkezijilerine seretseň, olar jemgiýetiň syýasy durmuşynda uly güýç, emma işleriniň hiline, mazmunyna seretseň welin, ýöne bir salgym. ÝA-da «agramy aşykça, kölegesi köşekçedi». Dogrusy, jemgiýetçilik guramalarynyň ýagdaýy mydama beýle däldi. Aýdaly 50-60-njy ýyllaryň sepgidinde ýaňy döredilen ýaşulylar söwetleri, aýallar sowetleri, meýletin halk družinalary, ýoldaşlyk sudlary halkyň gowlaşyp barýan moral-ahlak kadalaryny sagdynlaşdyrmak boýunça ep-esli işler edipdirler. Ýöne welin bu işde-de ýasamalyk barha artyp, sana kowalaşmaga ýol berildi. Şeýle hem olaryň her bir hereketinde, iň bir ownuk meseläniň çözgüdinde-de partiýa komitetlerine garşy edilmegi jemgiýetçilik guramlarynyň «elini-aýagyny» baglady. Halkyň ykbaly hakynda özbaşdak oýlanyp herekt etmek, hyjuwlylyk, inisiatiwalylyk ýitdi. Hemme ýerde ýarym-ýaltaly, ýasamalyk, «kagyz döredijiligi» esasy orna geçdi. Jemgiýetçilik syýasy sistemasy doňdy. Bu doňaklygy çözmek üçin jemgiýeti düýpli özgertmek, täzeden gurmak zerurlygy ýüze çykly.

Türkmenistanda jemgiýetçilik durmuşynyň çuňňur krizisi düşmeginiň, onuň syýasy garaşsyzlygynyň ýoga

çykmagynyň düýp sebäpleriniň biri hem ýerde ýewropaparazlyk syýasatynyň örän zabun alnyp barylmagydyr. Bu syýasatda hökmürowanlyk öňem ýok däldi. 1938-nji ýylyň 13-nji martynda SSSR HKS-nyň we BK(b)P MK-nyň milli respublikalaryň mekdeplerinde ors dilini hökman okatmak barada karar kabul etmegi bolsa ony ähli çäreler arkaly «ruhlandyrmaga» signal bolup hyzmat edipdi. Şol karar esasynda Türkmenistanda-da 1938-nji ýylyň 4-nji aprelinde «türkmen we beýleki ors däl mekdeplerde hökmany suratda ors dilini okatmak barada ýörite karar kabul edildi.

Onda şeýle diýilýär: Ors dilini öwrenmekligiň SSSR halklarynyň arasynda kuwwatly aragatnaşykserişdedigini, olaryň mundan beýlägem hojalyk we medeni ösüşe ýardam edýän, SSSR-iň goranyş ukybyny ösdürýän hem milli kadrlary ylymda we tehnikada kämilleşdirýän serişdedigini nazarda tutup, Türkmenistan SSR Merkezi Ispolnitel Komiteti we Halk Komissarlar Soweti karar edýär:

1. 1938-39-njy okuw ýylynyň 1-nji sentýabryndan başlap Türkmenistan SSR-niň ähli türkmen we beýleki ors däl mekdeplerinden hökmany suratda ors dilini okatmaklygy girizmeli.

Ähli ors däl başlangyç mekdeplerinde ors dilini okatmaklygy 2-nji klasdan, doly däl orta we orta mekdeplerde bolsa 3-nji klasdan girizmeli.

2. TSSR Magarf halk komissariatyna teklip etmeli:

a) türkmen we beýleki ors başlangyç, doly däl orta hem orta mekdepleriň okuw planlaryny şuňa laýyklykda täzeden gözden geçirmeli.

b) peduçilişeleriň, pedogogik we mugallymçylyk inistitutlarynyň okuw planlaryny täzeden gözden geçirmeli».

Elbetde, bu parasatly iş. Çünki, köp milletli ýurtda haýsy hem bolsa bir milletara diliniň ýaşlara öwredilmeginiň kadaly zatdygy belli, ahyry.

Ozal bellenip geçilişi ýaly, 1947-nji ýylda TK(b)P MK-nyň biriniji sekretarlygyna ilhalar adam Şaja Batyrowyň, ikiniji

sekretarlygyna türkmen dilini bilýän, türkmene hormat goýýan Arkadiý Sennikowyň saýlanmagyny halk goldapdy, oňa dogry düşünipdi. Onsoňam hut şol wagtdan başlap, partiýanyň oblast, şäher raýon, komitetlerinde-de köplenç biriniji sekretarlyga türkmen, ikiniji sekretarlyga bolsa diňe türkmen dilini bilýän, türkmeniň däp-dessuryna hormat goýýan Plahotin (Maryda), Wadýunin (ÝOlötende), Mnasakanýan (Baýramalyda) ýaly hakyky internasional duýgy adamlaryň goýlup başlanmagy, elbetde, gowulygyň alamaty bolup göründi. Emma soňra iş ýüzünde biriniji sekretarlyga türkmen goýulmagy diňe syýasat üçindigi mälim boldy. Ol sowet kollonializmini irmän-arman tankytdan buržuaz ideologlaryna özboluşly jogap bolup, ine, görüň, partiýanyň adamsy bilen bularyň özlerindenem il agasy adamlar ösüp ýetişdi diýildigidi. Hakykatynda welin partiýa komitetlerinde biriniji sekretarlaryň hukugy çäklidi. Häkimlik tas durşy bilen diýen ýaly şol ýokardan iberilen «ikinjileriň» elindedi. Bir söz bilen aýdylanda soňra uzak ýyllar hökmürowanlyk eden «ikiniji sekretarlar instituty», ine şeýle döräpdi.

1958-nji ýylyň dekabrynda Suhan Babaýew işden boşadylandan soň onuň ýerine Jumadurdy Garaýew «geçdi». Ýöne köp wagt geçmänkä ol (1960-njy ýylyň maýynda) aradan çykdy. TKP MK-nyň biriniji sekretarlygyna Balyş Öwezow bellendi. Emma ol soňra Türkmenistanda ähli hökmürowan ikiniji sekretarlaryň içinde türkmen kadrlaryny pürrelemekde tüýs ýakasyny tanadan, türkmen intelligensiýasynyň köpüsiniň başyna ýeten Wasiliý Rykowyň eden-etdiliginiň pidasy boldy. Çünki «uzakdan görüji», diýseň mekir Ridkowa Balyş Öwezowyň respublikanyň duşmanynyň käbir ýiti meseleleri boýunça öz garaýşynyň bardygy ýaramady. Mysal üçin, Aşgabatda M.I.Kalininiň, W.W.Kuýbyşewiň, I.W.Frunzäniň we beýleki merkezden gelen wekilleriň ýadygärlik tagtalary ürç edilip oturdylanda, Öwezow saklanyp bilmän: «besdir, ähli diwarlary şolardan dolduryp çykaýmaň, özümiziňkilere-de ýer goýuň» diýendigi baradaky oňa ýetirilen habaryň, ýa-da TKP

MK-da ýokary okuw jaýlarynyň rektorlary bilen bolan maslhatda (1969-njy ýyl, awgust) TDU-nyň rektory belli alym Kerim Maşrykow çykyp gepläp, döwrebap äheňde «hut düýnüň özünde Uniwersitetiň alymlar sowetiniň mejlisinde ähli predmetleri ors dilinde okatmaklygy karar etdik» diýende, Balyş Öwezowyň «bu nä halat, hany türkmeniň öz dili, hany Türkmenistanyň Konstitusiýasy?» diýlip, ol karary ýatyrmagy, elbetde, Keremliň bu ýerdäki wekili Rykowy ynjalykdan gaçyrdy.

1969-njy ýylyň dekabrynda TKP MK-nyň biriniji sekretarlygyna Muhammetnazar Gapurow «saýlandy». Ol ilki şol Rykowyň, soňra bolsa hut şonuň teklibi bilen onuň kürsüsini eýelän betpäl Wiktor Pereudiniň aýdanyndan çykmady.

Hökmürowan «ikinjileriň» tüýs diýeni boldy. Mysal üçin, hökümet edaralarynda, aeroport, demirýol kassalarynda, aragatnaşyk bölümlerinde, hatda şäherdäki söwda dükanlarynda-da iş dolandyryş ors dilinde alnyp barylýardy.

Mahlasy, türkmen öz topragynda özüni keseki ýaly duýup başlady. Konstitusiýalarda öwran-öwran jar edilen garaşsyzlykdan nam-nyşan galmady, ol durşy bilen ýasamalyga, gury söze öwrüldi.

## XVII. Ykdysadyýetde baknalyk

Hkykatdan-da, Saparmyrat Türkmenbaşynyň adalatly belleýşi ýaly, Türkmenistan ozalky SSSR-iň ykdysady taýdan çig-mal öndürýän bazasydy. Çünki, syýasatda bolşy ýaly, ykdysady taýdan Türkmenistanyň baknalygy kolonial döwürde başlanyp, rewolýusiýadan soňky döwürde barha çuňlaşdy, durgunlyk ýyllarynda bolsa ýetjek derejesine ýetdi. Beýle diýilmegi respublikada ykdysadyýetiň düýpli ösmändigini, ýagny onuň durup galandygyny aňlatma-ýar. Asla, durgunlyk diňe ýerli halklaryň bähbitlerine, milli medeniýetine gezek gelende doly öz manysyna eýedi. Senagat, oba hojalygy barada

aýdalanda bolsa, bu ýerde soýuz hökümetiniň görkezmeleri artykmajy bilen berjaý edilýärdi. «Watana» gazyň, kükürdiň, pagtanyň we beýleki önümleriň ýyl-ýyldan köp mukdary berilýärdi. ÝUrtdaky «Zähmet bölünişiginde öz internasional borjuny» birkemsiz ýerine ýetireni üçin Türk-menistan yzly-yzyna SSSR-iň ordenlerine mynasyp bolýardy.

Respublikada ilkinji uly gaz ýatagy – Ojak 1966-njy ýylda özleşdirildi. Şol ýyl türkmen gazçylarynyň çykaran «mawy ýangyjy» 1 milliard kub metrdenem geçdi. Soňky ýyllarda Naýyp, Kerpiçli, Sakar, Samandepe, Maýsk, Şehitli (häzirki Şatlyk), Tejen, Döwletabat we beýleki gaz känleri özleşdirildi. Özem olar örän çalt özleşdirildi. Mysal üçin, Ojak gaz ýatagy bary-ýogy 8 aýda özleşdirildi. Beýle çaltlyk bolsa heniz dünýä praktikasynda hem bolmandy. Gazyň çykarylyşy aýsaýyn däl, günsaýyn artyp, onuň hemmesi diýen ýaly «Orta Aziýa – Merkeze» gazprowody arkaly ýurdyň merkezi raýonlaryna, olaryň üsti bilen dünýäniň dürli ýurtlaryna iberilýärdi. Çeleken, Nebitdag, Gumdag etraplarynda nebit bilen ugurdan çykýan gazy hem ibermek üçin «Günbatar Türkmenistan – Merkez» gaz prowody guruldy.

1970-nji ýylda respublikada gazyň çykarylyşy eýýäm 13 milliard kub metre ýetdi. 1975-nji ýylda bu san 51,8 milliard, 1985-nji ýylda bolsa 83,2 milliard kub metre barabar bolup, tutuşlygyna diýen ýaly ýurdyň merkezi raýonlaryna, şeýle hem Günbatar ýewropanyň ençeme döwletlerine akdyrylýardy.

Nebit çykarylyşy artdy. Guýjuk,Burun ýaly täze nebitli gatlaklar özleşdirildi.Ozalky Çeleken, Barsagelmez,Goturdepe etraplaryndaky skwažinalary-da dynman haýdadyldy. 1965-nji ýylda respublikada 9,6 million tonna nebit çykarylypdy. 1973-nji ýylda bolsa «gara altynyň» alynyşy 16,2 million tonna ýetirilip, deňizdir demir ýol arkaly merkezi raýonlara ugradyldy. Soňabaka nebitli gatlaklar has çuňlaşyp nebit çykarmak kynlaşdy. Nebit zapasy-da azaldy. 1985-nji ýylda bary-ýogy 6 million tonna nebit çykaryldy.

Himiýa, nebit-himiýa senagatynda önüm öndürilişi üzül-kesil ýokarlandy. Gowurdagyň kükürt zawodynyň kuwwaty artdyryldy. Ol 25 tonnalyk samowarlar, 2,5 – 4 kublyk ekskawatorlar bilen üpjün edildi. Ozal kükürt tokga görnüşinde çykarylýardy. Indi bolsa suwklyk görnüşinde-de alnyp başlanyldy. 1965-nji ýylda respublikada 56 müň tonna kükürt çykarylypdy. 1970-nji ýylda 190 müň tonna, 1985-nji ýylda bolsa 513 müň tonna kükürt çykarldy. Durşy bilenem demir ýol platformalaryna ýüklenildi.

Şol ýyllarda SSSR-iň 500-e golaý metallurgiýa kombinatlarynyň işlemegi üçin örän zurur bolan türkmen bişofitiniň öndürilişi 3 esse, tehniki uglerodyň öndürilişi bolsa 2,6 esse artdyryldy. Natriý sulfatyny, kükürt kislotasyny, ýodli kalini öndürýän liniýalaryň kuwwatlygy artdyryldy, kükürtli-turşy alýuminiý, azot kislotasyny almaklyk ýola goýuldy. Kükürdiň, tehniki uglerodyň, ýodly kaliniň we beýleki önümleriň hili ýokary bolup, olar daşary döwletlere eksport hem edilýärdi.

Görnüşi ýaly, Türkmenistanda gaz, nebit, nebithimiýa, himiýa senagat pudaklary örän çalt depginler bilen ösdürildi. Ýöne olar «haty-çoty» bilen soýuz ministrlikleriniň ygtyýaryndady. Ol ministrlikler respublikanyň ýerasty baýlyklaryndan düşýän girdejiniň 1 prosentini onuň býujetine geçirmelidiler. Emma şolam yzgiderli geçirilmedi.

Respublikanyň senagatynyň beýleki pudaklarynda edilen işlerem az däl. ýeňil, ýerli, aýna, pagta arassalaýjy, ýüpek, ýüň, gön, azyk, balyk senagatynda täze kärhanalar, tehnologik liniýalar işe girizildi. Ýöne senagatyň bu pudaklarynda öndürilýän önümleriň köp bölegi ýurdyň beýleki raýonlaryna ibermek üçin niýetlenýärdi. Mysal üçin, 1985-nji ýylda respublikada pagta süýminiň 348 müň tonnasy (1965-nji ýylda 150 müň tonna), çig ýüpegiň 280 tonnasy (1965-nji ýylda 272 tonna) öndürildi, şolaryňam bolaýsa ujypsyz bir bölegi taýýar önüm öndürmek üçin ýerli kärhanalarda galdyrylyp, galany ýurdyň degişli raýonlaryna iberildi. Gidýän zatlar başga-

da köpdi: nahar duzy, ýuwulan ýüň, buýan köki, garakölli bagana, haly, çigit ýagy we ş.m. Elbetde, bu zatlary daşaýan otly sostawlary, parohodlar gelende boş gelenokdy. Respublikanyň halk hojalygyna gerekli traktorlary, maşynlary, stanoklary, agaç, kagyz, galla, çüý we beýleki harytlary getirýärdiler. Ýöne gidýän zat bilen gelýäniň möçberini deňeşdirseň pil bilen peşeden enaýy däldi.

Türkmenistanyň oba hojalyk önümçiligi hem esasan merkeziň «ak altyna», «ýumşak altyna» (garaköli bagana) we beýleki «altynlara» bolan islegini kanagatlandyrmaga gönükdirilendi. 1965-nji ýylda respublikada 553 müň tonna pagta taýýarlanylmagy bilen türkmen pagtaçylarynyň öňünde «ak altynyň» öndürilişini 1million tonna ýetirmek barada wezipe goýuldy. Ol wezipäni ýerine ýetirmek üçin kolhoz-sowhazlaryň önümçiligi ýöriteleşdirildi. Mary, Daşhowuz, Çärjew oblastlarynda, Aşgabat oblastynyň käbir etraplarynda ozalam esasy pudagy pagtaçylyk bolan, ýöne öz ilatynyň durmuş hajatlary üçin zerur azyk önümlerini-de öndürýän köp pudakly hojalyklar indi diňe pagtaçylyk bilen meşgullanyp başladylar. Bu hojalyklaryň ekin meýdanlarynda galla, bakja ekinleri, miweli baglar gysylyp çykaryldy, medeni zonadaky mallaryň örüsi bir gazygyň daşyna gabaldy.

1973-nji ýylda türkmen pagtaçylary «arzuwly pellehana» ýetdiler. «Watan» harmanyna 1 million tonna «ak altyn» goşuldy. Biller täzeden berk guşaldy. 1985-nji ýylda respublikada taýýarlanan pagta 1.300 müň tonna golaýlady. Elbetde, «uly pagtaň» hatyrasyna kolhoz, sowhoz ýolbaşçylarynyň «başbozarçylygyna», ýagny bir gektara derek iki gektar ekmesine göz ýumuldy. Planyň, artykmajyň biçak giňelen pagta meýdanlary oba ilatyny halys «ýaga saldy». ýerlerem sandan çykdy, suwarymly ýerleriň 60 prosentden-de köpüsini şor basdy.

Oba hojalygyny ýöriteleşdirmegiň barşynda gök-bakjalyk hem ýöriteleşdirildi. Aşgabat oblastynyň köp etraplarynda kolhoz, sowhozlar diňe gök-bakja ekinlerini

ekdiler. 1965-1985-nji ýyllarda respublikada gök öndürilişi 3 esse artyp, 236 müň tonna, bakja öndürilişi 2,7 essa artyp, 189 müň tonna ýetirildi. Emma respublikanyň pagtaçylyk ýa-da günbatar raýonlary hakda aýdylmanda-da, gök-bakjaçylyk raýonlarynyň özünde hem ilat bu önümlere bol-telkilik duýmady. Önümler tutuşlygyna diýen ýaly ýurdyň merkezi raýonlaryna ýüklenildi.

Pagtaçylyk, gök-bakjaçylykbilen bir hatarda garakölli goýundar-çylyga uly ünis berildi. Garakölçilik sowhozlarynyň 34-si bolup, dürli reňkli sur baganalary taýýarlamak ýola goýuldy. 1965-nji ýylda respublikada taýýarlanan garaköli bagana 1.176 müňe ýetdi. Ýöne merkeziň «ýumşak altyna» bolan islegini kanagatlandyrmak üçin bu sany hiç bolmanda 1.300 müňe ýetirmelidi. 1980-nji ýylda bu tabşyrygam berjaý edildi. Emma garakölçilikde emeli tohumlandyryş usulynyň (SŽK) juda çakdanaşa köp ulanylmagy mallaryň tebigy seleksiýasyny zaýalady, tohumyny peseltdi. Bagana-da ýoýuldy. Wagtynda dünýä bazarynda sarpasy tutulan türkmen garaköli baganasy skladlarda basylyp galdy.

Umuman, respublikanyň ykdysadyýeti soýuz ministrliklerine baknady. Olar edenini edip, goýanyny goýýardylar. Türkmen topragynyň mineral-çyg mal resurslary, halkyň milli baýlygy talanýardy. Türkmenistanyň ilaty SSSR-iň ilatynyň 1 prosentinden sähel köprägini tutýardy. Emma ol ýurtda öndürilýän bişofitiň, ensomitiň, glauber duzunyň 100 prosentini, kükürdiň tehniki ýoduň, bromyň 50, tehniki uglerodyň 40, tebigy gazyň 16, karaköli bagananyň 20, pagtanyň 14, piläniň 7, ösümlik ýagynyň, süýdüň, ýüňüň 3, üzümiň 2 prosentini we başga-da köp önümleri öndürýärdi. Türkmen topragynyň astyny üstüni tozdyryp, halkyň şunça baýlygyny alyp, ýene-de oňa «sen dotasiýada otyrsyň», ýagny iýen nanyňa degmez ýalýagysy diýýärdiler. Bu iň bärkisi ahlaksyzlykdy.

Okyjylar tarapyndan gyzgyn goldanan «Hasaply dost uzaga gider» (ÝAş komunist, 24.07.90) diýen makalada bu barada şeýle ýazylypdyr:

**«… Howa, biz «nebtimiz», «gazymyz» diýip diňe goşgular, aýdymlar däl, eýsem «Nebitdag», «Çeleken şemaly» ýaly romanlary hem döretdik. Belent tribunalardan «respublikamyz gaz çykarmakda soýuzda ikinji ýerde durýar» diýip hamana onuň miwesi özümizde degişli ýaly görýäris. Hatda «Türkmenistan SSR-niň at gazanan senagat işgäri» diýen hormatly at hem döretdik. Howa, hiç bir ýeýeçiligimiz bolmasa-da, «myz, miz» diýip gelýäris. Munuň özi stalinizmiň ýene bir aldowynyň netijesidir. Ol halkyň elinden baýlygyny alýar, soňra ony «Watana» iberýäris diýip, ministrlikleriň, wedomostlaryň doýmaz-dolmaz bokurdaklaryna dykýar, üstesine-de ideologik täsir bilen eýeçilik hukugy elinden alynan zadyna «myz, miz» diýmäge hakly mejbur edýär, şeýle diýmegi endige öwürýär.**

**Türkmenistandan çykýan gaza wenebite soýuz ministrlikleri, wedomostlary kanuny eýeçilik edýärkä, kesekiniň hojalygyna gatyşyp ýörmek gelşikli däl ýaly. Ýöne öz mähriban ülkäň göwsünden çykyp baýlyklaryň ykbaly barada hiç zat bilmän, gulagyňy sallap ýörmekligem düzüwliligiň alamaty däl…**

**Ozaly bilen ýerastyndan çyg malyň näçe mukdarda çykarylýandygyndan başlalyň. 1988-nji ýylda SSSR-de 624 milion tonna nebit çykaryldy. Şol dünýäde nebit çykarýan döwletleriň ilkinji onlugyna girýän ABŞ 455 million tonna, Saud Arabystan 251 million tonna, Meksika 143 million tonna, Yrak 128 million tonna, Welikobritaniýa 115 million tonna, Eýran 113 million tonna, Kuweýt 73 million tonna, Nigeriýa 70 million tonna nebit çykardy. 70-nji ýyllarda Türkmenistanda her ýylda 16 million tonna nebit alynan bolsa, häzir alynýany 5 million tonnadan gowrakdyr.**

**1988-nji ýylda SSSR-de 770 million kub metr gaz çykaryldy. Şol sanda hut Türkmenistandan çykarylýan gaz 88 milliard kub metre barabar boldy. Şunça gazy, mysal üçin, nebte öwürsek, takmynan 80 million tonna.nebit bolardy. Munuň üstesine, öňki 5 million tonna nebiti goşsak, bu görkeziji 85 million tonna nebite ýeter. Diýmek, Türkmenistan çyg mal çykarmakda Nigeriýadan däl, eýsem ilatynyň ýaşaýş derejesi boýunça ilkinji orunda durýan, Kuweýtden hem öňe geçip, dünýäde esasy nebit çykarýan döwletleriň onlugyna girjek ýeken.**

**Türkmen gazynyň 85 milliard kub metrden gowragy tebigy, 3 milliard kub metre golaýy bolsa nebtiň gapdaly bilen çykýan ugurdaş gazdyr. Häzir jemi çykarylýan 88 milliard kub metr gazyň 95 prosenti, ýagny 83,6 milliard kub metri respublikanyň çäginden daşary iberilýär, 5 prosenti (4,4 kub metr) respublikanyň özüne satylýardy.**

**…Gazyň uly bölegi daşary ýurtlary ekisport edilýär. Elbetde, mundan has uly girdejiler alynýar. Respublikanyň çäginden daşardaky şu guramalaryň türkmen gazyny satyp alýan girdejilerinden Türkmenistan ýeke köpük hem peýda görenokdy».**

Ilatyň çalt köpelip, agramly bölegininiň hem obada oturýandygyna garamazdan, senagat kärhanalary uly şäherlerde ýerleşýärdi. Kolhoz, sowhoz posýoloklaryny aýytmanymyzda-da raýon merkezleri hem agrar keşbini «birkemsiz saklaýardy». Üstesine pagty monopoliýasynyň möwç urmagy sosial problemalary önküdenem ýiteleşdirdi. Pagtaçylyk ekin meýdanlarynda diňe bir bag-bakja, ak-gök ekinleri gysylyp çykarylman,kolhozçylardy-sowhoz işçileriniň-de bir bölegini artykmaç adamlaryň hataryna goşdy. Sebäbi ilatyň ojak başyna çenli gelip ýeten gowaça plantasiýalaryndaişler mehanizasiýalaşdyrylyp, el güýji barha az ulanylýardy. Şeýlelikde, işsizler peýda boldy we köpelip başlady. 1979-njy ýylda respublikada işe ýaraýan adamlaryň 19 prosenti (1970-nji ýylda 15 prosenti) jemgiýetçilik önümçiliginde meşgullanýan,

has takygy işsiz adamlardy. Resmi maglumatlara görä, işsizleriň köpüsi köp çagaly öý hojalykçy aýallar hasaplanýardy. Ýöne olaryň arasynda erkeklerem az däldi.

1982-nji ýylyň maýynda SSKP MK-nyň plenumynda azyk programmasy kabul edilip, ilata «hä diýmän ýaplardan bal akjakdygy» wada berilenbolsa-da, netije çykmady, milletiň aglabasynyň saçagynda diňe çörek bilen çaý galyp, beýleki azyk önümleri ýitdi. Oňa derek arak-şerap suw bolup akdy. Elbetde, respublikada gök-bakja, üzüm hatda injir, badam, pisse öndürilişi ýyl-ýyldan artýardy. Mysal üçin, Guşgy etrapynda, Köpetdagyň gerşinde 50-60 müň gektar meýdany tutýan pisse agaçlaryndan müňlerçe tonna hasyl ýygylýardy. Ýöne ol ilatyň dişine-de degmän «mertebeli»erlere ýüklenilýärdi.

Ekologiýa problemalary ýiteleşdi. Hasam beter Aral basseýninde ýerleşen Daşhowuz etrabynda ýagdaý ýaramazlaşdy. Bu ýerde içilýän suw biçak şorlaşyp, iç keselleriniň epidemiýasyny döretdi. Bag-bakjalar gurap başlady. Emma Aralyň barha gurap-tozap tutş regionyň ilatyny gözgyny ýagdaýa sezewar etmegi «belent mertebeli» çinownikleriň rahatlygyny bozupbilmedi. 1980-nji ýylda Garabogaz bilen Kaspi deňziniň arasyny baglanyşdyrýan bogaz petiklendi. Nämemiş, Garabogaz deňziň suwuny sorup ýatanmyş ýogsam aýlagyň alýan suwunyň deňiz akwatoriýasynyň derejesine bary-ýogy 0,5-1 santimetr tapawut berýändigi bellidi. Şeýle hem ol peýdaly magdanlaryň hemmesini diýen ýaly özünde jemleýän ägirt hazynadyr. Deňziň artykmaç duzlaryny özüne çekip, «saglygyny» kadaly saklaýan tebigy laboratoriýasydy. Bogaz petiklenen soň aýlag guramak bilen boldy. Regionyň howasy hapalanyp, dem almak kynlaşdy. Şol barmana dänziň derejesi ýokary galypkenar ýaka port desgalaryny, ýaşaýyş jaýlary basyp başlady. Deňizdäki bekre, takgyz ýaly örän gymmatbaha balyklar süri-süri bolup gyryldy. Tebigatyň beren peşgeşine eýelik edip bilmeseň, bolýany-da şu…

Respublikada diňe bir suwuň, howaň däl, eýsem gök-bakja, et-süýt önümleriniň-de ekologiýa ýagdaýy ýaramazlaşdy. Arhiw materiallary 1976-njy ýylyň ýanwarynda respublikanyň sanitar gullugynyň bu barada TKP MK-a ýörite maglumat berendigini habar berýär. Onda Aşgabadyň et kombinatynda we süýt kombinatynda şäheriň etegindäki «Sowet Türkmenistany», «Mir» kolhozlaryndan getirilýän önümleriň laboratoriýa barlagynyň geçirilendigi, etiň we süýdüň düzüminde awuly himikatlaryň ýüze çykarylandygy, eger-de çäre görülmese ilatyň saglygyna howp döredýändigi nygtalýardy. Elbetde, TKP MK degişli guramalara azyk önümleriniň hiline «ünsi güýçlendirmek» barada görkezme beripdir. Şonuň bilenem iş tamamlanypdyr. Awuly himikatlar bolsa ilatyň köpçülikleýin suratda zäherlemek bilen birlikde, azyk önümleriniň, ylaýtada gök-bakja önümleriniň datly tagamlarynyň soňuna çykypdyr.

## XVIII. Milli medeniýetiň depelenmegi. Kadrlara edilen sütem

Ozal bellenip geçilişi ýaly, bütün 60-70-nji ýyllaryň dowamynda TKP MK-nyň ikiniji sekretary bolup işlän Rykoaw, Pereudin, olaryň ynamdar ýaranlary – MK-nyň partiýanyň guramaçylyk işleri baradaky bölüminiň müdiri Şmidt, partiýanyň Krasnowodsk obkomynyň biriniji sekretary Mitrin, Daşhowuz obkomynyň ikiniji sekretary Loýko, Çärjew obkomynyň ikiniji sekretary Rebrik ýaly dikmeleriň türkmen halky üçin eden «dynuwsyz aladasy» netijesinde ilat halys çküpdi. Halkyň ähli emlägi, onuň ruhy hem medeni baýlygy, hatda onuň taryhy hem durmuşy bilen eňňerä dönüpdi. Sebäbi, ilatda baş ýokdy, ol goragsyzdy. TKP MK-nyň şol ýyllardaky (türkmenlerden bolan) sekretarlary, aýratynam 16 ýyllap TKP MK-nyň biriniji sekretary bolup işlän Muhammetnazar Gapurow, Mk-nyň ideologiýa baradaky sekretary Çary Ataýew

dagy, gynansagam, iş ýüzünde diňe sandylar. Olar özbaşdak pikir ýöretmekden mahrum edilendi.

Netijede şol ýyllarda Türkmenistan SSR Ministrler Sowetiniň başlygy bolup işlänler Abdy Annalyýew, Oraz Orazmuhammedow, külli türkmeniň göz-guwanjy bolan Garagum kanalynyň şol wagtky baştutany meşhur inžener Atabaý Geldiýew, partiýanyň Mary şäherkomynyň biriniji sekretary Işanguly Berdimyradow, Kaka raýkomynyň biriniji sekretary Bäşim Durdyýew, Bäherden raýkomynyň sekretary Annageldi Hanmämmedow, Mary oblastynyň magarf bölüminiň müdüri Türkmenistanyň at gazanan mugallymy Sapa Gurbow we başlar hut şeýle näletli eden-etdiligiň pidasy bolupdylar. Bury diňe bir köpleriň «kepen donunyň biçilen ýeri» bolan TKP MK-nyň býurosynda nähak ýepbekläp, partiýa temmisini berip, işden boşatmak bilen kanagat edilmän, soňra-da uzak ýyllaryň dowamynda yzarlap geldiler. Şunam az görüp, olaryň ogul-gyz, dogan garyndaşlaryna çenli kowaladylar: hiç bir sebäpsiz işden kowdylar, institutdyr aspiranturadan çykardylar, ýaşap oturan jaýlaryny zorluk bilen elinden alyp, başga ýere göçüp gitmäge mejbur etdiler. Olaryň käbiri bolsa öz hünäri boýunça hiç hili iş berilmän ryskyny respublikanyň çäginden daşarda gözlemeli boldy. Hakykatyň hatyrasy üçin aýytsak, olary şol ýerlerde-de öz günlerine goýmadylar: «aladaly gözegçilik edip», ýene-de birnäçe ýyllap entetdiler.

Eýsem köne sowatdan habarly, giň döwlet möçberinde oýlanyp bilýän ilhalar ýolbaşçy Gylyçdurdy Sähetdurdyýewiň ýörite «bellige alnyp» egninden basylyp gelinişine näme diýjek? TKP MK-nyň «aladasy bilen gurşap alnan» G.Sähetdurdyýew, mysal üçin, hemişe düşnüksiz, alasarmyk ýagdaýda işläp, köp ezýetler çekmeli boldy. Ol soňra 1985-nji ýylda uly jogapkärli wezipä çekilýänçä onuň zehini ýanyp-ýanyp ýanmaz bolupdy. Ol eýýäm maýyp edilipdi. Gylyçdurdy Sähetdurdyýew 1986-njy ýylda 51 ýaşyň içinde aradan çykdy.

Şeýle ýanan zehinleriň, wagtyndan ir öçen çyraglaryň irde-giçde, hiç bolmanda hasabyny bir bilip bolmarmyka? Gör,

taryh ylmynyň näçe «derdi» bar. Bu ýerde gep haýsydyr bir «ak tegmil» hakda baranok. Beýik heňňamyň tutuş gatlary açylman ýatyr.

Sözümizi jemläp aýytsak, şol ýyllarda totalitar düzgün ýerli sadyk gullaryna daýanyp türkmen halkyny sanç kimin çekeledi. Ähli serişdeler arkaly oňa dynman akyl öwretdi: partiýa dil ýetirmek bolanok, oňa hemişe alkyş aýytmaly, «Salawmaleýkim», «şükür hudaýa», «taňryýalkasyn», «toba-tagsyr», «sag bol» diýen ýaly ýöntem, halkyň gylyk-häsiýetinden düýpgöter daş söwleri ulanmaly, gelin-gyzlaram orsça geýnip «medeniýetli» bolmaly, nahar iýip töwür etmek, namaz okap oraza tutmak, çaga dogulanda molla azan aýytdyrmak, toýda nika gyýdyrmak, «kommunistik ahlaklylyga sygjak zat däl». kim ölüsine jynaza okatsa, öwülýä zyýarata barsa, sadaka berip, gurbanlyk etse başy ölümli, maly talaňly we ş.m. Uzak ýyllaryň dowamynda türkmen intelligensiýasyny rehimsiz pürrelemekde «ýapgy ýassygy» hökmünde ulanylan sünnet sütemi, beýleki eýmenç sütemler hakda-da näçe aýytsaň aýdyp oturmaly.

«Haýyr haraba öwrülende» (Edebiýat we sungat, 16.06.89) diýen makaladan:

**«…Durgunlyk ýyllar önümçilikde bolan ýurulyşyklary aýtsak-da, ruhy gymmatlyklaryň ýok edilişi barada dymyp gelýäris. Aslynda bu ikisi utgaşykly gidipdi. Belki, ruhy gymmatlyklaryň ýumrulyp, ykdysadyýetiň hem pese düşen bolmagy ahmal. Ýöne bir zat belli, ruhy gymmatlyklary dikeltmän, ykdysady özgerişlige garaşmak ýene öz özüň aldamak bolar. Sebäbi ykdysady netijeler hem ruhy ahwalata bagly. Ajy hakykaty boýun almaga wagt geldi. Mundan geçse ol ötüşer, ýene öňkü-öňkülige barar. ÝUrt kesel, halk kesel, onuň ykdysadyýeti, güzerany, günemasy kesel, onuň ruhy kesel. Bizde parahorlyk, ýalan maglumat, tire-taýparazlyk, milletçilik, her hili ön görülmedik ýaramaz jenaýatlar soňky döwürde şeýle bir öjükdi welin, gulak eşider ýaly däl. Munuň özi biziň ruhy**

**ahwalatymyzyň pozulmagyndan, adamçylygyň, mertebäniň peselmeginden, messepsizligiň döremeginden, açgözlügiň aşa ösmeginden gelip çykdy. Topragy ýumşadyjy gurçuklaryň, owadan kebelegiň, ak kömelegiň, iýilýän süýji otlaryň ýitişi ýaly, häsiýetimizdäki ömürboýy saklanypgelen görüm-göreldeler, milleti bezeýän edepler, ajaýyp däp-dessurlar azalyp, ýok bolup barýar… Derňew bolmany üçin,öwülýäleri her hili zaýa adamlar – neşekeşler, ýalançylar, serhoşlar eýelediler. Biş Aşgabatda Köşi baýyrlygyndaky şeýle ägirt gonamçylykda metjit ýa-da bir dyz eper ýaly jaý ýoklugyna buýsanman, eýsem gynanmalydyrys.**

**Bu medeniýetlilik, ösen derejede däl, baryp ýatan yza galaklyk… Eger wagtly-wagtynda gonamçylyga baryp, öten-geçenler ýatlanylsa, ol ýerde saňa köşeşdiriji söz aýdara täsirli adam bolsa, durmuş barada azda-kände pikir edilse, jegiýetiň ruhy saglygyna ýardam ederdi. Alkogolizim, neşekeşlik, azgynçylyk häzirki ýaly möwjemezdi.**

**Şu günüň adamsynda ynsap azaldy diýýäris. Sebäbi ol hudaýdan gorkanok, hiç bir mukaddeslige yna-nanok hiç kimi sylanok, hiç zada hormaty ýok, beýle adamdan nämä garaşyp bolar? Elbetde, gowulukdan başga ählisine. Bu nähili aýylganç!...**

**Siz ösümlikleri, daragty, ýaňy oýanan pyntygy, ýeri güberçekleden tohumy göz öňüne getiriň – olara ýagtylyk nähili gerek. Adamyň ruhy hem şolar ýalydyr, ol ýagtylygy-öz gysylan zadyny küýseýär. Onuň ruhy dünýäsini, mukaddes däp –dessurlaryny dikeltjek bolalyň. Ruhy arassalyk bolsa, köp zat öz ornuny tapar…»**

Ependiniň bazara alyp barýan sygyryny geçiň bahasyna berip gaýdyşy barada rowaýat bar. Özara dilleşen üç ýeksurunyň biri bazar ýolunda Ependiniň öňünden çykyp «ýaşuly, bu geçiniň bahasy näçe boldy?» diýip sorapdyr. Ependi ör-gökden gelip «a-how, inim, gözüň ýokmy, bi geçi

däl, sygyr ahyryn» diýipdir. ýeksurunam «aý, agam, biziňkä gören zadymyzy aýtmak, mal özüňki, bermeseň gözel göwnüň» diýip gidiberipdir. Ikiniji çykanam şol sowaly gaýtalapdyr. Ependiniň göwnüne güman gidipdir. «Alla janlarym, öňümden çykan muňa geçi diýip durla, ilem bir zady bilmän aýdaýmazda». Ine, onsoň üçünji ýeksurun şol sowaly berip bermänkä Ependi: «Al inim, haýryny gör» diýip, sygryny geçiň bahasyna satyp gidipdir.

Ependiniň aldanyşy ýaly, halkyňam gözüni-başyny aýladylar. Telewideniýe, radio, agitatorlar hökmürowan ikinjileriň «öwüt nesihatla-ryny» gylyny gymyldatman her öýe ýetirýärdi. Özem bir gün däl, iki güň däl, uzak ýyllaryň dowamynda şeýle boldy. Netijede türkmen halky özüniň 1917-nji ýylda bolan Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki döwürde düýpgöter medeniýetsiz, nadan, üstesine-de gedaý bolandygyna ynandy-ryldy, «mähriban partiýanyň» diýeninden çykan, berenine şükür kylyp gezibermäge kaýyl edildi. Bu ýagdaý ilatda, aýratynam ýaşlarda ene diline, edebi, medeni, ahlak mirasyna kembaha garamak, soňabaka bolsa oňa piçjik atmak derejesine çenli baryp ýetmegine sebäp boldy.

1972-nji ýylyň dekabrynda SSSR-iň 50 ýyllygy mynasybetli Moskwada geçirilen dabarada ýurtda adamlaryň täze bir turyhy umumylygynyň –sowet halkynyň, şeýle hem sowet medeniýetiniň-de emele gelendigini jar etdiler. Munuň özi, ýurtda halklaryň, milli medeniýetleriň biri-birine «golaýlaşmagynda we goşulyşmagynda möhüm «öňe gidişligi» aňladýardy. Onsoňam ýene bir zady bellemeli: öz ene dilini bilmeýän, milli medeniýetini äsgermeýän «internasionalçylaryň» sany barha artýardy, asla olryň tutuş bir nesli kemala geldi. Türkmen dili, medeniýeti bolsa gysylyp ýitip barýardy. Mysal üçin, Türkmenistanda ors dili ykdysadyýetde, medeniýetde. Magarfda kärleriň 100-den-de köpräginde ulanylyp, türkmen diliniň «örüsi» bary-ýogy tas 15-20 käre çenli gysgalypdy. Hut şundun-da türkmen milli

medeniýetiniň-de kä derejede mürşerendigini çen tutmak mümkindir.

Türkmen dilini bilmeýän, bilse-de ony äsgermeýän «internasional-çylara» halkyň ykbaly ynanyldy. Olar respublikanyň milli medeniýetine, milli intelligensiýasyna hemaýat edenden geçen, tersine ony ýanalmalara, yzarlamalara sezewar etdiler.

Üstesine-de 60-njy ýyllaryň ahyrlaryndan başlap, milli kadrlara garşy moral represiýa täzeden ýaýbaňlandyryldy. Olary ýazgarmak üçin dürli bahanalar tapylýardy. Aýratynam sünnet sütemi giň gerim aldy. Sen kim bolsa bolaý, ogluň sünnete ýatyrylan bolsa işiň gaýtdygy. Özem bu sütem diňe türkmen kadrlaryna degişlidi, ýogsam oglany sünnete ýatyrmak däbi respublikada ýaşaýan käbir beýleki halklarda-da bardy. Olara diýilmeýärdi. Sebäbi bu sütem aslynda türkmenlere niýetlenipdi.

«Sünnet operasiýasyny» geçirmek boýunça respublikanyň hemme ýerlerinde komissiýalar döredildi. Olar gyssagly suratda mekdeplerde, çagalar baglarynda oglanlaryň balagyny sypyryp pürçügini barlap gördüler, oglanlaryň hemmesiniň diýen ýaly sünnetlenendigini anyklap degişli ýerlere habar berdiler. Partiýa, sowet apparatynda, ylymda, magaryfda, döredijilik soýuzlarynda ýolbaşçy işlerde işleýän türkmenleri partiýadan öçürip, wezipesinden boşatmak «guramaçylykly» başlandy. «Operasiýanyň» barşynda näçe adama «otlyköýnek» geýdirilendigi, häzirlikçe belli däl. emma olaryň müňlerçedigi welin bellidir. Milli intelligensiýa ýene-de bir gezek pürrelenildi. Sypyp gaçanlary-da ýa-ha «internasionalçylaryň» hataryna goşuldy ýa-da «milletçi», «syýasy taýdan yrga» hökmünde ýazgarylyp, galmaz edildi.

Milli medeniýetiň äsgerilmezligi hasam beter dini däp-dessurlar meselesinde ýüze çykdy. 1946-njy ýylda respublikanyň hökümeti Baýramaly raýonyndaky musulmanlaryň haýyşyny nazarda tutup, «Hoja ÝUsup Hemedany» metjidiniň açylmagyna rugsat beripdi. Soňra 1947-

nji ýylda ýylanlyda «Bilal baba», 1948-nji ýylda ÝOlötenden «Talhatanbaba», 1949-njy ýylda Daşhowuzda «Şalykär» metjitleriniň açylmagyna hem ygtyýar edildi. Hökümete beýleki raýonlaryň musulmanlaryndan hem haýyşnamalar gelipdi, emma o ýerlerde metjit açmaga rugsat berilmedi. Dine ynanýanlaram «bary bilen bazar eýläp» geziberdi. Bu ýagdaý tegelek 40 ýyl – 1989-njy ýyla, ýagny TKP MK-nyň biriniji sekretary Saparmyrat Nyýazowyň hut öz tagallasy bilen ýene-de täze metjitler açylyp başlan döwre çenli dowam etdi. Elbetde, beýle ýagdaýyň kähalatlarda tagaşyksyz ýagdaýlara eltýän wagtlaram bolýardy. Meselem, 1980-nji ýylda Aşgabada owgan delegasiýasy geldi. Metjitde namaz okamaga endik eden adamlar, namaz wagty gelende metjit bolaýsa diýdiler. Şonda diňe Aşgabatda däl, hatda onuň golaý-goltumyndanam metjit tapylmady. Olar namazy bir ýaşulynyň öýünde okamaly boldular.

Şu wakadan soň köp wagt geçmänkä TKP MK-a SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky din işleri boýunça Sowetiň başlygy W.A.Kuroedowdan ýörite hat geldi. Onda owgan delegasiýasynyň düşen tagaşyksyz ýagdaýy barada aýdylyp, hiç bolmanda Aşgabatda, Maryda, Çärjewde, Daşhowezda, Nebitdagda metjit açmak teklip edilýärdi. Şäherlerde dine ynanýan musulmanlaryň bardygyna garamazdan, prawoslaw buthanalaryň metjit bolmazlygy milletara näsazlyklaryň döremegine sebäp bolýandygy, goňşy musulman döwletleri bilen aragatnaşygy ysnyşdyrmakda hem metjitleriň rolynyň artýandygy nygtalýardy. Ýöne Türkmenistanyň şol wagtky ýolbaşçylary şunuň ýaly, hatda hut merkeziň özünden gelen paýhasly tekliplere-de gulak gabartmadylar. Gaýtam dine ynanýanlara, dindarlara garşy moral repressiýany öňküdenem beter güýçlendirdiler.

Demokratiýanyň we erkinligiň bogulmagy, nähak yzarlamalar, adamlary mydama gara howp astynda saklamak, müňlerçe partiýadan öçürilip işden kowulanlaryň köýdürilen ykbaly halkyň ruhy-ahlak dünýäsine ägirt zyýan ýetirdi.

Mukaddeslik bilen bihaýalyk, belentlik bilen peslik garym-gatym boldy. Mertler azalyp, namartlar köpeldi. Hut şonuň üçin bolsy gerek: dünýä belli ahal-teke atlary et kombinatlaryna geçirilende, türkmen halylarynyň erşine nah goşulyp skladda çüýrände, bagşylar märekeden gyrakladylyp, toýlarda diňlense diňlenmese hor aýdymlaryna zowladylanda, ýigitler-ä baýaky, hatda gelin-gyzlaram arak içip başlanda «a-how, bu bolýan zatlar jenaýat, ata-babalarmyzyň ruhynyň öňünde biziň ýüzümiz garadyr» diýip aýtmaga hiç kimiň bogny ysmady. Milleti ruhy göýdüklik, içki bulaşyk, ownuk-uşak nepiň hysyrdysy gaplap aldy, ol geçenine-geljegine ynamsyz, maksatsyz mahluga öwrülip başlady. Bir söz bilen aýytsak, milletiň üstüne ägirt howp abandy. Bu barada biraz soňra Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Nyýazow şeýle diýipdi: «Häzire çenli bala-çagalarmyz ne bir milli däp-dessurlaryny bildiler, ne-de taryhyny, ne bir edebiýatyny bildiler, ne-de bir türkmeniň medeniýetini. Biz medeniýet meselesinde şeýle bir köre-körlüge baryp ýetdik welin, hatda öz milli eşiklerimize, öz däp-dessurlarmyza, öz dinimize hem dilimize pitjiň atmak bilen maşgullanyp başladyk. Bu zatlaryň ählisi bolsa, kem-kemden biziň üstümizden bir ägirt howpy – milet hökmünde dünýäniň ýüzünden ýitip ýok bolmak howpyny saldy. Ol howp edil «Demoklyň gylyjy» ýaly, hemişe biziň depämizden asylgy durdy».

*II bölüm*

# TÜRKMENISTAN – GARAŞSYZ DÖWLET

## XIX. Garaşsyzlyk ugrynda

1985-nji ýylyň martynda M.S.GorbaçýowSSKP MK-nyň Baş sekretarlygyna saýlandy. Şonuň yzysüre – aprel aýynda SSKP MK-nyň plenumy bolup, onda sowet jemgiýetiniň üýtgedip gurmak (Perestroýka) diýen syýasat yglan edildi.

Şol ýylyň 1985-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Türkmenistanyň Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň biriniji sekretary M.Gapurow wezipesinden boşadyldy. TKP MK-nyň biriniji sekretarlygyna Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow saýlandy.

Ine, hut şol günden başlap, halk hojalygyny, asla bütün Türkmenistany krizisden çykarmagyň ýollary agtarylyp başlandy. ÝAgdaý näçe çuň öwrenildigiçe-de krizisiň, ýagny gorpuň has giň hem diýseň howplu ekendigi belli bolup başlady.

Resmi dokumentlerde Türkmenistan industrial-agrar respublika diýilýänem bolsa, onuň industriallygy örän ýabagorlydy. Ol ýerasty mineral-çig mallary we oba hojalyk önümlerini işläp bejerýän senagatly ülkedi, şol keşbini-de «birkemsiz» saklaýardy. Bu bir tötänleýin dörän ýagdaý däldi. Ol soýuz hökümetiniň ykdysady syýasatynyň gös-göni netijesidi. Sebäbi respublikanyň esasy senagat pedaklarynyň hemmesi, senagat kärhanalarynyň 90 prosentinden-de köprägi onuň özüne däl-de, soýuz ministrliklerine tabyn edilendi. Şonuň üçinem olaryň öndürýän önümlerinden gelýän girdejiler merkezde galýardy. Gör, bu bolýan zatlary: mineral baýlyklar bu topragyňky, golunyň gabarçagy bilen ondan önüm

öndürýänem şu topragyň perzentleri – hözürini görýänem niräniňdir bir ýeriň
çinownikleri. Ependiniň itine: «ÝAl iýeniňde bizden iýip, üýreňde Aňkar baýlarda üýrýärsiň» diýişi ýaly-da. Elbetde, bu göz görtele talaňçylykdy. Emma «soýuz» diýilýän ýalmawuz heniz dirikä onuň almak mümkin däldi.

Oba hojalyk önümçiligi hem merkeziň islegine tabyn edilendi. Şonlugyna-dasaklandy. Pagta, gök we bakja ekin meýdanlary giňeldi, önüm alynyşy artdy. Ýöne hasylyň hemmesi diýen ýaly orsyýet şäherlerine ýüklenildi. 1990-njy ýylda respublikada taýarlanylan pagty 1457 mün tonna ýetdi ýa-da gowy hasylly 1985-nji ýylyň derejesindenem 169 müň tonna köp boldy. Şonça hasyl pagta arassalaýjyzawodlarda birkemsiz işlenilip, pamyk görnüşinde Iwanowa, Reutowa, Twer, Rostow we beýleki şäherleriň dokma kärhanalarynyny iberildi.

Senagatyň oba hojalygynyň birtaraplaýyn ösdürilmegi bilen respublikanyň merkeze ýapja häsiýeti has-da çuňlaşdy. Bütinsoýuz konferensiýasynda Türkmenistan Kompartiýasynyň MK-nyň biriniji sekretary S.Niýazow (01.07.1988) sözlän sözünden:

**«… Türkmenistan we onuň partiýa guramasy üçin üýtgedip gurmak köp babatda SSKP-niň XXVII gurlutaýynda adalatly tankyt edilen ýakyn geçmişdäki gelşiksiz hadysalary ýeňip geçmek bilen baglanşyklydyr. Ogurluklar, artdyrylyp ýazmalar, gözboýagçylyk, pula satylmak, ýolbaşçy kadrlaryň bir böleginiň azmagy partiýa guramalarynyň abraýyny, adamlaryň adalata ynamyny düýpli opurdy. Biz muny häli-şindi gaýtaladyk we megerem, bu hadysalary öz jemgiýetçilik-syýasy durmuşymyzdan tä doly ýok edýänçäk ýene telim gezek gaýtalarys. Respublikanyň partiýa aktiwiniň sagdyn güýçleri bilen maslahatlaşyp, biz bu meseleleri Türkmenistan Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň plenumyna goýduk. Örän açyk weprinsipial gürrüň bolup,**

**durgunlyk hadysalarynyň çeşmeleriniň üsti açyldy. Mundan köp günäkär ýolbaşçylaryň nädogry hereketlerine partiýalaýyn baha berildi…**

**Heniz bizde çözülmedik problemalar we peýdalanylmadyk rezerwler çakdanaşa köp. Düýpli ykdysady reformany amala aşyrmakdaky umumy kynçylyklar biziň regionymyz üçin spesifiki meseleler bilen hem çylşyrymlaşýar. Ilatyň artyşynyň ýokary depginleri, senagatyň strukturasynda täzeden işleýji pudaklara ýykgyn edilmegi, sosial sferada işleriň başyna göýberilmegi respublikada sosial-syýasy ýagdaý ýiti täsir edýär… Geçmişde daşky gülala-güllü, mahabatly sözlenen sözler hem-de boş sözlülik mahaly häli-şindi milli bähbitleriň äsgermezlik edilmegine, kämahallar bolsa kemsidilmegine hem ýol berlipdi.**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY MILLI KITAPHANASY

**Orta Aziýa regionlarynyň şertlerinde suw problemasy örän ýiti problema bolup durýar. Onýylyklaryň dowamynda halkdan gizlinlikde, ähli adalatlylygyň tersine, ýokary mertebeli, abraýly adamlaryň goldamagynda suw resurslaryny paýlamakda kada bozulmalara ýol berilip gelindi. SSSR Meliorasiýa we suw hojalyk ministrligi bolsa koordinator hökmünde güýçliniň tarapynda durdy. Munuň özi adamlaryň meýlini otrisatel täsir etdi, respublikalaryň arasynda dostlugy we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga ýardam etdi. Diňe aprelden soňky döwürde suw resurslaryny demokratik, adalatly paýlamak başlandy, bu bolsa doganlyk respublikalaryň ilatynyň arasynda moral-ahlak gatnaşyklarynyň sagdynlaşmagyna kömek etdi.**

**ÝA-da başga bir mysal getireýin. Türkmenistanda senagat önümçiliginiň möçberiniň 40 prosentden gowragy soýuz tabynlygyndaky kärhanalaryň önümidir. Geçen ýyl olar ýerli Sowetleriň býužetine diňe ýarym million manat geçirdi, şol bir wagtyň özünde bolsa respublikanyň býužetine soýuz fondyndan dotasiýa 344 million manada barabardyr.**

**Oblast we raýon Sowetleriniň köplenjisiniň býužet bilenem ýagdaý şuňa meňzeşdir. Kärhanalaryň bütin peýdasynyň diýen ýaly soýuz fondynyň üsti bilen paýlanylyşygy ýerli Sowetleriň şol kärhanalaryň üstünlikli işlemegine gyzyklanmasyny peseldýär, iždiwençilik meýillerini döredýär…»**

Respublikada işsizlik artdy. 1989-njy ýylda Türkmenistanda işe ýaraýan adamlaryň arasynda işsizleriň sany 40 prosenta golaýlady ýa-da 1979-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 2 ýesseden-de köpräk artdy. Başgaça aýdylanda, ýüz müňlerçe adam belli bir kär etmän duş gelen iş bilen güzeranyny aýlaýardy. Elbetde, ilata mellek ýerleri kadaly berlip duranlygynda başga ýerden iş tapmadyk adam öz mellegini ýekibem ýeklenip biljekdi. Ýöne kolhozlarda soňky çärek

asyrda şahsy hojalyklara mellek bermek «ýatdan çykypdy». Köp hojalyklarda bir mellekde 2-3 maşgala mydar edýärdi. Daryganlykda ýaşaýandygy maşgalalarda oňyşyksyzlygyň döremegine sebäp bolýardy. Emele gelen sosial dargynlykdan çaltrak çykylmasa her hili sarsgynlaryň bolmagy mümkindi.

1987-nji ýylyň başynda Saparmyrat Nyýazow respublikada belli kolhoz – Baýramaly raýonynyň «Täze ýol» kolhozyna bardy. Kolhozçylar bilen duşuşykda olaryň başlyk Garly Annalyýewden nägiledigi, onuň «pagta derdeserine» ulaşyp, beýleki sosial-durmuş meselelerine üns bermeýändigini, ençeme hojalyklarda 2-3 ogul öýerilenem bolsa gidere ýer tapman bir mellekde gysylyşyp oturyp, günleri bir bolsa, uruşlary ikidigi belli boldy. Şondan soň köp wagt geçmänkä TKP MK-nyň býurosy Garly Annalyýewe pagta diýip halky ýatdan çykarandygy üçin berk käýinç berildi, oňa tizden-tiz ýagdaýy düzetmegi tabşyrdy.

Kolhoz başlygy öz ýalňyşyna dogry düşündi. Kolhozçylaryň 1000-e golaýyna mellek ýerleri paýlap berildi. Jaý gurmaga güýji ýetmeýäne ýeterlik serişde göýberdi. Kolhozyň merkezi posýolagynda iki gat jaý gurlyp, onda Marynyň ilatyň köp isleg bildirýän harytlary fabriginiň sehi açyldy. Sazçylyk mekdebi işläp başlady. Beýleki posýoloklarda kiçi medeni merkezi guruldy. Posýoloklaryň arasynda ýollara asfalt düşelip awtobuslar gatnap başlady. Şu işleri amala aşyryp obadaşlarynyň hoşallygyny eşiden soň Garly başlyk hormatly dynç alyşa çykdy.

«Gyzym, saňa aýdaýyn, gelnim, sen düş» diýleni. Respublikada tanymal Garly Annalyýewe şeýle daralansoň beýleki başlyklardyr sowhoz direktorlarynyň köpüsi «aklyna aýlandylar». Obalarda 500 müňe golaý hojalyk mellek ýerlerini aldy. Şäher ilatyna bag ekmek, daça gurmak üçin ýer berlip başlandy. Mellege, daçalyk ýere näçe garaşan millet haýdan-haý jaý, daça gurmaga, ekin, bag ekmäge başlady. Olardan müňlerçesi eýýäm täze jaýyň toýuny toýladylar., daça gurup töweregini gülzarlyga öwürdiler. Umuman çärek asyrda

berilmedik mellegiň sähelçe ýylda berilmegi uly il bähbitli iş boldy.

Oba hojalyk önümçiliginde potratçylyk, kärende giň ornaşdyryldy. Hojalygy alyp barmagyň bu progressiw usullarynyň ulanylmagy kolhoz-sowhoz ýolbaşçylarynyň işi guramakda we zähmete hak tölemekde ýol berilýän gözboýagçylyklaryna belli bir derejede böwet boldy. Ekerançymy ýa-da maldar, her kim nähili zähmet çekse şoňa görä hak aljakdygyny duýup başlady. 1990-njy ýylda respublikada suwarymly ýerleriň 64 prosenti ýa-da 800 müň gektar meýdan kärendeçi kollektiwleriň (51 müň) we kärendeçi maşgalalaryň (78,3 müň) ygtyýaryndady. Haýalragam bolsa, maldarçylykda-da potratçy we kärendeçi kollektiwleriň hem-de maşgalalaryň sany artýardy.

1991-nji ýylyň ýazynda Türkmenistanda azyk önümlerine kartoçka sistemasy girizildi. Şondan öň bu önümler azyk dükanlarynda diňe ýolbaşçy işgärler, olara ýakyn adamlar üçin elýeterlidi. Beýleki adamlar, ýagny ilatyň has köp bölegi, onda-da alyn deri bilen maddy nygmatlary öndürýän, medeni-ruhy gymmatlyklary döredýän bölegi «keýgiň şahyna çykan» eti, ýagy, gandy, uny we beýleki önümleri ençe bahasyndan kowalap tutmalydy. Bu ýagdaý ilatda kanuny nägilelik döredýärdi. Kartoçka sistemasynyň girizilmegi bilen her kim deň-derman ýetdik hakyny alyp başlady. Şol bir wagtyň özünde işçi-gullukçylaryň aýlyk haklaryny köpeltmek, pesiýalaryň mineral möçberini artdyrmak boýunça zerur çäreler işlenilip düzüldi. Durmuşa geçirilen işleriň netijesinde halkyň hal-ýagdaýy birneme gowlandy, jemgiýetdäki sosial dartgynlyk gowşady.

Şol ýyllarda respublikanyň ykdysady we medeni durmuşynda çözülmän kesmekläp giden meselelere jemgiýetiň ünsüni çekmekde publisistler uly iş bitirdiler. Meselem, «Soýuz we Gyraşsyzlyk» (1991) diýen kitmapda örän aktual mesele gozgalýar. Ine, şol kitapçadan bir parça:

**«…Iç dökmegi, bissimylla, «Kolonializm nämedir?!» diýen sowaldan başlalyň. Kitaplaryň terarlaşyşyna görä, ol «harby, ykdysady, syýasy güýje daýanmak bilen kolonial halky ezmek syýasaty» bolmaly. Ýönekeý dilde aýdanymyzda, muňa «dürre gamçy», «süýjülije köke» we «kaşaňlyk» syýasatlary bilen halky dolandyrmak režimi diýilýär. Türkmen halkynyň soňky 110 ýyllyk bakna günemasy kolonializmiň şu Berdum üçburçlygynyň içinde geçdi. Ynha, bu Bermudyň «dürre gamçy» burçuny alyp göreliň. Boýnuna kolonial boýunturygy dakmajak bolany üçin patyşa Orsyýetiniň kolonizatorlary Gökdepe galasyny goraýjylary aýal-ebtat, çaga-çuga diýmän, okdan, gylyçdan geçirdi. Kolonializme garşy baş göteren 1916-njy ýyldaky gozgalaňa gatnaşanlardan rehimsiz öç alyndy. Şol ýyl pälä adam ibermejek bolandyklary üçin kolonizatorlaryň jeza beriji otrýady etrek ýomutlaryny elhenç gyrypdy, mal-gara, öý-söý, şaý-sep diýmän bar zatlaryny talapdy.**

**1921-1933-nji ýyllarda täzeki has zabun kolonial režime çydaman guma siňen, serhetden aşjak bolan obalaryň ençemesi ýene gülläň astyna düşüpdirler. 1937-1938-nji ýyllarda öňi bilen gulçulyk durmuşyna sähelçe nägileligi duýlan türkmenleriň kastyna çykypdar. Türkmen milli ruhuny sähelçe gorajak, dikeltjek bolan Mäti Kösäýew, Baýmuhammet Garryýew ýaly nazarkerde adamlary gözenege salmak, Gaýyp Nepesow Kakajan Muhametmmetberdiýew ýaly taryhçylary yzarlamak-da, Şaja Batyrow ýalylary oňat işläp ýörkä-de, okuwa ibermek, başga birini dälihanalara ýollamak-da kolonial halkyň ýüregine gorky salmak, ony gorky gulyna öwürmek üçin ulanylýan dürre gamçy syýasatydy».**

Halkyň medeni-ruhy durmuşynda täzeden döreýiş başlandy. 1989-njy ýylyň awgustynda TKP MK-nyň býurosy «Gorkut ata» eposy baradaky özüniň ozalky (1951-nji ýylda kabul eden) kararyny ýatyrdy. Býuronyň bu hakdaky kararynda şeýle diýilýärdi:

**«50-nji ýyllaryň başynda türkmen halkynyň medeni we edebi mirasy babatynda belli öte geçmelere ýol berildi. Käbir alymlaryň nädogry düşündirişiniň netijesinde dünýä edebiýatynyň genji-hazynasynyň biri «Däde Gorkudyň kitaby» hamala reaksion, buržuaz-milletçilikli eser hökmünde häsiýetlendirildi.bu pikir häzirki zaman alymlary tarapyndan ýalana çykaryldy. Eseriň türkmen halkynyň milli mirasydygy ylmy taýdan subut edildi…».**

Meşhur epos 40 ýyl çemesi «tussaglykdan» soň muşdaklaryna gowuşdy. Milli baýramçylyklar («Gurban baýramy», «Nowruz baýramy»), käbir däp-dessurlar (sünnet, sadaka, öwülýä zyýarat etmek we ş.m.) baradaky gadagan etmeler ýatyryldy. Bagşylara öz reperotuaryndaky türkmen klassiklerynyň eserlerinden «piri - keramaty» ýerinde bolan aýdymlary ýoýman aýtmaklaryny rugsat berildi.

Türkmen dilini, edebiýatyny, taryhyny düýpli öwrenmek boýunça uly işlen başlandy. Halkyň ruhy mirasyny öwrenmeklige üns güýçlendi. TSSR Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky edebiýat institutynda Magtymguly bölümi döredildi. Bölümde Abdyrahman Mülkamanow, Ahmet Bekmyradow ýaly türkmeniň meşhur alymlary beýik akyldaryň edebi mirasyny düýpli öwrenmek boýuça uly işiň başyny başladylar.  Şaja Batyrow adyndaky taryh institutynda türkmen halkynyň taryhyny çuňňur öwrenmek boýunça düýpli işler amala aşyryldýar. Türkmenistanyň, türkmen halkynyň taryhyny çuňňur öwrenmek, ony halka ýetirmek üçin kommisiýa Prezident Saparmyrat Nyýazowyň hut özüniň başlyklyk etmeginde döredildi.

1989-njy ýylda Türkmenistanyň «Magtymguly jemgiýeti» hem-de «Medeniýet hazynasy» döredildi. Olar ylmy jemgiýetçilik bilen hyzmatdaşlykda halkyň medeni we edebi marysyny toplamakda hem-de ile ýaýmakda iş alyp bardylar. «Edigen» teležurnalynyň, «Meniň Watanym» radiostansiýasynyň efire çykyp başlamagy bu ugrda örän täsirli serişde bolup hyzmat etdi.

Milli intelligensiýanyň öňde baryjy wekilleriniň hyzmatdaşlygy ilkinji netijelerini berdi. Salyr baba Gulaly oglunyň «Oguznamasy» neşir edildi. «Görogly» eposynyň käbir şahalar bilen üsti doldurylan neşiri okyjylara ýetirildi. Döwletmämmet Azadynyň 70-nji ýyllarda çap edilen, emma bada-bat ýygnalyp ýakylan «Wagzy azat» poemasyny, Abdysetdar Kazynyň «Jeňnamasyny», Ärsarybabanyň kyryk düýe berip, Şyh Yslam Şeref Hoja Horezmä ýazdyran «Müninu-l-mürid» atly kitaby, onlarça dessanlary, klassyk şahyrlaryň eserleriniň doly ýygyndylaryny neşir etmek işi başlandy.

Diňe bir 1990-njy ýylyň dowamynda 1937-1938-nji ýylda stalinçilik jezalandyryşynyň pidasy bolan halkyň söýgüli bagşylary Nobat bagşy bilen Hydyr bagşynyň günleri bellendi. Zamanasynyň beýik kompazitory Nury Halmämmedowyň doglan gününiň 50 ýyllygy bellenip geçildi.

Türkmen halk aýdym-sazynyň – Gurt ÝAkub, Pürli Saryýew ýaly meşhur ussatlarny ýatlama agşamlary geçirilip başlandy. 1990-njy ýylyň awgustynda ÝOlöten raýonynyň «Pobeda» kolhozynyň territoriýasynda ýrleşýän «Babagammar» gonamçylygyndaky halk sazynyň sakasy Babagammaryň mazarynyň üstünde gurlan kaşaň mawzoleýiň açylyşy boldy. Jokrama yssa garamazdan iki güne çeken bu dabara 40 müňe golaý adam gatnaşdy, respublikanyň dürli künjeklerinden gelen bagşy-sazandalar beýik halypa Ödeniýaz Nobatowyň baştutanlygynda «goş döküşdiler», halka hezil berdiler. Dabara halkyň öz mukaddes ruhy gözbaşyna suwsandygyny, onuň hatyrasynyň belent tutulýandygyny görkezdi.

Maddy medeniýeti dikeltmek barada-da Saparmyrat Türkmenbaşynyň tagallasy bilen uly işler amala aşyryldy. Meselem, Türkmenistanyň ahal-teke atçylyk birleşigi döredildi. Aşgabat etrabynyň Saparmyrat Nyýazow adyndaky atçylyk zawodynda 70 bedewlik kopleksiň gurluşygyna girişildi. Ençeme kolhozdyr-sowhozda atçylyk fermalary döredildi.

Garakökçiligi dikeltmek maksady bilen bagana taýýarlamak plany üzül-kesil azaldyldy. Ösümlüklerden tebigy boýaglar almaga ýöriteleşdirilen hojalyk guralyp, türkmen halylarynyň hilini gowulandyrmaga şert döredildi. Zergärçileriň, demirçileriň, telpekçileriň we beýleki ussalaryň gypynçsyz işlemegi üçin ýol açyldy.

1990-njy ýylyň maýynda Türkmenistan SSR Ýokary Seweti «Dil hakyndaky» kanuny kabul etdi. Respublikanyň territoriýasynda türkmen diline döwlet dili statusy berildi. Döwlet organlarynda, jemgiýetçilik guramalarynda, ykdysadyýetde, medeniýetde, magarf, saglygy saklaýyş, durmuş hyzmaty edaralarynda, informasiýa serişdelerinde türkmen dilini goramak we girizmek boýunça edilmeli işler bellenildi. Şonuň bilen birlikde respublikada ýaşan beýleki halklaryn dillerini, däp-dessurlaryny hiç hili kemsitmelere ýol berilmejekdigi kanun tarapyndan kepillendirildi.

Din baradaky syýasat üýtgedi. 1989-njy ýylda Türkmenistanda täze metjitleriň açylmagyna rugsat berildi. Aşgabatda sähel wagtyň  içinde birnäçe metjit guruldy. Metjit gurluşygy beýleki şäherleri, obalary hem gurşap aldy. Respublikada ilkinji medreseler açyldy.

1991-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Türkmenistanda ilkinji gezek «Hatyra güni» bellenilip geçildi. Şol gün Gökdepe galasynda, Sarahsda,Gyrrygalada, Maryda, Daşhowuzda, Çärjewde we beýleki ýerlerde türkmen topragynyň garaşsyzlygy ugrundaky söweşlerde başyny goýan gerçekleriň hatyrasyna sadaka berildi, olaryň ruhyna aýat okaldy. Gökdepe galasyndaky köp müň adamly sadaka Saparmyrat Nyýazowyň özi hem gatnaşdy. Ata-babalarmyzy unutmazlyga döwlet derejesinde zähmet berilmegi halkyň köne mirasyna, ruhy-ahlak baýlygyna garaýşyň düýpgöter üýtgändigini alamatlandyrdy.

1991-nji ýylyň 19-njy awgustynda SSSR-de adatdan daşary ýagdaý yglan edildi. Ol bary ýogy üç günläp dowam etdi. Soňra Kommunistik partiýa gadagan edildi. SSSR-de

häkimiýet demokratiýanyň eline geçdi. Üýtgedip guruş döwrü tamamlandy. 69 ýyl dowam eden SSSR dargady, onuň düzümindäki respublikalar, şol sanda Türkmenistan SSR-i hem hakyky garaşsyzlyk ýoluna düşdi.

## XX. Türkmenistan döwletiniň döredilmegi-halkyň ykbalynda düỳpli öwrülişik

### 1. Milli özbaşdaklyga tarap gadam

Dünỳäde 3000-e golaỳ millet bolup, şolardan diňe 200 gowragy öz döwletleriniň saỳasynda ỳaşaỳar. 1991-nji ýylyň oktýabr aýynda türkmen halky hem döwletli halklaryň hataryna goşuldy. Türkmen milli döwleti dördildi. Milli döwletiň döremegi türkmeniň taryhy ykbalynda öwrülişik pursatydyr.

Türkmen taryhynda bu iň täze döwür-täze zaman. Many-mazmuny, şertlendiriji alamtlary boỳunça ol öz öňỳanyndaky döwre-üỳtgedip gurmak döwrünede galtaşỳar. çünki şol döwürde halkymyz öz içinden iňňän kämil syỳasatçy we döwlet işgäri S.A.Nyỳazowy öňe çykardy. Ol Türkmenistana ỳolbaşçylyk etmegiň ilkinji günlerinden başlap, ỳagny Sowet Soỳuzy heniz dargamanka, respublikanyň özbaşdaklyga tarap maksada okgunly hereket etdi. Türkmenistanyň durmuşynda köp ỳyllardan bäri çözülmän duran meseleleri çözdi.

1988-nji ỳylyň tomsunda S.A.Nyỳazow SSKP-niň XIX Bütinsoỳuz konferensiỳasynda soỳuz ministrlikleri tarapyndan Türkmenistanyň bähbitleriniň kemsidilmeginiň we şunuň bilen baglanyşykly ỳaramaz hadysalaryň ỳaỳramagynyň ylalaşyp bolmajak derejä ỳetendigini aç açan aỳtdy. Ol aỳdylanlara subutnama hökmünde iki mysal getirdi. Birinjisi, sebitde örän ỳitileşen suw meselesi hakynda. Onỳyllyklaryň dowamynda halkdan gizlinlikde, ỳokary mertebeli adamlaryň goldamagynda respublikalar arasynda suw gorlaryny peỳdalanmakda kada bozulmalara ỳol berlip gelindi. SSSR Meliorasiỳa we suw

hojalyk ministrligi bolsa utgaşdyryjy hökmünde güỳçliniň tarapynda durdy. Diňe üỳtgedip gurmak şemaly öwsenden soň, ỳagny 1985-nji ỳylyň ỳazyndan soň suw gorlary adalatly peỳdalanylyp başlandy. Ikinji mysal, Türkmenistanda senagat önümçilginiň 40%-den gowragy soỳuz tabynlygyndaky kärhanalara degişli. 1987-nji ỳylda olar ỳerli Sowetleriň bỳujetine diňe 0,5 mln, manat, soỳuz ministrlikleriniň bỳujetine bolsa 530 mln. manat geçirdiler. Kärhanalaryň ähli girdeỳjisiniň diỳen ỳaly soỳuz gaznasyna geçirimegi ỳerli Sowetleriň şol kärhanalaryň işine gyzyklanmasyny peseldỳär, ỳataşäriklik meỳillerini döredỳär.

Ýöne soỳuz hökümeti iş ỳüzünde ony jogapsyz galdyrdy. Ylaỳtada Türkmenistanyň esasy baỳlygy bolan nebit gaz himiỳa gorlaryny peỳdalanmakda milli bähbitleriň äsgermezçiligi dowam etdi. Dürli päsgelçiliklere garamazdan, 1989-njy ỳylda SSSR “Gazpromy” bilen gepleşikler başlandy. Türkmenistanyň “Gazprom” bilen özara gatnaşyklaryny kämilleşdirmegiň zerurlygy ykrar edildi, özara hasaplaşygyň ulgamyna täzeden seretmek we gazdan düşỳän pul serişdeleriniň degişli bölegini respublikanyň bỳujetine geçirmek hakynda yalalaşyldy.

1990-njy ỳylda Soỳuz hökümetiniň öňünde Türkmenistanyň ykdysadyỳetiniň düzümindäki we onuň çig malyny çykarmakdaky näsazlyk hakyndaky, respublikanyň durmuş ykdysady ỳagdaỳynyň maddy esasynyň ortaça soỳuz derejesinden yzda galỳandygy, ony ỳokary galdyrmak baradaky meseleler goỳuldy. Şunda Türkmenistanyň ilatynyň ỳaşaỳyş derejesini beỳlekileriňkä deňemek üçin soỳuz bỳujetinden goşmaça serişdeleri bölüp bermek, tebigy gazyň lomaỳ satuw bahasyny ỳokarlandyrmak, Aralỳaka sebitde aỳlyk hakyna koefissiỳenti girizmek zerurlygy aỳratyn nygtaldy. Tutanỳerli we yzygiderli edilen talaplar netijesinde degişli meseleler oňyn çözüldi.

Türkmenistanyň öz garamagyndaky meseleler barada aỳdylanda, olaryň çözgüdi örän tiz tapyldy. Eỳỳäm 1987-nji

ỳylda respublikada ilata mellek ỳerleriniň berilmänligi zerarly dörän dartgynlygyň öňi alyndy. Bar-ỳogy iki-üç ỳylyň içinde obalarda 500 müňe golaỳ hojalyk mellek ỳerleri aldy. Şäher ilatyna hem bag ekmek, daça gurmak üçin ỳer berlip başlandy. Türkmenistanyň şertlerinde munuň özi tutuş ỳer rewolỳusiỳasyna barabar çäredi.

1989-njy ỳylda TKP MK-nyň bỳurosy "Gorkut ata" şadessany baradaky özüniň ozalky (1951-nji ỳylda kabul eden) kararyny ỳatyrdy. Bỳuronyň bu hakdaky kararynda şeỳle diỳilỳärdi: "50-nji ỳyllaryň başynda türkmen halkynyň medeni we edebi mirasy babatynda bellei öte geçmelere ỳol berildi. Käbir alymlaryň nädogry düşündirişiniň netijesinde dünỳä edebiỳatynyň genji-hazynalarynyň biri "Däde Gorkudyň kitaby" hamala reaksiỳon, burzuaz milletçilikli eser hökmünde häsiỳetlendirildi. Bu pikir häzirki zaman alymlary tarapyndan ỳalana çykaryldy. Eseriň türkmen halkynyň milli mirasydygy ylmy taỳdan subut edildi….." Meşhur şa dessany 40 ỳyl çemesi "tussaglykdan"soň muşdaklaryna gowuşdy. Milli baỳramçylyklar ("Nowruz baỳramy", "Gurban baỳramy", "Oraza baỳramy"), käbir däp dessurlar (sünnet etdirmek, sadaka bermek, jynaza okatmak, zyỳarata gitmek we ş.m.) baradaky gadagan etmeler ỳatyryldy. Türkmenistanda täze metjitleriň açylmagyna rugsat berildi. 1990-njy ỳylyň ỳazynda TSSR Ýokary Soweti "Dil hakyndaky" kanuny kabul etdi. Türkmen diline döwlet dili derejesi berildi. Şonuň bilen birlikde respublikada ỳaşaỳan beỳleki halklaryň dillerini, däp-dessurlaryny hiç hili kemsitmelere ỳol berilmejekdigi kanun tarapyndan kepillendirildi.

Örän guramaçylykly we işjeňlik ỳagdaỳynda geçirilen bu çäreleriň netijesinde Türkmenistanda jemgyỳetçilik dartgynlylygy gowşady. Ilat kanagatlanma tapyp, ynjaldy. SSSR-iň dargap barỳan, daş-töwerekde galagoply wakalaryň artỳan şertlerinde bu örän möhümdi.

1990-njy ỳylyň ỳazynda Litwa, Latwiỳa, Estoniỳa, tomsunda Russiỳa Federasiỳasy, Belorussiỳa hem-de Ukraina

SSSR-iň düzüminden çykỳandyklaryny yglan etdiler. Şol ỳylyň Awgust aỳynyň 22-sinde Türkmenistan SSR ỳokary Soweti hem “Türkmenistanyň döwlet özygtyỳarlylygy hakynda” Jarnama kabul etdi. Jarnamada TSSR-iň çäklerinde ähli ỳeriň, ỳerasty baỳlyklaryň, howa giňişliginiň, suwuň we beỳleki baỳlyklaryň türkmen halkynyň milli emlägidigi, respublikanyň özbaşdaklygy, onuň kanunlarynyň hömürowanlygy, daşary syỳasaty ỳöretmekde garaşsyzlygy jar edildi. Munuň özi örän möhüm sepgit bolup, Türkmenistanyň döwlet özbaşdaklygyna tarap aỳgytly ädim edendigini açyk mälim etdi.

## 2. Garaşsyz Türkmenistanyň jar edilmegi

1991-nji ỳylyň oktỳabr aỳynyň 26-synda Türkmenistan SSR-nde ählihalk sala salyşygy geçirildi. Onda bir mesele: “SSSR-iň düzüminde galmalymy ỳa-da özbaşdak döwlet bolmalymy?” diỳen mesele çözülỳärdi. Elbetde, Sowet imperiỳasynyň dargap barỳan şertlerinde onuň netijesi öňünden bellidi. Oňa garamazdan, sala salyş özüni ödedi: ol öz garaşsyz döwletini gurmak barada bütin Türkmenistan halkynyň erk-islegini bir ýere çugdumlady. Ses bermäge gatnaşan raýatlaryň 94,1-i Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmagyny goldady.

Sala salyşygyň ertesi Oktýabr aýynyň 27-sinde TSSR Ýokary Sowetiniň nobatdan daşary maslahaty çagyryldy. Maslahatda “Türkmenistanyň garaşsyzlygy we döwlet gurluşynyň esaslary hakyndaky” Konstitusion kanun kabul edildi. Onda jemi 20 madda bar. Şol maddalaryň ilkinji dördüsini resminama hökmünde getirýäris:

“1. Türkmenistan SSR-niň çägini alýan garaşsyz demokratik döwleti-Türkmenistany jar etmeli.

Türkmenistanyň garaşszylygy belent maksatlaryň hatyrasyna türkmen halkynyň öz hakyky milli döwletini edinmeginiň we uýýan dinine garamazdan, her bir adam üçin Türkmenistanyň Baş Kanunynda, Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasynda we halkara hukugynyň beýleki

normalarynda göz öňünde tutulan hukulary, azatlyklary üüpjün etmegiň, kanun agalyk edýän ynsanperwer demokratik jemgyýet gurmagyň hatyrasyna jar edilýär.

2. Türkmenistanyň döwlet gurluşynyň formasy respublikadyr. Bu respublikada döwlet häkimýetiniň eýesi halkdyr, ol öz häkimýetini gös-göni halk geňeşiniň (Referendumyň), wekilçilikli organlaryň üsti bilen amala aşyrýar.

3. Trkmenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň Baş Kanuny we kaunlary agdyklyk edýär....

4. Türkmenistanyň çägi emele gelen serhetlerde eldegrilmesizdir we bölünmezdir.

Türkmenistan Merkezi Aziýada, Köpetdagyň demirgazygynda, günbatarynda Hazar deňzi, gündogarynda Amyderýa aralygynda ýerleşýär. Onuň meýdany günbataryndan gündogaryna 1110 km-e, demirgazygyndan günortasyna 650 km-e uzalyp gidýär.

Konstitusion kanunda Türkmenistanyň çäklerindäki ýer, ýerasty baýlyklar, howa giňişligi, suw we beýleki tebigy gorlar, deňiz ykdysady zolagy halkyň milli baýlygydyr, eýeçiligidir we respublikanyň garaşsyzlygynyň maddy esasydyr diýilýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryna geçýändigi, özüniň daşary, harby, maliýe syýasatlaryny, pul ulgamyny özbaşdak kesgitleýändigi nygtalýar. Konstitusion kanun türkmen halkynyň milli medeni taýdan täzeden rowaçlanmagy, onuň özüniň milletdigine düşünişiniň artmagy, milli däp-dessurlaryny ýaňadan dikeltmegi, öz dilini döwlet dili hökmünde giňden ulanmagy hakda Türkmen döwletiniň alada etjekdigini tekrarlap, şonuň bilen bir wagtda respublikanyň çäklerinde ýaşaýan ähli milletleriň, halkyýetleriň hem milli-medeni taýdan erkin ösmek hukugyny kepillendirdi.

Konstitusion kanun kabul edilen pursatyndan güýje girdi. Kanunda jar edilen maksatlara ýetmek üçin syýasata ýugrulan, hökmürowan totalitar ulgamyny, onuň buýruk beriji häkimiýet edaralaryny aýgytly suratda syndyryp, demokratik

gymmatlyklary we erkin bazar gatnaşyklaryny ileri tutýan, raýatlaryň hakyky azatlyklaryny we hukuklaryny üpjün edýän häkimiýet edaralaryny döretmelidi. Döwlet syýasatyny amala aşyrmakda örän töwekgellik we paýhaslylyk gerekdi. Ýaş milli döwleti gurmak işini giň möçberli syýasy hem-de ykdysady özgertmeleri geçirmek bilen utgaşykly alyp barmalydy. Şunda ykdysadyýetiň aşak gaçyp, ilatyň köp böleginiň ýaşaýyş derejesiniň peselmeginden ägä bolmalydy. Çünki şeýle ýagdaý, öňki SSSR-iň ýerinde dörän käbir ýaş döwletlerde bolşy ýaly, jemgyýetde dartgynlylygyň güýçlenmegine eltýärdi. Döwletiň özbaşdaklygyna howp salýan başga-da käbir ýagdaýlar ýok däldi. Goňşy Owganystanda uruş gidýärdi. Täjigistanda içki dawalar ýitileşýärdi. Beýleki goňşy döwletlerde hem jemgyýetçilik rahatlygy bozulypdy. Bu ýagdaýlaryň Türkmenistan hem zyýanly täsir edäýmegi mümkindi. Ýene bir bellemeli zat: ýaş döwletde heniz özbaşdak hereket etmegiň tejribesi ýeterlik däldi, bu hasam daşary syýasatda äşgär ýüze çykýardy.

Emma Türkmenistanyň hökümeti şu çylşyrymly wezipeleriň çözgüdini tapmagy başardy. Döwlet syýasatyny ýöretmegiň ilkinji ädimlerinden başlap oýlanyşykly hereket edildi. Bada-bat ýurduň huku goraýjy, milli howpsuzlyk edaralary düýpli özgerdildi. Türkmenistanyň özygtyýarly döwlet hökmündäki nyşanlary-Döwlet Baýdagy, döwlet tugrasy (Gerbi), döwlet senasy (Gimni) döredildi. Daşary ýurtlar bilen gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Daşary işler ministrliginiň wezipeleri täzeden kesgitlenildi, Daşary ykdysady bank we beýleki ýöriteleşdirilen edaralar döredildi.

Syýasy ulgam özgerdildi. Türkmenistan Komunistik partiýasy ýatyrylyp, Türkmenistan Demokratik artiýasy döredildi. Ýaşulular maslahaty täsirli jemguýetçilik guramasyna öwrüldi. Ozalky profsoýuz, komsomol guramalary ýatyrylyp, täze mazmunly Kärdeşler arkalaşygy, Ýaşlar guramasy döredildi. Uruş weteranlarynyň guramasynyň, Aýallar guramasynyň we beýleki guramalaryň işi täze

mazmuna eýe boldyu. Türkmenistanda Milli Galkynyş hereketi döredilip, bu jemgyýetçilik guramalarynyň hemmesi onuň düzüminde öz tagallaryny bir maksada-Garaşsyzlygyň rowaçlanmagynyň hatyrasyna jemläp işläp başladylar.

1992-nji ýylyň maý aýynyň 18-inde Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň maslahatynda Türkmenistanyň Konstitusiýasy Baş kanuny kabul edildi. Onda demokratik döwletleriň tejribesi bilen bir hatarda türkmen halkynyň däp-dessurlary, milli özboluşlylygy we aýratynlyklary nazarda tutuldy. Konstitusiýa halkyň milli ruhuna laýyk gelýän Halk Maslahaty, Mejlis, Geňeş ýaly düşünjeler girizildi. Konstitusiýada respublikanyň döwlet gurluşynyň esaslary, raýatlaryň esasy hukulary, azatlyklary hem borçlary, häkimiýet we dolandyryş edaralary, saýlaw ulgamy aýdyň kesgitlenildi. Konstitusiýada täze hojalyk gatnaşyklaryna, bazar ykdysadyýetine geçmäge alnan ugur öz beýanyny tapýar, eýeçiligiň ähli görnüşleriniň ösmegi üçin deň şertleriň döredilýändigi, şeýle hem olaryň deň derejede goralýandygy kepillendirilýär. Türkmenistanda Milli Galkynyş hereketiniň rowaçlanmagyna, raýatlar jemgyýetiniň, onuň ähli gatlaklarynyň jebisleşmegine, dinara ylalaşygyň we milli toparlaryň arasyndaky deňligiň saklanmagyna aýratyn uly ähmiýet berilýär.

## 3. S.A.Nyýazow-Türkmenistanyň ilkinji Prezidentidir

1992-nji ýylyň iýun aýynyň 21-inde Türkmenistanda Prezident saýlawlary geçirildi. Saýlawlar halk köpçüliginiň syýasy ýokary göteriliş ýagdaýynda geçdi. Saýlawçylaryň hemmesi diýen ýaly S.A.Nyýazowyň kandidaturasyny goldap ses berdi. Iýun aýynyň 26-synda Türkmenistanyň Halk maslahaty Prezident saýlawlarynyň netijelerine seretdi we Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Prezidentligine

S.A.Nyýazowyň saýlanandygyny biragyzdan makullady. Prezident maslahatda dabaraly ýagdaýda kasam etdi.

Saparmyrat Ataýewiç Nyýazow 1940-njy ýylyň fewral aýynyň 19-ynda Aşgabatda doguldy. Ol orta mekdebi tamamlap, inzener energetik hünäri boýunça Leningradyň (häzirki Sankt-Peterburg) politehniki institutyna okuwa girýär. 1967-nji ýykda instituty tamamlap, Abadan (Büzmeýin) GRES-inde ussa, soňra uly ussa bolup işleýär. Ol bu kärhanada ýokary bilimli ilkinji türkmendir.

1970-nji ýylyň başynda S.A.Nyýazow Türkmenistan Kompatiýasynyň Merkezi Komitetine işe çekilýär. Ol ilki senagat ulag bölüminiň instruktory, şu bölümiň müdiriniň orunbasary, soňra müdiri bolup işleýär. 1980-nji ýylyň ahyrynda S.A.Nyýazow TKP Aşgabat şäherkomynyň birinji sekretarlygyna saýlanýar. 1984-nji ýylyň II ýarymynda 1985-nji ýylyň başlarynda S.A.Nyýazow SSKP MK-nyň partiýa guramaçylyk bölüminde instruktor bolup işleýär.

1985-nji ýylyň başlarynda S.A.Nyýazow TSSR Ministrler Kabinetiniň başlyklygyna bellenildi. Şol ýylyň ahyryna bolsa ol TKP MK-niň birinji sekretarlygyna saýlandy. S.A.Nyýazow ykdysady we syýasy ylymlaryň doktory, professor, akademik. Ol Türkmenistanyň Gahrymany, Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň eýesidir. S.A.Nyýazow ylymlaryň dürli ugurlary boýunça ençeme daşary ýurt akademiýasynyň hem hormatly agzasydyr.

1994-nji ýylyň başynda geçirilen sala salyşygyň netijesinde Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Nyýazowyň Prezidentlik ygtyýarlygynyň möhleti ýenede bäş ýyla uzaldyldy. 1999-njy ýylyň ahyrynda 9-njy ählihalk maslahatynyň karary bilen Döwlet Baştutanlyk ygtyýarlyklaryny möhletini çäklendirmezden amala aşyrmaga aýratyn hukuk berildi. Ol Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ömürlik başlygy, dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň hem ömürlik Prezidentdir.

Türkmenistanyň mejlisiniň karary (1993-nji ýyl) bilen S.A.Nyýazowa Saparmyrat Türkmenbaşy diýen hormatly at dakyldy. Dünýä türkmenleriniň konferensiýasynda (2001-nji ýylda) bolsa ony Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy diýip atlandyrmak barada karar kabul edildi.

Konstitusiýa kabul edilenden soňraky geçen ýyllarda ýurduň durmuşyndaky has möhüm wakalar mynasybetli oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Mysal üçin, 1995-nji ýylyň ahyrynda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynda Konstitusiýanyň birinji maddasyna goşmaçalar girizilip ol şeýle redaksiýada berildi: "Türkmenistan-demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak Prezident Respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.

Türkmenistan öz çäklerinde hökmürowandyr we bütin häkimýete eýedir. Ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çäkleri bitewidir we bölünmezdir.

Döwlet Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, çäkleriň bitewiligini, konstitusiýanyň gurluşyny goraýar, kanunyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär.

Türkmenistan kanun esasyda hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-sindäki Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy" ykrarnama:

"1. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar edýär we goldaýar;

2. Türkmenistanyň hukuk ýagdaýyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyna we çäkleriniň bütewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar."

Konstitutsiýanyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda döwlet häkimiýeti halk maslahatyna, kanun çykaryjy häkimýete, ýerine ýetiriji häkimýete we kazyýet häkimýetine bölünýär. Bu häkimýetler öz işlerini özbaşdak

amala aşyrýarlar we biri birleri bilen sabyr takatly işleýärler. Bir bellemeli zat Baş Kanunda kazyýet häkimýet döwlet häkimýetiniň özbaşdak ahasy hökmünde kesgitlenildi. Hukuk döwleti üçin örän mähüm şertdir. Kazylar diňe kanuna tabyndyrlar. Olaryň işine hiç kimiň gatyşmagyna ýol berilmeýär. Kazylaryň eldegrilmesizligi kanun bilen kepillendirilýär.

## 4. Türkmenistanyň esasy häsiýetnamasy

Türkmenistan dolandyryş çäk gurluşy boýunça welaýatlara, etraplara, welaýat we etrap hukukly şäherlere bölünýär. Ozalky TSSR Ýokary Soweti indi Türkmenistanyň Mejlisi (Parlamenti), Minstrler Soweti (hökümeti) Ministrler Kabineti diýip atlandyrylýar. Welaýatlara etraplara häkimler bellenilýär, oba hem şäherçe geňeşliginiň işine arçynlar ýolbaşçylyk edýär.

Türkmenistanda bäş welaýat: Ahal (ozalky Aşgabat), Balkan (ozalky Krasnawodsk), Mary, Lebap (ozalky Çärjew), Daşoguz (Ozalky Daşhowuz) welaýatlary we 58 etrap bar. Ýurtda 25 şäher, 78 şäherçe, 545 oba geňeşlikleri bar. Aşgabat şäheri ýurduň paýtagty. Türkmenistanyň meýdany 491,2 müň inedördül kilometre deň bolup, ol Ýewropanyň 8 döwletiniň (Gresiýa, Portugaliýa, Awstriýa, Şwesariýa, Daniýa, Gollandiýa, Belgiýa, Albaniýa) bilelikde alanyňdaky çägine barabardyr. Türkmenistanda 6 mln adam ýaşaýar. Ilatyň 46%-i şäherlerde, 54%-i obalarda ýaşaýar. Ýurduň ilatynyň 95%-e golaýy türkmenlerdir. Ýurtda özbekler, ruslar, gazaklar, azerbeýjanlar, ermeniler, buluçlar we başgada onlarça milletleriň wekilleri ýaşaýar. Türkmenistanyň ilatynyň 50%-i 20 ýaşa ýetmedik ýaşlar, 44%-i 20-den 60 ýaşa çenli. 6%-i bolsa 60 ýaşdan geçen adamlardyr. Görnüşi ýaly ýurduň ilatynyň aglaba köpçüligi ýaşlardyr. Şonuň üçin ol geljege has umytly garaýar.

Konstitusiýada Türkmenistanyň demokratik, hukuk we dünýewi döwlet diýilmegi giň manysynda döwlet gurluşynda alnan ugry we belent maksatlary aňladýar. Türkmenistanda demokratik döwlet gurmak işi halkyň tejribesine, goldawyna işeňňir gatnaşmagyna esaslanýar. Ol ähliumumy demokratik ýörelgelere laýyk gelýär. Hukuk döwletiniň kemala gelmegi düýpgöter täze hukuk ulgamynyň döreldilmegi bilen baglanyşykly. Hukuk döwletinde hukuklylyk adalatlylyk kada bolmaly. Sowet döwründe bolsa bu tersinedi. Raýatlyk azatlyklary we hukuklary jar edilsede äsgerilmän, kähalatlarda bolsa depgilenipdi. Hukugyň döwletden rüstem bolmagyny gazanmak häzirki wagtda amala aşyrylýan hukuk özgertmesiniň özeni bolup durýar. Dünýewi döwlet barada aýdylanda onda din döwletden aýrydyr. Hudaýsyzlyk ýörelgelere hem eýerilmeýär. Döwletiň magaryf ulgamy dini birleşiklerden aýry we dünýewi häsiýete eýe. Dünýewi döwletde raýatlyk hukuklary we azatlyklary agdyklyk etmeli. Bu hemme taraplaýyn ösen döwletiň we jemgyýetiň ýokary görnüşidir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda demokratiýa ýörelgeleriniň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. Baş kanunyň II maddasyna laýyklykda döwlet häkimýetiniň daýanjy halkdyr. Şol sebäpli demokratik edaralaryň düzümleriň döredilmegi we kemala gelmegi gös göni halkyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň III maddasyna laýyklykda, Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adam. Döwlet özüniň her bir raýatynyň öňünde jogapkärdigini kanun arkaly berkidýär. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şert döredilmegini üpjün edýär, ol raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny şahsyýetine eldegrilmesizligini , tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Öz gezeginde her bir raýat Konstitutsiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärçilik çekýär.

Türkmenistanda raýatlaryň Watana wepalylyk, onuň rowaçlanmagy ugrunda çekýän asylly zähmetini tapawutlandyrmak maksady bilen “Prezidentiň ýyldyzy”, “Bitaraplyk”, “Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin” “Galkynyş”, “Garaşsyzlyk”, “Türkmenbaşy”, “Altyn asyr”, “Ruhnama”, “Gurbansoltan eje” ordenleri, “Edermenlik”, “Gaýrat”, “Watana bolan söýgüsi üçin” medallary döredildi. Halkyň öňünde has uly hyzmatlar bitiren raýatlara “Türkmenistanyň Gahrymany” diýen belent at dakylýar. Türkmenistanda “Hormatly il ýaşulusy”, “Altyn asyryň hormatly hünär ussady” ýaly hormatly atlar hem döredildi.

Türkmenistan döwletiniň döredilmegi adamzat jemgyýetinde täze uly öwrülişik pursatyna gabat geldi. Taryhyň akymy üýtgäp okguny artdy. Wakalar örän çalt bolup geçdi. SSSR-iň dargamagy bilen Ýewropada we Aziýada köp sanly döwletler şol sanda Türkmenistan hem syýasy Garaşszylyk gazandy. Gysga wagytyň ýurduň öz milli Konstitusiýasy-Baş Kanuny işlenip düzüldi we kabul edildi. Döwlet nyşanlary döredildi. Onuň öz ösüş ýoly seçilip alyndy. Gysagaça aýdylanda, ýurt Garaşsyzlygy türkmen halkynyň taryhy ykbalynda düýpli öwrülişigi aňlatdy. Halkyň öz ykbalyny özüniň kesgitlemegine ýol açyldy. Ol öz islegine, öz ukybyna, başarnygyna görä ýaşap başlady.

## XXI. Geçiş döwrüniň durmuş-ykdysady özgertmeleri. Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasy

Türkmenistan özbaşdaklyk gazanandan soň ýaş döwletiň öňünde jemgyýeti hil taýdan özgertmek ony ozalky totalitar germewlerden çykaryp täze-demokratik ýagdaýa geçirmek wezipesi ör boýuna galdy. Munuň üçin jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda düýpli özgerişlikleriň giden bir tapgyryny amala aşyrmalydy. Şeýlede ol özgerişlikleri mümkingadar çalt durmuşa geçirmelidi.

1992-nji ýylyň ahyrlarynda Türkmenistanyň halk maslahaty “10 ýyl abadançylyk” maksatnamasyny kabul etdi. Maksatnamada geçiş döwrüniň türkmen nusgasynyň häsiýetli aýratynlyklary ylmy taýdan esaslandyryldy. Ýakyn 10 ýylyň içinde çözülmeli ägirt uly üç wezipe:

Birinjiden Türkmenistanda demokratik hukuk döwletini gurmak.

Ikinjiden Dünýewi jemgyýeti berkarar etmek.

Üçünjiden ykdysadyýeti garaşsyz we ösen derejä ýetirmek wezipeleri kesgitlenildi.

Dünýa tejribesiniň görkezişi ýaly jemgyýetçilik gurluşy we bir ýagdaýdan başga bir ýagdaýa geçilende örän kyn pursatlar ýüze çykýar. Ilkinji nobatda adamlaryň aňynda jemgyýetçilik we döwlet gurluşynda ykdysadyýetde şeýle hem her bir adamyň ykbalynda uly özegeriş bolup geçýär. Bu özgerişlikler köp adamlaryň endik eden arkaýynçylykly durmuşlaryny bozýar we gös göni olaryň şahsy bähbitlerine täsir edýär. Bu bolsa geçiş döwründe uly paýhasly hereket etmegi talap edýar.

Kynçylyklar hakda aýdylanda ýene bir ýagdaýy nazara almak gerek. XX asyryň 80-90-njy ýyllarynyň sepgidinde ýaş döwletleriň dünýädäki şertleri düýbünden üýtgedi. Ozal kapitalizmiň we sosializmiň özara bäsleşigi döwründe olar täze dörän döwletleri öz tarapyna çekjek bolup ykdysady kömegi jomartlyk bilen eçilýärdiler. Indiki sosializmiň ulgam hökmünde dargamagy bilen bäşleşik aradan aýryldy. Ýaş döwletler öz başlaryny özleri çaramaly boldular. Şu şertlerde “Türkmenistan kömege bil baglaman, özbaşdak ösüp bilermikä?” diýen sowala Prezident S.A.Nyýazow şeýle jogap berdi: “Ösüp biler...” munuň üçin zerur bolan esasy dört şertiň dördüsem bar. Bizde birinjiden syýasy durnuklulykda, ikinjiden açyk gapylar we hoşniýetli Bitaraplyk, goňşyçylyk syýasatyda üçünjiden geçiş döwrüniň döwlet gözegçiligini üpjün edýän güýçli häkimýet we demokratiýada, dördünjiden düýpli maýa goýumlary we çig mal serişdeleri bar. Bular biziň döwletimiziň

dört sütünidir. Şu sütünleriň berkligini mundan beýläk hem abat saklap öňe gitmegi başarmagymyz bazar hojalygynyň çarkandakly ýoly bilen arzyly geljege-gülläp ösjek Türkmenistanymyza ýetmegimiziň esasy girewidir”.

Garaşsyz Türkmenistanda şu sütünleri aýap saklamak we pugtalandyrmak barada çäreler görüldi. Jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeler başlandy. Ykdysadyyetde bazar gatnaşyklaryna geçmäge ugur alyndy. Ykdysady özgertmleri amala aşyrmakda döwlet gözegçilginiň gerekdigi, jemgyýetçilik eýeçilginden hususy eýeçilige geçilýän döwürde hususylaşdyrmagyň we nyrhlaryň jylawynyň döwletiň elinde bolmalydygy şeýle hem özgertmeleri howul hara dälde, tapgyrlaýyn geçirmelidigi nazarda tutuldy.

Özgertmeleri amala aşyrmakda Türkmenistan dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesini nazara alsada, olara köre kör eýermeýär. Türkmenistan özüne mahsus öz durmus şertlerine laýyk gelýan ösüş ýar. Ol öňde goýan maksadyna ýetmek ücin demokratiýany tapgyrlaýyn geçmegi göz öňünde tutýar. Onuň düýp maksady häzirki geçiş döwründe ýurtda demokratiýany rewolýusion ýagny çürt kesik dälde ewolýusion ýada endigan ýol bilen ýuwaş-ýuwaşdan tapgyrma tapgyr ornarmakdan yabaratdyr. Jemgyýeti demokratiýalamak diňe raýatlaryň yalalaşygy üpjün edilen şertlerinde mümkin bolýar. Türkmenistanyň Prezidenti bilen ýaşulularyň, ýaşlaryň, işçileriň, daýhanlaryň, döredijilik işgälriniň alymlaryň, daşary ýurtly ildeşlerimiziň arasynda ýola goýlan dürli görnüsli gatnaşyklar hut şu maksada gönükdirilendir.

Halk maslahatynyň “10 ýyl abadançylyk” maksatnamasynyň kabul eden mejlisinde, Milli Galkynyş herekeriniň başlanýandygy hem yglan edildi. Bu ikisiniň bir wagtda yglan edilmegi tötänlik däldir. Olar biri-biri bilen baglanyşykly bolup birinjisi beýik maksatlary aňlasa, ikinjisi şol maksatlara ýetmegiň möhüm serişdesidir. Olaryň ikisindede ykdysady öžgertmelere ägirt uly ähmiýet berilýär. Bu düşnüklidir. Syýasay Garaşsyzlygy indi ykdysady taýdan

berkitmek, ykdysady Garaşszylygy gazanmak, ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek gerekdi.

Türkmenistan SSR-i Sowet Soýuzynyň bir bölegi bolan mahalyndaky ykdysady Garaşszylyk hakyndaky mesele asla goýulmandy. Tersine muňa gös göni gapma garşylykly ýörelgä eýerilýärdi. Tutuş imperiýanyň möçberinde ýeke täk diýen ýaly halk hojalyk toplumy hereket edip Türkmenistana senagatly merkezleriniň çig mal ýapjasy hökmünde garalýardy. Şol sebäpli bu ýerde çig maldan taýýar önüm öndürmäge gutarnykly senagat siklini döretmäge synanyşyk hem edilmeýärdi. Türkmenistan imperiýanynyň beýleki sebitlerdäki iri senagat kärhanalarynyň 3266-syndan harytlaryň 120 müňe golaý görnüşini alýardy. Elbetde şol harytlaryň müňlerçesiniň önümçiligini şu ýerde-de ýola goýup boljakdy. Ýöne ol beýle edilmeýärdi. Netijede elgaramalyk gitdigiçe çuňlaşýardy.

Şol bir wagtyň özünde SSSR dargap sebitara ykdysady gatnaşyklar gowşap barýardy. Uzak gitmän ol gatnaşyklar kesildi. Türkmenistana beýleki respublikalardan gelýän harytlaryň gelmesi galdy. Dükanlar boşap ähli harytlaryň diýen ýaly eýmenç gytçylygy döredi. Puluň hümmetsizlenmegi çürt kesik artdy. Sarp ediş bazarynda ugur tapar ýaly bolmady. Ilatyň ýagdaýy pese gaçdy.

Hut şol sebäpli Türkmenistanda ykdysady özgertmelerde ilaty azyk we beýleki gerekli harytlar bilen üpjün edýan pudaklary ösdürmeklige sarp ediş bazarynda önüm berýän kärhanalary gurmaklyga örän uly ähmiýet berildi. Ykdysady özgertmeleriň ugurlary serişdeleri kesigitlenildi. Işler utgaşykly alnyp baryldy. Ozaly bilen ulgamyň hukuk we kanunçylyk esasklary döredildi. Ýurduň maliýe-bank ulgamy özgerdildi. 1993-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-inden milli walýuta-türkmen manady girizildi. Türkmenistanyň Merkezi Banky manadyň resmi hümmetini diňe amerikan dollary babatda belledi. Beýleki walýutalar babatda üýgäp durujy hümmet bellenildi. Daşary ýurt walýutasyny satmak we satyn almak şeýle hem eksport import hakynda belli bir düzgünler

girizildi. Ilkinji ýyllaryň kynçylyklaryndan we dolllar babatda manadyň hümmetiniň pese gaçanlygyna garamazdan manat ähli synaglardan geçdi we tölegiň ygtybarly serişdesine öwrüldi.

Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň türkmen nusgasynyň häsiýetli taraplary bar. Ol milli däp dessurlary halkyň ruhuýetini özgertmeleriň ewolýusion ýoluny ony kem-kemden amala aşymaklygy göz öňünde tutýar. “Şok terapiýasy” usulyny ret edýar, ykdysady özgertmeleri durmuş hajatlaryna gönükdirýar.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçmekde içerki maliýe serişdeleri oýlanyşykly peýdalanylýar. Yglan edilen “Açyk gapylar” syýasaty arkaly özara peýdalylyk esaslarynda daşary ýurt maýa goýumlary çekilýär. Diňe bir 1992-1997-nji ýyllarda daşary ýurtlaryň Türkmenistanyň halk hojalygyny ösdürmäge goýan serişdesi 5,5 mlrd amerikan dollaryna barabar boldy. Munuň özi Türkmenistanyň syýasy durnuklykygynyň demokratiýa tapgyrlaýyn geçişiniň özgertmeleriň endigan alnyp barlyşynyň daşary ýurt maýadarlaryna oňaýly täsiriniň netijesidir.

Türkmenistanyň tejribesi geçiş döwri üçin başda göz öňünde tutlan 10 ýylyň  ýeterlik däldigini, bir jemgyýetden başga bir jemgyýete geçmek üçin ýene-de şonçarak belki ondan hem köpräk döwrün gerekdigi äşgär boldy. Şol sebäpli “10 ýyl abadançylyk” maksatnamasy heniz tamamlanmanka, ýaşulularyň döwlet maslahatynyň, halk maslahatynyň we milli Galkynyş hereketiniň 1999-njy ýylda we 2003-nji ýyllardaky bolup geçen mejlislerinde ýurdy durmuş ykdysady taýdan ösdürmekligiň ilki 2010-njy ýyla çenli soňra bolsa 2020-nji çenli Baş ugry Milli Maksatnamalary kabul edildi. Elbetde bu maksatnamalar “10 ýyl abadançylyk maksatnamasy bilen deňeşdirilende özgertmeleriň gerimini has giňligi we çuňlugy bilen tapawutlanýar. Ylaýta-da, soňky maksatnama ýurduň durmuşynyň ähli ugurlarynda amala aşyrylýan düýpli öwrülişikleriň beýany bolup durýar. Onuň durmuşa geçrilemegi

bilen Türkmenistanyň dünýaniň ösen döwletleriniň hatarynda goşyljakdygyna şübhelenmesede bolar.

## 6. Ýangyç-energetika toplumy

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde nebit gaz toplumy aýratyn uly orun eýeleýär. Ýurtda nebitiň çak edilýän gorlary 12 mlrd ton, gazyňky bolsa 23 trln kub metre barabar hasaplanýar. Şol gorlaryň esli bölegi Hazaryň Türkmen ýalpaklygynyň paýyna düşýär. Häziri wagtda nebit gaz ýataklary ýurduň merkezi gündogar sebitlerinde hem tapylýar. 1991-2005-nji ýyllarda ýurtda nebitiň çykarylyşy 5 mln tondan 9,5 mln tona çenli artdyryldy. Nebiti gaýtadan işleýän senagatyň durky täzelenýär. Dünýä bazarynda gaýtadan islenen nebitiň çig nebitden köp esse gymmatdygyny ýatlasak munuň ýurt üçin nä derejede bähbitlidigi öž özünden düşnüklidir.

1997-nji ýýlda Türkmenbaşy (ozalky Krasnawodsk) şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodyň (TNGIZ) durkuny täzelemeklige girişildi. Toplumy döwrebaplaşdyrmak işi önümçiligi togtatmazdan alnyp baryldy. Gurluşyga “Tehnip” (Fransiýa), “Mannesman” (Germaniýa), “Žeý-ži-si”, “Çioda” (Ýaponiýa), “Merhaw” (Ysraýyl) ýaly belli kampaniýalar gatnaşdylar. Iş ýüzünde bu ýerde ägirt uly häzirki zaman nebit himiýa toplumy guruldy. Bu uly gurluşyga 1,5 mlrd amaerikan dollary möçberinde serişde goýuldy.

2000-nji ýylda TNGIZ-de katalitik-riforming desgasy, 2001-nji ýylda katalitik kreking, Yokary hilli benzin, polipropilen, dizel ýangyjyny, çalgy ýaglaryny, suwuklandyrylan gaz öndürýän desgalar işe girizildi. Toplumda elektrostansiýa ýuwujy serişdeleri öndürýän desga, deňiz suwuny süýjediji desga, polipropilen ammary we başgada birentek desgalar guruldy. Kämil tehnologik ulgamlary bolan bu kärhanalar toplumynda her günde 1,5 mln amerikan dollaryna barabar möçberde dünýa ölçeglerine laýyk gelýan önümleriň 20-ä golaý görnüşi öndürilýär. Ýakyn ýyllarda

toplumyň ikinji nobatyny hem gurmak we onuň kuwwatyny ýylda 9 mln ton nebiti gaýtadan işlemäge ýetirmek bellenilýar.

2006-njy ýylda Seýdi (ozalky Neftizawodsk) şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän Zawodyň (SNGIZ) durky täzelenip başlandy. Bu ýerdede işler önümçiligi togtatmazdan alnyp barylýar. Bu gurluşyga 1 mlrd amerikan dollary möçberinde serişde goýulýar. SNGIZ ozal Günbatar Sibiriň nebitini gaýtadan işlemek üçin niýetlenilipdi. Indi bolsa ol nebiti Amyderýanyň sag kenaryndaky Gökdumalakdan alýar. Zawodda benzin, dizel ýangyjy, mazut çykarylýar. SNGIZ-de gaz kondensatyny gaýtadan işleýän tehnologik ulgam, suwuklandyrylan gaz öndürýän desga ulanylmaga berildi. Polietilen öndürýan desga gurulýar. 2020-nji ýyla çenli gara altynyň täze tapylan ýerlerinde-Gökdepe we ýölöten sebitlerindede nebiti gaýtadan işleýan zawodlary gurmak göz öňünde tutulýar.

Nebiti gaýtadan işleýän senagatyň ýerli gorlaryň esasynda ösdürilmegi edilýan harajatlary azaltmaga we önümiň nyrhyny peseltmäge mümkinçilik berýar, bu bolsa ýurduň içersindäki alyjylar üçin eksport üçinem amatlydyr. Bu pudak maýa goýumlaryny we maddy serişdeleri köp talap etsede zähmeti köp talap etmeýär. Onda işleýänleriň sany durnukly ýagdaýyny ýitirenok. Göräýmäge ykdysady özgertmeler oňa galtaşmadyk ýaly bolsada hakykatda ol eýýam haryt pul gatnasýklarynyň düzgüninde işleýar, çünki şeýle düzgünde işleýan daşary ýurt kompaniýalary bazar ykdysadyýeti şertlerinde hereket edýärler. Şoňa görä pudagyň olar bilen hzymatdaşlygy bazar gatnaşyklary esasynda amala aşyryldy.

Turkmenistanda tebigy gazy gaýtdan işleýän senagat döedilýär. Garaşszylygyň ilkinji ýyllarynda gazy dünýa bazaryna çykarmak kynçylyklary zerarly onuň öndürilişi pese gaçypdy. Şol sebäpli bu gymmatly çig malyň hem bir bölegini ýerinde gaýtadan işlemäge ugur alyndy. Suwuklandyrýan gaz öndürýän desgalar TNGIZ-iň we SNGIZ-iň düzümlerinde göz öňünde tutuldy. Naýypda suwuklandyrylan gaz öndürýan

desgalaryň üçüsi, Bagajada ikisi guruldy. Häzir şeýle toplum Yaşyldepede hem gurulýar.

1998-nji ýylda “Körpeje-Gurtguýy” (Eýran) gaz geçirijisi işe girzildi. Onuň kuwwaty onçakly ulydäl. (8-14 mlrd kub m) ýöne ol Türkmenistanyň öz mawy ýangyjy bilen daşky bazara ilkinji özbaşdak çykyşydyr. Onuň ähmiýeti hem şondan ybarat. 2000-nji ýylda türkmen gazy ýenede Ukraina, Russiýa satylyp başlandy. 2003-nji ýylda Türkmenistan bilen “Rosgazpromyň” arasynda gaz satmak, satyn almak barada ylalaşyk baglaşyldy. Ylalaşyga görä Türkmenistan çärýek asyryň dowamynda Russia tarap 2 trl kub m mawy ýangyç akdyrmakçydy. Onuň üçin Türkmenistan-Ýewropa gaz geçirijiler ulgamynyň durkuny täzelemeklige girişilýär. 2006-njy ýylda “Rosgazprom” 30 mlrd kub metr türkmen gazyny satyn aldy. Soňraky ýyllarda gazyň möçberini ýetmiş segsen mlrd kub metre çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar. “Türkmenistan-Owganystan-Päkistan” gaz geçirijisini çekmek barada hem işler alnyp barylýar,

2006-njy ýylyň ýazynda Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň taslamasy baradaky Baş Ylalaşyga gol çekildi. Onda taslamany durmuşa geçirmegiň ähli meseleleri, çözgütleri jikme-jik görkezilipdir. Türkmen tarapy tebigy gazyň bellenen möçberini öz döwlet serhedinden üpjün etmäge, Hytaý tarapy bolsa ony satyn almaga borçlanýar. Gaz geçirijiniň gurluşygy 2009-njy ýylda tamamlanyp türkmen gazy Hytaýa tarap akyp başlady. 30 ýylyň dowamynda Beýik dostlukly döwlet her ýyl 30 mlrd kub metr türkmen gazyny alar.

Türkmenistan Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygyny asyryň gurluşygy diýip atlandyrmak bolar. Türkmenistan üçin onuň diňe bir ykdysady däl. Eýsem ägirt uly syýasy sosial ähmiýetide bardyr. Gurluşygyň amala aşyrylmagy türkmen gazynyň giň möçberde dünýa bazaryna erkin çykarylmagy ýurduň ykdysady howpsuzlygyny pugtalandyrýar, ilatyň hal ýagdaýyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Türkmenistanda elektroenergetika senagaty güýçli depginler bilen ösdürilýar. Ol ýurduň ýangyç energetika toplumynyň aýrylmaz bölegi, durmuş ykdysady pudakda tehniki ösüşiň düýp özeni bolup durýar. 1967-1987-nji ýyllarda Orta Aziýada iň uly elektrik stansiýasy bolan Mary DES-i gurlup, Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi üzül kesil artypdy. Emma geçiş döwrüniň kynçylyklary birbada elektrik togunyň öndürilisine hem täsir etdi. 1991-1999-njy ýyllarda ýurtda elektrik energiýasynyň öndürilişi 14,9 mlrd kwt sagatdan 8,9 mlrd kwt sagada çenli azaldy. Ýöne öndürilýan elektrik energiýasy ýurduň öz hajatlaryna ýetýardi. Şol sebäpli diňe elektrik energiýasynyň öndürilişini artdyrmak bilen çäklenmän pudagyň durkuny täzelemek, ony düýpli ozgertmek boýunça işlere giň gerim berildi.

Türkmenistanyň ýeke täk energo ulgamy döredildi. 1996-njy ýylda şol ulgamda ýetmeýän halka-Seýdi-Daşoguz elektrik geçirijisi işe girizildi. 1998-nji ýylda Abadan (ozalky Büzmeýin) DES-inde “Jeneral elektrik” amerikan kompaniýasynyň gaz trubinasy oturdyldy. 2003-nji ýylda gaz trubinasynyň ikinjisi ulanylmaga berildi. “Jeneral elektrigiň” gaz trubinalary Balkanabat (ozalky Nebitdag), Türkmenbaşy DES-larynda hem oturdyldy. Bu kompaniýanyň gatnaşmagynda 2006-njy ýýlda Aşgabat DES-i guruldy, häzir bolsa Daşoguz  DES-i gurulýar. Mary DES-iniň durkuny täzelemk işleri başlandy. Oňa Sankt-Peterburgyň “Silowyýe maşyny” paýdarlar jemgyýetiniň hünärmenleri gatnaşýarlar.

2009-njy ýylda Türkmenistanda 15,8 mlrd kwt sagat elektrik energiýasy öndürildi. 2020-nji ýyla çenli ýurtda elektrik energiýasynyň öndürilişini 25 mlrd. kwt sagada ýetirmek bellenilýär. Hasaplamalara görä, elektrik energiýasynyň şonça mukdaryny öndürmek üçin 30 mlrd. kub metr tebigy gazy harçlamaly bolýar. Munuň özi daşarky bazara çykýan uly gaz geçirijini guran ýaly bir zatdyr. 2000-nji ýylda Türkmenistanyň senagatynda 3,5 mlrd. Kwt sagat elektrik energiýasy harçlanyldy. 2020-nji ýylda bolsa ol 30 mlrd kwt

sagada ýetip, senagat pudaklarynyň örän çalt depginler bilen ösýändigini alamatlandyrýar. Türkmenistanyň elektroenergetika senagatynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmaga uly üns berilýär. 1999-njy ýylda Balknabad-Gonbad (Eýran) elektrik geçirijisi guruldy. 2003-nji ýylda bolsa ol geçrijiniň Gonbad-Hoý-Başkale (Türkiýe) aralygy hem gurlup, ulanylmaga berildi. 2004-nji ýylda Serhetabat-Hyrat (Owganystan) elektrik geçirijisi işe girizildi. Elektrik geçirijiler boýunça bu döwletlere akdyrylýan türkmen elektrik energiýasynyň möçberi barha artýar. Geljekde elektrik energiýasyny Päkistana we käbir beýleki ýurtlara hem satmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan uly himiýa ýurdudyr. Ýurtda himiýa senagatyny ösdürmek üçin çig mal bazasy, ägirt uly gorlary bar. Häzirki wagtda pudakda esasy himiýa, soda, ýod-brom, durmuş himiýasy önümçiligi ösdürilýär. “Garabogazsulfat” toplumy pudagyň iri kärhanalarynyň biri. Bu ýerde natriý sulfaty, epsomit, bişofit, glauber duzy öndürilýär. Toplumyň önümlerine dünýä bazarynda uly isleg bildirilýär. 2004-nji ýylda daşary ýurtlara ol önümleriň 31,3 müň t satyldy. Häzirki wagtda hytaý, amerikan kompaniýalary toplumyň durkuny täzelemek we Garabogazyň mineral baýlyklaryny has giň peýdalanmak bilen içgin gyzyklanýarlar.

Türkmenabadyň himiýa, Hazaryň (ozalky çeleken) himiýa, tehniki uglerod, Marynyň azot, Aşgabadyň durmuş himiýasy zawodlary ýaly iri kärhanalarda hem täze kuwwatlyklar işe girizildi. Tejende karbomid zawody guruldy. Häzirki wagtda ýurtda mineral dökünleriň (azot, fosfat, karbomid we ş.m.) öndürilişi oba hojalygynyň hajatlaryny kanagatlandyrýar. 2020-nji ýyla çenli Magdanlyda (ozalky Gowurdak) we beýleki ýerlerde kaustik soda, hlor, kaliý hloridi, kaliý sulfaty ýaly önümleri öndürmek boýunça zawodlar gurmak, Magdanlynyň kükürt toplumynyň durkuny täzelemek, kükürt öndürilişini üzül-kesil artdyrmak, himiýa önümleriniň köp bölegini eksport etmek bellenilýär.

Himiýa senagatynyň ýod brom pudagy güýçli depginler bilen ösdürilýär. Balkanabat, Hazar sebitleri ýodly bromly suwlara baýdyr. Balkanabadyýod brom zawody döwrebaplaşdyrylýar. Boýadagda ýod zawody guruldy. Häzir Boýadagda we Çukurguýyda ýod zawodlarynyň ýene ikisi gurulýar. 1997-nji ýylda Türkmenistanda dünýa bazarynda örän geçginli haryt bolan ýoduň 88 t öndürilen bolsa, 2003-nji ýylda 360 t öndürildi. 2020-nji ýyla çenli ýurtda ýod öndürilişini 1700 t ýetirmek bellenilýär.

## 7. Maşyn gurluşyk toplumy

Türkmenistanda maşyn gurluşyk senagaty gowşak ösendir. Pudakda kärhanalaryň ençemesi bardy. Ýöne olaryň tehnologik derejesi pesdi. Häzir pudakda 13 zawod bar. Aşgabadyň nebit maşyn gurluşyk zawody. (Aşnebitmaş). Şolaryň iň ulusy ol 1998-nji ýylda guruldy.

## 8. Ýeňil, azyk senagat pudaklary

Türkemenistanyň ykdysadyýetinde ýeňilsenagatyň orny üýtgeýär, ähmiýeti artýar. Çünki ýurt tebigy gaz, nebit, himiýa önümleri, elektrik energiýasy bilen bir hatarda ýeňil senagat önümlerini hem eksport etmeklige ugur alýar. Ýeňil senagatda pudaklaryň (pagta arassalaýjy, ýüň, gön, aýakgap, tikinçilik, ýüpek, dokma we ş.m.) 14-si bolup, olardan dokma we ýupek pudaklary has çalt depginler bilen ösdürilýär. Garaşszylyk ýyllarynda pagta süýüminden taýýar haryda çenli önümçiligiň ähli tapgyrlaryny özünde jemleýän dokma toplumlarynyň 5-si (Gypjak obasynda, Ruhabat, Gökdepe şäherçelerinde, Aşgabat we Baýramaly şäherlerinde), egirme fabrikleriň 11-si (Aşgabat, Daşoguz, Türkmenabat, Tejen, Serdar şäherlerinde, Sakarçäge, Türkmengala, Baharly, Kaka, Tagtabazar, Halaç şäherçelerinde) dokma fabrikleriň 3-si (Baharly, Wekilbazar,

Magtymguly şäherçelerinde) guruldy.häzirki wagtda Aşgabatda ýene bir dokma toplumynyň gurluşygy tamamlanyp barýar. Iň täze enjamlarda işleýän bu kärhanalaryň önümlerine dünýä bazarynda uly isleg bildirilýär. Dokma toplumlaryny gurmaklyga türk firmalary gatnaşýarlar. Aşgabadyň ýüpek fabriginiň we Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşiginiň durky täzelendi. Ol kärhanalary döwrebaplaşdyrmaga hytaý kompaniýalary işeňňir gatnaşdylar. Häzir olaryň gatnaşmagynda Ruhabatda pombarhat fabrigi gutulýar. 2020-nji ýyla çenli dokma toplumlaryny pagtaçylyk etraplarynyň hemmesinde gurmak we pagtadan öndürilýan mataları̇ň möçberini we görnüşlerini ençeme esse artdyrmak bellenilýär. Aýakgap senagaty täzeden döredilýär. 2006-njy ýylda ilkinji häzirki zaman aýakgap fabrigi Magtymguly (ozalky Garrygala) şäherçesinde işe girizildi. Bu ýerde tekstil, reňkleýji fabrikleriniň hem gurluşygy göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň azyk senagaty uly ösüşlere eýe boldy. Pudagy ösdürmeklige uly serişdeler goýuldy. Şol şerişdeleriň hasabyna süýt-ýag, miwe-gök önümlerini, çörek-külçe önümlerini, ösümlik ýagyny we beýleki azyk önümlerini öndürýän ululy kiçili müňe golaý senagat kärhnalary guruldy ýa-da täzeden enjamlaşdyryldy. Şolaryň arasynda Aşgabadyň “Süýt” toplumy, “Nesil” çagalar iýmiti zawody, Doňdurma zawody, “Koka-kola” içgilerini öndürýän zawody, Arçabil (ozalky Pöwrize) suw zawody, Maryda gant zawody, Ruhabat etrabynda tomat-konserw zawody, welaýatlaryň hemmesinde gurlan häzirki zaman kuwwatly un fabrikleri, elewatorlar, çörek zawodlary bar. Azyk önümlerini öndürmeklige döwlet kärhanalary bilen birlikde kiçi we orta telekeçiler giňden çekilýär. Olar diňe bir şäherlerde däl, eýsem obalarda hem et we kolbasa önümlerini, peýnir we süýt önümlerini, azyk däl harytlaryň dürli görnuşlerini öndürip başladyrlar. Häzir Türkmenistanda et-süýt, un, çörek, tüwi, makaron, ýag, agyz we miwe suwlary, arak, konýak, çakyr, piwo, miwe we gök önümler hem-de konserwler ýaly azyk harytlarynyň 500-den

gowrak görnuşlerini öndürilýär. Ýurduň öz öndüren azyk önümleri bilen ilaty üpjün edişi 1991-nji ýylda 26% bolan bolsa, 2005-nji ýylda ol 80%-den geçdi. Başgaça aýdylanda, ýurtda azyk garaşsyzlygy gazanyldy. 2020-nji ýyla çenli daşary ýurt firmalarynyň gatnaşmagynda azyk önümlerini öndürýän, gaýtadan işleýän sehdir zawodlaryň ýenede müňe golaýyny gurmak ýa-da täzeden enjamlaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Ýeňil senagatda bütinleý täze pudak-täze pudak kagyz sellýuza önümçiligi döredildi. Dogrusy, kagyz sellýuza önümçiligi Finlandiýa, Russiýa, Germaniýa ýaly gür tokaýly, bol suwly ýurtlara häsiýetli. Türkmenistanda bolsa tokaýam, suwam ýagdaýlyrak. Emma onuň hem çäresi tapyldy: kagyzy bugdaýdan samany bilen pagta galyndysyndan ýasap bolýandygy subut edildi. 2004-nji ýylda Ak bugdaý (ozalky Gäwers) etrabynyň Yaşlyk şäherçesinde kagyz önümçilik toplumy ulanylmaga berildi. Toplum esasan iň täze nemes tilsimatlary bilen enjamlaryldy. Kärhananyň önümçilik kuwwaty 30 müň tonna (kitap žurnal kagyzy, gazet kagyzy, karton) barabar, ýakyn ýyllarda ony 55 müň tonna ýetirmek we öndürilýän kagyzlaryň 2/3 bölegini eksport etmek bellenilýär.

Görnüşi ýaly Türkmenistanyň senagatynda uly öwrülişik bolup geçýär. Onuň tehnologik derejesi ýokarlanýär, önümleriniň dünýä bazaryna çykmak mümkinçiligi artýar. “Türkmenistanda öndürilen” diýen belgili harytlar daşary ýurtlarda barha giň meşhurlyga eýe bolýar. Şol bir wagtyň özünde ilatyň sarp edýan harytlarynyň başga ýurtlardan getirilişi gitdigiçe azalýar: halk hojalygynyň sarp ediş bazaryny üpjün edýän pudaklary maksada laýyk işläp başlaýar.

## 9. Oba hojalygy

Ykdysadyýeti ösdürmekde oba hojalygy aýratyn uly orun eýeleýär. Çünki oba hojalygy azyk öndürýän esasy pudak, ol senagaty hem çig mal bilen üpjün edýar. 1992-nji ýylda Türkmenistanda “Täze oba” syýasaty yglan edildi. Bu

syýasatyň düýp maksady daýhany hakyky daýhan etmek ony ýere suwa, öz öndüren önümine erki ýeter ýaly etmekdir.

1994-1995-nji ýyllarda Türkmenistanda kolhozlar ýatyrylyp, daýhan birleşikleri döredildi. Kärendeçilige giň ýol açyldy. Ýerler hususy eýeçilige berlip başlandy. Mülkdarlar peýda bolýar. Oba hojalygynyň beýleki pudaklar bilen utgaşmagy bolup geçýär. Ekerançylary we maldarlary senagat, ulag, hyzmat ediş pudaklar bilen sazlaşykly baglanyşdyrmak maksady bilen, paýdarlar jemgyýetleri we konsernler ulgamy döredildi. Ol agrosenagat toplumynyň önümlerini taýýarlamak, saklamak, täzeden işlemek we ýerleşdirmek bilen meşgullanýarlar.

Oba hojalygynda kärendeçilik ornaşýar. Daýhanlaryň aň-düşünjesinde öwrülişik bolup geçýär. Indi ekerançylaryň, maldarlaryň köpüsi agrar özgertmäniň ähmiýetine, onuň ykdysady we durmuş taýdan getirýän peýdasyna barha aýdyň göz ýetirýärler. Munuň şeýledigine diňe bir galla önümçiliginde ýetilen sepgidem güwä geçýär. 1998-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji gezek 1,240 müň tonna galla ýygnaldy. Soňky ýyllarda bu görkeziji üç essä golaý artdy. Türkmenistan öz gallasy bilen özüni üpjün edýän ýurtlaryň hataryna goşuldy. Gök-bakja, üzüm, miwe maldarcylyk önümlerini taýýarlamaklygyň möçneri ýyl-ýyldan artýar. Pagtaçylygy ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. 2002-nji ýyldan başlap kärendeçilere öndüren bugdaýlarynyň kepegini, samayny, tabşyran pagtalarynyň çigidinden önýän önümleri (ýag, şulha, sarun) bermek ýola goýuldy. Bu diňe bir kärendeçileri önümçilige goşmaça höweslendirmek bilen çäklenmeýär, maldarçylygy ot-iým bilen üpjün etmägede ýardam edýär.

Türkmenistanyň XV Halk Maslahatynda (2004 ý) “Ýer hakynda”, “Suw hakynda” kanunlar kabul edildi. Bu kanunlar oba hojalygynda bazar gatnaşyklaryny çuňlaşdyrmaga, pudagyň hojalyk özbaşdaklygyny we öz-özüne maliýe üpjünçiligini ösdürmäge gönükdirilendir. Halk Maslahaty Türkmenistanyň oba hojalyk paýdarlar jemgyýetini döretmegi

karar etdi. Onuň wezipesi oba hojalyk ekinleriniň, ylaýta-da bugdaýyň we pagtanyň öndürilişini artdyrmakdan, şol maksatlar bilen kärendeçi daýhanlaryň ykdysady taýdan höweslenip işlemeklerini üpjün edýän çäreleri durmuşa geçirmekden ybarat. Mysal üçin pagtaçylykda hasylyň 40%-ni dölete tabşyryp, galan 60%-ni biržanyň üsti bilen erkin bahalarda ýerlemäge rugsat berilýär.

Oba hojalygynda pudaklaýyn özgerişler, şeýle hem ekinleriň ýerleşdirilişinde özgerişler bolup geçýär. Bagçylyk, üzümçilik, gök-bakja ekerançylygy. Şugundyrçylyk, şalyçylyk, bal aryçylyk ýaly pudaklar hem çalt depginler bilen ösdürilýär. Ozal Balkan welaýatynyň oba hojalygynda ekerançylyk pudagy ýok diýen ýalydy. Indi bu ýerlerde hem bugdaýyň we gowaçanyň ekin meýdany barha giňelýär. Ýurdumyzyň günorta sebitlerinde subtropik bagçylyga-zeýtun, hurma, injir we ş.m. agaçlary ekmeklige üns güýçlenýär. Teplisalarda limon ekerançylygy bolsa hemme welaýatlarda ýaýrady.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda tarp ýerleriň 700 müň ga özleşdirilip, suwarymly ýerleriň meýdany 2 mln. ga ýetirildi. Geljekde ony iki esse artdyrmak bellenilýär. Garagum derýasyny gyrmançadan arassalamak, Zeýit, Hanhowuz we beýleki suw howdanlaryny giňeltmek işleri alnyp barylýar. 2004-nji ýylda Tejen derýasynyň boýunda "Dostluk" suw howdany ulanylmaga berildi. Daşoguz welaýatynda Türkmen derýasy, Lebap welaýatynda Atamyrat Nyýazow adyndaky kanal gurulýar. Oba hojalygynyň maşyn-traktor parky häzirki zaman tehnikasynyň hasabyna täzelendi.

2000-nji ýylda Türkmenistanda ägirt uly desganyň-Türkmen kölüniň gurluşygyna başlandy. Köli ýurduň günbatarynda Gaplaňgyryň golaýyndaky uly tebigy çöketlikde-Garaşorda emele getirmek, onuň üçin ähli welaýatlardaky şor suwlary akabalar arkaly şol ýere akdyrmak göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda "Altyn asyr köl gurluşyk" önümçilik birleşigi we welaýatlardaky degişli guramalar bu ugurda iş alyp barýarlar. Baş şor suw akabasy Serdarabat etrabyndaky

Ketteşordan başlap, Üňüz aňyrsyndaky Garagumdan, Merkezi Garagumdan Türkmen kölüne tarap 720-km-e uzalyp gidýär. Ol başlanýan ýerinde Lebap welaýatynyň baş çep kenar şor suw akabasynyň suwlaryny alyp, soňra ýolda Mary (Merw, Murgap), Ahal, Balkan welaýatlarynyň hem şor suwlarynyn toplap, soňra Garaşora ýetiberende, Daşoguz şor suw akabasy (432 km) bilen goşulyşyp, uly derýa öwrülip köle guýmalydyr. Aşgabadyň we beýleki uly şäherleriň-de şor suwlaryny şol akabalara akdyrmak bellenilýär. Kölüň gurluşygy 2009-njy ýylda tamamlanýar. Bu ägirt desga ýerleriň melioratiw ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, şor suwlaryň arassalanyp ikinji gezek peýdalanmagynyň hasabyna täze ýerleri özleşdirmäge, öri meýdanlaryny suwlulandyrmaga mümkinçilik berýär, ýurduň keşbi özgerýär, çünki Garagumuň içinden uzaboýuna we gapdallaýyn geçýän akabalaryň boýunda täze obalar, şäherçeler, bag-bakjalar emele gelýär.

Maldarçylyk pudagynyň ösmegi üçin amatly şertler döredildi. 1993-nji ýyldan başlapm ilatyň tebigy gaz, elektrik energiýasy bilen mugt üpjün edilmegi ýurduň gurumsy agaçlarynyň, ot-çöpleriniň çapylyp-orulmak zerurlygyny aradan aýyrdy. Garagumuň sazakly-selinli, ýylakly-gülälekli öri meýdanlary dikelip barýar. Türkmenistanda ýre, mal saklaýana salgyt ýok. Çopanlara bakýan dowarlaryndan alan owlak-guzusynyň ýarsy zähmet haky hökmünde berilýär. Çopançylyk örän düşewüntli käre öwrüldi. Resmi maglumatlara görä, 1991-nji ýylda ýurtda dowarlaryň 5,5 mln. Golaýy bardy. 2006-njy ýylda bolsa olaryň sany 19 mln. Ýetdi. Şu döwürde gara mallaryň sany 829 müňden 2 mln. Ýetdi. Yitip barýan pudaklar bolýan gylýalçylyk, düýedarçylyk dikeldildi.

## 10. Eýeçiligi hususylaşdyrmak

Halk hojalygynda eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak boýunça işler giň gerim alýar. Türkmenistanda hususylaşdyrmak işi tapgyrma-tapgyr amala aşyrylýar. Birinji

tapgyrda (1994-1996 ýý) ilata durmuş taýdan hyzmat edýän söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, halkyň sarp edýän harytlaryny öndürýän kärhanalar, gurluşyk materiallary senagatynyň hemde awtomobil ulagynyň kärhanalary, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar, gurluşygy togtadylan ýa-da taşlanan önümçilikler hususylaşdyryldy. Ikinji tapgyrda (1997-nji ýyldan başlap) uly senagat, gurluşyk, ulag kärhanalary hususylaşdyrmak amala aşyrylýar, paýdarlar jemgyýetleri, maýa gaznalary, gymmat bahalay kagyzlar bazary, gazna biržalary döredilýär. Has möhüm desgalar: ýangyç energetika toplumynyň kärhanalary, demir ýol, deňiz, howa ulagy, habar beriş we telegraf gullugy, saglygy goraýyş, medeniýt, halk magaryfy döwletiň eýeciliginde galdyrylýar.

1996-njy ýylda Türkmenistanda 1833 hususylaşdyrylan kärhanalar bolan bolsa, 2005-nji ýylda olaryň sany 11 müňe ýetdi. Başgaça aýdylanda, ýurtda ähli kärhanalaryň 63%-i hususy eýeleriň eline geçdi. XVI Halk Maslahatynyň (2005 ý) karary bilen, hususyýetçilige täze itergi berildi. Ozal hususy haryt öndürijilere salgytlaryň bäşisi salynyp, olaryň alýan peýdasynyň 15%-ne çenli döwletiň hasabyna alynýardy. Indi olara bir salgyt salnyp, ol hem alynýan peýdanyň 2%-i bilen çäklenýär. Munuň özi, hususyýetçiler üçin örän uly ýeňillikdir.

## 11. Ulag we aragatnaşyk

Bu pudakda uly işler durmuşa geçirilýär. 1994-nji ýylda Aşgabatda Beýik Türkmenbaşy adyndaky halkara uçar menzili açyldy. Welaýat merkezlerindäki uçar menzilleri döwrebaplaşdyrylýar. “Boing” uçarlary satyn alyndy we diňe bir halkara howa ýollarynda däl, eýsem ýurduň içinde-de ýolagçylara hyzmat edip başlady. Tejen-Sarahs-Maşat (Eýran) demir ýoly guruldy. 1996-njy ýylda onuň işe girizilmegi bilen, Beýik ýüpek ýoly polat ýollarda dikeldildi. 2005-nji ýylda Maşat-Bafk (Pars aýlagy) aralygyna gurulan demir ýoly hem işe girizilip, dünýä ummanyna demir ýol arkaly gös-göni

çykalga açyldy. Häzir Sarahs demir ýol menzilinden günde 200 ýük wagony, ýylda 2,5 mln. t ýük geçýär. Ýakyn ýyllarda onuň mese mälim artjakdygy şübhesizdir. 1999-njy ýylda Türkmenabat-Atamyrat (Kerki) demir ýoly 2006-njy ýylda bolsa Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýoly ulanylmaga berildi. Bu ýollar ýurduň merkezi bilen gündogar we demirgazyk sebitleriniň arabaglanyşygyny has jebisleşdirdi. Geljekde Türkmenbaşy-Gyzylgaýa-Daşoguz, Türkmenbaşy-Garabogaz (ozalky Bekdaş), Bereket (ozalky Gazanjyk)-Etrek (oazlky Gyzyletrek), Atamyrat-Tagtabazar-Sarahs demir ýollaryny gurmak meýilleşdirilýär. Şu ýollaryň gurulmagy bilen Türkmenistanda bitewi demir ýol aýlawy emele geler. Dünýä ölçeglerine laýyk gelýän gara ýollaryň gurluşyna ägirt uly üns berilýär. Aşgabat-Arçabil şa ýoly guruldy. Aşgabadyň daşynda gara ýol aýlawy, Aşgabat-Garagum-Daşoguz, Aşgabat-Balkanabat-Türkmenbaşy, Aşgabat-Mary-Türkmenabat gara ýollary guruldy we beýleki gara ýollaryň durkyny täzelemek işleri alnyp barylýar. Ýurduň Lakamatiw-Wagon, Awtomobil-trolleýbus parklary täzelenýär.

Hytaýyň Şan-haý şäherinden Germaniýanyň Frankfurt şäherine çenli uzap gidýän Halkara aýna-süýüm aragatnaşyk ulgamynyň Aşgabat-Türkmenabat aralygynyň 1999-njy ýylda işe girizilmegi we telekomunikasiýa serişdeleriniň täzelenmegi ýurduň beýleki döwletler bilen aragatnaşygyny ösdürmäge giň mümkinçilikler açdy. Dünýäniň iri kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda sanly awtomatik telefon stansiýalarynyň onlarçasy oturdyldy, olaryň gurluş depgini we göwrümi barha artýar. 2020-nji ýyla çenli ilatyň telefon aragatnaşygyna bolan islegini doly kanagatlandyrmak, telefon nokatlarynyň sanyny 2250 müňe ýetirmek bellenilýär. El telefonlaryň sany artýar. Eletron aragatnaşygy ýola goýulýar. Häzirki wagtda Türkmenistan hemralaryň üsti bilen dünýäniň köp şäherlerine çykyp bilýär. Aşgabatda internediň halkara ugrunyň aragatnaşyk halkasy işleýär. Paýtagtyň we welaýat merkezleriniň ilaty, ozaly bilen talyplar, ýörite mekdebiň

okuwçylary internediň halkara maglumatlar ulgamyndan peýdalanyp bilýärler. Dünýä jemgyýetçiligi üçin hem Türkmenistan baradaky iň täze maglumatlary almaga şert döredildi. Häzir türkmen iňlis we rus dillerinde çykýan “Türkmenistanyň Prezidentiň metbugat çapary” gazetiniň kompýuter saýty internet ulgamyna yzygiderli berilýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar düzümleri emele gelýär. Pul haryt gatnaşyklary ösýär. Ýurduň ykdysady howpsuzlygy pugtalanýar. Haryt gytçylygy ýeňilip geçildi. Azyk garaşsyzlygy gazanyldy. Milli ykdysadyýet dünýä ykdysadyýetine, ulaglar we aragatnaşyk ulgamlary halkara ulgamlaryna barha işeňňir goşulyşýar. Bu bolsa ýurduň durmuş ykdysady taýdan kadaly ösmegi üçin amatly şertler döredýär.

## XXII. Medeni ruhy durmuşdaky özgerişlikler.

### 1.Medeniýetiň maddy esasynyň täzelenmegi.

Ýurt Garaşsyzlygy diňe bir durmuş ykdysady taýdan däl, eýsem, medeni ruhy taýdan hem özbaşdaklygyny aňladýar. Has takygy ol halkyň medeni ruhy gymmatlyklaryny dikeltmek wezipesini ör boýuna galdyrýar. Eýsem, medeni ruhy gymmatlyklar näme? Olar giden bir dünýä. Ol dünýäde zehini daş ýarýan “Eli, dili hünärli” halk ussatlarynyň galdyryp giden sanýetmez nusgalary. Nesillere eden pentleri, sargytlary ruhy dünýä güýç berýär, ylhama ylham goşýar. Onuň ornuny hiç bir zat tutup bilmeýär. Ol dünýäniň abatlygy iň uly baýlykdyr, berbatlygy bolsa betbagtlykdyr. Bu aýratyn bir adam ýada tutuş bir halk hakynda aýdylanda hem şeýledir. Soňky bir asyrdan gowrak wagtyň dowamynda türkmen halkynyň ruhy dünýäsi ber-bibat edildi. Ilki Russia, soňra Sowet imperiýasynyň hökmürownlary Türkmenistanda “oglanjygy atrasyna meňzetmezlik” üçin elinden gelenini etdiler. Halkyň arasynda

milli aňsyzlyk kök urdy. Öz ene dilini, däbini-dessuryny bilmeýän, asla bilesi hem gelmeýän ýaşlar köpeldi. Ägirt uly imperiýada "Medeniýetleriň bir-birine golaýlaşýan we goşulyşýan, netijede bolsa rus medeniýetiniň däplerine eýerilip ýülmenilýän we "sowet medeniýeti" kemala getirilýän şertlerinde başga bolup biljek hem däldi. Gysgaça aýdylanda, orsa meňzäp dilinde geplemeseňem, sözüň gara köpüge geçenokdy. Türkmenistanda medeni ruhy gymmatlyklary dikeltmekde ilkinji ädimler üýtgedip gurmak döwründe ädildi. Milli däp dessurlary dikeltmek merhumlary hatyralamak ene diliniň mertebesini galdyrmak boýunça käbir işler edildi. Emma bu işler tüýs manysyna, döwlet derejesindäki gerime Garaşszylyk döwründe eýe boldy. Halkyň medeni ruhy gymmatlyklary bilen baglanyşykly meseleler Türkmenistanyň Konstitutsiýasynda, "10 ýyl abadançylyk" maksatnamasynda, soňraky kabul edilen milli maksatnamalardada öz beýanyny tapdy.

Halkyň ruhy medeni gymmatlyklaryny dikeltmek medeniýet ulgamynyň maddy esasyny ösdürmek bilen baglydyr. Türkmenistanda bolsa ol, dünýä derjesi hakda aýdylanda-da, ozalky Soýuz Respublikalarynyň arasynda hem iň pes derejededi. Mysal üçin 1991-nji ýylda Türkmenistanda teatrlaryň 9-sy, muzeýleriň 27-si bolan bolsa ondan üç esse az ilatly Estoniýada teatrlaryň 10-sy, muzeýleriň 80-si bardy. Respublikanyň ilatynyň muzeýdir sergi zallary bilen üpjünçiligi normatiw talaplarynyň 20%-ne barabardy. Türkmenistanda žurnallaryň we beýleki döwürleýin neşirleriniň ýylda 33-si çykarylan bolsa, Estoniýada 162-si çykarylýardy. Respublikanyň kitaphanalaryndaky kitaplaryň diňe 3%-i türkmen dilindedi. Konsert zallarynyň diňe ikisi, birem sirk bardy, sebäbi soňky çärýek asyrda beýleki jaýlar gurulmandy. Normatiw boýunça bir seýil bagyna 39 müň adam düşmeli bolsa respublikada 160 müň adam düşýärdi. Medeniýet ojaklarynda ilata edilýän hyzmatyň hili pesdi.

Medeniýetiň maddy esasynyň häsiýetini häsiýetlendirmekde bu aýdylanlar hem bärden gaýdýardy. Göwnüme bolmasa şäherdir obalar egnini gysyp oturan ýalydy. Aşgabatda 1-2 sany köçe bar diýäýmeseň, beýleki köçeler, ýol-ýodalar, çukur-sakyr bolup ýatyrdy. Şäher gurluşygynda bolsa milli özboluşlygyna üns berilmeýärdi. Asla milli binagärlik däpleri unudylana meňzeýärdi. Şäherlerde gelşiksiz biri birine meňzeş mikroraýonlar, ýaşaýyş edara jaýlary gurulýardy. Olaryň esasy "bezegi" çal betondy. Paýtagtyň merkezinde, türkmen döwlet uniwersiteti bilen garagum gurluşyk edarasynyň (häzirki teleşkezilik merkeziniň) arasyna bolsa beton haly çendenaşa köp guýulypdy. Ol ýere şäherliler "Demir beton alleýasy" diýýärdiler. Diýmezçede däldi: "Alleýada diňe bir meýdançalar, ýodalar däl, hatda söwda satyg üçin gurlan "çatmalar" dyz epmek üçin goýlan oturgyçlary hem betondandy. Bu görnüşde birhili tukatlyk bardy. Ol alnyňa agram salýardy, kemsidýärdi.

Garaşsyzlyk halkyň medeni ruhy durmuşyny galkyndyrdy. Medeniýetiň maddy esasy pugtalandyryldy. Döwlet bu ugra birinji derejeli ähmiýet berýär. Şäher gurluşygynda milli binagärlik däpleri dikeldilýär. Işler dünýä binägärlik sungatynyň gazananlary bilen utgaşykly alnyp barylýar. Bu ugurda ýurduň paýtagty Aşgabada aýratyn uly üns berilýändigi düşnüklidir. Eýýäm 1991-nji ýylda Aşgabady 2020-nji ýyla çenli ösdürmegiň Baş meýilnamasy tassyklandy. Onda Garaşsyz hem Bitarap döwletiň paýtagty hökmünde şäheriň syýasy keşbine laýyk megapolise öwrülmegi göz öňünde tutulýar. Mermer daşlaryny, esasan hem ak mermeri diňe bir edara jaýlarynda däl, eýsem ýaşaýyş jaýlaryny bezmekde-de giňden ulanmak bellenilýär. Meşhur fransuz "Buig" we beýleki daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda şäherde gurluşyk görlüp-eşdilmedik giň möçberde alnyp barylýar. Aşgabatda 1997-nji ýylda Türkmenbaşy köşgi, 1998-nji ýylda Bitaraplyk derwezesi, 1999-njy ýylda Ruhyýet köşgi, 2000-nji ýylda Garaşsyzlyk

binasy, 2001-nji ýylda Adalat köşgi ulanylmaga berildi. Bezeg aýratynlyklary bilen tapawutlanýan Milli seýilgäh, “Türkmenistanyň Garaşszylygynyň 10 ýyllygy” seýilgähi, “Atamyrat Nyýazow adyndaky ýadygärlik seýilgähi” peýda boldy. 2006-njy ýylda Aşgabadyň golaýynda Owadandepede mermerden hem granitden bezeg plitalaryny ýasaýan zawod ulanylmaga berildi. Ozal mermer daşlary Italiýadan getirilýärdi. Indi oňa zerurlyk ýok. Zawodyň kuwwatlygy ýylda 205 müň inedördül metr mermer hem granit daşlaryna barabar. Ol paýtagtda we welaýatlarda kaşaň jaýlaryň gurluşyny has-da güýçlendirmäge mümkinçilik berýär. Häzir Aşgbadyň hemme ýerlerinde diýen ýaly gurluşyk, abadanlaşdyryş işleri dowam edýär. Şäher günorta-Köpetdag tarapa çalt ösýär. Täze Arçabil şaýolunyň ugrunda örän kaşaň ýaşaýyş jaýlary, myhmanhanalar, ministrlikleriň edara jaýlary we beýleki ymaratlar gurulýar. Paýtagtda häzirki zaman söwda merkezleriniň onlarçasy, Sergi köşgi, “olimpiýa” stadiony, 2006-njy ýylda bolsa aşgabatlylar üçin geň hem buýsançly-Buz köşgi ulanylmaga berildi.

Aşgabatda meýdançalar, ýan ýodalar, duralgalar-mahlasy, ähli ýerler abadanlaşdyrylýar. Şäheriň daşynda dört tarapynda milli binagärlik sungatynyň ajaýyp nusgalary-belent derwezeler guruldy. Şäher wremýanka tipli (1948-nji ýylda ýer titrände wagtlaýyn gurlan) jaýlardan arassalanýar, garažlar tertibe salynýar. Agyz suwuna teşne bolup oturan şäherde häzir çüwdürimleriň ýüzlerçesi işleýär. Göm-gök maýsaly meýdanlar, meýdançalar köpelýär. Ýasen, gladiş ýaly hapasy köp agaçlar hemişe gök öwsüp oturan ýolka, arça agaçlary bilen çalşyrylýar. Milli seýilgäh-Gindiwar-Nusaý aralygynda gurlan “Serdaryň Saglyk ýolunyň” töwereginde millionlarça düýp agaç nahallary oturdyldy. Ak şäherimiz Aşgabat gür baglyga bürenip barýar.

Türkmenbaşy, Balkanabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherleri düýpli özgerýär. Ol şäherlerde-de gurluşykda ak mermer giňden ulanylýar. Mysal üçin, Türkmenbaşy

şäherinde menzilleriň (demir ýol, deňiz, howa) durky täzelenip, döwrebaplaşdyryldy, “Serdar” myhmanhanasy guruldy. Köçeler, ýan ýodalar abadanlaşdyryldy. Ýaşaýyş we edara jaýlarynyň keşbi täzelendi. Kaşaň ymarat-ruhyýet köşgi guruldy. Hazaryň ýakasynda häzirki zaman dynç alyş zolagy döredildi. Ol ýerde täze myhamnhanlar, şypahanalar gurulýar. Welaýat merkezleriniň, şeýle hem beýleki uly şäherleriň kommunal hojalygyny ösdürmegiň ýörite maksatnamasy durmuşa geçirilýär. Şäherlerde gül ekmeklige, arassaçylyga uly üns berilýär. 1999-njy ýylda döredilen “Gök guşak” paýdarlar jemgyýetiniň ilatly ýerleriň töweregine agaç ekmek, ýurdy gür baglyga öwürmek baradaky alyp barýan işleriniň oňaýly täsiri barha äşgär duýulýar.

1993-nji ýylda Türkmenistanda medeniýeti hem-de sungaty ösdürmek we goldamak gaznasy döredildi. Medeniýet gaznasy ýurduň teatrlarynyň, kitaphanalarynyň, konsert edaralarynyň, muzeýleriniň, seýil baglarynyň düýpli rejeleýiş işlerine ýa-da zerur enjamlara mätäçlik çekýänlerine serişde kömegini berdi. Taryhy we medeni ýadygärlikleri dikletmäge, dürli derejedäki festiwallary, konkurslary geçirmäge ýardam etdi. Gazna eýýäm öz döredilen ilkinji ýylynda Medeniýet ministrligi tarapyndan geçirilen ählitürkmen amaly-haşam sungatynyň I festiwalynyň guramaçylygyna mynasyp goşant goşdy. Festiwal halkymyzyň gadymdan gelýän amaly haşam sungatynyň kämil ýollarynyň we inçe syrlarynyň heniz ýitmändigini, ata-babalarymyzyň iňňän ýokary döredijilik ruhunyň bardygyny görkezdi.

Festiwal günleri Aşgabatdaky ozalky ýarmarkanyň ýeri sözüň doly manysynda hünärmentler şäherjigine öwrüldi hatara gurlan ýüze golaý öýjagazlaryň hersinde bir hünäriň ussady (birinde halyçy, beýlekisinde zergär, ýene birinde demirçi, başga birinde dutarçy ussa we ş.m.) ýerleşip, öz dokan, ýasan zatlaryny halka görkezdiler. Babadaýhan etrabyndan gelen demirçi ussa G.Amangulyýewiň kepgirdir gyrgyçlary, gezlikdir at agyzdyrygyny, gyrkylykdyr aw gapanyny,

synnydyr gopuzyny, Çarşaňňy etrabyndan A.Şyhmyradowyň çeperçilik bilen basma basyp keşde çekişini aşgabatlylar we paýtagtyň myhmanlary uly gyzyklanma bilen synladylar. Ýaşuly magaryfçy ussat Y.Işangulyýewiň ýasan gadymy we orta asyr ýadygärlikleriniň maketleri, hudožnik K.Baýlyýewiň suw kädilerinden ýasan sungat eserleri, heýkeltaraş B.Ahmedowyň çeper keramika işleri tomaşaçylarda uly täsir galdyrdy.

Türkmen halkynyň bu sungaty nesilden –nesle geçip, biziň şu günlerimize gelip ýetdi. Taryhyň belli bir halatlarynda oňa gyýa göz bilen garalan pursatary hem boldy. Ýöne türkemn senetçileri, hünärmentleri ata-babalarymyzyň sungatynyň ýitip gitmegine ýol bermediler. Men bu gün siziň gaýratyňyzyň, çydamlylygyňyzyň hem ussatlygyňyzyň öňünde baş egýärin hem-de indiden beýläk bu işe döwlet derejesinde uly ähmiýet beriljekdigini yglan edýärin. Mundan beýläk Türkmenistanyň senetçileri we hünärmentleriniň sarpalary belent tutulýar. Çünki Garaşsyz döwletimiz gurmagymyz bilen biziň öňümizde örboýuna galan wezipäni-täze türkmen medeniýetini kemala getirmek wezipese gadymy amaly-haşam sungatymyzy, el hünärlerimizi doly dikleltmek göz öňüne getirmek kyn”.

Türkmenistanda amaly haşam sungatynyň festiwallary, sergileri soňky ýyllarda hem geçirildi. Olara ähli etraplardan çeper elli-halyçy, keşde çekýän gelin gyzlar, il arasynda belli zergärler, demirçi, telpekçi, içmek tikýän we beýleki ussalar gatnaşýarlar. Sergiler senetkärleriň yzyna eýerýän ýaşlaryň köpelýändigini, olaryň öndürýän harytaryna isleg artýandygyny görkezýär. Guwançly zat: ussalaryň köpüsinde şägirtleri bar. Şägirt bolmak halpyadan ozdurmalydyr. Milli senetleri gaýtadan dikeltmek, halypa-şägirtçiligi täze şertlerde ösdürmek boýunça “Senet” döwlet birleşigi hem uly işler alyp bardy. Birleşikde hünärment mekdepleriniň 44-si, lisseýleriň 15-si, okuw-önümçilik merkezleriniň 14-si işleýärdi. Olarda tälim alýan ýaşlar daýhançylyk, halyçylyk gurallary, çarwaçylyk enjamlary bilen bir hatarda dutardyr gyjak, alty ganat ak öýleri

ýasamak, at seýislemek ýaly hünärleri hem uly höwes bilen öwrenýärler. 1997-nji ýylda “Senet” birleşigi ýatyryldy. Hünärmentçilik mekdepleri, lisseýler degişli ministrliklere berildi. Indi her ministrlik öz ugruna degişli hünärler boýunça ýaşlary özi taýýarlaýar. Senetkärleriň täze nesli kemala gelýär. Türkmeniň ruhuna ýugrulan senetler dowam edýär. Onuň maddy medeniýeti dikeldilýär. Bu garaşsyzlygyň beren iň datly miweleriniň biridir.

Danalar “Adam eli gyzyl gül” diýipdirler. Hakykatdan-da, hünärli adamyň eli güle meňzeýär. Ýöne bu paýhas öňi bilen haly diýlen syrly älemi döredýän gudratly gollara degişli bolsa gerek. Elinden dür dökülýän gelin-gyzlara il gün hemişede sarpa goýupdyr. Häzirki döwürde bolsa olaryň mertebesi döwlet derejesinde belende göterildi. Halyçylaraam, halyçylygam uly alada bilen gurşalyp alyndy. Türkmen halysynyň dünýä bazarynda öçüşen şöhratyny dikeltmek boýunça düýpli işler amala aşyryldy.

1992-nji ýylyň Maý aýynyň soňky ýekşenbesinde ýurtda ilkinji gezek Türkmen halysynyň baýramçylygy geçirildi. Şol ýylyň awgust aýynda äpet hala “Türkmeniň kalby” diýen at dakyldy. Ululygy 190 inedördül metre, agramy 865 kg barabar bolan bu täsin haly 1941-nji ýylyň iýul aýynda ýüwürdilip, 1942-nji ýylyň fewral aýynda kesilipdir. Onuň her inedördül metrine 259 müň çitim, jemi 48,8 mln çitim çitilipdir. Ony dokamaklyga Gyzylarbatdan (häzirki Serdardan) halyçy gelin-gyzlaryň 36-sy ýörite Aşgabada getirilipdir. Olara meşuhr halyçy N.Annamyradowa ýolbaşçylyk edipdir. Bu ýöne bir haly däl: giden göller dünýäsi. Gelin gyzlar oňa öz arzuw-hyýallaryny, ýürek owazlaryny siňdiripdirler. Ol şol döwürde-de, häzirem göreniň aklyny haýran edýär.

1993-nji ýylyň baharynda äpet halyny dokan gelin gyzlaryň häzirki wagtda ak saçly dili senaly eneleriň (olaryň ençemesi dünýäden ötüpdir) zähmetine uly baha berildi. Olar Magtymguly adyndaky halkara baýraga mynasyp boldular. Ak guş ýaly ak saçly eneler bu gezek Aşgabada hormat üçin

çagyryldy. S.A. Nyýazow olary ýörite kabul edip, baýraklaryny elin gowşurdy.

1994-nji ýylyň güýzünde Aşgabatda türkmen halysynyň muzeýi açyldy. Muzeýiň ak mermere geýdirilen iki gat jaýynda türkmen halylarynyň we haly önümleriniň 2 müňe golaýy saklanylýar. Muzeýde "türkmeni kalby" ýörite gurlan aýratyn jaýda ýerleşýär. Muzeýiň haly sehi bar. Onda käbir ýitirilen nagyşlary, gölleri dikeltmek boýunça hem iş alnyp barylýar.muzeý türkmen halysynyň taryhy boýunça ylmy ojaga öwrülýär. Buýerde dünýä halyşynaslarynyň mejlisleri geçirilýär. Haly sergileri guralýar. Aşgabadyň mekdepleri, ýokary okuw mekdepleri, edaralary Muzeý bilen şertnama esasynda hyzmatdaşlyk edýärler. Muzeýiň işlän diňe ilkinji ýylynda onuň eksponatlaryny 7müň adam, şol sanda 5 müň mekdep okuwçylary we talyplar bryp gördüler. Muzeýe daşary ýurtly alymlar, diplomatlar, işewür adamlar hem uly gyzyklanma bilen barýarlar. Mysal üçin muzeýiň ýazgylar kitabynda BMG-niň işgäri B.Demidow şeýle sözler ýazypdyr: haly gözellegi meni biçak tolgundyrdy we haýran galdyrdy. Türkmen halkyna taňryýalkasyn".

1996-njy ýylda türkmen halyçylary ýene bir äpet halyny-"Türkmenbaşy" atly halyny dokadylar. Bu halynyň meýdany 266 inedördül metre barabar bolup onuň her inedördül metrinde 304 müň çitim çitilipdir. Ol türkmenistanyň Milli muzeýini bezeýär. 1998-nji ýylda "Prezident" atly üçünji äpet haly (meýdany 294 inedördül metr, onda jemi 118 mln. çitim çitilen) dokalyp, Ruhyýet köşgünde gerilip goýuldy. 2001-nji ýylda dördünji äpet haly "Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyry" atly dokaldy. Halynyň meýdany 301 inedördül metre, agramy 1200 kg barabar. Bu täsin sungat eseri Türkmen halysynyň muzeýinde saklanýar. Ol Ginnesiň Täsinlikler kitabyna girizildi.

Türkmen halysy gözelligiň nusgasy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň şäherlerinde we etrap merkezleriniň hemmesinde diýen ýaly haly fabrikleri, sehleri işleýär. Kiçiräk

fabrikler ýa-da sehler obalarda-da açyldy. Gös göni öýde haly dokamaklyk hem barha giň ýaýraýar. Türkmen gelin gyzlary ata-baba özlerine mahsus bolan kesp käre dolanýarlar. Bu hem maddy medeniýetiň dikelýändiginden bir nyşan häzir daşary ýurtlarda türkmen harytlaryna isleg barha artýar. Ol haly önümleriniň hiliniň ýokarlanmagy bilen bir hatarda, görnüşleriniň has-da artmagyna hem kämilleşmegine ýardam edýär.

Türkmenistan döwlet özbaşdaklygyna eýe bolup, halkymyzyň harlanan mukaddeslikleriniň ýene birine gamyş gulak bedewlerine hem hossar çykdy. 1991-nji ýylyň güýzünde "Türkmen atlary" döwlet birleşigi döredildi. Şol wagtlar Türkmenistanda atlaryň 16 müňi, şol sanda 7 müňe golaý ahal-teke atlary bardy. Geçen ýyllarda olaryň sany ep-esli artdy. Daýhan birleşiklerinde atçylyk fermalary döredildi, hatda käbir aýratyn hojalyklar hem at saklap başladylar. Aşgabat aýlawy (ippodromy) düýpli döwrebaplaşdyryldy. Maryda we Daşoguzda aýlawlar guruldy.

1992-nji ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde türkmen bedewiniň güni ilkinji gezek baýram edildi. Baýramçylyk mynasybetli at bilen bagry badaşan seýislerdir çapyk-suwarlaryň ençemesine "Türkmenistanyň hormatly atşynaslary" diýen at dakyldy. Baýramçylyk güni Aşgabat aýlawyny görmäge göz gerekdi. Hatara gurlan ak öýler, üstüne haly düşelen agaç sekiler, bugaryp duran gazanlar, gök çaýyň başynda bagşy diňleýän, milli tanslara tomaşa edýän at gaýtarym märeke. Ak sakgal gojalardyr ýaş-juwanlaryň uly baýraklara goýberilen bedewlere janköýerlik edişleri, al-asmana göterilýän şowhun. Bu hakykatdan-da, döwlet derejesindäki geçirilen uly toýdy. Halk öz göz guwanjy bedew atyny ýitirip tapan ýalydy, onuň şöhratyny täzeden dikeldýärdi. Şondan bäri türkmen bedewiniň güni her ýyl baýram edilýär.

2006-njy ýylda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Atçylyk toplumy açyldy. Köpetdagyň eteginde 55 ga meýdany öz içine alýan toplumda 6 sany 44 orunlyk athana, 20 orunlyk

athana, kesel bejeriş we keseliň öňüni alyş çärelerini geçirmek üçin 20 orunlyk aýratyn athana, atlaryň çapuw ýodalary, seýisler, atbakarlar üçin ýörite dynç alyş otaglary, garbanyşhanlar bar. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän bu tolplumyň çäginde dürli agaçlaryň 25 müňüsi ekilipdir. Olar maýsaly meýdanlara garyşyp ygşyldap otyr. Toplumda alnyp barylýan seçgi we tohumçylyk işi sap arassa ganly atlary köpeltmäge mümkinçilik berýär. Häzir toplumda Pyýada, Gülüstan, Keremli, Tyllaguş ýaly aýlawy baglan meşhur atlaryň ençemesi bar.

## 2. Milli baýramçylyklaryň, dini-ruhy gymmatlyklaryň dikeldilmegi

1991-nji ýylyň mart aýynyň 21-inde Türkmenistanda Nowruz baýramy, 1992-nji ýylyň tomsunda Gurban baýramy ilkinji gezek resmi taýdan bellenilip geçildi. Ozal dini öwüşgini bar diýilip, gadagan edilen bu baýramçylklarda il-günüň bolşuny görmäge göz gerekdi. Mysal üçin ýaňy-ýaňylar hem ”hüşgär gzölerden” gizlenip, gaçyp gezip gurbanlyk eden halk bu gezek buýsanç bilen milli lybaslara beslenip uludanuly hiňňildikleri dikip, birek-biregi duz çörege çagyryp baýram bilen gutlaýarlar. Başda Gurban baýramynyň bir güni dynç güni diýlip yglan edilipdi. 1994-nji ýyldan başlap bolsa Gurbanlygň hemme günlerinde resmi taýdan dynç berilýär. Tutuş halk, edaradyr kärhanalar, okuw jaýlary üç günläp baýram edýär. 1998-nji ýyldan başlap, Oraza baýramy resmi taýdan bellenilip geçilýär.

Täze döwrebap baýramçylyklar peýda boldy. 1992-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-28-inde garaşszylyk baýramy, 1994-nji ýylyň fewral aýynyň 19-ynda Baýdak baýramy ilkinji gezek baýram edildi. 1992-nji ýylyň maý aýynda Magtymgulynyň şygryýet güni, 1993-nji ýylyň maý aýynda Konstitutsiýa güni, 1994-nji ýylda suw damjasy altyn dänesi, türkmen gawunynyň baýramçylyklary, 1998-nji ýylda galla baýramy, 2006-njy

ýylda dokmaçylaryň gűni ilkinji gezek döwlet derejesinde baýram edildi. Milli baýramçylyklar hökmünde bu döwrebap baýramçylyklary hem her ýyl dabaraly belläp geçmek indi asylly däbe öwrüldi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda milli däp-dessurlar baradaky gadagan etmeleriň ýatyrylandygyna garamazdan, azyk we beýleki harytlaryň gytlygy zerarly toý etmek ýa-da sadaka bermek aňsat däldi. Toý-ýas geçirýänlere 5-10 gänden işden rugsat berilip, dükanlardan döwlet nyrhy bilen kepillendirilen azyk önämlerini almaga mümkinçilik döredildi. 1991-nji ýylyň baharynda Türkmenistanda wyždan azatlygy we dini guramalar hakyndaky kanun kabul edildi. Kanuna laýyklykda, ýurtda wyždan azatlygy doly kepillendirildi. Her bir adam islän dinine uýup biler, uýmanam biler, ýöne beýleki adamlary zorluk bilen şeýle etdirjek bolmaly däldir. Döwlet dini guramalaryň döremegi we kadaly işlemegi üçin şert döredýär. Emma din döwletden aýrydyr, onuň döwlet işine gatyşmagyna ýol berilmeýär. Din syýasat däldir, ony döwlet syýasaty bilen garyşdyrmak bolmaz. Din adamlaryň kalbyny tämizleýän gudraty güýçdir. Jemgyýetiň ahlak sütünlerini döwlet oňa daýanýar we goldaýar. Bu barada S. A. Nyýazow şeýle diýýär: „Yslam biziň taryhymyzyň, şeýle hem durmuşymyzyň bir bölegi hökmünde möhümdir. Türkmenleriň däp-dessurlary yslamyň wagyz edýän medeni hem-de ahlak baýlyklary bilen jana-jan baglanyýyklydyr... Din biziň ýüregimiziň arassalygyny, zandymyzyň halallyny goldap duran çeşmedir. Ol biziň ruhy baýlygymyzdyr.“

1992-nji ýylyň baharynda S. A. Nyýazow hökümet ýolbaşçylaryny, welaýat häkimlerini, ýaşulylaryň uly toparyny ýanyna alyp Mekge Medinä – Käbä zyýarata baryp geldi. Şol ýylyň güýzünde ol öz dogduk obasynda-Gypjakda Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan şehit bolan käbesi Gurbansoltan ejäniň, doganlary Nyýazmyrat bilen Muhammetmyradyň ruhlaryna bagyýlap sadaka berdi. Sadakada musulmançylyga degişli ähli dessurlar berjaý edildi. Döwlet baştutanynyň şahsy göreldesinden il-günüň kalby

kanagatlanma tapdy, çünki ol dini mukaddeslikleriň ýolundaky päsgelçilikleriň doly aradan aýrylýandygyny alamatlandyrdy. 1990-njy ýylda Aşgabatda ilkinji metjit- „Al-Aksa“ metjidi açyldy. Soňky ýyllarda bu ýerde „Azady“, „Ärtogrul Gazy“ metjitleri, Gökdepede „Saparmyrat Hajy“, Türkmenabatda „Abu Ýusup“, Türkmenbaşy şäherinde „Ymam Agzam abu Hanyfa“, Akdepe etrabynda „Kuteýba ibn Muslim“, Baýramalyda „Hoja Ýusup Hemedany“, Balkanabatda „Gara ahun“, Gubadag etrabynda „Fahreddin Razy“ metjitleri (jemi 350-ä golaý metjit) açyldy. Metjit gurluşygy dowam edýär. Raýatlardan öz hasabyna metjit saldyrýanlar hem bar. Mysal üçin, Gurbansoltan eje etrabyndan A. Diwangulyýewa öz hasabyna „Azym Işan“ metjidini saldyrdy. Ol m,etjit etrapda iň sarpaly ýerleriň birine öwrüldi. 2001-nji ýylyň güýzünde XI Ählihalk maslahaty Gypjak obasynda Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň Baş metjidini gurmak barada karar kabul etdi. 2004-nji ýylyň güýzünde bu ägirt uly bina – Türkmenbaşynyň Ruhy metjidi dabaraly ýagdaýda açyldy. Bu merkezi Aziýada iň uly metjitdir. Onuň diňe altyn çaýylan gümmeziniň özi 50 metre barabar. Kaşaň binanyň içine şol wagta çenli dokalyp, taýýar edilen „Sekiz burçly“ äpet haly (ululygy 215 inedördil metr) we bir wagtda müňlerçe adamyň namaza durup biljek halyça-namazlyklary düşelipdir. Metjit daş-töweregi bilen bilelikde agaç ekilen 145 ga. Maýsaly meýdany tutýar.

Dini-ruhy gymmatlyklaryň dikeldilmegi, köp sanly metjitleriň açylmagy din ugrundan bilimli hünärmenler meselesini ör boýuna galdyrdy. Elbetde, ilkinji ýyllarda ýurtda beýle hünärmenler ýok diýen ýalydy. Şol sebäpli zehinli ýaş höweseklerden onlarçasy Türkiýäniň, Müsüriň, Siriýanyň, Saud Arabystanynyň ýörite dini okuw jaýlaryna okuwa iberildi. Türkmen döwlet uniwersitetinde ylahyýet fakulteti açyldy. Fakultet öz işlän ýyllarynda (1994-2005) ýokary bilimli dini hünärmenleriň ýüzlerçesini taýýarlady we ruhy durmuşyň möhüm bir ugrundaky işi kadalaşdyrmaga ýardam etdi.

Käbir daşary ýurt metbugatynda Orta Aziýa döwletleriniň, şol sanda Türkmenistanyň „yslamlaşdyrylmagy“ barada pikir aýdylýar. Türkmenistan barada aýdylanda, ýurtdaky hakyky ýagdaý bu „howatyrlanmanyň“ esassyzdygyny äşgär gökezýär. Çünki ol „howatyrlanmalar“ metjitleriň köpelip barýandygyny tutaryk edinip, şol bir wagtyň özünde bu ýerde, mysal üçin, prowaslaw buthanalarynyň asla öň hem, häzirem päsgelçiliksiz işläp durandyklaryny ünsden düşürýärler. Hakykatynda şeýle hadysa boup geçdi: beýleki mezhepler bilen bir hatarda, yslam hem Türkmenistanda özüniň mynasyp ornuny eýeledi.

1994-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanynda Din işleri boýunça geňeş işleýär. Geňeş dürli mezhepleriň dini guramalarynyň (olar 20 töweregi) içki işine gatyşmazlyk ýörelgesini berjaý edip, olaryň döwlet bilen aragatnaşygyna serenjam berýär, hyzmatdaşlygyny ugrukdyrýar. Ýurtda dürli dinleriň hereket edýänligine garamazdan, dindarlaryň arasynda birek-birege ynanmazçylyk, oňşuksyzlyk ýokdur. Olar özara kadaly gatnaşykda ýaşaýarlar we işleýärler. Tärkmenistana dürli dine ynanýanlaryňarasynda agzalalygyň, çaknyşygyň ýokdugy örän guwançly zatdyr. Munuň özi syýasy durnuklylygy, raýat agzybirligini saklamagy, çuňňur durmuş-ykdysady özgertmeleridowam etdirmekligi üpjün edýän möhüm şertleriň biridir.

### 3. „Il saglygy-ýurt baýlygy“

1995-nji ýylda Türkmenistanda „Saglyk“ maksatmanasy yglan edildi. Ol ilatyň saglygyny goramagyň tutuş täze ulgamyny göz öňünde tutýar. Çünki öňki ulgam halys kanagatlanarsyz ýagdaýdady. Mysal üçin, 1989-njy ýylda respublikada hassahanalaryň 54%-inde, çaga dogrulýan öýleriň 84%-inde kanalizasiýa, suw geçirijiler, merkezi ýyladyş, käbirlerinde bolsa hat-da telefon hem ýokdy. Olaryň ençemesi medisina ýaramsyz jaýlarda ýerleşýärdi. Däri-dermanlar

ýetmezçilik edýärdi. Pagtaçylykda zäherli himikatlaryň çakdanaşa köp ulanylmagy, ýerleriň şorlaşmagy zerarly ilatyň derdi artýardy. Ýokanç keselleriň epidemiýasy ýygy-ýygydan möwç urýardy. „Saglyk“ maksatnamasynda bu ýagdaýdan çykmagyň ýollary görkezilipdir. Oňa laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamyna maýa goýumlary düýpli artdyryldy, ulgamy häzirkizaman medisina enjamlary, däri-dermanlar bilen üpjün etmäge, ýurduň özünde derman senagatyny ösdürmäge ugur alyndy. Medisina edaralarynyň düzümi kämilleşdirildi. Aşgabatda we welaýat merkezlerinde köpugurly, ýöriteleşdiirlen gospitallar, şeýle hem ene we çaga gospitallary döredildi, olar ähli ugurdaky welaýat we şäher hassahanalarynyň, çaga dogrulýan öýleriň we ýöriteleşdirilen dispanserleriň ýatyrylmagy esasynda döredildi. Şeýle özgerişlik etraplaryň merkezi medisina edaralaryny hem öz içine aldy. Degişli suratda şäherlerde we oba ýerlerinde poliklinikalar, feldşerçilik-akuşerçilik nokatlary, daýhan birleşikleriniň çaga dogrulýan öýleri, oba lukmançylyk ambulatoriýalary, oba we şäherçe hassahanalary ýatyrylyp, saglyk öýleri açyldy. Ugurdaş işleýän kliniki we ylmy edaralaryň esasynda ylmy-kliniki merkezler döredildi.

„Saglyk“ maksatnamasynda keseli hassahanada ýatyp bejertmek usulyndan gatnap bejertmek usulyna geçmäge, şol sebäpli ilkinji medisina-sanitariýa kömegini, ýagny ambulatoriýa-hassahana ulgamyny pugtalandyrmaga, gös-göni ilatyň ýaşaýan ýerinde keseliň öňüni almaga uly ähmiýet berilýär. Şoňa görä, ýurtda maşgala lukany düzgüni girizildi. Mysal üçin, 2000-nji ýylda şäherlerde we obalarda maşgala lukmanlarynyň 3 müňe golaýy işleýärdi. Maşgala lukmanlarynda anyk maşgalanyň durmuşyna ýakyndan syn etmäge, olara maslahat bermäge we keseliň öňüni almaga, duş gelýän nähoşlary bolsa bejeriş edaralaryna gönükdirmäge mümkinçilik bar. Hut maşgala lukmanlary ýowuz nägehan bolan neşekeşligiň öňüni almakda we oňa garşy göreşmekde hem tşsirli orny eýelemelidirler. Elbetde, bu işde diňe bir

lukmanlaryň däl, eýsem hukuk goraýjy edaralaryň, häkimleriň, arçynlaryň, giň jemgyýetçiligiň hem bilelikdäki tagallalary zerurdyr.

Maksatnama laýyklykda, döwlet medisina ätiýaçlandyrma ulgamy döredildi. Oňa raýatlaryň meýletin ätiýaçlandyryş tölegi girizildi. Ol iş hakynyň, pensiýanyň 4%-ine barabar bolup, gerekli bolan däri-dermanlary 90% ýeňillikli satyn almaga hukuk berýär. 2006-njy ýylyň başyndan medisina ätiýaçlandyrma tölegi 2%-e çenli azaldyldy. Şol bir wagtyň özünde saglygy goraýyş we keseli anyklaýyş edaralarynda edilýän hyzmatlar üçin ýeňillikli tölegleriň möçberi 30%-den 50%-e ýetirildi. Başgaça aýdylanda, ätiýaçlandyrma tölegi iki esse azlyp, lukmançylyk hyzmatlary üçin döwletiň öz üstüne alýan tölegleriniň möçberi bolsa, iki essä golaý artdyryldy. Bu çäreler bazar ykdysadyýeti şertlerinde ilaty durmuş taýdan goramagyň goşmaça usulydyr, ol durmuş üpjünçiliginiň bir bölegi bolup durýar. Ilatyň saglygyny goraýyş ulgamynda iň kämil enjamlarbilen üpjün edilen medisina merkezleri peýda boldy. Eýýäm 1993-nji ýylda Aşgabatda S. Nyýazow adyndaky keseli anyklaýyş merkezi işläp başlady. Merkezde magnit-ýadro rezenansy enjamy bar. Ol öýjükleri barlamagy we keseli anyklamagy ýadrolaryň derejesinde alyp barmaga mümkinçilik berýär. Enjamyň kömegi bilen lukmanlar bedeniň islendik bölegini jikme-jik öwrenip, keseliň nämedigini we nä derejededigini kesgitläp bilýärler. 1997-nji ýylyň başynda diňe bir hepdşniň dowamynda bu ýerde biçak agyr operasiýalaryň 6-sy geçirildi. Şu operasiýalary merkeziň öz lukmanlary geçirdiler.

1998-nji ýylda S.A.Nyýazow adyndaky Ýürek kesellериniň halkara medisina merkei, 2001-nji ýylda Beýik Türkmenbaşy adyndaky Merkezi hassahana, Iç kesellериniň halkara medisina merkezi, 2006-njy ýylda Gurbansoltan eje adyndaky „Ene mähri“ medisina merkezi işe girizildi. Iş ýüzünde paýtagtda dünýä ülňilerine laýyk gelýän, ähli keselleri bejermäge mümkinçiligi bolan medisina merkezleriniň giden

bir toplumy döredildi. Onda işlemek üçin ýurduň lukmanlary bilen bir hatarda şertnamalaýyn esasda daşary ýurt lukmanlary hem çekilýär. Soňky ýyllarda keseli anyklaýyş merkezleri Maryda, Daşoguzda, Türkmenabatda, Balkanabatda hem guruldy. Medisina merkezlerinde tölegli hyzmatlar ornaşdyrylýar. „Tiz kömek“ gullugy Belgiýanyň „Ford Tranzit“ kysymly awtomobilleri bilen üpjün edildi. Bu maşynlar Türkmenistanyň hökümetiniň sargydy boýunça, yssy howa şertlerine çydamly ýanmaýan materiallardan ýörite taýýarlanyldy. Olarda gyssagly ýagdaýlarda-ýol hadysalarynda, ýangyn dörände, ýolda barýarka çaga doganda kömek bermek üçin ähli zatlar göz öňünde tutulypdyr. Medisina abzallaryndan başga-da, maşynlar kondisioner, rasiýa bilen üpjün edilipdir. Derman senagaty, dermanhana ulgamy düýpli özgerişlikleri başdan geçirýär. Hususy dermanhanalar köpelýär. Aşgabatda „Türkmendermen-Ajanta Farma Ltd“ fabrigi, Tenekar zawody guruldy, olarda derman serişdeleriniň we erginleriniň 50-ä golaý görnüşi çykarylýar. „Pamyk“ zawody, „Saglyk“ himiýa-farmasewtika zawodynda kapsul sehi işe girizildi. Protezleýiş merkeziniň bölümleri welaýatlarda-da açyldy. Bu ulgamda gurluşyk barha ýaýbaňlanýar. 2020-nji ýyla çenli zerur däri-dermanlaryň 80%-ini ýurduň özünde öndürmek bellenilýär.

Ýene bir bellemeli zat: medisinada halk tebipçilik usullary dikeldilýär. Saglyk öýlerinde, şypahanalarda eli ýeňil, il içinde ady belli tebip-lukmanlara işlemäge şert döredildi. Medisinada öz topragymyzyň öz topragymyzyň derman otlaryny peýdalanmaga üns güýçlenýär. 1999-njy ýylda Türkmenistanyň derman serişdeleriniň Milli instituty döredildi. Institutň öňünde goýlan wezipe ýerli derman otlarynyň, tebigy minerallaryň, ýylanyň we bal arysynyň zäheriniň farmasewrtik aýratynlyklaryny ylmy esasda öwrenip, derman ýasamagyň önümçilik tehnologiýasyny işläp düzmekden ybaratdyr.

Türkmenistan endemik, ýagny başga ýerlerde duş gelmeýän ösümliklere baý ýurt. Diňe Köpetdagyň biziň araçägimizdäki florasynyň endimizmi ýokary derejeli

görnüşleriň umumy sanynyň 18%-ine (332 görnüş) barabardyr. Bu görkeziji daglyk Merkezi Aziýanyň iri sebitleriniň endimizmini bilelikde alandakydan hem iki esse köpdür. Endemik ösümlikleriň onlarça görnüşleri Bathyzda, Uly Balkanda we Köýtendagda bitýär. Tebipler bu ösümliklerden ähli dertlere derman tapýarlar. Diňe dermanam däl, olar ülkäniň gelşigi. Bir mysal. Gollandiýanyň köp ýurtlara eksport edýän meşhur gyzyl gülleri, görlüp oturylsa, Murgaýp we Tejen derýalarynyň aralygynda ösýän Guşgy çigildemleriniň esasynda ösdürilip ýetişdirilipdir. Ol çigildemleriň tohumy Gollandiýa XX asyryň 30-njy ýyllarynda äkidilipdir. Diýmek, Taňrynyň türkmen topragyna eçilen dünýä florasynda seýrek duş gelýän ösümlikleri ýitirmän saklamak, ösdürmek we mümkin boldugyça medisinada hem peýdalanmak döwlet derejesindäki ähmiýetli işe öwrülýär.

### 4. „Täze bilim“ syýasaty

1993-nji ýylyň baharynda Türkmenistanyň magaryf işgärleriniň maslahatynda S.A. Nyýazow bilim ulgamyny düýpli ösdürmegiň zerurlygyny esaslandyryp, şeýle diýdi: “Mundan beýläk köne düzgün boýunça çagalar baglarynda, orta mekdeplerde we ýokary okuw jaýlarynda bilim we terbiýe bermek dowam etdirilse, doly öňki düzgüniň syýasaty boýunça ýugrulyp ýasalan düzgün biziň gazanan Milli garaşsyzlygymyzyň okgunly öňe gitmegine ymykly päsgel beriýp biler. Biziň döwletimizde häzir we geljekde onuň ykbalyny çözjek ylymly-bilimli, sagdyn nesil gerek. Ol nesil kuwwatly ýurt, kuwwatly döwlet, kuwwatly Watan üçin gerek. Indiden beýläk bilim ugrunda işleýän adamlar bir hakykaty berk bellemelidir: ol bolsa, biziň çagalarymyza berýän bilimimiz edil ene süýdi ýaly halal hem tämiz, arassa hem päk bolmalydyr. Şol bilim türkmen ruhly, dünýä siwilizasiýaly bolmalydyr. Ine, biziň bilim ulgamynda ýetmeli sepgidimiz nämeden ybarat bolup durýar. Diýmek, biziň bilim ulgamymyz

dünýä siwilizasiýasyndan birjigem üzňe bolmaly däldir, tersine, ol biziň dünýä siwilizasiýasy bilen gatylyp-garylmagymyz üçin zerur şertleri döretmelidir... Täzeçe terbiýe alan nesil aň-düşünjesi baknalyga, öňki soýuzyň merkezine garaşly durmuşa uýgunlaşdyrylan, ýokarda görkezmä garaşyp, diňe buýrulan ýumşy ýerine ýetirmäge ukyply bolan biziň döwürdeşlerimizden tapawutlylykda, düýpgöter başgaça pikirlenmäge ukyply bolmalydyr. Olary diňe Türkmenistanda däl, dünýäniň islendik derejede ösen ýurdunda özüni erkin, batyrgaý, ynamly, ýokary medeniýetli alyp barmagy başarýan ugurtapyjy, ylymly-bilimli adamlar edip ýetişdirmeli.

Ýene bir gezek gaýtalaýaryn: ertirki nesil ruhy taýdan sagdyn, syýasy taýdan berk, edep-terbiýe taýdan has kämil, hünär taýdan başarjaň bolmalydyr. Biz şeýle häsiýetli adamlary terbiýelemegi başarsak, garaşsyz Türkmenistanyň geljeginiň parlak boljakdygy gümansyzdyr.“

Olar çagalar bagyndan ýokary okuw mekdebine çenli bilim we terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Terbiýeçilik we bilim işlerine türkmen ruhunyň siňdirilmeginiň zerurlygy aýratyn nygtalýar. Çagalar bagyndan başlap, çagalara üç dili (türkmen, iňlis, rus) öwretmeklik girizilýär. Orta mekdepleriň okuw maksatnamalarynda türkmen taryhyny, edebi we ruhy mirasyny, şeýle hem takyk ylymlary öwretmeklik, tehnikanyň gazananlary bilen tanyşdyrmak iň derwaýys iş hökmünde häsiýetlendirilýär. Mekdep bilimi iki bölüme („Sowat“, „Bilim“) bölünýär. „Sowat“ (4 ýyllyk) bölüminde okuwçylara ýazmak, okamak, hasap, edep, sözleýişmedeniýeti öwredilýär. Bu bölümde okuwa ukyply, zehinli çagalarýüze çykarylýar we olar „Bilim“ (5 ýyllyk) bölüminde okuwyny dowam edýärler. Ýokary okuw mekdeplerinde bilim 4 ýyllyk (Medisina institutynda 6 ýyl) boldy. Gaýbana, şeýle hem gijeki okuw ýatyryldy. Ýokary okuw mekdeplerine ýaşlar giriş ekzamenlerini tabşyrman, söhbetdeşlik esasynda kabul edilýär. Bilimiň maddy-tehniki esasyny pugtalandyrmaklyga uly serişdeler goýberilýär.

Türkmenistanda mekdepleriň, mekdebe çenli edaralaryň, çagalar we ýetginjekler öýleriniň hem-de köşkleriniň, çagalar sport mekdepleriniň gurluşygy giň gerime eýe boldy. Diňe bir 1993-nji ýylda çagalar baglarynyň we ýaslileriň 6,9 müň orunlyk, umumybilim berýän mekdepleriň hem 40,1 müň orunlyk täze jaýlary ulanylmaga berildi. Abatlaýyş işleri ýaýbaňlandyryldy.1996-1997-nji okuw ýylyna taýýarlyk döwründe 1907 mekdebiň 1827-sinde abatlaýyş işleri geçirildi, şolardan 183-si düýpli abatlanyldy. Okuwçylar ýeterlik derejede okuw ýazuw esbaplary bilen üpjün edildi. Aşgabatda çagalar we ýetginjekler köşgi açyldy. Onda çagalaryň tehniki, sazçylyk, tans, çeperçilik, edebiýat, sport gurnaklary, seksiýalar we studiýalar işleýär.1996-njy ýyldan başlap mekdeplerde okatmaklyk türkmen diliniň täze elipbiýi esasynda alnyp barylýar. Şeýle hem orta mekdepleriň ähli dersleri boýunça okuw maksatnamalary we kitaplary türkmen alymlary tarapyndan ýazyldy. „Täze bilim“ syýasatynyň düýp özeni hem şundadyr: okuw maksatnamalary we kitaplar ýaşlaryň aňyny halkymyzyň özüni, edebi-medeni mirasyny, topragyny, ösümlikdir haýwanat dünýäsini (Aýdaly, taryh desinde-milli taryhy, edebiýatda-milli edebiýaty, geografiýada-türkmen sährasyny, dagyn, deňizdir derýalaryny, botanikada-ösümlik dünýäsini we ş.m.)öwrenmeklige gönükdirilmelidir. Eger-de ozal taryh dersinde milli taryha her synpda 3 sagat berilendigini, beýleki derslerde asla Türkmenistan barada aýdylmandygyny ýatlasak, munhuň nä derejede wajypdygy öz-özünden düşnüklidir. Mekdeplerde ýaşlaryň ahlak päkligi, beden saglygy üçin örän möhüm „Edep“, „Yslamyň we Gurhanyň taryhy“, „Saglyk“ dersleri hem girizildi.

Aşgabatda ýokary okuw mekdepleriniň sany iki esseden gowrak artdy. Türkmen döwlet uniwersiteti, Oba hojalyk uniwersiteti, Türkmen-türk uniwersiteti, medisina instituty, Çeperçilik akademiýasy, Milli konserwatoriýa, medeniýet, dünýä dilleri, ulag we aragatnaşyk institutlary, Polisiýa akademiýasy goşuldy. Maryda energetika instituty

döredildi. Ýokary okuw mekdepleriniň okuw maksatnamalary hem täzeden düzüldi. Şol maksatnamalar sasynda täze okuw kitaplary taýýarlanylýar.

Aşgabatda aýratyn zehinmli çagalar üçin mekdep açyldy. Şeýle mekdepleri welaýatlarda-da açmak bellenilýär. Türkmen-türk mekdepleri hem zehinli çagalar üçin niýetlenen mekdeplerdir. Bu mekdeplerde müňlerçe çaga bilim alýar. Umuman alanyňda, mekdepleriň maddy esasy esasy pugtalandy, ylym-taglym derejesi ýokarlandy. Häzirki wagtda mekdepleri kompýuterleşdirmek boýunça uly işler alnyp barylýar.

## 5. Ylym ulgamynda özgerişlik. Jemgyýetçilik ylymlarynyň ähmiýetiniň artmagy.

Garaşsyzlyk ylmy edaralaryň ulgamyny düýpli özgertmegi talap etdi. Ylmy barlaglryň öňki Merkezden garaşsyz, özbaşdak alnyp barylmagyny, halk hojalyk meselelerini türkmen alymlarynyň özbaşdak pikirlenip, işläp düzmäge üpjün edilen kararlar kabul edildi. 1993-nji ýylda Türkmenisanyň Prezidentiniň ýanynda Ylym we tehnika barada ýokary geňeş döredildi.Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň işi degişli pudaklarda ylmy barlaglaryň netijeliligini artdyrmaga gönükdirlipdi. Emma akadmiýalaryň hiç biri, şol sanda Türkmenistan Ylymlar akademiýasy hem öz öňlerinde goýlan wezipäniň hötsinden gelip ylym bilen durmuşuň arsynyň uzňeligi, ylmy barlaglaryň netijesiniň köplenç diňe dissertasiýasyny goromok bilen çäklenmegi dowam etdi. Başgaça aýdylanda, ylym halk hojalyk meselelerini özuçe belli bir dereje çözdi, emma gazanylan netijeler durmuşa etmän „Labaratoriýalarda" galdy. Şol sebäpli 1998 –nji ýylda ylmy akademiýalarynyň uçisiniň prezidiumlary ýatyryldy, ylmy – barlag institutlary bolsa (Gumanitar institutlardan öňňesi) degişli ministriliklere berildi. Asperantura ýatyryldy.

Turkmenbaşy adyndaky milli golýazmalar instituty (1993 ý), Magtymguly adyndaky dil we edebiýat instituty Tűrkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiniň garamagynda berildi. Tűrkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky demokratiýa we adam hukuklary barada tűrkmen milli instituty (1996ý.) işläp başlady. Ş.Batyrow adyndaky taryh instituty ýatyryldy. Tűrkmenistanyň ministrler kabinetiniň ýanynda taryh institut(1997ý) döredildi.

Ýurt Garaşsyzlygy jemgyýetçilik ylymlarynyň űstűne aýratyn jogapkärli wezipe ýűklenildi. Demokratik, dűnýewi, hukuk döwletiniň gurluşugy, milli galkynyş hereketiniň ýaýbaňlanmagy mynasybetli ozal ertirlik űns berilmedik tűrkmen dilini, taryhyny, edebiýatyny, golýazmalar mirasyny öwrenmekligiň ähmiýeti biçak artdy. Halkyň dilini döwlet dili derejesine kybapdaş ösdűrmek, onuň edebi mirasy özűne gaýtaryp bermek we taryhy geçmişini dikltmek zerurlygy ýűze çykdy. Bu ugurda alnyp barylýan ylmy barlaglaryň gerimi giňrldi, nazary çuňlaşdy. Magtymgulu adyndaky dil we edebiýat institutunda ýörite Magtymguly bölűmi açyldy. „Görogly“, „Gorkut ata“ şadessanlary, halk dessanlary dűýpli öwrenilip başlandy. Institutda tűrkmen dilinde dűşűndiriliş sözlügi (iki tomluk), halk döredijiliginiň köp jiltli, tűrkmen edebiýatynyň taryhynyň köp jiltli täze neşiri çapa taýarlanyldy.

„Görogly" , „Gorkut ata" şa dessanlary, ençeme halk dessanlary täzeden neşir edildi. Beýik Magtymgulynyň 3 tomlulygy, Seýit Nesiminiň űç tomlulygy, Nurmuhammet Andalybyň, Ýunus Emräniň , Garaja oglanyň, Keminäniň , Zeliliniň, Seýitnazar Seýdiniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň eserleriniň täze neşirleri halka ýetirildi. Tűrkmen we tűrk edebiýatçy alymlarynyň bilelikdäki tagallasy bilen „ Tűrkmen şygyrynyň antalogiýasy " neşir edildi. Onda tűrkmen nusgawy şahyrlarynyň 21-niň eserleri tűrkmen we tűrk dillerinde bir kitap ýerleştirilipdir. Kitapda şahsyýeti ylmy çekişmelere sebäp

bolan Seýdilla Seýdi hakda belli bir karara gelip şahyryň saýlama goşgularynyň 10-sy berlipdir.

Tűrkmenistanda keramatly “Gurhan“ ilkinji gezek neşir edildi. „Muhammet Pygamberin emri“, “Muhammet Pygamberiň hadyslary“, Hoja Ahmet ýasawynyň hikmetleri we başgada ençeme kitaplar köpçűlikleýin nusgalykda halka ýetirildi. Olaryň tűrkmen dilinde neşir edilmegi halkyzyň ruhy medeni durmuşunda uly waka boldy.

2004-nji ýylda milli medeniýet miras merkezi dörediildi. Ol Tűrkmenbaşy adyndaky milli golýazmalar instituty bilen ýakyndan hyzmatdaşlykda işleýär. Golýazmalar institutynda arap, pars, tűrk dillerinde ýazylan golýazma kitaplarynyň 11 műňegolaýy saklanylýar. Institut işlän ýyllarynda şol golýazmalara 300-si tűrkmen diline terjime edilip çapa taýarlanypdyr. 80 golýazma bolsa, ,,miras" merkezi bilen bilelikde, köpçűlikleýin nusgada neşir edilipdirler. Olar tűrkmen taryhyny, edebi-ruhy mirasyny öwrenmekde örän möhűm çeşmelerdir. Mysal űçin , ýazyjy ogly Alynyň ,, Seljuklaryň taryhy" (iki tomluk), Muhammet En-Nesewiniň ,,Soltan Jelaletdiniň öműr beýany" , Ibn Al-Esiriň ,,kämil taryhy" (3 tomluk), Reşideddin Watwatyň ,,resmi hatlary",

şyh Şeref Hojanyň ,,Muritlere gollanma ýa – da Ärsary Babanyň 40 dűýe berip ýazdyran kitaby" , Salyr Babanyň " taryhy " (köp tomluk), Abu-Bekir Tähraniniň ,,Akgoýunly tűrkmenleriň taryhy", Mahmyt Zamahşarynyň ,, Ýagşyzadalaryň bahary ,, (6 tomluk), Nasreddin Rabguzynyň ,, Kysasy Rabguzy ,, Pygamberleriň taryhy , Muhammet gazanylynyň ,, ylym barada kitaby ,, we başgalar tűrkmen taryhynyň Oguz hanyň , Gorkut ata , Görögly beg zamanlaryny öwrenmekde örä uly ähmiýetli işlerdir.

Miras merkeziniň golýazmalar institutunyň bilelikdäki tagllasy bilen, golýazmalaryň gaznasy daşary ýurtlaryň ylmy merkezlerinde saklanylýan çeşmeleriň hasabyna yzygiderli baýlaşýar. Tűrkmen alymlary Germaniýada, Tűrkiýada, Eýransa, Hindistanda, Fransiýada, Műsűrde we

käbir beýleki ýerlerde bolup şol ýurtlaryň ylmy merkezlerindäki tűrkmen taryhyna edebi rugy mirasyna degişli kitaplaryň ýűzlerçesiniň űstini açdylar we olaryň göçűrme nusgalaryny alyp geldiler. Mysal űçin 2004-nji ýylda diňe Germaniýanyň Berlin döwlet kitaphanasynda tűrkmençe golýazma kitaplarynyň 3 műň sanysynyň bardygyny anykladylar. Şol kitaplardan 400-sini gözden geçirip 100 golýazmanyň „Leýgsig" uniwersitetiniň kitaphanasynda hem gözden geçirilen 200 kitabyň 50-niň örän gymmatly işlerdigini bellediler.Şol gymmatly öwrenilmegi derwýys zerur hasplanylýan we laser diskine ýazylan ýada mikrofilm nusgalary Tűrkmenistana getirilen kitaplaryň arasynda „ taryhlaryň gysgaça beýany " (tűrkmençe) , „Osmon Soltanlarynyň taryhy" (tűrkmençe ) , „Seljuk Soltanlarynyň taryhy" (parsça) we başgalar bar. Häzirki wagtda ol kitaplar alymlar tarapyndan öwrenilýär. Ýakyn ýyllarda olaryň hem neşir edilmegi bilen, Tűrkmen taryhynyň çeşme gaznasy hasda baýlaşar.

Taryh hakda aýratyn durup geçmek gerek. 1993-nji ýylda tűrkmen taryhyny doly we dogruçyl beýan etmek hakynda Döwlet topary döredildi. Toparyň agzalary, şol sanda şu setirleriň awtorlary hem tűrkmen taryhynyň, edebi ruhy mirasyna degişli çeşmeleriň gözleginde daşary ýurtlarda ylmy saparlarda boldylar. 1993-nji ýylda „ Tűrkmen halkynyň gelip çykyşynyň, dűnýä ýaýraýşynyň we onuň döwletiniň meseleleri" atly ilkinji halkara ylmy kanferensiýasy geçirildi. 1997 ýylda „Tűrkmen taryhynda döwlet meselesi " ylmy kanferensiýada ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu kanferensiýalaryň materiallary neşir edildi. Faruk Sumeriň „Oguzlar-tűrkmenler", Mehmet Saraýyň, „ Tűrkmenler imperializm zamanynda " atly dűýpli işleri tűrkmen diline geçirilip, halka ýetirildi. Bu görnűkli taryhçylar Magtymguly adyndaky halkara baýragyna hem mynasyp boldylar.

Jemgyýetçilik ylymlaryny, ylaýta-da taryhy öwrenmekde usulýet ýörelgesine öwrűlen bu mukaddes kitaplar

taryhçylaryň ünsüni halkymyzyň gahrymançylykly geçmişiniň düýpli meselelerine gönikdirdi, ylymda täze açyşlaryň ähtimal ugurlaryny kesgitledi. Türkmen taryhy düýpgöter täzeden ýazylyp başlanyldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Taryh institutynda Türkmenistanyň iň gadym eýýamlardan başlap, tä biziň günlerimize çenli taryhy ýazylýar. Ol dört tomdan ybarat. Birinji tom Oguz han we Gorkut ata zamanlarynda bagyşlanyp, gadym eýýamlardan başlap, b.e. X asyryna çenli döwri öz içine alýar. Ikinji tom Görogly beg zamanynda (X-XVI asyrlar), üçinji tom Magtymguly zamanynda (XVII-XX asyrlar), dördünji tom beýik Türkmenbaşy zamanynda (1991 ýyldan soňky döwür) bagyşlanylýar. Institutda ,,Türkmen taryhynda belli şahsyýetler", ,,Türkmenleriň döreden we dolandyran döwletleri" atly ensiklopediýa häsiýetli uly işler hem taýýar edildi. Häziki wagtda bolsa ,,Türkmenistanyň gadymýeti " , ,,Soltan Sanjar we onuň imperiýasy " , ,,Türkmenleriň garaşsyzlyk we özbaşdaklyk ugrundaky göreşleri", ,,Dünýä türkmenleriniň taryhnamasy", ýaly düýpli monografiýalaryň üstünde iş alnyp barylýar.

1998-nji ýylda Beýik Türkmenbaşy adyndaky Milli muzeý açyldy. Muzeýiň giň hem ýagty zallarynda halkymyzyň geçmişine we şu gününe degişli gymmatly eksponatlaryň örän uly toplumy jemlenendir. Muzeý şol eksponatlary aýawly saklaýan, öwrenýän we ile aýan ylmy ojaga öwrüldi. Türkmen topragy – durşy bilen taryh . Onda taryhy medeni ýadigärlikleriň 1500- den gowragy bardyr. Şolary goramak, öwrenmek we täzeden dikeltmek maksady bilen , Milli müdirlik döredildi. (1994ý.). Gadymy Merwiý , Nusaýyň, Gürgenjiň , Dehistanyň we beýleki şäherleriň harabaçylyklary taryhy medeni goraghanalaryň 8 –si bar. Olarda ýadigärlikleri rejeleýiş abatlamak işlerine başlanyldy. Mysal üçin , XII asyryň beýik binasy – Soltan Sanjaryň mawzaleýi doly abatlanyldy. Häzir Gürgenjiň ýňdigärliklerini abatlaýyş işleri alnyp barylýar.

1998-nji ýylda Tűrkmenistanyň Prezidentiniň Gökdepe urşundan (1879-1881 ýyllar.) wepat bolanlaryň ýagty ýadigärligini ebedileşdirmek hakyndaky permany kabul edildi. Permanda Gökdepe urşy Watançylyk urşy, şol urşda wepat bolan şehitler watançylyk urşunuň gahrymanlary diýlip hasap edilip, halkyň gahrymançylygyny hem-de synmaz erkiniň beýik nusgasy hökműnde Gökdepe galasyny dikeltmek we ony döwlet muzeý desgasyna öwűrmek bellenildi.

Gökdepe galasyny dikeltmeklige tutuş ýurt gatnaşdy. Kärhanalar, edaralar, raýatlar galanyň gaznasyna pul geçirdiler. Obalarda we şäherlerde ýowarlar guralyp, gazanylan serişdeler hem galanyň gaznasyna geçirildi. Gala dikeldildi, töweregi abadanlaşdyryldy içinde ajaýyp metjit açyldy. Gökdepe galasy indi mukaddes ýer hökműnde taryh sahypasynda täze orun aldy.

Watan űçin başyny goýan gerçekler barada aýdylanda, Tűrkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw műdirliginde taýýarlanylan we neşir edilen ,, Hatyra" kitabyny hem ýatlaman geçmek bolmaz. Ol 5 tomdan (her welaýat bir tom ) ybarat ägirt uly iş. Bu ýöne bir iş däl: sowap iş. Onda 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan ýa-da dereksiz ýiten ildeşlerimiziň 70 műňden gowragynyň ady we degişli maglumatlary berlipdir. Bu kitaplardan ahyryna öz ýitigini tapan, onuň patasyny alyp Aş-suwuny beren nowçalykda garran zenanlar, durmuşyň şarpygyny juda ir dadan ýetimler bir ýada iki däl. Olar ýűzlerçe, belki műňlerçedir.

Elbetde, “Hatyra” kitabynyñ döredilmegi dine bir Watan ugrundaky söweşlerde gurban bolanlaryñ ruhuny ynjaldyrmak üçin däl, diriler üçinem gerek, olaryñ ahlagyny päklemek üçin gerek. Soñky ýyllarda Baş arhiw müdürliginde “Şöhrat” kitaby, yagny Beýik Watançylyk urşundan sag-aman dolanyp gelen ildeşlerimiz hakynda bäş tomluk hem neşir edildi. “Hatyra”, “Şöhrat” kitaplarynyñ peýda bolmagy, Gökdepe galasynyñ dikeldilmegi, taryhy dikeltmek baradaky beýleki möhüm işler-

bularyñ barysy halkymyzyñ agyr, emma gahrymançylykdan doly mynasyp geçmişiniñ bolandygynyñ aýdyñ kepilnamasydyr.

## 6. Edebiýat we sungat.

Edebiýatda we sungatda halkymyzyñ geçmişine bolan gyzyklanmalar artdy.

Ýazyjy-şahyrlardan Berdinazar Hudaýnazarow, Annaberdi Agabaýew, Ýazmyrat Mämmediýew, Atamyrat Atabaýew, Sapar Öräýew, Gözel Şagulyýewa we başgalar öndümli işlediler.

Soñky ýyllarda Aşgabatda Beýik Türkmenbaşy adyndaky Baş milli drama teatry, Magtymguly adyndaky Türkmen milli sazly-drama teatry, Gurjak teatry açyldy. Häzir ýene birnäçe teatryñ, şeýle hem welaýat teatrlarynyñ gurluşygy tamamlanyp barýar. Teatrlar öz repertuarlarynda asyrlaryñ jümmüşine barha içgin aralaşýarlar. Bu ugurda Täçmämmet Mämmetweliýew, Gowşutgeldi Dañatarowwe başgalar tomaşaçylar tarapyndan oñat garşylanan eserleri döretdiler. Beýik Serdarymyzyñ mukaddes Ruhnamasynyñ esasynda ýazylan ol eserlerde türkmeniñ bäş müñ ýyllyk taryhy teswirlenilýär, nesilbaşymyz Oguzhanyñ, Gorkut atanyñ, Göroglynyñ, beýik türkmen-seljuk soltanlarynyñ, Magtymguly ýaly akyldarlaryñ, beýleki gerçekleriñ keşbi janlandyrylýar. Täze teatrlar-ak köşkler. Şeýle köşklerde atlary rowaýatlara öwrülip giden ata-babalaryñy görmek, olaryñ paýhasyna pähm etmek-üýtgeşik bir ahwalat. Ol seni öz ummanyna alyp gidýär. Megerem, teatryñ gudraty-da şunda bolsa gerek.

Şekillendiriş sungaty, ylaýta-da heýkeltaraşlyk we nakgaşçylyk köp sanly döwrebap eserler bilen baýlaşdy. 2001-nji ýylda Garaşsyzlyk binalar toplumynda Türkmenistanyñ milli gymmatlyklarynyñ muzeýi,, 2005-nji ýylda bolsa Şekillendiriş sungatynyñ muzeýi açyldy. Milli gymmatlyklar muzeýinde altyn-kümüş şaý-sepleriñ, ýüzüne (gynyna) altyn-

kümüş çaýylan ýaraglaryň, altyn-kümüş teňňeleriň we ş.m. uly toplumy saklanýar. Bu sungat eserleri geçmişde elinden dür dökülen türkmen zergärleriniň, juda ezber demirçileriniň, beýleki hünär ussatlarynyň bolandygyny görkezýär. Şekillendiriş sungatynyň muzeýinde suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň, amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň iň gowy eserleriniň 8 müňe golaýy saklanylýar. Heýkeltaraşlardan Saragt Babaýewiň, Babasary Annamyradowyň, suratkeşlerden Çary Amangeldiýewiň, Ýarly Baýramowyň we başgalaryň döreden eserleri belläp geçmäge mynasypdyr. Häzirki zaman şekillendiriş sungatynda bu ugra meýil güýçlenýär. Garaşsyzlyk binalar toplumynda Oguzhanyň, Gorkut atanyň, Göroglynyň, Alp Arslanyň, Soltan Sanjaryň, Baýram hanyň, Magtymgulynyň we beýleki akyldarlaryň heýkelleri oturdyldy.

Şekillendiriş sungatynyň ösüşinde ýene bir bellemeli zat: häzirki döwürde heýkeltaraşlar hem, suratkeşler hem aýry-aýry taryhy şahsyýetleri şekillendirmek bilen çäklenmän, kem-kemden wakalary beýan edýän uly göwrümli işleri döretmeklige girişýärler. Mysal üçin, suratkeşleriň “Daňdanakan söweşi”, “Malazgirt söweşi”, “Gökdepe söweşi” atly eserleri hut şeýle döredijilik gözlegleriniň netijeleridir. Şu jähtden alanyňda, heýkeltaraşlaryň işlerinden, ozaly bilen Aşgabat ýer titremesiniň pidalaryna bagyşlanan ýadygärlik toplumy göz öňüne gelýär. Äpet bir öküz, onuň şahynda göterip duran Ýer togalagy büklüm-büklüm bolup, bir zenany demine dartyp barýar, ýöne ol biçäre bir oglanjygy halas etmäge ýetişýär… Bu ýöne bir ýadygärlik däl. Ol giden bir rowaýatlar ummany, halkymyzyň başdan geçiren pajygaly taryhy. Ol türkmen heýkeltaraşlarynyň milli ruha ýugrulan, örän kämil eserleri döretmäge ukyplydyklaryny görkezýär. Häzirki wagtda heýkeltaraşlar, Beýik Serdarymyzyň ýörite tabşyrygy boýunça, Garrygala söweşinde (1858ý.) Nurberdi hanyň, Mary söweşinde (1860ý.) Gowşut hanyň serkerdelik keşplerini döretmek barada iş alyp barýarlar.

Halkyñ ruhuny galdyrmakda milli saza geljek zat ýok. Beýik Ferdöwsiniñ “Gel, dutarym sözleşeli” diýşi ýaly, türkmen öz gara dutary bilen hoş gününde-de, gamly gününde-de sözleşe-sözleşe gelipdir, sazdan köñlüne teselli tapypdyr, ruhlanypdyr. Ol söweşe girende-de arkasyndan gara dutaryny aýyrmandyr. Görogly onuñ aýdyñ mysalydyr. Hatda Beýik Watançylyk urşunda giden ýigitleriñ käbiriniñ ýanynda dutarynyñ, gyjagynyñ bolandygy bellidir. “Gerekli daşyñ agramy ýok”.

Halk öz saz sungatynyñ ussatlaryna uly sarpa goýupdyr. Uly-kiçi aýdym-sazdan ganyp bilmändir, bir gulaga öwrülip bagşylary diñläpdir. Magtymgulyny, Şabendäni, Şeýdaýyny, Keminäni, Zelilini, Seýdini, Mollanepesi, Mätäjini, “Görogly” şa dessanyny, “Ýusup Züleýhany”, “Zeýnelaraby”, “Babaröwşeni”, “Şasenem-Garyby” we beýleki dessanlary, şekerden datly rowaýatlar ummanyny ýatdan bilýän bagşylar, sazandalar halkda tüýs milli ruhy-türkmençiligi terbiýeläpdir. Elbetde, sowet döwründe bu ýagdaý halanmandyr. Syýasat halk sazyny açyk ýazgarmasa-da, eýikdirmändir. Bagşy-sazandalardan repressiýanyñ pidasy bolanlar-da, soñky ýyllarda ýanalyp-ýazgarylanlary-da az däl. Olar Garaşsyzlyk zamanyna gözleriniñ agy saralanda ýetdiler.

Gysga döwürde halk sazyny dikeltmekde edilen iş köp. Repressiýanyñ pidalary Nobat bagşa, Hydyr bagşa, öldürilmesede, kän bir güldürilmedik Garly bagşa, Girman bagşa, Gurt Ýakuba, Orazgeldi Ylýasowa, meşhur sazandalar Durdy Myradowa, Ýazgeldi Kuwwadowa, Jepbar Hansähedowa, Çary Gurbanowa (gyjakçy), Baky Maşakowa (tüýdükçi), ilhalar aýdymçy Öwezgeldi Tekäýew “Türkmenistanyñ halk bagşysy”, “Türkmenistanyñ at gazanan bagşysy” diýen atlar dakyldy. Gökdepe, Sarahsda, Maryda bagşylar öýleri açyldy. Gurbansoltan eje etrabynda meşhur Magtymguly Garlyýewiñ öñ-muzeýi döredildi. Bagşy-sazandalaryñ onlarçasyna „Türkmenistanyñ halk bagşysy“, „Türkmenistanyñ sungatda at gazanan işgäri“ diýen hormatly

atlary dakyldy. Olaryñ arasynda Gülşirin Alyjanowa, Atageldi Garýagdyýew, Rehmet Arnagylyjow we başgalar bar. Türkmen milli konserwatoriýasynda halk saz gurallary bölümi açyldy. Sazçylyk mekdepleri işleýär. Ýaşlara dutardyr gyjak bilen bir hatarda, bagşylaryñ irki zamanlarda ulanan şatlyk, ud, dep ýaly saz gurallary (olar onlarça) hem öwredilýär.

Halk sazynyñ piri Babagammaryñ, penakäri Aşyk Aýdyñ piriñ guburlarynyñ üstüne gümmez galdyryldy. Ol ýerlerde her ýyl sadaka-toý (saz baýramçylygyny) geçirmek asylly däbe öwrüldi. Ozal dini hasaplanyp gadagan edilen aýdymlary, „Babaröwşen“, „Ybraýym Halyl“, „Muhammet Hanapiýa“ ýaly dessanlary asyl nusgalykda aýtmaga mümkinçilik döredildi. Dessançy bagşylaryñ bäsleşigi geçirilip başlandy.

Türkmen saz sungaty häzirki zaman žanrlarynyñ-operalaryñ, baletleriñ, romanslaryñ, wokal aýdymlarynyñ hasabyna baýlaşdy. Meşhur kompozitorlar Nury Halmämmedowyñ, Çary Nurymowyñ, Aman Agajykowyñ, Mämi Çaryýewiñ aýdymlary höwes bilen diñlenilýär. Estrada žanry pajarlap ösýär. Her ýyl çagalaryñ „Garaşsyzlygyñ merjen däneleri“, ýaşlaryñ „Ýañlan diýarym“ aýdym-saz bäsleşikleriniñ geçirilip durulmagy, zehinli aýdymçylaryñ, sazandalaryñ onlarçasyny ýüze çykardy. Halk, Watan, Beýik Türkmenbaşy baradaky aýdymlar türkmen saz sungatynyn ösüşiniñ esasy akabasyna öwrüldi.

Milli saz mirasy-ägirt hazyna. Ony saklamagyñ aýratynlygy bar. Aýdym-sazlary wagtal-wagtal gaýtadan ýazyp durmasañ öçüp, ýok bolup gidýär. Häzir Türkmenistanyñ kino-sungat we ses ýazgylary resminamalarynyñ merkezi döwlet arhiwinde (TKSSÝRMDA) XX asyryñ dürli döwürlerinde ýazga geçirilen aýdym-sazlaryñ 10 müñe golaýy bar. Olaryñ arasynda milli saz sungatynyñ ägirtleri Mylly Täçmyradowyñ, Pürli Saryýewiñ, Çary Täçmämmedowyñ, Sahy Jepbarowyñ, Ýolaman Hummaýewiñ, Nury Halmämmedowyñ sazlary, aýdymlary hem bar. Bu çalynan sazlar, aýdylan aýdymlar türkmen sazynyñ hakyky nusgalarydyr. Olaryñ indi gaýtalajak

gumanyñ ýok. Beýik ussatlaryñ ruhuny ynjaldyrmak üçin saz mirasyny aýawly saklamaly, geljekki nesillere ýetirmeli. Ýöne TKSSÝRMDA-da ony aýawly saklamaga şert ýokdy, ýazgy edilýän enjamlar könelip, aýdym-sazlar gaýtadan ýazgy edilip bilinmän, öçüp barýardy. Şeýle ýagdaý ýene 5-10 ýyl dowam etse, ol gyzyla barabar miras ýok bolýardy... Arhiwden çykan seda döwlet saýasy düşdi. Arhiwiñ jaýy täzeden guruldy. Ol iñ kämil enjamlar bilen üpjün edildi, onuñ indi öz studiýalary bar. Aýdym-saz ýazgylary „CD-ROM“ kompakt-disklerine geçirildi. Saz mirasy ýok bolmakdan gutarnykly halas edildi. Milli saz äleminiñ ägirtleriniñ ruhlarynyñ ynjaldyrylmagy- Garaşsyzlyk taryhynyñ hiç wagt öçmejek aýdyñ sahypalarynyñ biridir.

Milli kino sungatynda özgerşikler bolup, geçýär. Tűrkmen kinoçylaryna şöhrat getiren ,,Şűkűr bagşy" çeper filimine Magtymguly adyndaky halkara baýragy berildi. 2001 – nji ýylda ,,Tűrkmentelekinofilm" birleşigi dördildi. Birleşik ozalky ,, Tűrkmenfilm" kinostudiýasynda telewidenýede işleýän kinoçylaryň tagallasynyň bir ýere çuwdamlady. Täze döredilen filimlerden ,,Ýönekeý gyz" (rez. S. Jallyýew), ,,Ajaýyp" (rez. M.Söýűnhanow), ,,Watan ogly" (rez. M.Orazow) ,,Tűrkmeniň Altyn asyry" bäsleşiginiň ýeňijileri boldylar. Kinoçylaryň Mukaddes Ruhnama esasynda surata dűşűren ,,Ene gudraty" , ,,Dűnýä akyl ýetirme", ,,Kalbynyň owazy-mukaddes Ruhnama" atly filimleri, söýgi hakdaky ,,Bagt guşy", ,,Bir gözel gýrdűm" , ,,Muňa durmuş diýerler" atly filmleri, ,,Gűnlerde bir gűn", ,,Sen ýadyma dűşseň" atly degişme filimleri tomaşaçylar tarapyndan oňat garşylanyldy. Olar çagalar űçin ,, Bagt hakynda erteki" , ,, Ýumajyk" ýaly filimleri, ,,Serdaryň doglan gűni", ,,Zenan bagty", ,,Tűrkmenbaşynyň ruhy metjidi" ýaly dokumental filimleri hem döretdiler.

Tűrkmenistanyň telewidenýasynyň we radiosynyň maddy – tehniki esasy dűýpgöter täzelendi. Telewidenýada özbaşdak 4 ýaýlym (,,Altyn asyr", ,,Ýaşlyk", ,,Miras" , ,,Tűrkmenistan"),

radioda 3 ýaýlym („Watan", „Miras", „Çar tarapdan") işleýär. Teleradio gepleşiklerinde mukaddes Ruhnama taglymatyny, tűrkmen taryhynyň, medeni- ruhy mirasyny wagyz etmeklige uly ähmiýet berilýär. Metbugat öňűniň durky täzelendi. Ol iň kämil çap tehnikasy bilen űpjin edildi. Öz ýurdymyzda öndűrilýän kagyzlar, ýokary hilli derejede neşir edilýän zurnallar„Diýar" (1992 ý.), „Tűrkmen arhiwi" (1993 ý.), „Gűneş" (1995ý.), „Demokratiýa we hukuk" (1998 ý.), „Garagum", „Saglyk" , „Gurbansoltan eje" , „Miras" , gazetler „Tűrkmenistan", „Neýtralny Tűrkmenistan" , „Edebiýat we sungat", „Watan"(1992 ý.), „Esger"(1993ý.), „Tűrkmeniň ýűýek ýoly"(1996ý.), „Galkynyş ", „Adalat"(1997ý.), „Ene mähri"(1998ý.), „Tűrkmen dűnýäsi"(1999ý.), „Tűrkmen dili"(2000ý), „Beýik Tűrkmenbaşynyň nesli" (2002ý.) we beýlekiler , şeýle hem welaýat gazýetleri öz okyjylaryny özlerine degişli ulgamda, welaýatda bolup geçýän täzelikler bilen yzygiderli tanyşdyrýarlar. Bu neşirleriň hemmesinde hem mukaddes Ruhnamanyň many-mazmunyny dűşűndirýän, jemgyýetçilik durmuşynyň möhűm wakalaryny beýan etýän ýörite makalalara uly orun berilýändigi tebigydyr.

Beýik Ibn Sina : „Her derdiň öz dermany bardyr, ýöne sabanyň sergin şemaly ähli dertleriň dermanydyr" diýipdir. Ýurt garaşsyzlygy hem edil sabanyň sergin şemaly ýaly, tűrkmen medenýetiniň ähli dertlerine derman bildy. Halkyň ruhy, milli medenýeti dikeldilýär. Bu medeniýet, prolital medenýeti ýaly, ilatyň bir gatlagynyň medenýeti däl, tutuş halkyň, onuň ähli gatlaklarynyň medenýeti. Sowet döwrände milli medenýet diýilýän diňe egin-eşik, öý-esbap we ş.m zatlardyr öýdildi.

Onuň has möhűm tarapy – halkyň ruhy, häsiýeti, däbi-dessury hakda aýdylmady. Çűnki ol „Sowet halkynyň" umumylaşdyrylýan keşbine terd gelýärdi. Indi ýagdaý űýtgedi. Tűrkmen döwleti öz milli medenýetiniň pajarlap ösmegine şert döretdi . Tűrkmen taryhynyň ýaýrawynyň giň bolşy ýaly tűrkmen medenýetiniň hem ýaýrawy giňdir. Ol daşary

ýurtlardaky arkadaşlarymyzyň medenýetine goşuluşýar, türki dünýäsiniň, has giňiräk-musulman dünýäsiniň, hat-da bütin adamzat medenýetiniň hasabyna baýlaşýar. Şol bir wagtyň özünde türkmen medenýeti bu medenýetiň ösmegine öz mynasyp goşandyny goşýar.

Dana Magtymgulyda: „Owal akan ýerden akarmyş aryk" diýen paýhas bar. Türkmen taryhy hem öňki akabasy boýunça akyp başlaýar. Gündogar ýurtlary, türki döwletleri, musulman ýurtlary bilen gatnaşyklar täzeden dikeldilýär. 1992 –nji ýylda Yssambulda türki halklaryň medenýetini we sungatyny dünýä ýüzüne tanatmakda hemde medeni hyzmatdaşlygy ösdürmekde türki dilli döwletleriň halkara guramasy-TURKSOÝ döredildi. Asyrlyk aýralykdan soň, türki döwletleriň arasynda hyzmatdaşlyk köprileri gurulup başlanyldy. Ozal „çet künjekler" hasaplanan ýurtlaryň keşbi özgerýär. 1992-1996 ýyllarda orta Aziýa döwletlerinde şol sanda Türkmenistnda bolup gören Türk zurnalistleri özlerinde galan täsiri şeýle beýan etdiler: „Ilki gelen wagtymyzdan 4 ýyl soňra biz ýene-de bu ýurtlara aýlanyp gördük. Bu gezek gören zatlarumuza haýran galandygymyzy gizläp durmaly. Bir wagtlar harabalyga dönen binalaryň taryhy we dini ýerleriň yzly-yzyna

Rejelenişini durgun durmyşyň herekete gelşini ýüzleriň ýagtylandygyny gördük. Unydylmana baryp ýetem milli ruhy we maddy gymmatlyklaryň şahsyýetleriň eserleriniň hatyralanyşy olary ýatlamak dabaralary bilen baglanşykly baýramlaryň geçirilýändigine şaýat bolduk. Öz medenýetine wepalylygyna galmak bilen zamanabap durmuşyň guralyp başlanandygyny seljerdik. Düýne çenli barlygyndan bihabar boldugymyz ülkeleriniň nesilleriniň alimpiadalarda baýrakly orunlara eýe bolup öz ýurtlaryny medallar alyp gelýändiklerini , milli baýdaklarynyň parlaýandyklaryny senalaryny dünýä eşitdirýänliklerini heziller edip synladyk".

Häzirki wagtda Tűrkmenistanyý medeni ruhy durmuşunda amala aşyrylýan işler many – mazmun taýdan has baýlaşýar we çuňlaşýar.

Halkyň ruhy medenýetini ösdűrmeklige űns gűýçlenýär. Çűnki Beýik Serdarymyzyň öwredişi ýaly ruhy medenýet milleti has-da jebisleşdirýär. Medeni ruhy ösűşdäki gazanylanlar we wezipeler mukaddes Ruhnama kitaplarynda aýdyň kesgitlenendirler. Ruhnamanyň nazarýeti esasan geljege gönűkdirlendirler. Ol nesiller űçin ruhy ahlak ýörelgedir.

## XXIII. Garaşsyz Tűrkmenistanyň daşary syýasaty

Tűrkmenistan özbaşdaklyk gazanandan soň onuň daşary syýasat durmuşynda hem täze döwűr başlanyldy. Ol ilki başdan içerki milli bähbitlerden ugur eldy, ykdysady ösűşe hem-de berkararlyga gönűkdirlen içerki syýasatyň gös-göni dowamy boldy. Beýik Serdarymyz tarapyndan işlenilip dűzűlen daşary syýasat taglymaty onuň Bitaraplyk we ,,açyk gapylar" syýasatynda özűnűň jemlenen beýanyny tapdy. Ol taglymat möwriti geçen ideologik űlňűlerden, dini we etniki täsirlerden azat bolmak bilen, bäş yklymdaky ululy-kiçili ýurtlaryň hemmesi bilen hoşniýetli gatnaşyklary we birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmaga gönűkdirildi. Tűrkmenistan özbaşdaklygyň ilknji ädimlerinden başlap, bu asylly maksatlara wepaly boldy, özűni hoşniýetli, parahatçylyk söýiji döwlet hökműnde tanatdy.

Tűrkmenistanyň döwlet öbaşdaklygyny gazanmagy häzirki zaman halkara durmuşynda amatly taryhy pursata gabat geldiler. Syýasy Garaşsyzlyk gazanan onlarça döwletler birbada taryhyň sahnasyna çykdylar. Dűnýä jemgyýetçiligi olaryň özbaşdaklyk ugrundaky göreşini goldady.

1992 nji ýylyň mart aýynyý ikisinde Tűrkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agzalyga kabul edildi. Şol ýylyň dowamynda Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (YHG),

Yslam Kanferensiýasy guramasynyň (YKG) agzalygyna kabul edildi, Ýewropada howupsyzlyk we huzmatdaşlyk guramasynyň (ÝHHG), Halkara walýuta gaznasynyň (HWG), Bűtindűnýä bankynyň we beýleki halkara maliýe guramalarynyň ulgamyna girdi. Garaşsyzlygyň birinji ýylynda Tűrkmenistanyň dűnýä ýurtlarynyň 80-den gowragy, şol sanda (degişli tertipde) Turkiýe, Eýran, Hytaý, Koreýa Halk Demokratik Respublikasy,

Owganystan, Saud Arabystanyň, Bahreýin, Fransiýa, Bangladeş, Kuba, Siriýa, Ispaniýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, ABŞ, Şwesiýa, Hindistan, Şwessariýa, Awstraliýa, Kanada, Marokka, Norwegiýa, Azerbeýjan, Finlandiýa, Beýik Britaniýa, Irlandiýa, Malaýziýa, Ýaponiýa, Daniýa ýaly döwletler ykrar etdiler, olaryň köpisi bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Şol döwrűň içinde Aşgabatda ABŞ, Turkiýanyň, Eýranyň, Russiýanyň we Hindistanyň ilçihanalary açyldylar. Ol ýurtlarda bolsa Tűrkmenistanyň diplomatik wekilhanalary işläý başlady.

Soňky ýyllarda Tűrkmenistanyň dűnýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmegi dowam etdi. Häzirki wagtda ony ykrar eden ýurtlaryň sany 130-a golaýlady. Dűnýäniň 30 ýurdynda Tűrkmenistanyň ilçihanalary we wekilhana edaralary açyldy. Aşgabatda bolsa 40-dan gowrak ýurduňilçihanalary we halkara guramalarynyň wekilhanalary işleýär.

Tűrkmenistanyň daşary syýasatynyň halkara gatnaşyklarynyň täze häsiýetine howupsuzlyk dűnýäsini döretmegiň űlňesine doly laýyk gelýär. Ol ähli ýurtlar bilen ylaýtada goňşy ýurtlar bilen dostlykly hoşniýetli gatnaşyklary ösdűrmäne uly űns berýär. Tűrkmenistan bilen Özbegistanyň arasynda (1991ý.) Tűrkmenistan bilen Gazagystanyň arasynda (1993ý) Tűrkmenistan bilen Eýranyň arasynda (1993ý). Baglaşylan dostluk we hyzmatdaşlyk hakyndaky şertnamalar serhetdeş ýurtlar bilen birek-birege peýdaly gatnaşyklaryň ösdűrilmegi űçin hukuk esaslaryny emele getirdi. Soňraky ýyllardan bu goňşy döwletleriň hersi bilen şertnamalaryň 10-

larçasyna gol çekildi. Ol resminamalar iki taraplaýyn syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ýola goýulmagy we ösdűrilmegi űçin ýardam beriji serişdeler bolup hyzmat etýär.

Tűrkmenistanyň Eýran bilen 1800 km, Özbegistan bilen 1600 km, Owganystan bilen 900, Gazagystan bilen 300km-e golaý serhetleri bardyr. Bu döwlet serhetlerinde birek – birege dűşűnişmegiň asudalygyň hökűm sűrmegi şol hoşniýetli döwlet gatnaşyklaryň miwesidir.

Tűrkmenistan bilen Täjigistanyň, Belarussiýanyň, Gruziýanyň, Ukrainanyň arasyndaky iki taraplaýyn gatnaşyklar ösýär we pugtalanýar. Aýratyn hem Ukraina bilen ykdysady gatnaşyklar goň möçberlere eýe boldy. Umuman, GDA döwletleri bilen kadaly gatnaşyklar Tűrkmenistanyň daşary syýasatynda uly orun tutýar. Ýöne onuň bileleşige öz garaýşy bar. Bu barada Beýik Serdarymyz şeýle diýdi: „...Biz Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň maslahat ediji gurama hökműnde seretýäris. Ol ýerde diňe umumy kanunlary, umumy ylalaşyklary edip bolar diýýaris. Emma anyk ylalaşyklary ikitaraplaýyn, űçtaraplaýyn esasda etmek gerek. Sebäbi bir kararda, bir ylalaşykda hemme kişiniň bähbidini göz öňűnde tutmak műmkin däl. On iki döwletiň bähbidini bir karara sygdyryp bolanok. Biz indi ýaňadan haýsam bolsa bir döwlet bilen birigşip, haýsam bolsa bir döwletiň ygtyýaryna Garaşsyzlygymyzyň bir bölegini tabşyryp bilmeris. Ata Watanymyzyň Garaşsyzlygy biziň herbirimiz űçin mukaddes bolmalydyr".

Hut şol sebäpli Tűrkmenistan GDA-nyň işine onuň assotirlenen agzasy hökműnde gatnaşýar, öz daşary syýasatynda arkalaşygyň döwletleri bilen iki taraplaýyn gatnaşyklary ileri tutýar. Tűrkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky gatnaşyklar onuň aýdyň mysalydyr. 1992-nji ýylda iki ýurduň arsynda Dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda şertnama gol çekildi. Syýasat, ykdysadyýet babatda döwletara gatnaşyklaryny, diplomatik we harby meseleleri çözmegi dűzgűnleşdirýän ylalaşyklar

baglanyşyldy. Soňky ýyllarda hem iki ýurduň arasynda möhüm resminamalaryň ýüze golaýyna gol çekildi. Iki döwletiñ ýolbaşçylarynyñ arasynda ýokary derejedäki gepleşikler geçirilýär. Ol gepleşikler birek-birege ynam we ýürekdeşlik ýagdaýynda bolup, nebit-gaz toplumynda, beýleki desgalarda uly işleri amala aşyrmaklyga gatnaşýarlar.

Tűrkmenistanyň , Turkiýň, Hytaý, ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Fransiýa ýaly döwletler bilen hem gatnaşyklary ýyl-ýyldan ösýär we pugtalanýar. Mysal űçin Tűrkmenistanda häzir 10-larça Tűrk firmalary we kompaniýalary işleýärler, olaryň ençemesi bilelikdäki kampaniýalary döretdiler. Tűrk firmalary gaýtadan işleýän senagat kärhanalaryny gurmaga uly goşant goşýarlar. Tűrkmenistanda ençeme kärhanalar tűrk hűnärmenleri bilen belelikde dolandyrylýar. Tűrkmenistanyň we Turkiýanyň iki taraplaýyn gatnaşyklarynda, ylaýtada dokma pudagynda hökűmetleriň gatyşmagyny talap etmeýän derejä ýetilendigini aýtmak gerek. Tűrkmen-tűrk gatnaşyklary medenýet babatda hem űstűnlikli ösdűrilýär. Tűrkmenistan bilen Hytaýyň özara gatnaşyklarynyň uly geljegi bardyr. Iki döwletiň arasyndaky haryt dolanşygy 2005-nji ýylda, 2004-nji ýyl bilen deňeşdirlende 40% ýokary boldy. Geljekde „Tűrkmenistan – Hytaý gaz geçirijisiniň " gurulmagy bilen onuň has-da artjakdygy bellidir.

Iki taraplaýyn hyzmatdaşlyk ýörelgesiniň amatlydygyny we netijelidigini uzak möhletli we birek – birege peýdaly hyzmatdaşlyga gönűkdirilen tűrkmen – amerkan, tűrkmen-ýapon, tűrkmen – german , tűrkmen – fransuz, tűrkmen – hindi gatnaşyklary hem aýdyň görkezýär. Daşary syýasatda 3 taraplaýyn diplomatiýa we ykdysady hyzmatdaşlygyň „ iki goşmak bir" usulyda ýűze çykdy. Ony 1995-nji ýylda Tűrkmenistan ulanyşa girizildi. „Űçtaraplaýynlyk" – bilelikdäki ösűş taslamalary arkaly űçtaraplaýyn hyzmatdaşlygyň amala aşyrylmagy, ikitaraplaýyn derejede döreýän ykdysady meseleleri çözmek űçin űçinji bir tarapyň műmkinçiliklerini ulanmagy aňladýar. Bu usul şol ýyllarda Tűrkmenistan bilen

Ukrainanyň arasyndaky gatnaşyklardan özara hasaplaşyklaryň ýűze çykarýan meselelerini çözmäne műmkinçilik berdi. Bu ýerde Eýran iki döwlete öz hyzmatdaşlygyny teklip etdi. 1996-nji ýylda üç döwletiñ söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyk baglaşyldy. Resminama laýyklykda, tebigy gazyñ iberilmegi üçin Ukrainanyñ Türkmenistana bolan bergisiniñ hasabyna, Ukrainadan Eýrana harytlaryñ iberilmegi we Eýranda Türkmenistana harytlatyñ iberilmagi hem-de hyzmatlaryñ edilmegi bilen üpjün edildi. Türkmenistan diplomatiýanyñ we hyzmatdaşlygyñ „üçtaraplaýynlyk usulyny“, Eýranyñ üçünji tarap bolup gatnaşmagynda, Hindistan, Ermenistan we käbir beýleki döwletler bilen bolan gatnaşyklarynda hem başarnykly ulandy.

## 1. Oñyn bitaraplyk syýasaty we onuñ ykrar edilmegi.

Mälim bolşy ýaly, SSSR-iñ dargamagy we täze özbaşdak döwletleriñ emele gelmegi bilen sebitde täze geosyýasy ýagdaý döredi, döwletleriñ taze uly geosyýasy düzümi emele geldi. Türkmenistan onuñ merkezinde ýerleşýär. Beýleki tarapdan, amatly geografik ýagdaýa eýe bolmak bilen, Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýanyñ esasy ýollarynyñ çatrygynda özboluşly yklymara köprüleriñ birine öwrüldi. Ýurduñ geosyýasy ýagdaýy, geoykdysady ýagdaý-ägirt uly mineral çig mal gorlaryñ bolmagy bilen utgaşýar. Seýrek duş gelýän şeýle utgaşma dünýä bileleşiginiñ ünsüni özüne çekýär. Ony gorap saklamak türkmen bitaraplygynyñ düýp mazmuny bolup, ol milli bähbitlere doly laýyk gelýär.

Türkmenistanyñ Prezidenti S. A. Nyýazowyň 1995-nji ýylyñ güýzünde ITAR-TASS habarlar gullugyna beren gürrüñinde bu barada şeýle diýdi: „Pragmatizm nukdaýnazaryndan alanynda, biz özümizi hemişelik howpdan halas etmegi ýüregimize düwdük. Ozalky SSSR-iñ günorta çetindäki serhetinden aýrylmak we ynjalyksyz Aziýadaky täze geostrategiki merkeze geçmek bilen, biz „ýaglyja omaça “

öwrülendigimizi, ol omaçanyñ bolsa irde-giçde biriniñ işdäsini açjakdygyny ýadymyzdan çykarmadyk, nebitiñ we gazyñ dünýä gory-ownuk-uşak zat däl. Ine, şonuñ üçin biz oñyn bitaraplyk baradaky meslegi öñe sürdük". Soñra ol sözüni şeýle dowam etdirdi: „Ýöne beýleki tarapdan, biz baýlygymyza guwanyp daşyndan syn edip oturyp biljek däldik. Şoña görä-de, bizi sylaýanlaryñ hemmesi üçin gapymyz açyk, geleweriñ-de, baýlygymyza şärik bolaweriñ diýip, çakylyk yglan etdik. Ilki birleri, onsoñ ikinjileri, üçünjileri seslendiler... Şeýdip biziñ özümiziñ oñyn bitaraplyk diýip at beren bitaraplygymyz ugrugyp gidiberdi... Onuñ mehanizmi çalt we netijeli işläp başlady, olar bolsa kada boýunça, meseläniñ dogry tapylan çözgüdine hemra bolýar. Biziñ bitaraplygymyzyñ esasynda goýlan ykdysady hasaplamamyz dogry bolup çykdy: sebitiñ ýurtlary bilen hyzmatdaşlyk pikirimiz we öñe süren birgiden yklymara taslamalarymyz biziñ sebitimizde barlyşdyryş merkezi döretmäge hakyky mümkinçilik bolup ýetişdi".

Türkmen bitaraplygyny halkara möçberinde ykrar etmek meslegi ilkinji gezek YHG ýurtlarynyñ döwlet baştutanlarynyñ 1995-nji ýylyñ ýazynda Yslamabatda (Päkistan) bolup geçen duşuşygynda Türkmenistanyñ Prezidenti S.A.Nyýazow tarapyndan aýdyldy. Türkmenistanyñ bitaraplyk başlangyjy goldaw tapdy.

Türkmenistanyñ bitaraplygyny goldamak baradaky mesele S. A. Nyýazowyñ belli döwlet işgärleri Süleýman Demirel, A. Haşemi-Rafsanjany, Li Pen, Narasimha Rao, Fransua Mitteran, Žak Şirak, Žon Meýžor, Boris Ýeltin, Frans Wranitskiý, Riçart Nikson, Hosni Mubarek we beýlekiler bilen duşuşyklarynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu mesele boýunça ABŞ-yñ, Fransiýanyñ, Germaniýanyñ döwlet ýolbaşçylary bilen hatlar alşyldy. Bitarap Awstriýanyñ kansleri F.Wranitskiý bilermenlerini iberip, Türkmenistanyñ bitaraplyk syýasatynyñ durmuşa geçmegine mynasyp goşant goşdy.

Türkmenistanyñ bitaraplyk başlangyjy dünýäde iñ giñişleýin hereket we döwletara birleşme bolan Goşulmazlyk

hereketi tarapynden hem goldanyldy. Düzüminde 113 döwlet bolan bu hereketiñ (Türkmenistan oña 114-nji bolup girdi) Kolumbiýanyñ Kartehena şäherinde 1995-nji ýylyñ güýzünde bolup geçen maslahaty Türkmenistanyñ bitaraplyk ýörelgesiniñ halkara derejesinde doly goldanylýandygyny äşgär etdi.

1995-nji ýylyñ Dekabr aýynyñ 12-sinde BMG-niñ Baş Assambleýasy dünýäniñ 185 döwletiniñ biragyzdan ses bermegi bilen Türkmenistanyñ hemişelik bitaraplygy baradaky Ykrarnama kabul etdi. Ykrarnamanyñ şärikden awtorlary bolup 25 döwlet, şol sanda Fransiýa, Russiýa hem çykyş etdiler.

Ine, şol taryhy resminama:

**„Birleşen Milletler Guramasynyñ**
**Baş Assambleýasynyñ**
**Y K R A R N A M A S Y“**

1995-nji ýylyñ Dekabr aýynyñ 12-si
Türkmenistanyñ hemişelik bitaraplygy

Baş Assambleýa:

Turkmenistanyñ hemişelik bitaraplygy hakyndaky meselä garap, her bir döwletiñ daşary syýasatyny halkara hukugynyñ we Birleşen Milletler guramasynyñ Düzgünnamasynyñ kadalaryna hem-de ýörelgelerine laýyklykda garaşsyz kesgitlemäge özygtyýarly hukugyny tassyklap,

Türkmenistanyñ öz hemişelik bitaraplyk derejesini kanun arkaly berkidendigini gutlap, Türkmenistanyñ sebitiñ ýurtlary we bütin dünýäniñ döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly hem-de özara peýdaly gatnaşyklarynyñ ösdürilmegine işjeñ we oñyn täsir etmäge çalyşýandygyny gutlap, Türkmenistanyñ hemişelik bitaraplyk derejesiniñ sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine umyt bildirip,

Goşulmazlyk hereketine girýän ýurtlaryñ we Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyñ Türkmenistanyñ hemişelik bitaraplyk derejesini goldandygyny nazara alyp, Türkmenistanyñ hemiselik bitaraplyk derejesini kabul etmegi

onuñ Düzgünnamadan gelip çykýan borçlaryny ýerine ýetirmegine täsir etmeýär hem-de Birleşen Milletler Guramasynyñ maksatlarynyñ hasyl bolmagyna ýardam berer diýip ykrar edip,

1. Türkmenistanyñ yglan eden hemişelik Bitaraplyk derejesini ykrar edýär we goldaýar.

2. Türkmenistanyñ bu derejesine hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuñ garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we çäkleriniñ bitewiligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyñ agzasy bolan döwletleri çagyrýar.

2001-nji ýylyñ güýzünde ABŞ-da elhenç terrorçylyk hadysalary bolup geçdi. Nýu-Ýorkda Bütindünýä söwda merkezi we Waşingtonda Pentagonyñ bir ganaty säher salamda ýer bilen egsan boldy. Müñlerçe adamlar heläk boldy. Dünýäniñ köp ýurtlarynyñ baştutanlary, şol sanda Türkmenistanyñ Prezidenti S.A.Nyýazow hem ABŞ-yñ Prezidenti Žorž Buşa duýgudaşlyk bildirip, halkara terrorçylaryny aýgytly ýazgardylar. Şol terrorçylaryñ hem matlapdaşy Owganystandaky talyplar hereketi bolup çykdy. ABŞ-yñ harby-howa güýçleri onuñ üstüne bomba ýagdyryp başladylar. NATO döwletleri, şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleri talybanlara garşy uruş hereketlerinde ABŞ-y goldadylar. Sebiti ynjalyksyzlyk gaplap aldy. Şu ýagdaýda Türkmenistanyñ hemişelik Bitaraplygynyñ ähmiýeti has äşgär ýüze çykdy. Türkmenistan uruş hereketlerine goşulman, saklanyp bildi. Şol bir wagtda Owganystanyñ halkyny ynsanperwer goldaw bermekde netijeli işleri amala aşyrdy. Owgan halkyna berilýän ynsanperwer kömekleriñ (azyk, däri-derman, egin-eşik) 40%-e golaýy Türkmenabadyñ we Serhetabadyñ üstünden geçdi.

2002-nji ýylyñ güýzünde Aşgabatda hem terrorçylyk hadysasy bolup geçdi. Aralarynda daşary ýurt raýatlary hem bar bolan onlarça terrorçylar Türkmenistanyñ Prezidentiniñ janyny kast etmekçi we ýurtda häkimiýeti basyp almakçy

boldular. Emma olaryñ bu bet pygyllary başa barmady. Terrorçylar ele salyndy. Olar uly il tarapyndan berk ýazgaryldy. XIV Ählihalk Maslahatynda (2003ý.) „Terrorçylyga garşy göreş hakynda“ Türkmenistanyñ kanuny kabul edildi. Ol türkmen topragynda terrorçylygyñ her hili ýüze çykmalarynyñ öñüni almaga, döwletiñ bütewiligini, Konstitution gurluşyny, hemişelik Bitaraplyk derejesini abraý bilen gorap saklamaga gönükdirilendir.

Täze taryhy döwürde, jemgiýetçilik we ykdysady aragatnaşygyň dünýä ulgamyna goşulyşmagynyň täze tapgyrynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň, sebitdäki ylalaşdyryjylyk işiniň ähmiýeti artýar. Bu syýasatyň goňşy ýurtlaryň hem umumy bähbitlerine laýyk gelýändigine barha köp adam düşünýär, sebäbi, ol sebitde özara peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmäge, özara ynanyşmaga we ýagdaýy durnuklaşdyrmaga mümkinçilik açýar.

## 2. Aşgabat sebitde hyzmatdaşlyk we parahatçylyk merkezi

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sebitde halkara hyzmatdaşlygynyň we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň ösmegine itergi berdi. Aşgabat sebit we dünýä derejesinde gepleşikler geçirilýän merkeze öwrüldi. Bu ýerde ilkinji ýokary derejeli halkara duşuşygy 1993-nji ýylyň ahyrynda bolup geçdi. Şonda, gyşyň günem bolsa, Türkmenistanyň paýtagty GDA döwletleriniň prezidentlerini ýyly güneş bilen garşylady. Iki güne çken duşuşykda geçirilen gepleşikler, pikir alyşmalar we gelnen netijeler Arkalaşygyň ýurtlarynyň özara gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga kömek etdi. 1995-1997-nji ýyllarda Aşgabatda YHG döwletleriniň prezidentleriniň 3 gezek duşuşygy geçirildi. Bu duşuşyklarda sebitde ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça örän möhüm kararlar kabul edildi. 2002-nji ýylyň ýazynda Aşgabatda Hazarýaka döwletleriniň prezidentleriniň duşuşygy geçirildi. Onda

Hazaryň hukuk derejesi bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu ugurda gepleşikleri dowam etdirmekligi karar etdiler.

Aşgabatda halkara guramalarynyň ugurlary boça, dünýa belli kompaniýalaryň gatnaşmagynda geçirilýän maslahatlaryň sany artdy. Mysal üçin, 2004-nji ýylda paýtagtda halkara derejeli maslahatlaryň 65-si bolup geçdi. Şolardan 5-si BMG-niň guramalarynyň, 5-si Ỳewropa Soýuzynyň, 16-sy daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda, 10-sy ylymlaryň dürli ugurlary, 4-si Hazar meseleleri boýunça geçirildi. Halkara derejesinde geçýän maslahatlaryň diňe bir ylmy-amaly däl, eýsem uly syýasy ähmiýeti-de bardyr. Olara gatnaşyjylar Türkmenistan baradaky hakykaty dünýä ýaýýarlar we milli döwlet berkararlygy goşant goşýarlat.

Täjigistanda uzaga çeken ganly dawalaryň çigniniň möhüm çözgütleriniň Aşgabatda tapylandygy bellidir. Bu ýerde 1995-1996-nji ýyllarda täjikara gepleşikleriniň 3 tapgyry geçirildi. Gepleşikler dawalaşýan taraplaryň arasyndaky ynamsyzlyk çäklerini gysgaltmaga, hususan-da, meseleleriň syýasy tapgyryny çözmäge ýol açdy. Bu dawalaryň soňky ýaraşdyryjy nokady Moskwada goýlan hem bolsa, Bitarap Türkmenistanyň araçyly tagallasy uly boldy. Ol BMG-niň oňyn bahasyna mynasyp boldy.

Owganystandaky ganly çaknyşyklar we ony düzgünleşdirmek barada hem şony aýdyp bolar. 1997-nji ýylda aşgabatda BMG-niň howandarlygynda köp sanly halkara guramalarynyň Owganystana ýardam bermek barada uly wekilçilikli ýygnanşygy geçirildi. Ýygnanşygyň çäklerinde seminarlar, konferensiýalar guraldy. Netijede, Owganystana iberilýän ynsanperwerlik kömegi bitewi utgaşdyrmak barada karara gelindi. 1998-nji ýylda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Owganystanda ýagdaýy parahatçylykly düzgünleşdirmek barada pikir alyşmalar bolup, oňa talybanlar hereketiniň we demirgazyk alýansyň wekilleri gatnaşdylar. Emma, BMG-niň we Bitarap Türkmenistanyň tagallalaryna

garamazdan, ganly owgan düwni tä 2001-nji ýylyň güýzüne, ýagny ABŞ-daky wakalara çenli çözülmän galdy. Şondan soň Owganystandaky ýagdaý birneme saýhallaşdy. Ýurtda talyplar hereketi syndy, kadaly durmuşa geçiş we halk hojalygyny dikeldiş döwri başlandy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy häzirki zaman çalt özgerýän dünýäsiniň, täze umumy adamzat hakykatynyň özboluşly şöhlelenmesi, häzirki döwrüň talaplaryna özboluşly jogap boldy. Ol ýurduň iň ýokary milli bähbitlerine laýyk gelýän, onuň özygtyýarlylygyny, howpsuzlygyny we ykdysady garaşsyzlygyny pugtalandyrýar.

## Jemleme

1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň jar edilmegi bilen türkmen taryhynda iň täze döwür başlandy. Bu döwür sene ölçegleri boýunça uly däl, emmamany-mazmuny taýdan giden bir zamana barabardyr. Onuň her güni, her aýy, her ýyly halkymyzyň ykbalyna nur çaýýan, ruhuňy göterip, kalbyňy buýsançdan dolduryan wakalardan doludyr.

Sowet Soýuzy dargap, daş-töwerekde galagoply ýagdaý dörände, Garaşsyz Türkmenistan öz syýasy jebisligini, agzybirligini saklamagy başardy. Ol demokratik, hukuk, dünýewi döwleti gurmakda özüne mahsus, milli däp-dessurlaryna laýyk gelýän ýoly tapdy. Şol ýol bilen hem ynamly öňe barýar.

Türkmenistanda täze döwletiň gurluşygy täze jemgiýetiň hem gurluşygy bilen utgaşýar. Jemgiýet hil taýdan täze ýagdaýa geçýär. Ýurtda adalat jemgiýeti gurulýar. Geçiş döwri bolsa kynçylyksyž bolmaýar. Emma Türkmenistan özüniň içeri we daşary syýasatyny örän oýlanyşykly alyp barýar. Ol Aziýada ilkinji bolup hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe boldy. Munuň özi Garaşsyzlyk bilen bir hatarda duran örän ähmiýetli we beýik wakadyr.

Häkimiýetiň we halkyň bitewiligi-täze jemgiýet gurmagyň türkmen nusgasynyň häsiýetli alamatydyr, raýat asudalygynyň, agzybirligiň we jebisligiň kepillendirilmesidir. Bu agzybirligiň hem jebisligiň esasynda döwlet syýasatynyň ynsanperwerligi ýatyr. Onuň üçin esasy gymmatlyk adamdyr, onuň isleglerini we talaplaryny kanagatlandyrmak, ruhy duýgulary baradaky aladadyr. Türkmenistanda amala aşyrylýan özgertmeleriň ilaty dumuş taýdan goramaklyga gönükdirilendigi ýurtda gazy, elektrik energiýasyny, agyz suwuny, nahar duzuny ilata mugt bermek ýaly dünýä möçberinde heniz görlüp-eşidilmedik işlerde äşgär bolýar. Durmuş-ykdysady özgertmeleri halkyň goldamagynyň düýp

çeşmeleri köp babatlarda hut şu we şular ýaly ynsanperwer işlerdedir.

Geçiş döwründe Türkmenistan döwlet häkimiýetiniň ähmiýetine uly üns berýär. Ol syýasy ulgamy özgertmekde, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklaryna geçirmekde, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekde döwletiň güýjüni, mümkinçiliklerini ýeterlik derejede peýdalandy we peýdalanýar. Bu örän möhüm taryhy tejribedir. Onuň gymmaty GDA ýurtlarynyň deňeşdirme mysalynda has aýdyň ýüze çykýar.

Türkmenistanyň ewolýusion, endigan ösüş ýoly bilen barýandygyny nygtamak zerurdyr. Ýurdumyzyň garaşsyzlyk ýyllarynda toplan we beýan edilen tejribesi, ewolýusion ýoluň demokratiýa tarap kem-kemden we tapgyrlaýyn geçmekde artykmaçlyklaryny we durmuşa ukyplydygyny ynandyryjylyk bilen subut edýär.

Türkmenistanda amala aşyrylýan beýik özgerişlikler türkmen halkynyň milli-ruhy mirasyna, onuň taryhyna, diline, dinine, däp-dessurlaryna goýulýan uly hormatyň netijesinde mümkin boldy. Bu ugurda halkyň maddy-medeni mirasynyň-ahalteke atşynaslygynyň, ajaýyp halyçylyk, zergärçilik, binaçylyk we beýleki däpleriniň, ekerançylyk we maldarçylyk endikleiniň dikeldilmegi möhüm orun tutýar. Bu özgerişliklere ýardam eden ýene bir güýç-ýurtda ýaşaýan beýleki halklaryň hem milli-ruhy baýlyklaryna sarpa goýulmagy, yslam dini bilen bir hatarda beýleki dinleriň hem berjaý edilmegine deň şertleriň döredilmegidir. Dürli jemgiýetçilik gatlaklarynyň, dürli dinlere uýýanlaryň we dürli milletleriň arasyndaky ylalaşyk „türkmen gudraty“ diýilýäni emele getiren syýasy durnuklylygyň, agzybirligiň we jebisligiň esasydyr.

Häzirki Türkmenistan mundan 15-20 ýyl öňki bilen deňeşdirilende, düýbünden başgaça ýurtdyr. Onuň durmuş esasy üýtgedi. Şäherler, obalar gurluşyk meýdançalaryna öwrüldi. Tutuş ýurduň keşbi täzelenýär. Ol has gözel görke

girýär, milli-ruhy galkynyşy başdan geçirýär. Bularyň bary Garaşsyzlygyň hem Bitaraplygyň ajaýyp miweleridir.

Türkmenistanyň XVI Halk Maslahaty (2005ý.) ýurdumyzyň durmuşynda ägirt uly waka boldy. Maslahat Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge 65 mlrd. amerikan dollary möçberinde serişde goýulandygyny, şonuň 39 mlrd. dollarynyň özleşdirilendigini, 1000-e golaý halk hojalyk desgalarynyň (deňeşdirmek üçin: sowet döwrüniň 70 ýylynda 150 desga) gurlandygyny belledi. Häzirki wagtda ýurtda umumy bahasy 26 mlrd. amerikan dollaryna barabar senagat kärhanalary we beýleki möhüm desgalar gurulýar. Gurluşygyň şeýle giň möçberi we depgini türkmen topragynda hiç wagt bolmandy.

XVI Halk Maslahaty Türkmenistanda häkimiýet edaralarynyň ähli basgançaklaryna saýlawlar geçirmek barada kararlar kabul etdi. Ol kararlara laýyklykda, 2006-njy ýylda oba we şäherçe geňeşlerine, etrap we şäher halk maslahatlaryna, 2007-nji ýylda welaýat halk maslahatlaryna, 2008-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň mejlisine saýlawlar bellenildi. Saýlawlar bäsleşik esasynda, ýagny 1 deputatyň ýerine 3-4 mynasyp dalaşgäriň gatnaşmagynda geçmelidir. Täze saýlanan geňeşler öz içinden arçynlary, etrap, şäher, welaýat halk maslahatlary bolsa degişli häkimleri saýlamalydyr. Görnüşi ýaly, XVI Halk Maslahatynyň demokratiýany ösdürmek barada göz öňünde tutan maksady örän uly hem parasatly maksatdyr: arçyndyr häkimler indi bellenmän, halkyň gös-göni öz mynasyp adamlarynyň arasyndan saýlanmalydyr. Bu-Türkmenistanda demokratiýanyň diňe bir giňelýändigini däl, eýsem çüňlaşýandygyny hem aňladýar. Ol ýurduň jemgiýetçilik-syýasy durmuşynda täze döwrüň başlanýandygynyň alamatydyr.

Şeýlelikde, iki asyryň, iki müňýyllygyň sepgidinde Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanda bitirilen we bitirilýän işler-bu uly edermenlikdir. Ol halkymyzyň döwlet binýadynyň düýbüniň berk tutulandygynyň, onuň häzirki we geljek

nesilleriniň deňli-derejeli işlemegi, ýaşamagy üçin Şa ýolunyň açylandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

## Möhüm wakalaryň hronikasy

**1916 ý.** – Türkmenistanda ilkinji halk rewolýusiýasy.

**1917 ý., 27 fewral** – Orsyýetde buržuaz-demokratik rewolýusiýa-synyň ýeňmegi we patyşa häkimiýetiniň synmagy.

**1917 ý., 25 oktýabr (7 noýabr)** – Orsyýetde sosialistik rewolýusiýasynyň ýeňmegi we häkimiýetiň Sowetleriň eline geçmegi.

**1920 ý., 2 fewral** – Hywa halk rewolýusiýasynyň ýeňmegi. Hywa hanlygynyň syndyrylmagy.

**1920 ý., 27 aprel** – Horezim Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi.

**1920 ý., awgust** – Sakarda Buhara emirine garşy gozgalan.

**1920 ý., 2 sentýabr** – Buhara Halk Sowet Respublikasynyň ýeňmegi. Buhara emirliginiň syndyrylmagy.

**1920 ý., 6 oktýabr** – Buhara Halk Sowet Respublikasynyň yglan edilmegi.

**1920 ý., fewral** – Türkmenistanda basmaçylyk haraketiniň (garždanlyk urşunyň) başlanmagy.

**1921 ý., awgust** – Zakaspi oblastynyň Türkmen oblastyna öwrülmegi.

**1923 ý., oktýabr** – BHSR-nyň düzüminde Türkmen awtonom oblastynyň döredilmegi.

**1924 ý., ýanwar-fewral** – Biriniji Garagum urşy.

**1924 ý., maý** – HSSR-iň düzüminde Türkmen awtonom oblastynyň döredilmegi.

**1924 ý., 27 oktýabr** – Türkmenistan SSR-niň döredilmegi.

**1925 ý., fewral** – Sowetleriň Bütintürkmen I Uçreditel gurlutaýy. TSSR Merkezi Ispolnitel Komitetiniň we Halk Kommisarlar Sowetiniň düzülmegi.

– Türkmenistan Kommunistik (boşewikler) partiýasynyň I Uçreditel gurlutaýy. Partiýanyň Merkezi Komitetiniň saýlanmagy.

**1925 – 1927 ýý.** – Aşgabat we Mary okruglarynda ýer-suw reformasynyň geçirilmegi.

**1926 ý.** – Ilkinji kolhozlaryň peýda bolmagy.

**1927 ý.** – Türkmenistanda medeniýet institutynyň («Türkmenkult») açylmagy.

**1927 ý. sentýabr – 1928 ý., ýanwar** – Ikinji Garagum urşy.

**1928 ý.** – Aşgabatda dokma, ýüpek fabrikleriniň işe girizilmegi.

**1928 – 1929 ýý.** – Arap elipbiýinden latyn elipbiýine geçilmegi.

**1929 ý.** – Türkmen döwlet drama teatrynyň açylmagy.

**1931 ý.** – Aşgabat döwlet pedagogik institutynyň açylmagy.

**1931 ý.** – Üçüniji Garagum urşy.

**1931 ý. sentýabr** – Türkmen Oba hojalyk institutynyň işläp başlamagy.

**1932 ý.** – Türkmen döwlet medesina institutynyň açylmagy.

**1932 ý.** – Düzüminde taryh, dil we edebiýat bölümleri bolan Türkmen ylmy-barlag institunyň döredilmegi.

**1940 ý.** – Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynyň biriniji kitabynyň neşir edilmegi.

**1941 ý. aprel** – SSSR Ylymlar Akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň döredilmegi.

**1941 ý. 22 iýun** – Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy.

**1943–1944 ýý.** – Krasnowodskide nebti gaýtadan işleýän zawodyň işe girizilmegi.

**1945 ý. 9 maý** – Beýik Watançylyk urşunyň tamamlanmagy.

**1947 1948 ýý.** – Çärjew – Goňrat ýolunyň gurulmagy.

**1948 ý. 6 oktýabr** – Aşgabatda ýer titremegi.

**1950 ý.** – Türkmen döwlet uniwersitetiniň açylmagy.

**1951 ý.** – Türkmenistan SSR Ylymlar Akademiýasynyň döredilmegi.

**1951 ý. dekabr** – TK(b)P MK-nyň ideologiýa işiniň meselelerine bagyşlanan plenumy: respublikada repressiýanyň täze tolkunynyň ýaýramagy.

**1954 ý.** – Garagum kanalynyň gurluşygyna başlanmagy.

**1956 ý. fewral-mart** – SSKP-niň XX gurlutaýy we Staliniň Staliniň şahsyýet kultunyň ýazgarylmagy.

**1958 ý.** – MTS-leriň üýtgedilip gurulmagy.

**1958 ý.** – «Edebiýat we sungat» gazetiniň neşir edilip başlanmagy.

**1958 ý.** – Aşgabatda Türkmen telewideniýesiniň işläp başlamagy.

**1959 ý.** – Aşgabat, Mary, Daşhowuz pedagogik institutlarynyň ýatyrylmagy – olaryň ornuna Çärjew döwlet pedagogik institutynyň döredilmegi.

**1960 ý.** – Merkezi Garagumda güýçli gaz fontanynyň atylyp çykmagy.

**1960 ý.** – Aşgabatda nebit maşyn gurluşygy (Aşnebitmaş) zawodynyň işe girizilmegi.

**1961–1962 ýý.** – Çärjewiň Superfosfat zawodynyň ulanylmaga berilmegi.

**1962 ý. 12 maý** – Garagum kanalynyň Aşgabada gelmegi.

**1963 ý.** – «Şükür bagşy» kinofilminiň ekrana çykmagy

**1965 ý.** – Guşgy – Hyrat – Gandahar şosse ýolunyň açylmagy.

**1966 ý.** – Türkmenistanda ilkinji uly gaz ýatagy Gazojagyň özleşdirilmegi.

**1973 ý.** – Türkmen topragynda ilkinji gezek 1 million tonna pagta hasylynyň ýygnalmagy.

**1980 ý. mart** – Garabogaz bilen Kaspi deňziniň arasyny baglanyşdyrýan bogazyň petiklenilmegi.

**1981 ý.** – Garagum kanalynyň Gazanjyga ýetmegi.

**1985 ý. aprel** – SSKP MK-nyň plenumy we sowet jemgiýetini üýtgedip gurmaga ugur alynmagy.

**1985 ý. dekabr** – TKP MK-nyň býurosynda Baýramaly raýonynyň «Täze ýol» kolhozynda sosial meseleleriň ýagdaýyna garalmagy;t kolhozçylara mellek ýerleriniň berlip başlanmagy.

**1989 ý. awgust** – TKP MK-nyň býurosynda «Gorkut Ata» eposyny gadagan etmek baradaky 1951-nji ýylda kabul edilen kararynyn ýatyrylmagy.

**1989 ý.** – Magtymguly jemgiýetiniň döredilmegi.

**1990 ý. maý** – Türkmenistan SSR-niň «Dil hakyndaky» kanunynyň kabul edilmegi.

**1990 ý. 22 awgust** – Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygy hakyndaky Jarnamanynyň kabul edilmegi.

**1990 ý. 27 oktýabr** – S.A.Niýazowyň Türkmenistanyň Prezident.

**1991 ý. 12 ýanwar** – Türkmenistanda ilkinji gezek «Hatyra günüň» bellenip geçilmegi.

**1991 ý. maý** – Dünýä Türkmenleriniň gumenitar birleşiginiň döredilmegi. SSSR-iň dargamagy.

**1991 ý. awgust** – Moskwada döwlet agdarylyşygynyň bolup geçmegi.

**1991 ý. 27 oktýabar** – Garaşsyz Türkmenistan demokratik- dünýewi döwletiniň jar edilmegi.

**1992 ý. 27 ýanwar** – Türkmenistanyň Goranmak Ministrliginiň döredilmegi.

**1992 ý. 2 mart** – Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilmegi.

**1992 ý. 18 maý** – Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi.

**1992 ý., 21 iýun** – Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji Prezidentligi-ne Saparmyrat Nyýazowyň ikiniji gezek saýlanmagy.

**1992 ý., 12 awgust** – Türkmenistanyň Serhet goşunlarynyň döredilmegi.

**1992 ý.** – Türkmenistanda ilkinji gezek «Gurban baýramy» resmi suratda baýram edilmegi.

**1992 ý.** – Ilkinji gezek türkmen ýaşulularynyň uly toparynyň Mekge – Medine zyýarata baryp gelmegi.

**1992 ý.** – Tejen – Sarahys – Maşat demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

**1992 ý.** – Magtymguly adyndaky halkara baýragynyň döredilmegi.

**1992 ý., dekabr** –Türkmenistanda «10 ýyl Abadançylyk» syýasatynyň öňe sürülmegi.

**1993 ý.**– Türkmenistanda ilatyň gazdan, elektirik energiýasyndan, suwdan mugut peýdalanyp başlamagy.

**1993 ý., 12 aprel** – Türkmen elipbiýini kabul etmek hakynda karar kabul edildi.

**1993 ý.** – Gazanjyk – Bender Türkmen (Eýran) demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

**1993 ý.** – Çärjew – Kerki demir ýolunyň gurluşygyna başlanmagy.

**1993 ý.** – Tejende gurnama traktor zawodynyň işe girizilmegi.

**1993 ý., 3 maý** – Türkmenistanda magaryf işgärleriniň maslahatynda Täze bilim syýasatynyň yglan edilmegi.

**1993 ý., 3 awgust** – Türkmenistanda howa hüžümden goranmagyň Milli Güýçleriniň döredilmegi.

**1993 ý., 1 sentýabr** – Aşgabatda Harby institutynyň açylmagy.

**1993 ý., sentýabr** – Aşgabatda Transport we aragatnaşyk institutynyň açylmagy.

**1993 ý., 15 oktýabar** –Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň taryhçylar bilen duşuşmagy we türkmen taryhyny ýazmak barada möhüm meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy.

**1993 ý., 23-30 oktýabr** – Türkmenistanyň amaly-kaşam sungatynyň I festiwaly.

**1993 ý., 25-26 oktýabr** – Türkmen halkynyň taryhy boýunça Halkara konferesiýanyň geçirilmegi.

**1993 ý., 27-28 oktýabr** – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň iki ýyllygynyň dabaraly bellenip geçilmegi.

**1993 ý., 1 noýabr** – Türkmenistanyň öz milli walýutasyna – türkmen manadyna geçmegi.

**1993 ý., 24 dekabr** – Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna (GDA) girýän ýurtlaryň baştutanlarynyň duşuşmagy.

**1994 ý., 15 ýanwar** – Ählihalk referendumynyň çözgüdi bilen Türkmenistanyn Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň ygtyýarlygynyň nobatdaky saýlowlary geçirmezden ikiniji bäşýyllyk möhlete uzaldylmagy.

**1994 ý., 17 ýanwar** – «Milli galkynyş» hereketiniň I gurlutaýynyň geçirilmegi.

**1994 ý., 19 fewral** – Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň doglan gününiň ýurdymyzda ählihalk baýramy hökmünde bellenip geçilmegi.

**1994 ý., mart** – Türkmengalada egirme-dokma fabriginiň işe girizilmegi.

## Edebiýat


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. - Aşgabat, 2008.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. - Aşgabat, 2009.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. – Aşgabat, 2009.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2008.
6. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
8. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň gineldilen mejlisinde Sözlän Sözi (2010-njy ýylyň 15-nji ýanwary).// Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2010. 22-nji maý.
10. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
11. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV

çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. - Aşgabat, 2007
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen göçme mejlisinde sözlän sözi. - Aşgabat, 2008.
14. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
15. Türkmenistan SSR-niň taryhy, t. 2, Aşgabat, 1996.
16. Sowet Türkmenistanynyň taryhy, 1-nji bölüm 1917 – 1937 ýý. Aşgabat, 1970.
17. Türkmenistan XIX – XX ýüzýyllyklaryň sepgidinde. Aşgabat, 1998.
18. Росляков А.А. Большевики Туркменистана в борьбе за установление Советской власти. 1917 – июль 1918 гг. Ашхабад. 1961.
19. Подготовка и проведение Великой Октябрьской социалистической революции в Туркменистане. Сб. док. и мат., Ашхабад, 1982.
20. Tâşliyew Ş. Türkmenistan graždanlyk urşy we iňlis harby irtenwensiýasy ýyllarynda (1918-1920 ý.ý), Aşgabat,1984.
21. Эсенов . Р.Большевидское подполье Закаспия. М, 1974.
22. Soltanow A. Geçmişi gowgaly Kerki // Esger Maý-Iýun aýlary. 1993
23. Мухамметбердиев К. Коммунистическая партия в борьбе за победу народной советской революции в Хорезме. – Ашгабат., 1959.

24. Мухамметбердиев К. История Хорезмской революции Ашгабат 1986.
25. Непесов Г. Великий Октябрь и народные революции 1920 года в Северном и Восточном Туркменистане. – Ашгабат 1958.
26. Росляков А. А. К вопросу о политике СК ВКП (б) и советского провительства в отношении Хивы. Труды Института истории партии при СККП Туркменистана-филиала. ЧИЛ при СК КПСС. 1960 г вып.6.
27. Мелкумов Й. Туркменистанцы. М., 1960.
28. Гловацкий О. Революция побеждает. Экономические и политические революции. 1920 г. – Ташкент, 1930.
29. Гумматов М. Победа Народной революции в Бухаре и уставление Советской власти в Чарджовском велаяте. Учение записки Туркменского госпединститута.Чарджоу, 1965. вып-2. Серия общественных наук.
30. Nuryýew A. Oktýabr rewolýusiýasynyń Hywa hanlygynyń türkmen ilatyna eden täsiri. (Türkmenistan XX asyryń 20-30-njy ýyllarynda: täze garaýyşlar we taryhy okatmagyń problemalary). Aşgabat, 1999.
31. Esenow R. Syrly toslamalaryň pidalary. –Aşgabat, 1993
32. Çöliýew A. Yurek ýatlamasy. –Aşgabat, 1989
33. Gutlyýew T.Soýuz hem Garaşsyzlyk. –Aşgabat, 1992
34. Gadelşin G.F. Öte geçme?! //Ýaş komunist, 1988, noýabr aýy
35. Оразгылыджов Я . Туркменское село 50-80 гг. А., 1992
36. Kakabaýew S. Kolhoznoýe stroitelstwo w Turkmeistane. - Aşgabat, 1978
37. Garaýew R., Pirliýew G.Garaşsyzlyk we bilim, Aşgabat, 1993
38. Вестник МИД Туркменистана.-А.2001

39. Кратгий политический словарь -Т,1.2.-М.1999
40. Dünýä türkmenleriniň gumanitar birleşigi.–Aşgabat, 1992
41. Dünýä türkmenleriniň gumanitar birleşigi.–Aşgabat, 1993
42. Dünýä türkmenleriniň gumanitar birleşigi.–Aşgabat, 1997

# Mazmuny

**Sözbaşy** .......... 7
I. **Türkmenistanda rewolýusion öwrülişik** .......... 8
**II. Türkmenistan SSR-niň döredilmegi** .......... 40
**III. «Basmaçylyk» hereketi (Graždanlyk urşy)** .......... 62
**IV. Türkmen obasy (Kollektiwizasiýa)** .......... 85
**V. Senagat (Industrializasiýa)** .......... 102
**VI. Medeniýet (Medeni rewolýusiýa)** .......... 110
**VII. Köpçülikleýin jezalandyryş (Repressiýa)** .......... 122
**VIII. Türkmen ili urşuň öň ýanynda** .......... 138
**IX. Beýik Watançylyk urşy** .......... 149
**X. Dikeldiş ýyllary** .......... 160
**XI. Aşgabatda ýer titremegi** .......... 167
**XII. Jemgiýetçilik – Syýasy durmuş** .......... 173
**XIII. S enagat** .......... 187
**XIV. Garagum kanalynyň gurulmagy** .......... 190
**XV. Medeniýetiň ýadaýy** .......... 196
**XVI. Syýasy Garaşsyzlygyň ýasamalygy (Durgunlyk)** .......... 203
**XVII. Ykdysadyýetde baknalyk** .......... 209
**XVIII. Milli medeniýetiň depelenmegi.** .......... 217
**XIX. Garaşsyzlyk ugrynda** .......... 225
**XX. Türkmenistan döwletiniň döredilmegi-halkyň ykbalynda düỳpli öwrülişik** .......... 235
**XXI. Geçiş döwrüniň durmuş-ykdysady özgertmeleri.** .......... 246
**XXII. Medeni ruhy durmuşdaky özgerişlikler.** .......... 264
**XXIII. Garaşsyz Tűrkmenistanyň daşary syýasaty** .......... 296
**Jemleme** .......... 307
**Möhüm wakalaryň hronikasy** .......... 311
**Edebiýat** .......... 317